TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

**ABU OSMAN JAHYZ**

# HUSYTLAR BARADA KITAP

**أبو عثمان عمرو الجاحظ**

# كتاب البخلاء

**Arap dilinden terjime eden
we çapa taýýarlan
Rahman Ilmämmedow**

**AŞGABAT «MIRAS» 2005**

**UOK 820/89 (100-87)+950**
**J 16**

**J 16 Jahyz A.**
Husytlar barada kitap, A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2005, 272 s.

**JOGAPKÄR REDAKTORLAR**
**Hramow W.M., Aşyrow A.A.**

**REDAKTOR**
**B. Baýmyradow**

*Gündogar halklary hakynda ilkinjileriň biri bolup eser ýazan VIII-IX asyryň görnükli alymy we akyldary Abu Osman Jahyzyň edebi mirasy dünýä medeniýetiniň altyn hazynasynda uly orna mynasypdyr.*

*Durmuşyň her hili hadysalary, ynsanperwerlik, sahylyk, ygrarlylyk, edep-terbiýe ýaly ahlak gymmatlyklary esasynda döredilen we söz sungatynyň çuň many-mazmunly pähim-paýhaslaryndan, öwüt-nesihatlaryndan ybarat bu eser türkmen okyjysynyň ruhy dünýäsiniň has-da gözelleşmegine hyzmat eder. Kitapda dürli wakalaryň we hadysalaryň üsti bilen ynsany terbiýelemek, durmuşy öwretmek göz öňüne tutulypdyr.*

*Dünýä dilleriniň ençemesine terjime edilen bu ajaýyp eser Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda Müsür Arap Respublikasynyň Kair şäherinde saklanýan golýazma nusgasy esasynda arap dilinden türkmen diline terjime edilip, ilkinji gezek neşir edilýär.*

**TMMMM № 33**

**TDKP № 20** **2005** **KBK 84(5)+63.3(5)**

© Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2005 ý.
Husytlar barada kitap, 2005 ý.
Ilmämmedow R., terjime, çapa taýýarlama, sözsoňy, 2005 ý.

***Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň Ilkinji we Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda neşir edilýär.***

# GEÇMIŞIŇ ÝAŇY — GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň ilgünüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri — ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özboluşly adalat baýdagy bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany

dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras — bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras — bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras — bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, «***Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyk-***

***laryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr*».** Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

**Eziz halkym!**

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin.

Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!



**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

# GIRIŞ

Eý, Perwerdigär! Beren nygmatlaryňy artdyr!

Allatagala sizi penasynda aman saklasyn, siziň şükür etmegiňize ýardamçy bolsun! Size tagat-ybadat etmäge güýç-gaýrat berip özüniň rehmeti bilen halas bolanlardan etsin!

Siz maňa «Gündiz ogrularynyň hileleriniň beýany we gije ogrularynyň mekirliklerini düşündiriş» atly kitabymy okamak bilen egsik taraplaryňyzy görüp, gowşak taraplaryňyzy berkleşdirendigiňizi aýdypdyňyz. Olaryň hileleriniň we mekirlikleriniň gizlin taraplary bilen tanşyp, özüňiziň özlerini hile we mekirlik bilen hiç kim aldap bilmez öýdýänlerden hem has hüşgär bolandygyňyzy agzapdyňyz. Şeýle hem eseri çintgäp okap, gözden geçirmek bilen, ondan peýdalanmagyň özboluşly işdigini aýdyp, maňa: «Husytlaryň täsinlikleri bilen gysgançlaryň özleriniňkini dogry hasaplamaklaryndaky degişmeleri we çyn hasaplaýmaly taraplaryny maňa gürrüň ber. Men hem gerek mahaly çynlakaý işler üçin oňa ýüzleneýin, degişmeleri bilen şatlanyp, dynç alaýyn» diýipdiňiz.

Men bu kitapda Hyzamynyň ýakymly hoş sözlerini, Kindiniň husytlyk meselesinde özüni goramagyny, Sehl ibn Harunyň hatyny, Ibn Gazwanyň aýdanlaryny, Harysynyň hutbasyny we beýleki husytlar barada eşiden täsin sözleri ýazdym.

Men bu kitapda husytlar:

— Näme üçin husytlygy gowulyk we gysgançlygy tygşytlylyk hasaplaýarlar?

— Näme üçin bermezlik üçin tagalla edýärler we muny ätiýaçlylyk diýip düşündirýärler?

— Näme üçin haýyr-sahawatdan gorkup, ony zyýanly hasaplaýarlar?

— Näme üçin jomartlygy israp, kesekileriň aladalaryny etmegi bolsa nadanlyk hasaplaýarlar?

— Näme üçin ýazgarylmakdan we tankytlanmakdan çekinmeýänlere höwes bildirýärler?

— Näme üçin durmuşyň lezzetini mähnetine, tagamyny bolsa ajylygyna çalyşýarlar?

— Näme üçin öz öýlerinde lezzetli tagamlar barka, çekinmezden kesekileriň rysgallaryna göz dikýärler?

— Näme üçin sözüň doly manysynda husyt bolmaklaryna garamazdan, husyt adyny ýigrenip, samsyklyk edýärler?

— Näme üçin bermeli bolanda ýumulan elleri, gazanmagyň gaýgysy bilen açylýar?

— Näme üçin baýlar ýaly baýlyklaryny gidermekden gorkup, ellerindäkini goramaga tagalla edýärler? Ýöne baýlar ýaly baýlyklarynyň köpelmegi üçin tagalla etmeýärler?

— Näme üçin garyplyk gorkusyny ulaldyp, umytsyz bolýarlar?

— Näme üçin husytlyklary sebäpli özlerine kynçylyk döredip, muny bagtlylyk hasaplaýarlar we beýleki adamlary hem muňa çagyrýarlar, özleri aldansalar-da, kesekilere nesihat berýärler?

— Näme üçin akylly we bilimlidiklerine garamazdan, adamlaryň arasynda husytlygy ündäp, bu häsiýetlerini aklaýarlar?

— Näme üçin husytlygy ýuwmarlajak delilleri köpeldip, özlerini pähim-paýhasly we dana hökmünde görkezýärler?

— Näme üçin özlerini aklaýan mahallary uzak niýetleriň we gizlin manylaryň içine girýärler?

— Näme üçin «husyt» adynyň erbetligine, husytlygyň halanmaýandygyna, «husyt» adynyň abraýynyň ýokdugyna, tä çagalaryna erbet täsir edýändigine gözleri ýetýänçä kelleleri işlemeýär? — diýen soraglara jogap bermek isledim.

Gazanjyň kynlygynyň we nepiň ujypsyzlygynyň arasyndaky deňsizlige garamazdan, säher çagy gyzgyn ýorgandan jyda düşüp, gysga ömrüň içinde külpet we aýraçylyk bilen özi üçin ýygnan mal-mülküne diňe özüniň laýykdygy barada pikir edýän we mirasdüşerine bahyl husyt adam nädip mähirli bolup biler?

Ýa-da öňürti akmaksyran bolup, gapyllygyň we akmaklygyň tarapynda ýaly görnüp, soň akyllaryny ulanyp, pähimli sözler, paýhasly kelemeler we çeper sözlem gurluşlary bilen husytlygy goramakdaky ussatlygy, onuň özüni nadan we akmak hökmünde görkezmegini puja çykarmazmy?

Husytlygyň peýdaly taraplaryny subut etmek üçin özleriniň oýlap tapan delillerini we ýörelgelerini görüp, näme üçin başuçlarynda duran jomartlygyň gözelligini görmeýärler?

Siz maňa: «Bize şulary düşündir!» diýipdiňiz:

— Husytlaryň akyllaryny ysmaz edip, pikirlerini ýaramazlyga sezewar edýän, hüşgärliklerini daňyp, deňagramlylyklaryny ýitirýän zat näme?

— Näme üçin hakykaty äsgermän, adamlara garşy durýarlar?

— Biri-birine ters bolan bu gylyk-häsiýetlerini we ters gurluşlaryny näme bilen düşündirip bolar?

— Kellesinde akyl-paýhaslary barka bu aşa pähimsizlige sebäp näme?

— Mese-mälim we beýik bolan zadyň üstüni ýapyp, çylşyrymly we pes bolan zady görkezýän sebäp näme?

Şeýle hem siz: «Husytlykda söz diňlemez bolan, erbetlikde adynyň çykmagyna göz ýuman, garşydaşy bilen jedelleşýärkä mylaýym bolmagyň deregine dawa-jenjel ýoluny tutan,

husytlygyň tarapdary bolup, kitaplardaky diňe bähbidine bolan zatlary aýtmak göwnüne ýaraýan, aklyndan ýeňlip, özüniň kemçiligini adamlara düşündirmäge synanyşýan husyt adama haýran galyşym, özüniň husytlygyny bilýändigine garamazdan, adamlara gowy görünmek üçin öz gylyk-häsiýeti bilen jetleşýän husyda haýran galyşym ýaly däldir, muňa has geň galýaryn. Belki-de, husyt adam gowy görnüp, gizlejek bolýan hakyky ýüz keşbiniň äşgär bolmagyndan çekinip, abraý gazanmak islemeýäni şöhratlandyrmak, ýama kabul etmek islemeýäni hem ýamamaga tagalla edýän bolmaly?

Eger ol husyt öz kemçiligine we özüniň kemçiligini görene beýlekileriň göz ýetirişi ýaly, nebsini terbiýelemekde, ýalňyşlaryny düzeltmekde, öňki ýagşy gylyk-häsiýetlerini yzyna getirmekde we zeper ýeten ahlagyny tämizlemekde özüniň ejizdigine göz ýetiren bolsady, şöhratparaz görünmegi terk edip, özüni ýazgarýanlaryň dillerinden halas bolmak üçin sarp eden zadyny gazanan hasaplardy. Netijede, öz üstüne synçylary çekmezdi, özüni öwsünler diýip suprasyna şahyrlary oturtmazdy, hüjüm ilçileriniň (jomartlygyny ýaýratjak bolýanlaryň) hataryna goşulmazdy, özünde ýok zady görkezmek derdinden halas bolup, halkyň arasynda bolardy.

Men husyda örän geň galýaryn! Ol özge adamlar özüne hödür-kerem eden mahaly, olaryň kemçiligini gizlin hem bolsa syzýar, emma özi hödür-kerem eden mahaly, kemçiligi görnüp dursa-da, görmedik bolýar.

Men bu kitabymda şulary agzadym:

— Näme üçin husytlar baýlyk toplamak üçin özlerini jomartlarça alyp barýarlar, emma sähel hödür-kereme gezek gelende gysganýarlar?

Eger olar isleselerdi, sähelçe jomartlyk arkaly, husytlyk ýoly bilen tygşytlanlarynyň birnäçe essesini gazanyp bilerdiler.

Şeýle hem siz maňa:

— Etmedik işini, göýä ýerine ýetirýän ýaly görnüp, ýalan abraý gazanýanlaryň hakyky ýüzlerini aýdyň görkezýän;

— Özlerini jomart öýdýänleriň perdesini syran;

— Hakykat bilen ýalany tapawutlandyran;

— Pes adamkärçiligi bezeýän gylyk-häsiýetler bilen, ruhubelent häsiýetleri tapawutlandyrýan erbet gylyk-häsiýetleri hökman aýt — diýipdiňiz.

Munuň bilen siz ol erbet häsiýetlere garşy çykmagy, ol häsiýetleriň bulara nirede we nähili ýagdaýda duçar bolandygyny we netijelerini açyk görnüşde bilmek barada pikir ýöredipdiňiz.

Eger siz bu kitaby gowy okasaňyz, kitabyň size haýsydyr bir kemçiligiňizi habar berýändigini görersiňiz, kemçiligiňizi görüp, ondan saplanmaga synanyşarsyňyz. Eger öz kemçiligiňizi öň bilýän bolsaňyz, jomartlygyňyz gysgançlygyňyzdan artyk bolsa, sahylyga we adamlaryň söýgüsini gazanmaga tagalla edersiňiz, bermäge güýjüňiz ýetmeýän bolsa, özüňizi gizlärsiňiz, päk wyždanyňyz bilen ýalňyz galarsyňyz, namysly ýaşarsyňyz.

Gylyk-häsiýetleriňiz bilen araňyzdaky gizlin söweş, kämahal bähbidiňize, kämahal hem garşyňyza bolup, iki tarapyňyzyň delilleri deň derejede bolsa, ýazgarylmakdan çekinmän, hüşgär bolup, kynçylygy taşlap seresaply bolarsyňyz. Ýazgarylmakdan halas bolanyň utýandygyny, howatyryň deregine kepilligi saýlap alanyň dogry iş edýändigini görersiňiz! Siz özüňiziň bulary bilmäge mätäçlik çekýändigiňizi we her bir atabraýly adamyň bu ylma mätäçdigini aýdypdyňyz.

Şonuň üçinem, eger men siziň emlägiňizi ogrulardan, abraýyňyzy ýazgarylmakdan gorap bilsem, diňe şol mahal ýagşy atanyň we mähirli enäniň etmedik işini eden hasaplanaryn.

Şeýle hem siz meniň şu soraglar barada ýazmagymy isleýärsiňiz:

— «Kişiniň kesekä garanyňda öz gyzyna öýlenmäge hakynyň has uludygy, erkegiň gyz doganyna daş hossaryndan has ýakyndygy, ýakyn bolanyň namys edilmäge we gabanylmaga laýykdygy, nesli köpeltmegiň ekini köpeltmäge meňzeýändigi» düşünjesiniň (öňki wagtky käbir dinsizleriň gyzyna we gyz doganlaryna öýlenmekleriniň) sebäbi näme?

Ýöne şuny hem aýdalyň, däp-dessur muny wagşylyk hasaplaýar, din hem ony gadagan edendir. Bu hili işleriň wagşylygy ynsanlar tarapyndan beýan edilendir we bu iş örän geňdir.

Şeýle hem siz menden:

— Käbir ýerlerde ýalany hakykat derejesinde gözel, hakykaty hem erbet görkezýän;

— Adamlaryň ýalan sözläp, ýagşylyklary unudyp, erbetlikleri agzamak bilen zulum edýändiklerini, hakykaty hem öz bähbitlerine ulanyp, zyýanly tarapyny unudyp adamlara kömek edýändiklerini öňe sürýän:

— Eger iki taraplaýyn terezä goýup ikisiniň arasynda adalatly bolsalardy, beýle derejede adalatsyz bolmazlardy we beýle göz bilen seretmezlerdi — diýýänleriň beýle pikirlenmekleriniň sebäbini ýazmagymy isleýärsiňiz.

Siz şeýle hem menden:

— Huşsuzlygy köp ýat tutmakdan üstün tutmalydyr;

— Umumy pikirsizlik umumy pikire gelmekden peýdalydyr;

— Haýwanlar adamlaryň ýaşaýşyndan dereje taýdan has ýokardadyr;

— Bir haýwan bilen bir abraýly adamy ýa-da akylly we mertebeli bir aýal bilen düşünjesiz nadan bir aýaly baksaň, haýwan ol akylly we mertebeli adama garanyňda tiz semrär. Sebäbi akyl gorky we pikir bilen, akylsyzlyk bolsa köňül rahatlygy bilendir;

— Bela garaşýan beladan daş bolsa hem, ol belanyň içindedir;

— Akylly tä özüne bela gelýänçä umyt içindedir — diýeniň, bu garaýyşlarynyň sebäbini ýazmagymy isleýärsiňiz.

Siziň bu soraýan zatlaryňyzyň köpüsiniň jogabyny meniň «Meseleler» atly kitabymdan tapjakdygyňyz üçin bu kitabyma almadym.

Gysgançlaryň husytlygyň tarapynda bolmaklary bilen husytlaryň geň-taň we hoş sözleri baradaky soraglaryňyza gelsek, bulary gözüm bilen görüp, şaýat bolan zatlarymdan we husytlar barada eşiden gürrüňlerimden ýygnadym. Kitabym özüniň göwrüminiň gysgalygyna we içindäki kemçilikleriň azlygyna garamazdan, ol size husytlaryň kyssalaryny gysga, husytlaryň öz taraplaryny çalmaklaryny giňişleýin görnüşde beýan edýär. Inşalla, ýazan zatlarym husytlyk babynyň iň gyzykly zatlarydyr.

* * *

Öňürti Sehl ibn Harunyň hatlary we Horasan halkynyň ýakymly hoş sözleri bilen başlaýaryn. Adamlar horasanlylaryň gürrüňleri meselesinde köp zatlary aýdýarlar.

Bu kitapda siziň üçin üç zat, ýagny täze deliliň düşündirilmegi, hoşamaý hiläniň beýan edilmegi, ýagşy sözlerden peýdalanylmagy bar.

Isleseňiz bulara gülersiňiz ýa-da size güýmenje bolar. Aglamak barada aýtsam, eger ol ýerinde, wagtynda we sebäpli bolsa adamzadyň ýaradylyşyna laýykdyr, netijesi gowudyr. Ol aglaýanyň mähirliligini, ýumşaklygyny görkezýändir. Hatda aglamak wepadarlykdan, welizadalarda bolsa wejdiň[1] sebäplerinden hasaplanypdyr.

Aglamak abytlary[2] Allatagala ýakynlaşdyrar. Allatagaladan gorkýanlar rehmet dileglerini aglap beýan edýärler.

---

[1] Wejd – Alla barada oýlanyp, onuň gudratlaryna akyl ýetirip, gözýaş döküp aglamak.

[2] Abyt – ybadat edýän, ybadathon, sopy.

* * *

Akyldarlaryň biri çagasynyň köp aglaýandygy sebäpli howsalanan adama: «Gorkma, aglamak çaganyň bedenini ösdürer we gözleriniň görejini ýitelder» diýipdir.

* * *

Amir ibn Abdy Kaýs eli bilen gözlerine urup: «Ýaşarmaýan, açylyp ýumulmaýan gury zat» diýer eken.

* * *

Safwan ibn Muhriz gaýgy-gama batyp uzak wagtlap aglansoň, oňa: «Köp aglamak, gözleri kör eder» diýipdirler. Safwan bolsa: «Hiç bolmasa körlük meniň dertlerime şaýat bolar» diýip jogap beripdir we tä gözleri kör bolýança aglamagyny dowam edipdir.

* * *

Köp adamlar aglamak bilen öwülipdirler. Ýahýa we Heýsem hem bulardandyr. Safwan ibn Muhrize «köp aglaýan» diýen lakam berlipdir. Çendenaşa köp aglamak zyýanlydyr. Gözleri kör edip, beýnini zaýalap biler. Akyl nogsanlygyna sebäp bolar we adamy gorkak eder. Şeýle hem köp aglaýanlar samsyk gyrnaga we lälik çaga meňzedilipdir.

Bolýar, elmydama şadyýan bolýanyň, tä, şadyýanlygy gutarýança gülmegine näme diýersiň? Gülmek erbet bolsady, onda güllere, Ýemen matasyna, zynat bezeglerine we owadan köşge «göýä gülýän ýaly» diýlermidi?

* * *

Gurhan-y Kerimde Allatagala barada: «Ol güldürýän we agladýan, öldürýän we direldýändir» diýilýär. Allatagala gülmegi durmuş bilen, aglamagy hem ölüm bilen deň edip goýdy. Ol hiç haçan erbet zady özüne degişli etmez we ýaradan zatla-

ryna kem zady nygmat hökmünde bermez. Gülkiniň adamzadyň durmuşyna peýdalary heý nädip beýik bolmasyn!

Gülmek ýaradylyşyň içinde we bedende bar bolan zatdyr. Çagada ýüze çykýan ilkinji haýyr alamaty gülmekdir. Çaga gülki bilen ösýär we ulalýar. Begenjiniň we güýjüniň sebäbi bolan gan çaga güldügiçe köpeler.

Araplar gülkiniň peýdalaryna şeýle derejede ynanypdyrlar welin, bu sebäpli çagalaryna «Dahhak»[1], «Bessam»[2], «Talk»[3] we «Talyk»[4] ýaly atlary dakypdyrlar.

Pygamberimiz hem gülüşipdir we degişipdir. Salyh adamlar hem gülüşipdirler we degişipdirler. Araplar kimdir birini öwenlerinde «dişleri gülýän», «agşam ýylgyrýan», «myhman ýaly güler ýüzli», «jomart we şadyýan kişi», birini ýamanlanlarynda bolsa «gyşyk ýüzli», «ýykyk ýüzli», «möle gözli», «turşy ýüzli», «ýüzünden göýä sirke damýar»[5] diýipdirler.

Degişmäniň ýeri we ölçegi bolmaly. Çünki, her işde aşa gitmek akmaklyga, kemçilik bolsa ýetmezçilige sebäp bolar. Ynsanlar çäkli gülmegi we çäkli degişmäni ýazgarmandyrlar. Eger degişmeden maksat janyň hezil etmegi bolsa, gülmek hem gülýäne lezzet berýän bolsa, onda degişme çynlakaýlyk, gülmek bolsa agraslykdyr.

* * *

Men bu kitapda hemme zady düşnükli edip ýazaryn we özümiň usulymyň kem ýerlerini sizden gizlemerin. Ýöne siziň göwün isleýşiňiz ýaly kämil bolmagy we doly görnüşde beýan edilmegi mümkin däl. Çünki bularyň arasynda kenaryndan, gyrasyndan gürrüň gozgatjak, eýeleriniň kimdigini derrew tanat-

---

[1] Dahhak – köp gülýän.

[2] Bessam – köp ýylgyrýan.

[3] Talk – gülerýüzli.

[4] Talyk – gülerýüzli, gülýän, gülüji.

[5] Türkmenlerde «ýüzünden gar ýagýar» diýilýär.

jak niçeme sözler bar, hatda atlaryny aýtmasak-da, olardan maksadymyzyň kimlerdigi belli bolar. Atlaryna salgylanmak bilen atlaryny aýtmak ikisi bir zatdyr.

Kitabymyň içine alynjak sözleriň eýeleriniň arasynda ýagşyzadalar, weliler, pirler we meşhur kişiler bar. Ýazaryn diýip, soň ýazmadyk sözlerim elbetde size peýdaly bolup bilerdi. Ýöne bu ýagdaý olaryň (göz öňünde tutulýanlaryň) öňünde günäkär bolmagym üçin ýeterlik sebäp bolup bilmez. Kitabyň mazmunynyň we göwrüminiň çaklaň bolmagy sebäpli bularyň esere alynmazlygy elbetde iň gowy ýoldur. Ýazylman taşlanan bu bölümler sözüň uzaljak hem-de siziň göwnüňizden turmajak bölümleridi.

Şeýle hem ýazylmaly örän jaýdar sözler bar welin, ýöne halkyň arasynda giňden ýaýran däldir. Eger ýaýran bolsa hem eýeleriniň kimlerdigi näbellidir. Şonuň üçinem bu sözleri ýazmak eýelerine hiç hili zyýan getirmez. Kime degişlidigi, kim tarapyndan aýdylandygy we kimler bilen baglanyşyklydyklary näbelli sözleriň manysy doly we göwnejaý bolmaz.

Sözlem bilen sözleriň we olaryň manylarynyň arabaglanyşygy bolmasa sözüň çeperçiligi ýitip, beýan edilýän gürrüňe zeper ýetýär. Eger Abyl Harys Jummeýa, Heýsem ibn Mutahhara, Muzebbide ýa-da Ibn Ahmara degişli bolmadyk gyzyksyz gürrüňleri olara degişli etseler, diňe olara degişli edilendikleri sebäpli gürrüň has hem gyzyklydyr. Şeýle hem eger gyzykly, çeper we manyly gürrüňleri toslap, olary Salyh ibn Huneýne, Ibn Nowaýa we atlary meşhur bolmadyk käbir kişilere degişli etseler, berilýän gürrüňiň gyzygy gaçar.

Edil şonuň ýaly-da, takwaçylyk meselesinde bir mowzuk döredip, «bular Bekir ibn Abdylla Muzeniniň, Amr ibn Abdy Kaýs Anberiniň, Muwerrik Yjlynyň ýa-da Ýezit Rakkaşynyň sözüdir» diýilse, onuň täsiri birnäçe esse artar. Bu hili ýagdaýlar sözde bolmadyk bezegi we gyzyklanmany döredýär.

Emma eger «Bu mowzugy Abu Kagp Sufy, Abdylmömin, şahyr Abu Nuwwas ýa-da Hüseýn Haly dagylar aýtdy» diýseň, sözüň öz manysyndan başga hiç hili ähmiýeti bolmaz. Şonuň üçinem eýelerine degişli edilen sözlerden başga-da, kämahal gorkym, kämahal hem ynsabym sebäpli eýelerine degişli edilmedik sözleri ýazdym.

Siz bu kitaba isleg bildirmedik bolsaňyz ony ýazmazdym. Sözümi atlaryny agzanlarymyň öç we zulum mowzuklarynyň nyşany edip goýmazdym.

Meni bu kitaby ýazmagyma siz iterdiňiz. Eger adamlardan bu kitabym sebäpli maňa garşy bir ýazgarma geljek bolsa, jogapkärçilik size degişlidir. Emma eger meniň kemçiligimi tapsalar, onda jogapkärçilik maňa degişlidir.

Özüniň husytlyk meselesindäki garaýyşlaryny ýazgaranlarynda we bu meselede ýazan kitaplaryny tankytlanlarynda Sehl ibn Harunyň (Abu Muhammet ibn Rahbunyň) rahbun taýpasyndan[1] bolan doganoglanlaryna jogap hökmünde ýazan haty şeýledir:

«Bismillähi-r-rahmany-r-rahym. Allatagala siziň işleriňizi düzedip, dargap ýatan zatlaryňyzy jemlesin! Size ýagşylygy öwredip, haýyrly kişilere öwürsin!

Ahmet ibn Kaýs: «Eý, temim ogullary! Dawa-jenjele ylgap gitmäň. Dawa-jenjele iň çalt gidýänler, ondan gaça durmakdan utanmaýanlardyr» diýipdir. Akyldarlar hem: «Köp kemçilik gözläp, köp ýazgarýana seret. Ol öz kemçiligi üçin kesekilere kemçilik ýükleýär. Iň uly kemçilik, kemçiligi bolmadyga kemçilik ýüklemekdir. Bir sopynyň bir pire gol bermegine päsgel bermek, päkýürekli adamy aldamak gör nähili erbet işdir» diýipdirler.

---

[1] Rahbun ogullary taýpasy – araplaryň rahbun ogullary taýpasy. Kitabyň içinde şunuň ýaly «pylan ogullary taýpasy» diýlip gelse, arap taýpasydygyny aňladýar.

Men aýdýan zatlarym bilen diňe siziň dogry ýoly tapmagyňyzy, dogruçyllygyňyzy, erbet ýagdaýyňyzyň düzelmegini we nygmatyňyzyň dowam etmegini isledim. Muny size aýdýarkam ýalňyşan bolsam hem, aramyzdaky ýagşy niýetimi erbetlige ulanmadym.

Siz gowy bilýänsiňiz, men size öňürti özüm üçin saýlan we adamlaryň arasynda rowaç tapan zatlary wesýet edýärin. Bu wesýetim bilen size ýüzlenýändigim zerarly menden ýüz öwürmegiňiz, meniň garyndaşlyk hak-hukuklary bilen baglanyşykly borçlarymy unudandygyma degişli duýduryşyňyz, meniň hormat-sylag goýmagym meselesinde siziň garaýşyňyzyň dogrudygyny tassyk etmeýär.

Siz açyk ýagdaýda ötünç soramaýşyňyz ýaly, garyndaşlyk borçlaryňyzy hem ýerine ýetirmediňiz. Eger kemçilikleri aýtmak abraý bolsady, men siziň kemçilikleriňizi paş ederdim, emma men muny etmerin.

Iň uly bagtsyzlyk — öwredýänleriň ýalňyşlary yzygiderli gaýtalanyp, talyplaryň gowy diňlemeýändikleriniň unudylmagy, ýamanlaýanlaryň ýamanlaýan mahaly goýberen ýalňyşlary geň görlüp, näkesleriň ünsden düşürilmegidir.

Siz meniň hyzmatkärime: «Hamyryň has gowy bolmagyny we çişmegini isleseň, ony gowy ýugur we gowy aldyr» diýip aýdan sözlerim sebäpli meni ýazgardyňyz. Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!) hem aýalyna: «Hamyry gowy ýugur, sebäbi ol çig zatdyr» diýipdir.

Siz şeýle hem meniň: «Gurply mahaly emlägini sarp edýän ýerini bilmeýän adam, gytlykda tygşytly bolmaly ýerini hem bilmez», «Ýeter öýdüp az mukdarda täret suwuny getirtdim. Hatda ölçegden sähelçe köpdi. Täret agzalarymy ýuwup başlan mahalym, suw agzalaryma ýetmedi. Eger suwy tygşytly tutan bolsadym, suw başdan-aýagyma çenli ýeterdi» diýen sözlerimi hem ýazgardyňyz.

Meni: «Hasan Basry isrip barada: «Suwda we otda hem isrip bardyr» diýipdir» diýen sözüm sebäpli hem ýazgardyňyz, sözümi erbet we ýerliksiz hasapladyňyz. Ol diňe suw bilen çäklenmedi, üstesine oty hem goşdy.

Içinde ajaýyp miweler, hurmalar we başga-da ir-iýmiş bar bolan sebedi açgöz çagadan, iýermen guldan, akmak gyrnakdan we işýakmaz aýaldan goramak üçin agzyny möhürläp goýanymda hem meni ýazgardyňyz.

Ne edebiň aslynda, ne häkimýet diwanynda, ne ýolbaşçylaryň däplerinde, ne-de dolandyryjylaryň işlerinde lezzetli tagamlaryň, datly şerbetleriň, owadan lybaslaryň, ýyndam ulaglaryň gowusy-erbedi meselesinde, hojaýyn bilen gul, uýan bilen uýulýan deň däldir. Bularyň mejlisdäki ýagdaýlary, derejeleri we salam beriş dessurlary hem deň däldir.

Nädip deň bolsun? Hojaýyn deňlige närazyka, gul deňsizlige närazy. Hojaýyn bilen guly tapawutlandyryp bilmeýärsiňiz, şonuň üçinem isleýän adam gapysyndaky itini semiz towuk bilen, eşegini hem gabygy ardylan künji bilen bakar.

Möhürleme meselesinde hem meni ýazgardyňyz. Emma käbir ymamlar külçäniň gabyny hem möhürläpdirler. Boş wyždany hem möhürläp: «Toprak bilen möhürlemek güman etmekden haýyrlydyr» diýipdirler. Siz boş zady möhürleýäne hiç zat diýmediňiz-de, bar zady möhürleýäni ýazgardyňyz.

Men hyzmatkärime: «Etiň üstüne suwy köpräk goşup bişir. Ikisini hem bilelekde gaýnat, suwundan hem peýdalanarsyň» diýenimde hem meni ýazgardyňyz. Hezreti Muhammet alaýhyssalam hem: «Eti bol suwly edip bişiriň, etler biri-birine degmese, ete etiň suwy degsin» diýipdir.

Siz meniň: «Ýyrtylan eşigi ýamap geýseň uzaga çeker, tygşytly bolar. Tekepbirlige päsgel bolar we ybadata meňzär. Ýamamak tygşytly bolmakdyr, agzybirligi saklamakdyr. Agzalalyk bolsa erbetlige elter» diýmegimi, aýakgabymy bejertmegimi, könelen köýnegimden gursakça tikinmegimi ýazgardy-

ňyz. Hezreti Muhammet alaýhyssalam hem aýakgaplaryny bejerdip, eşiklerini ýamap geýipdir.

Sugda binti Awf hem ýoldaşy bolan sahaba Talhanyň eşiklerine meňzeş reňkli matadan ýama eder eken.

Hezreti Omaryň eşiklerinde deriden ýamalar bolupdyr. Ol: «Ýamaly geýmekden utanmaýanyň gün-güzerany ýeňildir, ulumsylygy azdyr» diýer eken. «Köne geýmedigiň täze lybasy bolmaz»[1] diýipdirler.

Zyýat ibn Ebihi bir adamy söze ezber bir adam tapyp getirmek üçin iberipdir. Oňa söze ezber adamyň akylly we ugurtapyjy bolmagyny tabşyrypdyr. Ýaňky adam hem bir kişini alyp gelipdir. Zyýat:

— Bu adamy öň hem tanaýarmydyň?

Ýaňky adam:

— Ýok.

— Bu adamy öň görüpmidiň ýa-da onuň bilen gürleşipmidiň?

— Ýok. Görmedimem, gürleşmedimem.

— Onda näme üçin muny saýladyň?

— Howa örän yssydy. Men adamlaryň akyllydyklaryny güne laýyk iýip-içmeklerinden we geýnişlerinden tanaýaryn. Hemmeler täze eşikdediler, bu adam bolsa könelerini geýipdi. Netijede men onuň tygşytly adamdygyny bildim.

Köne lybas laýyk ýerde geýlende täze ýalydyr. Allatagala hemme zat üçin bir ölçeg goýup, oňa mekan taýýarlandyr, hemme wagta we wezipä laýyk sözleri ýaradandyr. Ol zäher bilen direlden, azyk bilen öldürendir. Suw bilen gark eder, derman bilen öldürer. Eşik ýamamak, bejermek pes köňülligi aňladýar. Ýamamaýanyň ýygnaýan zady isripden we ulumsylyk-

[1] Bu «Könesi bolmadygyň täzesi bolmaz» diýen türkmen nakyly bilen manydaşdyr.

dan ybaratdyr. Bu meselede: «Bejertmek iki gazanjyň biridir», «Çaga-çuganyň azlygy iki baýlygyň biridir» hem diýipdirler.

Ahmet ibn Kaýs aýagy döwlen geçisiniň damagyny çalmandyr, eýsem onuň ýarasyny sarapdyr. Nugman ibn Munzir hem şeýle edipdir. Hezreti Omar: «Bir ýumurtga iýen, bir towuk iýen ýalydyr» diýipdir. Bir emeldara: «Size towuk sowgat bermekçi» diýlende, ol: «Eger berjek bolsaň, guzlaýan towuk beriň» diýipdir. Abud Derda eti gazalyp alnan süňki hem ulanypdyr.

Şeýle hem siz meniň: «Hiç kim ömrüniň gysgalygyna, biliniň küýküdigine, süňňüniň ejizligine aldanyp, jomartlyga niýet etmesin. Emlägini elinden giderip, başgasynyň emlägine öwrülmegine, isribi ornaşdyrmaga we açgözleriň öz emlägine göz dikmegine sebäp döretmesin. Mümkin onuň ömri has-da uzalar. Belki, zürýady kesilenligine garamazdan, oňa zürýat berler. Kellä, akyla-huşa gelmeýän wagtlarda ençeme syrly ýagdaýlar ýüze çykyp biler. Rysgalyny gözlemekden ýaňa ejiz, gazanmakdan ýaňa ýadaw ýagdaýa düşendigi üçin, birmahallar beren zatlaryny yzyna islär. Soň hem zadyny yzyna bermeýänden, özüne merhemet etmeýänden nägile bolup başlar» diýmegimi hem ýazgardyňyz. Amr ibn As: «Hiç ölmejek ýaly dünýä üçin, ertir öljek ýaly ahyret üçin tagalla et» diýipdir. Isrip humardan gazanylana, mirasdan gelene, tapylan zada we patyşalaryň peşgeşine tarap örän batly, çalt gider.

Baýlyk eger halal ýol, kynçylyk, zähmet bilen gazanylyp, gazanylan mahaly gazanýanyň dinine we abraýyna zeper ýetmedik bolsa, ol beden ýadawlygy, köňül gaýgysy bilen ýygnalan bolsa örän uzaga çeker. Gün-güzeranynyň çykdajysyny hasaplamaýan, girdejisini hem hasaplamaz. Girdejisini hasaplamaýan sermaýasyny ýitirer.

Baýlygyň gadyryny bilmeýän we garyplyga razy adam pesligi özüne laýyk hasaplan adamdyr. Halal gazanylan zat halal zatlara sarp edilmelidir. Haram emläk haram ýerlere

gider. Tämiz zat tämiz zady çagyrar. Boş ýere zat sarp etmek, hukugy bolan adamlaryň öňüne perdedir (haky bolanlara haklaryny bermäge päsgel bolar).

Meniň: «Hak-hukuklaryň berilmegi howaýylyga böwet bolar» diýen sözümi hem ýazgardyňyz. Mugawyýa: «Her isrip bir hak-hukugy zaýalar» diýipdir. Hasan Basry hem: «Bir zadyň nireden gelendigini bilmek isleseňiz, sarp edilen ýerine serediň. Sebäbi diňe haram zat isrip ediler» diýipdir.

Size bolan rehim-şepagatym we söýgim sebäpli, ene-atalaryň öňündäki borçlaryňyzy ýerine ýetirip, olaryň emläklerini goramalydygyňyzy, olary iýdirip-içireniňizde we bile gezeniňizde üns bermeli zatlary nesihat üçin: «Siz apatlaryň we belalaryň mekany bolan dünýädesiňiz. Belalara ynam bildirip bolmaz. Mal-mülküňizi yzyna getirip bolmajak derejedäki apatlardan goramak isleýän bolsaňyz, dürli ýerlerde saklamak bilen goraň. Çünki bela-apat bir wagtda hemme zady gabap almasa, birden gelmez» diýipdim.

Hezreti Omar: «Gullary, gyrnaklary, düýeleri, goýunlary we ähmiýetli-ähmiýetsiz beýleki zatlaryň hemmesini aýry-aýry ýerlerde saklaň» diýipdir. Ibn Sirin bir gämiçiden: «Harytlaryňyzy nädip goraýarsyňyz?» diýip sorapdyr. Onda ol: «Gäminiň aýry-aýry ýerlerinde saklaýarys. Olaryň käbirlerine zeper ýetse-de, käbirlerine ýetmeýär. Ýöne biziň jan-saglygymyz, salamatlygymyz alyp barýan harytlarymyzdan has gymmatlydyr» diýip, jogap beripdir. Ibn Sirin bolsa oňa: «Işýakmaz hasaplaýan aýalyň, aslynda iş oňarýan aýaldyr» diýen atalar sözüni aýdypdyr.

Şeýle hem size bolan mähir-muhabbetim zerarly: «Baýlykda serhoşlyk, emläkde hyjuwlylyk bardyr. Kim baýlyk serhoşlygy bilen emlägini aýamasa ony ýitirer. Kim baýlygyny garyplyk gorkusyna salmasa (baý mahaly garyplygyny unutsa), ony elden giderer» diýen sözüm üçin hem meni ýazgardyňyz. Serediň Zeýt ibn Jebele bu meselede näme diýýär: «Garyp dü-

şerin öýdüp gorkýan baý adam iň garyp adamdyr. Garyplygyň serhoşlygy, şerabyňkydan has güýçlüdir».

Siz maňa: «Mal-mülki mynasyp ýerlere sarp etmeli we zerur ýetmezçiliklerden galan ýerde takwaçylyga höweslendirmeli. Bu işlere degişli höweslendiriji sözleri aýtmaly. Bu sözleri aýdýan, olary ýazýan hatlaryndan başga şygyrlarynda we hutbalarynda hem ulansyn» diýipdiňiz. Onuň ýaly bolýan bolsa, men hem Ýahýa ibn Halyt barada aýdylan şu şygry ýazaýyn:

Gaýgyrmaz, soňun saýgarmaz,
Boş ýerlere sarp etmeli bolanda.
Kämahallar ýüz berende zerurlyk,
Husyt kimin tapdyranok pul onda[1].

Bu meselede Muhammet ibn Zyýat hakda hem şygyr aýdylandyr:

Iki sany ýagşy gylyk bar onda,
Bilýär özün erbetden daş tutmagy,
Şeýle hem, haçanda wajyp bolanda,
Bilmeýär malyna rehim etmegi.

Men: «Mal-mülk ylmyň öňündedir. Çünki alym gün-güzeranyny mal-mülk bilen dolandyrýar. Adamlary ylym artykmaçlygy däl-de, mal-mülk saklaýandyr. Esasy zat ikinji derejeli zatdan öňe tutulmaga mynasypdyr. Ruhumyz arkaly aklymyza aýlanyp, köp zada göz ýetirsek-de, gün-güzeranymyz ýeterlik bolansoň işlerimizi akyl-paýhas bilen ýerine ýetirýäris. Nadanlygyň esasy sebäbi garyplyk we mätäçlikdir» diýenimde, meni ýazgaryp: «Sen bulary nädip aýdyp bilýärsiň»? diýdiňiz.

[1] Kitapdaky goşgulary taraşlan we çeperleşdiren Seýitmämmet Hydyrow.

Akyldarlaryň ýolbaşçysy we danalykda deňsiz-taýsyz bolan bir adamdan sorapdyrlar:

— Alymlar has üstünmi ýa-da baýlar?

— Alymlar üstün.

— Onda näme üçin alymlar baýlaryň gapysyna, baýlaryň alymlaryň gapysyna barşyndan has köp barýarlar?

— Alymlar baýlygyň gadyryny bilýändigi, baýlaryň bolsa ylmyň gadyryny bilmeýändigi üçin — diýip jogap beripdir.

Men bu wakany gürrüň bermek bilen alymlaryň we baýlaryň ýagdaýyny anyk görkezmek isledim. Hemmeleriň mätäç bolýan zatlary bilen käbirleriniň mätäçlik çekip, käbirleriniň mätäç bolmadyk zady, heý, nädip deň bolup biler? Çünki, baýlyk öýdäki duran gurala meňzär. Ol zerur halatynda ulanylýar, zerur däl ýagdaýynda bir burçda ýatar. Huzeýn ibn Munzir: «Men peýdalanmak üçin özümiň Uhut dagy[1] ýaly altynymyň bolmagyny isleýärin» diýende, ondan: «Onuň näme peýdasy bolar?» diýip sorapdyrlar. Huzeýn bolsa: «Maňa hyzmat etjekler köpeler» diýip, üstüne şuny hem goşupdyr: «Baýlyk! Seniň kalbyňda yzzat, beýlekileriň kalbynda zillet-peslikdir, onuň peýdasy bolsa ägirtdir».

Pygamberleriň ýollaryny, çaryýarlaryň aýdanlaryny, akyldarlaryň sözlerini howaýy kişilere galdyrjak däl (olary hem beýan ederin).

Muhammet alaýhyssalam baýlara goýun, garyplara towuk edinmeklerini tabşyryp: «Puluň dünýä, diniň ahyret üçindir» diýipdir. Olar işlerini dünýä we ahyret diýip ikä böldüler. Bitin zadyň iki böleginiň birini pul hökmünde goýdular. Abubekir Syddyk: «Birnäçe günüň azygyny bir günde sowýan maşgala gaharym gelýär» diýipdir. Pygamberler, çaryýarlar we akyldar-

---

[1] Uhut dagy – Medine şäheriniň demirgazygynda ýerleşýän dagyň ady. 620-nji ýylda bu ýerde musulmanlar bilen müşrik mekgelileriň arasynda söweş bolup geçýär.

lar köp et iýýänlere gaharlanar ekenler. Hyşam ibn Abdymälik: «Dirhemi dirhemiň üstüne goş, goý emläk bolsun» diýer eken.

Dana, akyldar we alym Abyl Eswet Duweli jomartlyk edip, puly çem gelen ýere sowrup ýörmegi gadagan edipdir. Ol ogluna: «Allatagala saňa bol rysgal berse, sen hem bol harçla, rysgalyňy azaltsa, sen hem çykdajyňy azalt. Ýöne jomartlykda Allatagala bilen ýaryşma. Sebäbi ondan jomart hiç kim ýokdur. Hak ýolunda halal gazanylan her bir dirhemi harçlamak, on müň dirhem almakdan haýyrlydyr» diýip, wesýet beripdir. Soň bolsa gazanyň düýbündäki nahar kesmegini ýygnap: «Bir adamyň bir günlük azygyny hem zaýalamaň» diýip, sözüniň üstüne goşupdyr.

Abud Derda bugdaý hoşalaryny çöpläp ýörkä, käbir isripçiler onuň bu işini taşlamagyny isläpdirler. Abud Derda olara garap: «Abs ogullary hor-homsy bolsun! Adamzadyň durmuşdaky daýanjy — gün-güzeranynyň sada we ýeňil bolmagydyr (isrip edip azap kynçylyga düşmegi däldir)» diýip, jogap beripdir.

Şonuň üçinem garaýyşlarymy ýalňyş hasaplamak bilen siz diňe maňa garşy çykmarsyňyz (çünki onda siz öňki ýaşap geçen ýagşyzadalaryň garaýyşlaryny hem ýalňyş hasaplarsyňyz). Bir zada başlamazyndan öňürti gowuja pikirleniň! Bähbidiňizden öňürti zyýanyňyza bolan zat barada oýlanyň! Wessalam!».

# BIRINJI BÖLÜM

## HORASANLYLARYŇ HUSYTLYGY

Adamlaryň arasynda horasanlylar we Merw şäheriniň halky bilen baglanyşykly köp gürrüňler bar. Men dostlarymyň birinden şeýleräk gürrüň eşitdim: «Merwliler ýanyna gelen myhmandan we ýanynda köp wagtlap oturan adamdan: «Bu gün nahar iýdiňmi?» diýip sorar ekenler. Eger ol: «Hawa, iýdim» diýse, onda oňa: «Iýmedik bolsaň saňa tagamly nahar hödürlejekdim» diýer eken. Emma ol: «Ýok, iýmedim» diýse, onda oňa: «Ýör, onda saňa bir käse suw beräýeýin» diýermişler. Aç-da bolsa, dok-da bolsa, gelen adam aç galýarmyş.

* * *

Men bir gezek asly merwli Ibn Abu Kerimäniň öýünde otyrdym. Ol meniň kündük bilen täret kylýandygymy görüp, maňa:

— Ähli babatda päk bolan Allanyň hormatyna, gapdalyňda guýy barka, näme üçin süýji suw bilen täret kylýaň? — diýdi.

Men:

— Munuň içinde süýji suw däl-de, guýy suwy bar — diýenimde, ol:

— Sen meniň kündügimiň içini guýynyň şor suwy bilen zaýalaýarsyň — diýdi. Men onuň sözüne näme jogap berjegimi bilmedim.

* * *

Amr ibn Nihýewi şeýle gürrüň berýär: Günlerde bir gün Kindiniň öýünde nahar iýip otyrdyk, ýanymyza onuň goňşusy, meniň bolsa dostum bolan bir adam geldi. Kindi örän husyt adamdy we ony saçak başyna çagyrmady. Men utanjyma: «Gel, saçak başynda otur» diýdim. Ol adam: «Walla, men bu işi gördüm (ýagny nahar iýdim)» diýdi. Şol mahal Kindi ara goşulyp: «Ol ant içendigi üçin, aýdara zat galmady» diýdi.

Ýaňky adamyň eli-aýagy baglanypdy. Kindiniň pikiriçe eger nahara el uzatsa, içen antyny ýuwdan hasaplanjakdy.

Bu gürrüň Merw halky bilen baglanyşykly däldir, çünki Kindi ýemenlidir.

* * *

Sumama ibn Eşres şeýle gürrüň berýär:

«Men ähli ýerde horazlaryň tapan dänelerini çüňki bilen alyp, towuklary çagyryp, olaryň öňünde goýýandygyny gördüm. Emma Merwiň horazlary başgaçady, olar beýtmeýärdiler. Gaýtam tersine, olar towugyň çüňkündäki dänäni hem zor bilen almaga synanyşýardylar. Men Merw halkynyň gysganç häsiýetleriniň olaryň ýurdunyň suwunda we tebigatynda hem bardygyna göz ýetirdim. Şonuň üçinem gysgançlyk ol ýerdäki ähli janly-jandarlara hem geçipdir».

* * *

Men bu gürrüňi Ahmet ibn Reşide gürrüň berenimde, ol hem maňa şu hadysany aýdyp berdi: «Men merwli bir adamyň

ýanynda otyrdym. Onuň ýanynda çagasy oýnap ýördi. Men ol çagany synap görmek üçin şeýle diýdim:

— Çöregiňden maňa-da beräý-dä !

— Sen ony iýip bilmersiň, bu ajy ahyry.

— Onda suwuňdan içer ýaly azajyk beräý-dä.

— Ony hem içip bilmersiň, sebäbi ol duzly.

Men çagadan näme sorasam, ol hökman bir bahana tapýardy. Ahyrsoňy ýaňky çaga maňa gaharlanyp başlady. Kakasy bolsa oturan ýerinden gülüp: «Meniň günäm ýok. Men oňa hiç zat öwretmedim. Bularyň hemmesini öz kellesi bilen aýdýar» diýdi. Şonuň üçinem gysgançlyk merwlileriň ganlarynda bar».

* * *

Bir dostum maňa şeýle gürrüň berdi: Bir öýde oturan üç-dört sany horasanly ýakyp oturan çyralarynyň ýagynyň çykdajysyny öz aralarynda deň paýlaşmaly edipdirler. Bularyň biri olaryň bu pikirine goşulmandyr we puly tölemek islemändir. Netijede, çyrany ýakanlarynda ýaňkynyň gözlerini daňypdyrlar. Ony tä ýatýança gözleri daňylgy ýagdaýda saklapdyrlar. Diňe çyra söňdürilensoň çözüpdirler.

* * *

Men horasanlylardan elli töweregi eşekli hajy ýolagçysynyň Kufe ýolundaky bir arap obasynyň töwereginde otlugyň üstünde nahar iýip oturandyklaryny gördüm. Olar biri-birlerine ýakyn otyrdylar we öz aralarynda gürleşýärdiler. Olaryň hemmesi naharlaryny bolsa ýeke edinýärdiler. Olaryň bu ýagdaýlary agzybirlige tersdi.

* * *

Muweýs ibn Ymran hem şulary gürrüň berdi: «Bir düýäniň üstünde oturan iki horasanlynyň biri beýlekisine: «Näme

üçin naharymyzy bilelikde iýmeýäris? Bilelikde bereket bardyr. Allatagala agzybir bolana kömek edýändir. Iki adamyň nahary üçi, üç adamyň nahary dört adamy doýurar» diýende, ýanyndaky: «Menden has köp iýmeýän bolsadyň, göwnüň üçin nesihatyňy alardym» diýip, jogap beripdir.

Ertesi gün ýaňky adam oňa: «Eý, Allanyň guly! Ikimizde hem bir çörek bar. Eger menden has köp iýermen bolmasadyň, meniň çöregime göz dikmezdiň. Dostlugymyzyň dowam etmegini isleseň, bir tabak goý, her kimiň çöregi öz öňünde dursun. Öz çöregiňi we meniňkiň ýarsyny iýeniňde, çöregiňe bereket gelendigini görersiň. Meniň çöregime göz dikmegi taşlan mahalyň, meniň çöregim hem bereketlenen hasaplanar» diýipdir.

* * *

Hakan ibn Subeýh şeýle gürrüň berýär: Men bir gezek bir horasanlynyň öýüne myhman boldum. Öý eýesi içi pelteli ýag çyrasyny getirdi. Çyranyň ýagyna az-owlak duz goşdy. Çyranyň gulpuna bir ýüp daňdy we bir çöpi hem ýüpe daňdy. Çyra sönüp barýarka, peltäniň ujuny ýüpe daňylan çöp bilen çykarýardy. Men öý eýesinden: «Näme üçin çöpi ýüpe daňýarsyň?» diýip soradym. Öý eýesi maňa: «Bu çöp ýaga batyrylan. Eger zaýalansa ýaga batyrylmadyk başga bir çöpe mätäç bolaryn. Netijede bolsa bir aýyň içinde bir gijelik ýagy zaýaladygym bolar» diýip, jogap berdi.

Men haýran galyp, Allanyň edenlerine şükür edip, özümi ähli bela-beterlerden goramagyny diläp durkam, içerä bir merwli girdi. Merwli çöpe seredip: «Eý, pylanynyň kakasy! Damjadan gaçyp çabga uçrapsyň. Ýeliň we Günüň ähli zady guradýandygyny bilmeýärmisiň? Düýn agşam ýag çyrasyny söndüreniňde ýag siňen çöpe, bu agşam ýene-de ýag siňer. Men hem öň seniňki ýaly edýärdim. Emma Alla maňa dogrusyny görkezdi. Çöpüň ýerine iňňe ýa-da temen daň. Iň gowusy

demir. Ony daňmak hem gerek däl. Sebäbi ýag oňa siňmeýär» diýdi.

Hakan soň: «Horasanlylaryň beýleki adamlardan, merwlileriň bolsa horasanlylardan hem has gysgançdyklaryna şol gije göz ýetirdim» diýdi.

* * *

Musenna ibn Beşir şeýle gürrüň berýär: «Abu Abdylla Merwezi bir gije toýundan ýasalan ýaşyl reňkli ýag çyrasy bilen bir horasanly ýaşulynyň ýanyna gidipdir. Ýaşuly adam oňa: «Seniň dogry-düzüw eden hiç bir işiňi görmedim. Saňa daşdan ýasalan çyra ulanýarsyň diýip, öň gaharlanypdym. Indi bolsa toýundan çyra ulanýarsyň. Sen näme toýunyň we daşyň ýagy sorýandygyny bilmeýärmisiň?» diýip gaharlanypdyr. Abu Abdylla:

— Men bu çyrany ýag satýan bir dostuma beripdim. Muny bir aýlap ýag süzgüjinde saklap, muňa gowy edip ýag siňdiripdir. Indi muňa ýag siňmez.

— Bu aňsat çözgüt. Emma sen pelte ýananda çyradaky ýagy sorup, guradýandygyny bilmeýärsiň. Haçanda pelte ýaglansa, ody we ýagy iýip gutarar. Oduň işi ýakmak, ýagyň işi hem ýanmakdyr. Sen ody doýurýarsyň. Kim ody doýursa, Allatagala ony kyýamat gününde oda ýakar.

— Janym saňa gurban bolsun! Onda näme edeýin?

— Çüýşe çyra al, sebäbi ol goraýjydyr. Ol ýagy syzdyrmaz we siňdirmez. Özüne hapa ýygnamaz. Güýç bilen sürtmek zerur däldigi üçin başky ýagdaýyna öwrülmez. Çüýşe suwa we topraga sap altyndan hem has çydamlydyr. Altyn galyňdyr we perdelidir, onuň içi görünmez. Çüýşe bolsa ýukadyr, içi hem görünýär. Çüýşe çyranyň peltesi ortasyndadyr. Oduň şuglasy aýnanyň ýüzüne ýaýranda, şugla we çyra bir bolup, daşyna ýagtylyk salar. Şuglanyň aýna, suwa we çüýşä ýaýramagyna

üns ber. Çüýşe çyranyň ýagtylygynyň birnäçe esse artýandygyny görersiň. Hatda gözüňi hem kör edip biler. Allatagala bu barada şeýle diýipdir: «Alla asmanlaryň we ýeriň nurudyr (ýagny olaryň barçasyny ýaradyp, gözümize görkezip, ýokdan bar edendir). Onuň nurunyň (mömin bendeleriň kalbyndaky) mysaly edil bir tekýe, onuň üstünde bir çyra, ol çyra bir çüýşäniň içinde (ýaly bolup), ol çüýşe göýä bir dür ýyldyza meňzeýär. Ol (çyra) gündogary we günbatary bolmadyk (belki, zeminiň merkezindäki) mübärek zeýtun agajynyň (ýagyndan) ýakylýar. Eger onuň ýagy (durulygyndan ýaňa) oňa ot degmese-de, (töweregi) ýagtyldyp durandyr. (Ot degenden soň bolsa) nur üstüne nur (bolar). Allatagala öz islän kişilerini özüniň (bu) nuruna hidaýat eder (ýagny, bu nurunyň dogry ýoluna salar). Alla adamlaryň (ybrat almagy) üçin (ine, şeýle) tymsallary getirer. Alla hemme närsäni bilijidir»[1].

Ine, çüýşäniň içindäki zeýtun ýagy hem nur üstüne nurdur, ýagtylyk üstüne ýagtylykdyr. Bu bolsa çüýşe çyranyň beýleki çyralardan artykmaç tarapydyr.

* * *

Abu Abdylla Merwezi merwlileriň iň ýagşy ahlaklysy, iň hoşniýetli husydy we edepli kişileriniň biridi. Ol bir gün Tahyr ibn Hüseýniň ýanyna barypdyr. Tahyr kelam ylmyndaky[2] garaýyşlaryndan onuň horasanlydygyny bilýän eken. Tahyr ondan:

— Haçandan bäri Yrakda ýaşaýarsyň? — diýip sorapdyr.

Abu Abdylla Merwezi hem oňa:

— Ýigrimi ýyl bäri Yrakda ýaşaýaryn we kyrk ýyllap yzyny üzmän oraza tutýaryn — diýip, jogap beripdir.

Tahyr:

---

[1] Gurhanyň «Nur» süresiniň 35-nji aýaty.

[2] Kelam ylmy – yslam teologiýasy, ylahyýet ylmy.

— Eý, Abu Abdylla, bir soragyma jübüt jogap berdiň — diýip, ýylgyrmakdan başga çäre tapmandyr.

* * *

Ýaşulularymyzdan eşidişimize görä, merwlileriň bir geň tarapy hem şu wakadyr: «Her ýyl Mekgä haja gidýän bir merwli her haj möwsüminde bir yrakly dostuna myhman bolar eken. Yrakly hem her gezek oňa hödür-kerem edip, sylag-hormat eder eken. Merwli yrakla her gezek: «Merwe myhmançylyga gelseň, hökman men seniň bu ýagşylygyň öwezini dolardym. Ýöne bu ýerde Alla seni menden has sahy etdi» diýer eken.

Aradan birnäçe wagt geçensoň, yraklynyň ýoly Merwiň üstünden düşýär. Merwde tanyşynyň bardygy yraklynyň ýadawlygyny we ýalňyzlygyny ýeňledipdir. Egninde ýolagçy eşigi, başynda kulahy[1], sellesi we matasy bilen horjunyny ýanyna alyp, Merwe tarap ýola düşüpdir. Merwli dostunyň özüne ynam bildirişi ýaly, ol hem merwli dostuna uly ynam bildirer eken. Ol merwli dostunyň adamlar bilen otyrka, üstünden barypdyr we ylgap baryp, onuň boýnundan gujaklapdyr. Ýöne merwli adam ony tanamadyksyran bolup, ondan hal-habar hem almandyr. Yrakly kellesindäki matasy zerarly özüni tanan däldir öýdüp, kellesinden matasyny aýyrypdyr we oňa ýüzlenip:

— Meni tanadyňmy? — diýipdir.

Merwli ýene-de ony tanamaýandygyny aýdypdyr. Yrakly sellesini çykaryp, ondan:

— Men seni myhman alan yrakly dostuň, sen meni tanamadyňmy? — diýip sorapdyr.

Merwli ony tanamaýandygyny aýdansoň, yrakly özüni tanatmak üçin kellesindäki kulahyny hem çykarypdyr. Merwli onda-da tanamaýandygyny ýaňzydypdyr. Yraklynyň özüni ta-

[1] Kulah – başgap, tahýa, börük.

natmak üçin üstünde çykarara başga zady galman soň, merwli oňa garap:

— Deriňi çykarsaň hem men seni tanamaýaryn — diýipdir.

* * *

Merw halky eti üýşüp bile satyn alar ekenler, bişirmezden öňürti bolsa paýlaşar ekenler. Her kim öz etine hurma agajy ýa-da ýüp bilen bellik eder eken. Soň bolsa bir gazanyň içinde üstüne sirke we hoşboý ysly närseleri goşup bişirer ekenler. Et bişensoň, her kim öz bellikli etini alar eken, çorbasyny hem bölüşer ekenler. Ýüpüni bolsa indiki nahara çenli saklar ekenler. Sebäbi täze ýüp ulananyňdan, ýag siňen bu ýüpleriň çykdajysy az bolar eken. Munuň sebäbi bolsa ýeke gazan gaýnadanyňda odun, sirke, sarymsak we hoşboý ysly zatlar arzan düşýär eken. Bir gazan gaýnatmak birnäçe gazan gaýnatmakdan has arzan bolar eken. Olar näçe gün dursa hem zaýalanmaýan etli, turşy naharlary bişirmegi halar ekenler.

* * *

Abu Ybrahym ibn Seýýar Nazzam şeýle gürrüň berýär: «Bir gün horasanly goňşyma:

— Tabagyňyzy bir günlük nesýe beräýiň? — diýdim.

Goňşym:

— Tabagym ýok, bir tabagym bardy, ol hem ogurlandy — diýdi.

Men mejbur bolup başga bir goňşymdan tabak aldym. Horasanly goňşym tabakda gyzardýan etimiň ysyny alyp, öýüme geldi we maňa gaharlanyp:

— Nähili geň adam ekeniň. Näme üçin et gyzartjak diýip aýtmadyň. Men sen noýba gowurjak bolýansyň öýdüp, şonuň üçin tabagy bermedim. Tabakda ýagsyz zat gowrulanda,

tabagyň demri ýanýar. Et gowurjak diýen bolsaň uly höwes bilen bererdim. Et gowrulan tabagyň içinde ýag ýanýandygy üçin poslamaz — diýdi».

* * *

Bir gün goňşym bizi nahara çagyrypdy. Öňümizde hurma we ýag goýdy. Saçagyň başynda bir horasanly hem bardy. Ol nahar iýýärkä, saçaga ýagy köp damdyrýardy. Men ýanymda oturandan:

— Bu adam näme edýär? Ýag iýmegi bilmeýärmi? Ýagy köp dökýär — diýdim.

Ýanymdaky adam:

— Bilýärmiň näme üçin? — diýdi.

Men:

— Ýok — diýip jogap berdim.

Onda ýanymdaky adam maňa:

— Sebäbi bu saçak onuňky, ol öz saçagyny ýaglamak isleýär — diýdi.

Soň ýaňky horasanly aýalynyň saçagy gyzgyn suw bilen ýuwandygyny, ýagyň bolsa saçakdan aýrylandygyny görüp gaharlandy we aýalynyň talagyny berdi.

* * *

Abu Nuwwas şeýle gürrüň berýär: «Gämi bilen Bagdada gidip barýardyk. Ýanymyzda akylly we hüşgär bir horasanly bardy. Naharyny ýeke özi iýýärdi. Ondan:

— Näme üçin nahary ýeke özüň iýýärsiň? — diýip soralanda, ol:

— Menden bu barada hiç zat sorama. Bilelikde iýýänlerden sora. Sebäbi bilelikde iýmek adaty zat däldir. Esasy zat ýalňyz iýmekdir. Başgasy bilen bilelikde iýmegim, esasy zadyň üstüne artykmaç zat goşmagymdyr — diýip, jogap berdi».

* * *

Siz Ybrahym Sindiniň bir horasanly baradaky şu hekaýasyna näme diýersiňiz: «Bagdadyň Şazerwan mähellesinde horasanly bir arçynymyz bardy. Örän gowy adamdy. Ýöne örän gysganç we husytdy. Ölmezlik üçin iýip-içerdi. Her anna günleri içinde iki sany çörek, bir bölek gowurga, birazajyk peýnir, zeýtun, duz, goş torbasy, elýaglygy we dört sany ýumurtga bar bolan düwünçegini alyp, ýeke özi Kerhiň[1] seýilgähine giderdi. Bir daragtyň aşagynda otluk ýerde ýa-da suwuň gyrasynda oturardy we düwünçeginiň agzyny açyp getiren zatlaryny iýmäge başlardy. Bagbany hem ýanyna çagyryp, onuň eline bir dirhem tutduryp, eger hurma döwri bolsa hurma, üzüm döwri bolsa üzüm getirmegini talap edip:

— Örän seresap bol, meniň hoşamaýlygyma seretme, maňa gowusyny getirip ber. Ýogsam, bu ýere hiç haçan gelmerin. Meni aldajak bolma. Aldan ne halanar, ne-de sogap alar — diýip, duýduryş bererdi.

Bagbanyň getiren zadyny iýensoň bolsa, ýüz ädim ýörärdi we juma namazyna çenli ýassanyp ýatardy. Ukudan oýanansoň bolsa, täret alyp, metjide giderdi.

Bir gezek anna güni onuň ýanyndan geçip barýan bir adam salam beripdir. Horasanly onuň salamyny alyp, oňa:

— Bäri gel! — diýipdir.

Ýaňky adam hem oňa tarap ylgap gaýdypdyr. Horasanly oňa:

— Dur! Howlukma, howlukmak şeýtan işidir — diýipdir.

Ýaňky adam sakga durupdyr. Horasanly oňa tarap ýöräp, onuň näme isleýändigini sorapdyr. Ol adam hem iýip-içmek isleýändigini aýdanda, horasanly oňa:

[1] Kerh – Bagdadyň bir merkezi.

— Sen neneň meniň zadymy iýmäge het edip bilýäň, kim saňa rugsat berdi? — diýip gatyrganypdyr.

Ýaňky biçäre:

— Meni seniň özüň çagyrdyň ahyry — diýende horasanly:

— Tüf ýüzüňe! Seniň beýle akmakdygyňy bilen bolsam, salamyňy hem almazdym. Sen adata görä salam berdiň, men hem salamyňy aldym. Eger men şu mahal zat iýmeýän bolsadym, geplemezdim. Sen hem geplemän geçip giderdiň. Şu wagt meniň tagam iýýändigim üçin başgaça usul bolmaly. Men öňürti saňa «gel, geç» diýmeli. Sen bolsa maňa «işdäňiz açyk bolsun» diýmeli. Söz söze tabyndyr. Sözüň deregi sözdür. Meniň tagamymyň ýanyna, seniň diňe sözüňi goýmagyň ynsapsyzlyk bolar — diýipdir.

Ýaňky adam onuň aýdanlaryny eşidip, aňkaryp galypdyr. Soň-soňlar bu gürrüň mähellä ýaýranda, adamlar horasanla:

— Saňa salam bermekden seni azat etdik — diýipdirler.

Horasanly hem olara:

— Meni salamdan azat etmegiňize mätäçligim ýok. Men indi özümi kimdir birine «saçaga geç» diýmekden azat etdim — diýip, jogap beripdir.

* * *

Muhammet ibn Ýesir şeýle gürrüň berýär: «Eýranly bir häkim (Mähreweýhiň dogany bolmagy mümkin) özüniň diwanynda işläp otyrka, ýanyna bir şahyr gelip, ony wasp ediji şygryny okapdyr. Mundan razy bolan häkim kätibine oňa on müň dirhemi sanap bermegi buýrupdyr. Şahyr muňa begenip, uçaýjak bolupdyr. Muny gören häkim, oňa ýigrimi müň dirhem bermegi buýrupdyr. Şahyryň şadyýanlygynyň we begenjiniň artdygyça, häkim hem sylag-peşgeşini köpeldip, göýä ony

serhoşlyk derejesine ýetiripdir. Şahyr häkimiň bu jomartlygyna minnetdarlyk bildirip, onuň ýanyndan gidipdir. Kätip häkime:

— Kyrk dirheme razy boljak bolup duran adama, kyrk müň dirhem bermegi emr edýärmisiňiz? — diýip, geň galyp sorapdyr.

Häkim oňa:

— Sen näme, dogrudan hem men oňa pul berer öýtdüňmi? Eý, akmak, ol şahyr bizi söz bilen şatlandyrdy, biz hem oňa söz bilen jogap berdik. Ol meniň arslandan güýçli, gylyçdan ýitidigimi wasp edende, meniň elime düşen zat boldumy? Ol bizi diňe ýalan söz bilen begendirdi. Biz hem ýalan-da bolsa, sylagyny berdik. Ýalan ýalanyň, söz sözüň dereginedir. Eger işiň öwezi ýalan, ýalanyň öwezi-de pul bolsa, zyýan çekersiň — diýip, jogap beripdir.

* * *

Il arasyndaky aýdylýan: «Göýä özüm iki iýip, oňa bir iýdiren ýaly maňa gaharlanyp seredýär» nakyl merwlilere degişlidir.

* * *

Muhammet ibn Ýesir şeýle gürrüň berýär: «Men Bagdatda öý gurup ýören Ahmet ibn Hyşama:

— Merwliler: «Öý guranymdan, mallaryma ahyr ýasanym gowy» diýýärmişler. «Allatagala eger kimdir biriniň pulunyň sowrulmagyny islese, oňa palçykly suwy musallat eder» diýipdirler — diýdim.

Ol maňa:

— Ýok tersine, Allatagala emläk sarp edýän adamsynda sarp eden zatlarynyň yzyna geljekdigi barada umyt döredýär. Adamlary heläk edýän, öýlerini çöle öwürýän, ýurtlaryny boş goýýan zat — sarp eden zatlarynyň yzyna gaýdyp gelmegine

ynanmakdyr. Giden zadyň yza gaýdyp geljegine ynanmazlyk göýä apatdan goraýjy galkan ýalydyr — diýdi.

* * *

Merwli bir adam Hasan Basrynyň: «Hudaý ýoluna sadaka bermegiň adamlary ýagşylyga höweslendirýändigi, köpräk sadaka bermek gerekdigi, zekatyň mal-mülki azaltmaýandygy, zekat we sadaka hökmünde berlen zadyň gaýdyp geljekdigi» baradaky wagzyny eşidip, mal-mülküniň hemmesini sadaka beripdir. Netijede, ýaňky adam garyp galypdyr. Aradan iki ýyl geçipdir. Mal-mülki yzyna gaýdyp gelmänsoň, ýaňky adam bir gün irden Hasan Basrynyň ýanyna baryp:

— Eden işiňe seret. Saňa ynanyp ähli mal-mülkümi sadaka berdim. Mal-mülkümiň gaýdyp geljekdigi barada aýdan sözüňe iki ýyl geçdi, ýöne henizem gaýdyp gelenok. Maňa mundan has uly zyýany ogry hem ýetirip bilmezdi. Heý-de, bu saňa ýaraşarmy? — diýip zeýrenipdir.

* * *

Elbetde, sadakanyň sogaby ahyretde on essesinden ýedi ýüz essesine çenli berler. Dünýäde sadakasynyň sogabyna garaşýanlar mahrumlyga sezewar bolarlar. Eger merwliniň pikir edişi ýaly bolsady, ýagny Allanyň sadaka we zekat bilen ynsany synag etmeginiň manysy galarmydy? Ähli husytlar mal-mülk gazanmak üçin sadaka bermäge dyrjaşardylar. Adamlar söwdany taşlardylar. Garyp adam galmazdy. Hatda ybadat hem hakyky manysyny ýitirerdi.

* * *

Sumama öýi ýananda örän gynanypdyr. Gynanç bildirmäge gelenler:

— Ýangynda giden zat tiz yzyna gaýdyp geler — diýip, göwünlik beripdirler.

Her gelen oňa bu sözleri aýdypdyr welin, içi ýanan Sumama: «Eý, Allam! Bizi ýak ýandyr, biziň hemme zadymyzy küle öwür!» diýip, dileg edipdir.

* * *

Nazzam merwli goňşusy barada şeýle diýýär: «Ýollarda şänikler köp diýip, gury hurmalaryň möwsümi gutarýança ne mesi, ne-de aýakgap geýerdi. Ol bir gün meniň şekerçiňrigi soryandygymy we boşan şekerçiňrikleri zyňmakçy bolýandygymy görüp: «Seniň tamdyryň we çaga-çugaň ýok bolsa, bulary bar bolanlara berip bilersiň. Arkaň ýeňil bolan (çaga-çugaň ýok mahaly) şu günlerde özüňi muňa öwrenişdirme. Geljekde näçe çagaň boljakdygyny hem bilmersiň» — diýdi.

## BASRALY METJITÇILERIŇ[1] KYSSASY

Metjitçilerden bir dostum maňa şeýle gürrüň berdi: Mal-mülk ýygnaýanlardan we sowmaýanlardan, gün-güzeranlarynda tygşytlylygy bilen tanalýan bir topar, metjitde üýşüp mejlis geçirerdiler. Wagtyň geçmegi bilen olaryň gürrüňleri gyzyşyp, aralarynda ylalaşyk döredi. Olar ýygnanyşan wagtlary husytlyk baradaky garaýyşlaryny orta atýardylar we şol barada çekeleşerdiler. Şeýle ýygnanyşyklaryň birinde bir ýaşuly:

— Meniň guýymyň suwy örän şor. Ony eşegimem, düýämem içenok. Hatda ary hem ondan datsa ölýär. Derýa bolsa daş, süýji suw getirmek örän kyn. Eşek içsin diýip, şor suwa süýji suw goşup berdik, emma ol mundan keselledi. Soň oňa diňe süýji suw bermäge başladyk. Eşegi keselleden duzly suwdy. Aýalym ikimiz biziň endamymyza hem zeper ýetirer diýip, süýji suwa ýuwunýardyk. Süýji suw biderek ýere sarp edilýärdi. Bir gün kelläme bir pikir geldi. Hammamyň golaýynda bir çukur gazdym. Soň onuň içini-daşyny tekizläp, ondan çelek ýasadym. Göýä ol bir oýulan daş ýaly boldy. Hammamdan ol ýere çil çekdim. Indi hammamyň suwu hiç zat garyşmazdan ol çukura gidýär. Eşek hem bu suwy işdämenlik bilen içýär. Bu suwy oňa bermek günä hem däl. Onuň günädigi hakynda Gurhanda we hadyslarda hiç hili gadagançylyk görmedim. Allanyň

[1] Metjitçiler – şol döwürlerde husytlardan ybarat bir topar, Basradaky metjitlerde ýygnanyşar ekenler.

kömegi we ýardamy bilen köp wagtdan bäri zyýan çekemok. Janymdan, mal-mülkümden we çagalarymyň rysgalyndan uly külpeti dep etdim — diýip, gürrüň berdi.

Ol ýerde oturanlaryň ýene biri söze goşulyp:

— Siz başarjaň Merýemiň ýogalandygyny eşitdiňizmi? Ol nähili tygşytly aýaldy — diýdi.

Oturanlar ondan başarjaň Merýem barada gürrüň bermegini haýyş etdiler. Ýaňky adam şeýle gürrüň bermäge başlady: «Ol on iki ýaşyna ýeten gyzyny durmuşa çykardy. Oňa şaý-sep hökmünde altyn-kümüş dakdy. Bezemen ýüpek lybaslary geýdirdi. Reňkli matalardan perdeler tikdi. Hoşboý yslary taýýarlady. Ol öýlenýän ýigit tarapyndan gelenleriň öňünde gyzynyň mertebesini beýgeltmek isleýärdi. Bu zatlary gören äri, ondan:

— Eý, Merýem! Bular nireden geldi? — diýip sorady.

Merýem oňa:

— Alla tarapyndan — diýip, jogap berdi.

Äri oňa:

— Ýaňsylap gürlemegiňi bes et-de, dogryňdan gel. Seniň munça baýlygyň ýokdy ahyry. Saňa miras hem galmady. Sen özüňe we äriňe haýynlyk etmersiň, men muny bilýärin. Sen hökman hazyna tapansyň. Ýogsam, munça baýlyk toplap bilmersiň. Meniň üstümdäki agyr ýüki ýok etdiň — diýdi.

Onda Merýem ärine:

— Özümi bilen günümden tä gyzymy çykaran günüme çenli her çörek ýapanymda unumdan bir owuç ýygnaýardym. Un bir ölçeg bolansoň hem satýardym — diýdi.

Onuň bu sözlerini eşiden ýoldaşy oňa şeýle diýipdir:

— Allatagala seniň oý-pikiriňi zyýada eýlesin! Ol meni seniň bilen bagtly etdi. Seniň maňa höwür we ýanýoldaş bolmagyň bilen meni bereketlendirdi. Seniň eden bu tygşytlylygyň we muňa meňzeş işler barada pygamberimiz Muhammet

alaýhyssalam: «Az zady az zadyň ýanynda goýsaň köpeler» diýipdir. Belki, çagalaryň hem tygşytlylykda saňa meňzärler. Gyzyňa eden zatlaryňa begenýärin. Emma esasy begenýän zadym, Allatagalanyň seni bu ýagşy ýolda meniň yzymdan ýöredendigi üçindir.

Ol adam sözüni soňlady welin, ol ýerdäkiler mejlisleri gutaran dessine Merýemiň jynaza namazyna gitdiler we onuň ärine gynanç bildirdiler.

Mejlise gatnaşanlaryň biri bolsa şu wakalary gürrüň berdi:

— Dostlar, kiçi işleri ähmiýetsiz görmäň! Sebäbi her uly işiň başy kiçi zatdan başlanýar. Alla kiçini ulaltmak islese ulaldar. Azy köpeltmek islese köpelder. Hazynalar dirhemiň üstüne dirhem goýulmagy bilen ýygnalmaýarmy? Altyn kyratyň[1] üstüne kyratyň goşulmagy bilen köpelmeýärmi? Gury ýerde gum, deňizde suw hemme wagt şeýdip ýygnanmaýarmy? Men sebet bilen gök önüm satyp, arap topraklarynda ýüz dönüm[2] ýer alan bir adamy gördüm. Ol burçy, nohudy bir kyrata satýardy. Ol satan zatlaryndan gazanan teňňelerini ýygnap bu ýeri alypdy.

Bir gezek men birnäçe günläp gursagymy agyrdan erbet bir üsgülewüge sataşdym. Käbiri derman hökmünde halwa iý diýdi, käbiri şeker bilen badam ýagyndan süýjülik ýasap, gyzgyny bilen iýmegimi maslahat berdi. Ýöne bular maňa külpetli we gymmat düşdi. Bir tarapdan bu kesel biynjalyk edýärdi, beýleki tarapdan bolsa ondan tizräk gutulmak isleýärdim. Şeýdip, birnäçe gün keselläp ýatdym.

Günlerde bir gün biri maňa: «Saňa kepek suwuny maslahat berýärin, kepekden gyzgyn çorba bişirip iç» diýdi. Men hem dessine onuň diýenini etdim. Çorba hem örän tagamly bolupdy, üstesine-de ajykdyrmaýardy. Şol gün öýläne çenli hiç

---

[1] Kyrat – dört arpa dänesi möçberindäki agyrlyk ölçegi.
[2] Dönüm – 919, 3 $m^2$ deň bolan uzynlyk ölçegi.

zat iýesim gelmedi, ajykmadym. Ikindi wagty hem zat iýesim gelmedi. Diňe agşamara nahar iýdim. Şeýdip, ol adam sebäpli nahardaky gözleýän dermanymy tapdym. Aýalyma:

— Näme üçin çagalara günde bir gezek kepek çorbasyny bişirip bermeýärsiň? Onuň suwy gursagy arassalaýar, açlygy giderýär. Çorbadan iýilmän artyk galanyny hem gurat. Ýene-de öňküsi ýaly kepege öwrülensoň, un bilen garyşdyryp sat — diýdim.

Aýalym hem maňa:

— Saňa degen üsgülewük sebäpli, Allatagala seniň bedeniňe şypa we biziň gün-güzeranymyza hem uly ýeňillik berdi — diýdi.

Ol adam: «Maňa kepegi içmegi maslahat bereniň bu garaýşy, meniň pikirime görä Alla tarapyn gelen ylham bolmaly» diýdi. Ol ýerdäki oturanlar bolsa onuň sözüni tassyklap: «Dogry aýdýarsyň! Bu iş pikirlenmek bilen kellä gelmez, diňe asmandan inen ylham bilen bolup biler» diýişdiler.

Mejlise gatnaşýanlaryň başga biri hem söz alyp şeýle diýdi:

— Biz pelte we ony tutaşdyrýan çakmak daşy meselesinde kynçylyk çekýäris. Çakmak daşynyň kenarlary döwülen ýa-da küteleşen mahaly körelýärdi, gowy çakmaýardy. Ses çykarýardy, ýöne ýanmaýardy. Peltä ýagyş degip öllenende tutaşmaýardy, adaty daş çakmak daşynyň kenarlaryny iýip ýaýa döndürýärdi. Men bahasy gymmat ujy almaz bolan bir demir bilen, örän gymmat baha ýogyn çakmak daşyny satyn aldym. Peltäniň gymmatdygyny hem-de erbet ysynyň bardygyny özüňiz bilýänsiňiz. Reňkli mata böleklerinden, bizden we köne egin-eşiklerden pelte edip bolmaýardy. Netijede pelte gymmata düşýärdi.

Bir gezek dostum wagyzçy Abu Abdyrahman Söwri çarwa araplaryň iki aýry görnüşli agajy biri-birine sürtüp, ot ýak-

ýandyklary barada gürrüň edýändiklerini aýdyp: «Hurma salkymynyň çöpi, ähli görnüşli peltäniň ýerini tutar» diýdi. Şeýle hem ol munuň nähili ulanylýandygyny öwretdi. Indi hiç hili pul çykdajy etmezden, bag-bakjamdaky salkym çöplerini getirip ulanýaryn.

Metjit ýygnagyndakylar: «Bu gün peýdaly zatlar barada köp aýdyldy. Öňki akyldarlar ýöne ýere: «Çekeleşik akyl-paýhasy hasylly eder» diýmändirler» diýişdiler. Soň olaryň içlerinden biri söze goşulyp:

— Işleri ýerli-ýerinde we doly ýerine ýetirmekde, Mugaza hatyn ýaly hiç kimi görmedim — diýdi.

Ol ýerdäkiler:

— Mugaza hatyn näme edipdir? — diýip soradylar.

Ol bolsa şeýle gürrüň berip başlady: «Agasynyň ogly Mugaza hatyna gurbanlyk üçin bir goýun peşgeş berdi. Ol örän gaýgyly we boýny bükük ýagdaýdady. Men ondan:

— Mugaza, saňa näme bolýar? — diýip soradym.

Ol:

— Men bir dul aýal. Meniň işlerimi ýerine ýetirjek we gurbanlygyň etlerini zaýalaman ulanjak hiç kimim ýok. Maşgalamda bu işiň ugruny bilýänler gitdiler. Goýnuň käbir ýerlerini zaýalamakdan gorkýaryn. Çünki, etleriň ýerli-ýerinde ulanylmagyny bilmeýärin. Men Allanyň goýunda artykmaç zat ýaratmandygyny bilýärin. Emma ynsan bulary bilmänsoň, çözgüdi hem kynlaşýar. Men az zady zaýalamakdan däl, az zaýanyň has uly zyýanlara sebäp bolmagyndan howatyrlanýaryn. Dogrusy, şahy nätmelidigini bilýärin. Ondan hurma töňňeleriniň birine çüýlenip, çeňňel ýasalýar. Oňa sebet, palan, eýer asylýar. Şeýle hem ondan syçan, saçakçy, ýylan ýaly zyýan beriji mör-möjekler asylyp bilinýär. Içegelerinden bolsa, dokma ýaýy ýasalýar. Meniň käbir bilmeýän zatlarym hem bar. Kelle, eňek we beýleki süňkleriň etleri alnansoň, gaýnadylýar. Suwuň ýüzüne

çykan ýagy şemde ýaksa bolýar, çörege goşsaň hem bolýar. Ony bulamak bişireniňde ulansaň hem bolýar. Süňkler bolsa arassa alaw çykarýan ýangyçdyr. Derisi horjun. Ýüňi bolsa peýdalydyr. Meniň esasy ünjim ganyny nädip ulanjagymy bilmeýärin. Men Allatagalanyň damak ganynyň içilmegini we iýilmegini haram edendigini bilýärin. Ony ulanmagyň haram bolmadyk ýerleri hem bar. Ýöne men bulary bilmeýärin. Ýüregim gyýylýar, gözlerim aglaýar. Meniň bu gaýgy-gamly bolmagymyň sebäbi, ine, şu ýagdaý — diýdi.

Men biraz wagtdan soň, Mugazanyň gülýändigini gördüm we oňa:

— Näme kelläňe bir pikir geldimi? — diýdim.

Ol:

— Hawa, indi ýadyma düşdi. Meniň Şamda ýasalan gazanlarym bar. Men olary satyn alanymda, satyjy maňa: «Bu gazanlara gyzgyn ýagly gan sürtseň, poslamaz hem-de berkleşer» diýipdi. Indi men arkaýyn. Gan hem öz ornuny tapdy — diýdi.

Men alty aýdan soň, Mugazany görenimde, ondan:

— Goýunyň gowurmasy nähili? — diýip soradym.

Ol maňa:

— Enem-atam saňa gurban bolsun! Heniz gowurma iýmäge nobat ýetmedi. Şu wagt içýag, kellebaşaýak, gapyrga we eti alnan süňkler bilen güzeran geçirýäris. Onuň hem wagty geler — diýdi.

Mugazanyň kyssasy mejlisde bar bolan «Eşek we süýji suw» kyssasyny gürrüň bereniň göwnüne ýarady. Ol öz-özüne: «Mugaza ýaly başarjaň aýalyň kyssasyny eşidýänçäm, özümi isripçi hasaplardym. Menden hem has tygşytly kişi bar eken» diýdi.

## ZÜBEÝDA[1] IBN HUMEÝT KYSSASY

Serrap[2] Zübeýda ibn Humeýdiň söwdagär goňşusyna iki dirhem we dört arpa dänesi agyrlygynda teňňe bergisi bar eken. Bergisini alty aýdan soňra, iki dirhem we üç arpa edip gaýtaryp berirdir. Goňşusy oňa gaharlanyp:

— Aý goňşy, sen ýüz müň dinaryň eýesi, men bolsa ýüz felsiň[3] eýesi. Men gün-güzeranymy birki däne arpadan ýygnap, örän azap we kynçylyk bilen dolaýaryn. Hammal seniň gapyňa gelende wekiliň ol ýerde ýokdy. Men hem saňa ýagşylyk bolsun diýip, iki dirhem dört arpa möçberinde teňňe töläp, zadyňy seniň adyňa aldym. Sen bolsa indi üstünden alty aý geçen karzyňy iki dirhem we üç arpa edip gaýtaryp bermekçi bolýarsyň. Seniň munuň karam bolýar — diýipdir.

Onda Zübeýda ibn Humeýt oňa:

— Aý akmak! Men senden tomus karz aldym, gyşda bolsa yzyna gaýtaryp berdim. Gyşyň üç sany öl arpasy, tomsuň dört gury arpasyndan has agyrdyr. Şonuň üçinem men saňa artyk töledim — diýipdir.

---

[1] «Zübeýda» ady hem aýala, hem erkege dakylýar. Bu ýerde erkek adama dakylan at.
[2] Serrap – altyn bilen meşgullanýan.
[3] Fels – ownuk dirhem.

* * *

Abyl Asbag ibn Rabyg şeýle gürrüň berýär: «Men bir gezek Zübeýda ibn Humeýdiň hyzmatkärleriniň birini urýandygyny gördüm. Oňa:

— Bu edýän işiň näme? Sen nähili erbet adam. Saňa hyzmat edýän bu adamlaryň hem hak-hukugy bar. Sen olara terbiýe bermelisiň, olar seniň çagaň ornunda ahyry. Olar taýakdan başga ähli zada mätäçdirler — diýdim.

Onda ol:

— Bilýärmiň? Olar meniň öýdäki ähli şypa beriji şerbetlerimi içipdirler. Men hem baş hyzmatkärimiň ýanyna gitdim we ondan: «Şerbetleri näme üçin içdiňiz, olar size nämä derkar?» diýip soradym. Baş hyzmatkär bolsa maňa: «Janym saňa pida bolsun! Men şeýle bir aç ýagdaýda welin, seniň bilen diňe oturyp gürleşip bilýärin. Garyn doýurmaýan şypa beriji şerbetleri nämä ýaradaýyn? Biz şerbete mätäç däl ahyry! Doklugy hem diňe adamlaryň dilinden eşidip bilýäris» diýip, jogap berdi — diýdi.

* * *

Zübeýdanyň ýanyna bir gezek myhman gelipdir. Ol hyzmatkärine: «Eý, buşlukçy! Bize küşt tagtasyny getir» diýipdir. Muny eşiden myhman oňa: «Biz nahar tagtasyna (saçaga) küşt tagtasyndan has mätäç» diýip seslenipdir.

* * *

Zübeýda bir gije serhoş bolup, egnindäki köýnegini dostuna peşgeş beripdir. Dosty hem Zübeýdanyň bu köýnegi serhoşlygy sebäpli özüne berendigini aňyp, heniz ol serhoşlykdan açylmanka, öýüne ylgap gidip, köýnegi kesip, aýalyna gursakça tikdirýär.

Irden turup, köýnegini gözleýän Zübeýda: «Sen köýnegiňi pylan dostuňa geýdirdiň» diýipdirler. Ol hem ýaňky köýnek beren dostuny çagyryp, oňa:

— Sen serhoşyň sowgadynyň, sadakasynyň, söwdasynyň we talagynyň güýjüniň ýokdugyny bilmeýärmiň? Adamlaryň meni ýaňsylap, köýnegimi dostuma serhoş wagtym berendigimi aýtmaklary maňa ýaramaýar. Ony yzyna getir. Öz ygtyýarym bilen bereýin. Sebäbi men zadymyň manysyz gitmegini halamaýaryn — diýipdir. Emma dosty köýnegi getirip bermändir.

Dostunyň köýnegi aňsat yzyna bermejekdigini aňyp:

— Meni diňle! Adamlar meniň üstümden gülýärler. Olaryňky ýalňyş däl. Basymrak köýnegi getir — diýipdir.

Onda dosty:

— Walla, men hem seniň şeýle etjekdigiňi bilýärdim. Şonuň üçinem köýnegi öýe alyp gidip, aýalyma gursakça tikdirdim. Öň taraplaryny kesişdirdim. Eger henizem almakçy bolsaň, alaý — diýipdir.

Zübeýda:

— Elbetde alaryn. Seniň aýalyňa gelişýän gursakça, meniň aýalyma hem gelişer — diýipdir.

Dosty oňa köýnegi boýadandygyny aýdypdyr. Zübeýda onda-da:

— Bolsa bolsun, getir — diýip, şol özelenip durupdyr.

Emma dostunyň hem köýnegi beresi gelmeýär eken. Ahyry köýnegi alyp bilmejekdigine anyk gözi ýeten Zübeýda:

— «Şer işleriň ählisi, açary serhoşlyk bolan öýde ýygnanandyr» diýen Pygamberimize enem-atam gurban bolsun — diýmekden başga çäre tapmandyr.

## LEÝLA NAGYTYÝA KYSSASY

Leýla Nagytyýa şaýy mezhebinden, gysganç we husyt aýal bolupdyr. Geýýän köýnegi durşuna ýama eken. Emma onda-da ýama üstüne ýama ýamaýar eken welin, köýnek düýbünden göze görünmezmiş. Leýla bolsa diňe ýama geýip, gezip ýören ýaly eken.

Leýla Nagytyýa bir şahyryň:

Köýnegiňi geýginiň, ýakasyny tapýança baş,
Emma, ýamalar zerarly ýakaňy ýitirseň, çalyş! —

diýen setirlerini eşidip (şahyr heniz kämil husyt däldir öýdüp), öz-özüne: «Diýmek men (şahyryň aýdyşy ýaly) iş başarmaýan aýal ekenim. Köýnegiň ýakasyny tapmaýandygym üçin ony zyňmaýaryn. Sökügi we sökügiň sökügini tikýärin, ýyrtygy we ýyrtygyň ýyrtygyny ýamaýaryn» diýmekden özüni saklap bilmändir.

* * *

Men, Nazzam we Amr ibn Nihýewi üçümiz sährada kelam ylmy barada gürrüňleşip gelýärdik. Ýolda Welit Kuraýşynyň öýüne myhman bolduk. Welit bizi görüp, geliň-geçiň diýdi. Biz hendekden geçip, öýüň diwarynyň düýbünde oturdyk. Galyň we belent salynan diwaryň düýbüne gün düşmeýär-

di. Ol kölegeli we salkyndy. Biz kelam ylmynyň dürli meseleleri barada gürrüňleşip oturdyk. Şol günüň ýarysynyň nähili geçendigini hem bilmedik. Turjak bolanymyzda, men ýolda günüň bizi ýakjakdygy barada oýlandym. Men Abu Yshaga:

— Günüň ähli zady ýakyp-ýandyryp barýan wagtynda çykýarys. Şäher bolsa uzakda. Iň gowusy Welidiň öýünde öýle ukusyny alyp, soň gideliň. Şu wagt ýanymyzda näme bar bolsa iýeliň. Howa salkynlanda gideris. Ýogsa bu yssyda heläk bolarys — diýdim.

Welit hem ýanymdady. Ol sesini ýognaldyp:

— Ýok, bu aýdýanyň bolmaz — diýdi.

Biz:

— Näme üçin bolmaz? Bu kynçylyk bolar ahyry? — diýdik.

Onda ol maňa garap:

— Sen bu sözi ýaňsylamak üçin aýdýarsyň — diýdi.

Men:

— Nämäniň ýaňsysy! Meniň durmuşym seniň eliňde. Ömrümi halas etmekden gaça durmajakdygymy bilýärin — diýdim.

Ol meniň bu sözlerime gaharlandy we öýüne girdi. Aýdan zatlary üçin ötünç soramady. Men onuň ýaly haýyşy ýerine ýetirmezlik üçin, kynçylygy bahana eden hiç kimi görmedim (oňa günüň aşagynda ýöräp, kynçylyga sezewar boljakdygymyzy aýtmagyma garamazdan, ol öýünde az-owlak uka we iýmite gysganyp bahana gözledi). Eger haýyşy ret eýlemek üçin kynçylygy bahana edýän kimdir biri bolsady, Abu Mazyn hem işýakmaz Jebel üçin eden işine bahana tapardy (ol bahana tapman, diňe ýalan sözläpdi).

* * *

Jebel bir gije myhman bolan öýünden daşary çykypdyr. Köçede gezip ýörkä, gije garawuly özüni görüp, şübhelener

öýdüp, hem ogrulardan gorkup, öz ýanyndan: «Şu wagt dostum Abu Mazynyň öýüne baryp, onuň ýanynda ýa-da onuň görkezjek bir otagynda gijäni geçirsem, oňa kynçylyk döretmerin. Daň atansoň çykyp giderin» diýipdir. Ol garawuldan we ogrulardan gorkup, dostlugyň ynamy bilen gapyny kakypdyr. Abu Mazyn hem kimdir biri özüne sowgat getirendir öýdüp aşak düşüp, gapyny açypdyr. Ýöne öňünde Jebeli görensoň, ölüm perişdesini gören ýaly bolupdyr. Jebel onuň dili tutulan ýaly dymýandygyny görüp:

— Garawuldan we ogrulardan gorkandygym üçin gijäni seniň ýanyňda geçirmek isleýärin — diýipdir.

Abu Mazyn bolsa göýä serhoş ýaly bolup:

— Walla, men serhoş — diýen bolupdyr.

Jebel oňa:

— Näme bolsaň şol bol! Bahar möwsümi. Men seniň çagalaryň ýatýan gyzgyn otagyny ýa-da ýorgan-düşegiňi berip özüňe kynçylyk çekmegiňi islemeýärin. Men aç-suwsuz hem däl. Men bu ýere bir baýyň öýünden gelýärin. Meniň ýeke-täk islegim diňe seniň öýüň dälizinde az-owlak ýatmak. Daň bilen hem çykyp giderin — diýip, ony razy etmäge synanyşypdyr.

Abu Mazyn bolsa elleri bilen gözlerini owkalap:

— Walla, men serhoş. Nirede gezip ýörin, bilemok. Men näme diýýändigimi bilemok — diýip, gapyny ýapyp, tapan bahanasyndan we çözgüdinden göwnühoş ýagdaýda öýüne giripdir.

* * *

Bu kitapda dil kadalarynyň ýalňyşlaryny ýa-da akyldarlara gelişmeýän sözleri görseňiz, bilip goýuň, men eşiden we gören zatlarymy bolşy ýaly gürrüň berdim. Sebäbi aşa çeperçilik kyssanyň gyzygyny gaçyrar. Men diňe akylly görünýän gysgançlaryň we husyt alymlaryň, mysal üçin Sehl ibn Harun we oňa meňzeşleriň sözlerini gürrüň berýärin.

## AHMET IBN HALEP KYSSASY

Ahmet ibn Halep Ýezidi husytlaryň ýagşylaryndan hasaplanýardy. Kakasy ýogalanda yzynda 2 600 000 dirhem we 140 000 dinar miras galdyrypdyr. Heniz kakalary ýerlenmenkä, Ahmet dogany bilen bu mirasy paýlaşypdyr. Ahmediň paýyna kakasyndan galan zatlardan 1 300 000 dirhem, nagt altyn we birnäçe at düşüpdir. Ol mirasdüşer baý bolansoň, bir gezek dostluk oturyşygyna gijä galyp geldi.

Men ondan:

— Düýn seni gijä goýan zat näme? — diýip soradym.

Ol hem:

— Düýn agşam naharymy öýde iýendigim üçin gijä galdym — diýdi.

Men hem dostlaryma:

— Ynha, kadadan çykma diýip muňa diýerler — diýdim.

* * *

Ahmet bir gezek ýersiz ýere we sebäpsiz maňa: «Gyşda aýalyňa köpräk çorba bişirt. Sebäbi çorba bereketlidir. Ol diňe doýurmaýar, eýsem suwuň ýerini hem tutýar. Çorba içen adamyň derlände endamy ýumşaýar, endamyndaky zyýanlan der bilen daşary çykýar. Köp iýmek islegine böwet bolýar. Şeýle hem bedeni gyzdyrýandygy üçin çagalaryň içinde kömür ýanýan ýaly bolar. Odundan we pagta eşikden halas edýär. Odun ähli zady guradyşy ýaly, tiz gutarýar. Köp çykdaja getirýär. Iň erbedi hem odun ýakmaga öwrenişeni otdan başga zat halas

etmez. «Eý, Abu Osman! Saňa çorba içmegi maslahat berýän. Çünki, çorba tejribelileriň öýünde bişýär. Sözlerimi şepagatçy bir nesihatçynyň we tejribeli akyldaryň maslahaty hasapla!» diýip, maslahat berdi.

* * *

Ahmet doganlarynyň öýünden çykmaz eken. Onuň doganlary baý bolansoň, günde birine baryp nahar iýer eken. Doganlary hem sahy adamlar eken. Ahmede hödür-kerem edip, sylag-sarpa goýar ekenler. Onuň bilen mylaýym gürleşip, sözüni diňläp, diýenini eder ekenler. Olaryň Ahmediň hem bir gün hökman özlerini çagyrjakdygyna, onuň öýünde hem şagalaň etjekdiklerine ynamlary bolupdyr. Ahmediň çakylygy unudansyramasy we köp eglemesine garaşansoňlar öňürti söz bilen degip görüpdirler. Ýöne ol çagyrarly däl eken. Ahyrsoňy olar oňa niýetlerini açyk aýdypdyrlar. Ahmet muny kabul etmänsoň, olar: «Onda hiç bolmanda ýekeje gezek çagyraý» diýip, haýyş edipdirler. Ahmet hem razy bolup, ýagsyz we etsiz çorba taýýarladypdyr. Doganlary çorba içip bolup, ellerini ýuwansoňlar, olara garap:

— Özüniň şärigi we meňzeşi bolmadyk Allanyň hatyrasyna sizden soraýaryn: «Şu wagt men has baýmy ýa-da siz meniň naharymy iýmezden öňürti?» diýip sorapdyr.

Doganlary:

— Elbetde nahardan öňürti — diýip, jogap beripdirler.

Onda Ahmet:

— Men nahardan öň has garypmy ýa-da nahardan soň? — diýip sorapdyr.

Doganlary:

— Şu mahal has garyp — diýipdirler.

Onda Ahmet:

— Meniň her gezek garyplyga ýakynlaşdyrýan baýlykdan daşlaşdyrjak çakylygy terk edendigim üçin kim meni ýazgaryp biler?! — diýipdir.

Onuň düşünjesine siňe seretseň, onda bir owurt suw, bir kerpiç ýa-da mallarynyň iýmitinden ýekeje gysym ot soraýana hem gaharlanmak gerek.

* * *

Geçileriň owlaklaýan döwrüdi. Ahmediň ýoly bir owlak sürüsiniň üstünden düşüpdir. Owlaklaryň köplügi we bökjekläp oýnap ýörüşleri onuň göwnüne ýarapdyr. Ol husytlygy bilen meşhur bolan hyzmatkäri Sakyfy bir owlak satyn almak üçin çopanyň ýanyna iberipdir. Hyzmatkär köp wagt geçmezden, elini başyna urup, yzyna gaýdyp gelipdir. Ahmet ondan: «Näme, kazyýete çagyrylan ýaly eliňi başyňa urup, meniň bilen oýun edýärmiň?» diýip sorapdyr. Hyzmatkär bolsa oňa: «Düşünmäniň hem has gowy! Owlak on dirhem eken. Bu baha owlak satyn almak saňa gelişmez, hany gideli» diýip, jogap beripdir.

Bu baha belki Basrada gymmat bolup biler, sebäbi ol ýerde zat köp, bahalar arzan. Ýöne halky köp bolan Bagdatda welin gymmat däldir. Nyrhy gymmat hasaplan, hyzmatkäriň gysgançlygydyr.

* * *

Siz indi maňa: «Abu Osman Jahyz dosty Ahmet ibn Halefi ýamanlaýar. Dost dostuň aýnasydyr. Dostuňy ýamanlaýanlara ynam bildirilmez. Her bir adam ýaly Ahmet ibn Halef hem ýalňyşyp biler. Jahyz dostunyň kem taraplaryny we syrlaryny paş etmek bilen, wepasyzlyk edýär» diýmäň.

Bilip goýuň, men ol sözleri onuň öz islegine görä ýazdym. Sebäbi ol bularyň ýaýramagyny söýýär. Muny ýerine ýetirýänlerden hem razy. Meniň gorkýan zadym, ynsanlaryň husytlygy barada aýdylanlary we geň-taňlyklaryny gürrüň berýändigim zerarly, onuň meni hakyna tutandygy barada pikir etmekleridir. Sebäbi Ahmediň pikirine görä, iň gowy dost öz zadyndan bir zat umyt edilmesin diýip, köp zat beýan edilip, umyt sebäplerini

aradan aýyrýan kişidir. Ol meniň bu tagallam üçin özüniň minnetdarlygyny gizlin saklaýar. Eger husytlygy bilen baglanyşykly ýazan zatlarym Yragyň çäklerinden geçse, minnetdarlyk bildirjek, ýogsam bildirjek däl diýýär. Aýtmagyna görä, onuň husytlygy Yrakda öň hem belli eken. Nädip onuň ady Yrakda ýaýramasyn! Ol Sehl ibn Harun we Ysmaýyl ibn Gazwan ýaly husytlary hem isripçi hasaplaýar. Söwri we Kindi ýaly husytlaryň emläklerini sowmakda tygşytly bolmalydygyny aýdýar. Bir gezek maňa Ahmediň: «Eger perişdeleriň Allanyň ýanyndaky derejesini we hallaryny bilmeýän bolsaňyz, bilip goýuň, munuň sebäbi, Allanyň olary gün-güzeran we çaga-çugalaryň «getir» diýen sözi bilen synag etmeýänligidir. Ýogsa, olaryň hallaryny we derejelerini bilerdiňiz» diýendigini aýtdylar.

* * *

Bir dostum şeýle gürrüň berýär: «Bir adamyň ýanyna gitdim. Olar köpçülik bolup ýaňy naharyň başyna geçipdirler. Saçak heniz ýygnalmadyk eken. Men hem derrew baryp, saçak başyna geçdim. Men elimi ýaňy nahara uzadanymda, öý eýesi maňa:

— Ýaralylary öldür, abatlara degme. Eger iýjek bolsaň bölünen towugy, budy goparylan jüýjäni iý. Ownuk hem üstüne çorba syçran çörekleri iý! — diýdi».

Şol dostum ýene-de şulary gürrüňiniň üstüne goşdy:

«Men bir gün ýene şol adamyň ýanynda nahar iýdim. Kakasy hem şol ýerdedi. Kiçi ogly bolsa girip-çykyp ýördi. Ýaňky adam her girip-çykanda ogluna gaharlanyp: «Siz nähili, beýle köp iýýärsiňiz. Alla garnyňyzy doýurmasyn!» diýýärdi. Atasy bu sözlere monça bolup:

— Käbäniň Rebbiniň adyndan ant içýärin, ine, bu meniň hakyky oglum — diýip buýsandy».

* * *

Kerh mähellesiniň garawuly şeýle gürrüň berýär: «Hammamyň eýesi maňa Salyh ibn Affanyň geň-taň wakasyny gürrüň berdi. Salyh her gezek irden hammama gelip, hammamyň eýesi köpük çeleginden uzaklaşan-da, ondan sabyn köpügini alyp, goltugyna we buduna çalyp, desmalyny[1] örtünip, hammamdaky beýleki adamlaryň arasyna goşulýarmyş. Soň sabyn çalan ýerlerini ýuwar eken. Ertesi gün ýene-de şol öňki ýoly bilen ellerine we aýaklaryna sabyn köpügini çalar eken. Bu ýagdaý, tä, çelekdäki sabyn köpügi gutarýança dowam edipdir. Hat-da bir gezek onuň jalbarynyň jübüsinde hem sabyn köpügine duşupdyrlar».

* * *

Salyh ibn Affan «ýag siňdirýär» diýip, Şam pitilerinde nahar bişirmez eken. Mezar ýurdunda ýasalan küýzelere hem «suw syzdyrýar» diýip, suw guýmaz eken.

* * *

Abyl Jahjah Nowşirwany şahyr Abyl Ahwasyň özüne şulary gürrüň berendigini aýdýar: «Oraza günleriniň bir güni Basyýanynyň ýanynda agzymyzy açýardyk. Ol öňürti saçak başyndan turdy we ýassyga ýaplanyp: «Biz sizi Allanyň razylygy üçin iýdirýäris. Onuň deregine sizden hiç bir zat tamakin däl, minnetdarlyga-da garaşmaýarys» diýen aýaty gysgaldyp okady.[2]

(Gurhanda mundan öňdäki aýatda jenneti kişileriň misginlere, ýetimlere we ýesirlere diňe Alla razylygy üçin tagam iýdirýändikleri aýdylýar. Basyýany şeýdip, özüni jenneti, saçak başyndakylary bolsa misgin hökmünde görýändigini ýaňzydypdyr).

---

[1] Desmal – çalgyç, el-ýüz süpürmek üçin ulanylýan mata.

[2] Gurhanyň «Ynsan» süresiniň 9-njy aýaty.

## HALYT IBN ÝEZIT KYSSASY

Çyn ady Haleweýh bolan Halyt meble ogullary husyt hyzmatkärlerinden bolupdyr. Ol husytlykda, gedaýçylykda we mal-mülk ýygnamakda ýetip bolmajak meşhurlyk gazanypdyr.

Bir gezek ol özüni tanamaýan temim ogullaryna myhman bolupdyr. Halyt olaryň ýanynda mahaly bir dilegçi gelip, ondan zat diläpdir. Halyt, çäresiz, elini pully jübüsine sokup, ýalňyşlyk bilen gatyr suratly uly basra teňňesinden bir dirhemi dilegçiniň eline beripdir. Birdenkä, ýalňyşandygyny aňyp, teňňäni yzyna alyp, onuň ýerine bolsa bir fels (ownuk dirhem) beripdir. Ýanyndakylar oňa bereniňden soň, yzyna gaýdyp almagyň erbet işdigini aýdanlarynda, ol:

— Kim üçin erbet iş? Men pulumy siziň akylyňyz bilen gazanmadym, şonuň üçinem siziň akylyňyz bilenem paýlaman. Bu dilegçi dirhem misgini däl, ol fels misgini. Men muny anyk bilýärin — diýipdir.

Ondan:

— Diýmek, sen dilegçileri tanaýarsyň-da? — diýip sorapdyrlar.

Ol:

— Elbetde, tanaýaryn. Ýer ýüzünde näçe sany derwüşpisint, çydamly, hojaýynçy, gotur, çaga ogrusy, uwlaýan, ýalandan kör, öwünjeň dilegçi bar bolsa, şolaryň hemmesine beletdirin. Men otuz ýyllap sadaka çöregini iýip gezdim. Dünýäde

Abu Kagba tabyn husytlaryň we ähli dilegçileriň ussady özümdirin — diýipdir.

Halyt bu sözlerini temim ogullarynyň özüniň mal-mülküne göz dikendigi üçin aýdypdyr.

* * *

Gowy hekaýalar gürrüň berýän, ýaňra we zehinli akyldar Halyt ölüm düşeginde ýatyrka, ogluna şeýle wesýet edipdir: «Saňa diňe aýap saklanyňda sowup boljak derejede mal-mülk goýýaryn. Meniň miras goýan adalatym, ätiýaçlygym we öňdengörüjiligim, öwreden tygşytlylygym saňa goýan mirasymdan has gowudyr.

Men saňa mal-mülküňi aýamagyň üçin gerek bolan ähli çözgüdi tapyp biler ýaly mekirligi öwretdim. Eger sende isleg we höwes bolmasa beren zatlarymdan peýdalanyp bilmersiň. Gaýta tersine, bular saňa ýalan ýaly bolup görner. Aýdan zatlaryma islegsiz uýsaň, mejbury ýerine ýetirendigiň sebäpli biderek bolup galar. Men gury ýerde ýeriň gutarýan, deňizde gämileriň iň soňky barýan duralgasyna çenli gitdim. Emma Zülkarneýni görmedim diýip gynanma.

Ibn Şeriýýäniň garaýyşlaryny taşla. Ol wakalaryň diňe daşky görnüşlerini bilýär. Eger Temim Dary meni gören bolsady, menden Rumy sorardy.

Men jünekeý ördekden, Duaýmis atly kişiden we edermen Rafyg ibn Umeýrden has gowy ýol-yz bilýärin. Men çölde döwler bilen ýatdym. Jyna öýlendim. Ýuwaşjadan gelýän sese gulak asdym. Jynlaryň mähellesine gitdim, ýarym ynsanlar bilen kaklyşdym. Maýmynlar bilen gepleşdim, jadygöýler dostum boldy.

Çyzgylardan, guşuň sesinden pal atýanlaryň hilelerini we pikirlerini, gaýypdan habar berýänleriň mekirliklerini, aýasynyň içine seredip gelejegi görýändiklerini öňe sürýänleriň aýd-

ýan zatlaryny bildim. Ýyldyz, guş, gumalak palyny we bulara nähili seredilmelidigini öwrendim.

Men mal-mülkümi hekaýa gürrüň berip, dilegçilik edip, gündizleri hile edip, gijeleri muşakgatlyk çekip gazandym. Munça mal-mülk diňe gämi ýolagçylygyny edip, soltanyň işlerini ýerine ýetirip we altyn-kümüş ýasama sungatyny öwrenilip ýygnalar. Men arassa altyny gazanmak ylmynyň hötdesinden doly gelýärdim.

Eger seniň ruhuňa zeper ýetirip, heläk bolmagyna sebäp bolmaz öýtsedim, Karuny uly baýlyga eýe eden, Buhara melikesi Hatyny hökümdar eden zady, şu mahal saňa öwrederdim. Jan ynamyndan gorkmasadym, ruhlary jesetlere goýardym.

Şeýdip sen beýan etmek bilen akyl ýetirip bolmajak, aýtmak bilen ynanylmajak birtopar zady öz gözüň bilen görerdiň. Eger Alla şypa berip, aýaga galsam, mantyk ylmyny, mermeriň eredilişini, şekillendiriş sungatyny, Kalga obasynyň gylyçlarynyň syrlaryny, Ýemen gylyçlaryna kesgirlik berýän dermanlary, Pyrgaunyň bezeg, nagyş we zynat işlerini saňa öwrederin. Sen beýleki ogullarymdan ýaş taýdan uly we akylly bolsaň-da, onda-da, ähli syrlarymy saňa öwretmäge razy däl. Sebäbi seni örän söýýärin.

Men soltanlaryň we garyplaryň arasynda ýaşadym. Halypalara we gedaýlara hyzmat etdim. Derwüşleriň we galandarlaryň arasyna goşuldym. Zikr mejlislerine, hatda zyndana hem girdim. Zamananyň haýryny, şerini, bolçulygyny, parahatçylygyny gördüm we birnäçe geň-taňlyklaryna gabat geldim.

Men ähli gapydan girmesedim, ýel-şemala tarap ýöremesedim, tejribäniň gazandyran öňdengörüjilikli çäreleriniň gizlin nokatlaryna ýetip bilmesedim, saňa miras goýan mal-mülkümi ýygnamak we ony gorap saklamak mümkin bolmazdy. Men özümi mal-mülkümi gorandygym üçin öwýärin, ýöne mal-mülk ýygnamak sebäpli öwmeýärin. Çünki onuň käbirine akyl

we hikmeti bilen ýetmedim. Seniň ogullaryň, aýallaryň, öwginiň we ryýanyň pitnesinden, wekilleriň ellerinden seniň üçin mal-mülkümi goradym. Çünki wekiller eýeleriniň zatlaryny zaýalaýan çäresiz dertlerdir.

Mal-mülküň goralmagyny, diňe seni söýýändigim üçin däl, häkimlere gaharlanýandygym üçin maslahat berýärin. Alla çagalara temmi bolsun diýip, olary çagalaryň mal-mülklerine musallat edendir. Güýçli we baý adamynyň ogly, kakasynyň baýlygyny we güýjüni özüne görkezmegini (özi üçin sowmagyny) isleýär. Kaka ejiz we alaçsyz bolsa, perzent kakasynyň ýüküni ýeňletmäge synanyşar. Eger kaka bu ikisinden hem uzak bolsa (orta ýagdaýda bolsa), perzent özüni ýumşak alyp baryp, aklyny ulanyp çykdajylarynyň ýerini dolmaga synanyşar.

Perzentler (esasan) özleri üçin mal-mülk ýygnaýan, zähmet çekýän, özlerini garyplykdan gorap, gurply eden kakalaryna minnetdarlyk hem bildirmezler. Allanyň parzy bolan ene-ata hukuklaryny ýerine ýetirmekde örän sabyrly bolarlar. Belki, bu hak-hukuklara boýun bolmak, ilkibaşda örän agyr bolup biler, emma soňunda lezzetlidir. Ters ýagdaýynda bolsa öňi lezzet, soňy perişanlyk bilen gutarar. Eger sen ataň hak-hukugyna boýun bolmasaň we onuň ýygnan mal-mülküni goramasaň, onda häkimler saňa musallat bolarlar. Bu erbet hereketden gaça dursaň, Alla seniň dostuňdyr we seni gorar.

Eger meniň ýolumy dowam etdirseň, beýlekileriň mal-mülki saňa amanat goýlan mal-mülk hasaplanar we sen beýlekileriň goraýjysy bolarsyň. Ýogsam malyň-da, sen-de, beýlekileriň goramagyna mätäç bolarsyň. Malyňy zaýalamaga ýa-da beýlekileriň goramagyna meýil etseň, umytlaryň ýykylar.

Käbir baý kakalar mal-mülklerine zeper ýetmesin diýip, emläklerini perzentleriniň adyna geçirmek hilesine baş urdular. Häkimler hem çagalaryň mal-mülküni döwletiň haýryna geçirmek hilesine. Emma şol häkimler çagalaryň mal-mülküni satyn

almak islänsoňlar, çagalara akyl bermek we mal-mülküni döwletiň haýryna geçirmegi aýyrmak üçin nähili tiz hereket edýärler. Ýene-de şol häkimler adamlaryna çagalarynyň mal-mülküni talamak maksady bilen ol mal-mülki öz döwletiň haýryna geçirmegi aýyrmak meselesinde örän agyr şertleri goýdular (bular ähli ýagdaýda häkimler we tarapdarlary tarapyndan talandy).

Eý, betnyşan aýalyň ogly! Sen zamanamyzyň ogullarynyň içinde hernäçe bilimli we akylly bolsaň-da, ukybyň we saňa goýan mal-mülkümiň köplügi, seniň nebsiňi düzeltmegiň deregine gaýtam bozdy. Meniň ilkinji, ejeň bolsa iň soňky çagasy bolmagyň seniň bozulmagyňa uly sebäp boldy.

Malym-mülküm bolmasady, men hem, ýa hekaýat gürrüň bererdim, ýa-da gür ak sakgalym, açyk ýakymly sesim, durkum we maňa görkezilýän hoşniýetlilik bilen, öň hem edişim ýaly dilegçilik ederdim. Gözýaşlarym bilen adamlaryň merhemetini özüme çekerdim. Olaryň azajyk merhemeti, köp haýyr-yhsanlaryndan haýyrlydyr. Gündizleri hilebazlyk, gijeleri ogurlyk edýärdim, garakçylyk bilen iş salşardym ýa-da garakçylara içalylyk edýärdim. Sen meni Jebeliň[1] gedaýlaryndan, Şamyň ogrularyndan, Kirmanyň aldawçylaryndan sora. Olardan nädip meniň duşmany tüýs wagtynda tutýandygymy, duşmanyň içalylaryny görenimde, olara sabyrlylyk bilen garaşyşymy, soň olara nädip topulýandygymy, hile etmeli bolanda hilegärligimi, iş mahalynda hüşgärligimiň nähilidigini, bir jenaýat sebäpli tutulan mahalym soltanyň öňünde nädip gürländigimi, jebir-jepa berýärkäler sabyr edişimi, zyndanda ýatyrkam janymyň az gynalandygyny, gandal urlup zynjyr baglanlarynda ýöreýşimiň nähilidigini, ençeme zyndanlardan nädip gaçandygymy, nädip

[1] Jebel – Liwanda bir şäheriň ady.

boşandygymy, ençeme zyndanda gursagymy açyp ýatyşym barada sora! (Olar saňa bularyň hemmesini gürrüň bererler).

Sen heniz dili aklyndan, pikiri hüşgärliginden öňürti gelýän, heniz garyplygyň dişlemedik, bolluk içinde ýaşaýan, mal-mülki köp, güýji az bolan bir çagasyň. Meniň senden iň köp gorkýan zadym adamlara hoşniýetli garamagyňdyr. Adamlar sag eline zyýan berýän çep eliň, gözüňe garşy çykýan gulagyň ýalydyr. Alladan ýagşylyk umyt edilişi ýaly, adamlaryň erbetliginden hem heder eýle! Men mülkümiň goralyp saklanjagyna ynanýaryn. Onuň köpelmegi meniň üçin zerurdyr. Rebbim menden galan zatlary gorap saklar.

Bir gezek göwnümiň islän zady, menden rüstem geldi! Jübümden bir dirhem çykardym, ýöne gözüm onuň ýüzündäki nagyşa we Alla diýlen ýazga düşdi. Men öz-özüme: «Ynha, sen zyýan çekenleriň we ýoldan çykanlaryň hataryna girdiň? Ýüzünde «Lä ilähe illalla»[1] diýip ýazylan zady berip, deregine diňe ýazgysyny aljakmy? Mömin kişi ýüzünde «hasbiallah»[2] we « tewekkeltu alallah»[3] diýlip ýazylan ýüzügini barmagyndan çykaranda, tä, ony ýene yzyna dakýança, özüni Allanyň garamagyndan çykan hasaplar. Ýogsam, ol ýönekeý bir ýüzük. Men bolsa ýüzünde yslamyň şygary ýazylan dirhemi elimden gidermek isleýärin. Bu ýagdaý maňa gelişmez» diýdim».

Ol bulary aýdyp ýogalypdyr.

Ogly ony köne eşikleri bilen kepenläp, guýynyň suwy bilen ýuwup, çala-çula gazylan mazara depin edip, derrew öýe gaýdyp gelipdir. Öýe gelip diwarda asylgy duran ýaşyl gaplama gözi düşüpdir we oturanlardan:

— Munuň içinde näme bar? — diýip sorapdyr.

---

[1] «Lä ilähe illalla» – «Alladan başga Hudaý ýokdur» diýmek.

[2] «Hasbiallah» – «Alla maňa ýeterlikdir» diýmek.

[3] «Tewekkeltu alallah» – «Men Alla töwekgel etdim, oňa bil bagladym» diýmek.

Olar oňa:

— Şu mahal boş — diýip, jogap beripdirler. Ogly onuň içinde öň näme bolandygy barada sorap ýetişmänkä, oňa onuň içinde öň ýag bolandygyny aýdyp: «Biz gyşda üweýän unumyzy daşdan ýasalan gazana salýardyk. Kakaň hem ýag bilen ýeňiljek nahar taýýarlaýardy» diýipdirler. Onda ogly:

— Eger häzir gaplamada ýag ýok bolsa, ony kakamyň mazarynyň üstünde döwerin — diýip, gaharly gürläpdir.

Soň onuň ogly barada: «Biz onuň kakasyndan husyt adam bardyr öýtmeýärdik. Emma ogly husytlykda kakasyndan ozdurdy» diýen gürrüň ýaýrapdyr.

* * *

Halyt ibn Ýezit ýokarda birnäçe görnüşli dilegçilikden gürrüň açypdy. Häzir men olary beýan edip bereýin:

Derwüşpisint dilegçi. Ýanyňa derwüş lybaslaryny geýip geler we göýä (azançy bolandygy üçin) Eýran şasy Bäbek dilini kesen ýaly görkezer. Agzyny pallaýan ýaly açsa-da, dilini görmek mümkin däl. Ýogsam, öküziňki ýaly dili bardyr. Men hem onuň diliniň ýokdugyna aldandym. Bu hili dilegçileriň ýanynda aýtmak isleýän maksadyny düşündirýän kimdir biri ýa-da aýtjak sözleri ýazylan bir kagyz (hat) bardyr.

Dälipisint dilegçi. Özüni däli we garaguş keselli ýaly alyp barar, agzyndan köpük saçar. Onuň garaguş keseli tutup, özünden gidip ýykylmagy ýa-da dälisiremeginden ýaňa, hiç kim onuň ýalandan edýändigine güman etmez. Hatda onuň beýle kesel bilen nädip ýaşaýandygyna haýran galarlar.

Hojaýynçy dilegçi. Gapyny kakanda «hojaýyn» diýip ýüzlener.

Gotur dilegçi. Gijelerine elini we aýagyny biri-birine mäkäm daňyp ýatar. Bu agzalaryna gan barman, çişip başlansoň, oňa sabyn we «iki doganyň gany» atly otdan çalar, üstüne

hem ýag damdyrar. Üstüne mata örter, bir tarapyny açyp goýar. Muny görenler ony dogrudan hem goturdyr öýderler.

Çaga ogrusy dilegçi. Ulanansoň dilegçilik etdirmek üçin çagalary ogurlap iki gözüni kör eder, elini-aýagyny maýyp eder ýa-da bileginden keser. Kämahal hem ene-atalaryň özleri çagany bu adama getirip maýyp etdirerler. Mysal üçin, Afrika gidýän dilegçilere çagalaryny kireýine berýänler bardyr.

Uwlaýan dilegçi. Dilegçilige agşam bilen ýassy arasynda çykar. Eger sesi ýakymly bolsa bu işi aýdym aýmak bilen başlar.

Ýalandan kör dilegçi. Bu hili dilegçiniň hem dürli bahanalary bardyr. Kämahal gözüniň hiç zat görmeýändigini, kämahal hem gözüne gara suw inendigini aýdar. Hatda gözüniň öňüne perde inendigi üçin görmeýändigini hem öňe sürer.

Öwünjeň dilegçi. Ýanyna az-owlak pul alyp aýlanar hemde «bu pullar pylan zadyň puly, biraz pul ýetenok, şunuň üstüni ýetiräýiň» diýer. Kämahal hem arkasyna bir çaga alyp aýlanar. Gün-güzerany we bilim-terbiýesi üçin pul ýygnaýandygyny aýdar.

Çydamly dilegçi. Üst-başynyň lybasy arassadyr. Özüni göýä bu işden utanýan ýaly alyp barar. Tanalaýmaýyn diýip gysmyljyrar we örän ýuwaş gürlär.

Gezegen dilegçi. Ölen bir zadyň başujynda durar. Kepeni üçin dileg eder. Mekgäniň ýoluna çykyp, ölen bir eşegiň ýa-da düýäniň ýanynda durup: «Bu meniňkidi, öldi, ýolda galdym» diýer. Horasanlylaryň, ýemenlileriň we afrikalylaryň dilini biler. Gerek ýerinde islendik millete öwrülip durandyr.

Husyt-ussat dilegçi. Husytlykda we dilegçilikde ussatdyr.

Kagbçylar. Abu Kagp Mosula degişli dilegçilerdir. Haleweýhden (Halyt ibn Ýezitden) soň olaryň nökerbaşysy Abu Kagp bolandyr. Ol adamlary suwsuz äkidip, suwsuz getirýänlerdendir.

Taýýar aşyň eýesi. Tussaglara we dilegçilere berilýän sadakanyň eýesi.

Ine, Haleweýhiň dilegçileriň görnüşleri bilen baglanyşykly aýdan sözleri şulardyr. Aslyýetinde bulardan birnäçe esse güýçli dilegçiler hem bolupdyr. Men bularyň ählisini beýan eýlesem, kitabyň çäginden çykdygym bolar.

* * *

Ýahýa ibn Abdylla ibn Halyt ibn Umeýýe ibn Abdylla ibn Halyt ibn Useýt bir gezek adamlary nahara çagyrypdyr. Ol eli bilen saçakdan bir çörek alyp:

— Çörekleriň maýdadygyny aýdýarlar! Haýsyňyzyň çagaňyz bu çörekden iki sanysyny iýip biler — diýipdir.

* * *

Men, Nazzam, nahuwçy alym Kutrup, Abyl Feth we edebiýatçy Mansup ibn Zyýat dagymyz bir oturylyşykda saçak başynda bile otyrdyk. Supra ak-gara mermerdendi. Tabaklar parlaýan jäjekden we Hytaýyň Gaýmak diýen ýerindäki gymmatbaha bir agaçdan ýasalandy. Reňkler owadandy. Naharlar tagamly we lezzetlidi. Çörekler kümüş ýaly ak bolup, göýä ýalpyldadylan aýnanyň öwüşgini ýalydy. Ýöne adam başyna bir çörek berildi. Oturanlar çörekleri owuntyklaryna çenli iýdiler. Ýöne supranyň başyndan turmadylar, sebäbi doýmandylar. Elleri howada galdy, hemmeler diňe barmaklaryny ýalaýardylar, supranyň başynda näme bar bolsa ony iýdiler. Ýagdaý içgysgynçdy, öý eýesi saçakdan birnäçe çörek aldy we Abyl Fethe garap:

— Eý, Abyl Feth! Bulary al-da, paýla — diýdi.

Abyl Feth onuň aýdanlaryna düşünmediksirän boldy. Öý eýesi sözlerini dört gezek gaýtalansoň:

— Saňa näme boldy? Näme üçin çörekleri paýlamaýarsyň? Alla seniň içegeleriňi paralasyn! — diýdi.

Onda Abyl Feth:

— Alla seniň işiňi oňuna etsin. Çöregi bölüp, oňa hökman ezýet edilmeli bolsa, muny menden başga biri etsin — diýip, teklibi ret etdi.

Biz soň öý eýesini utandyrmak üçin elimizden geleni etdik, güldük, degişdik. Ýöne öý eýesi ne güldi, ne-de utandy.

* * *

Bir gün Mekki ikimiz ýene şol adamyň öýüne gitdik. Men kireýine tutulan, Mekki bolsa karz alnan eşege münüpdik. Biz onuň öýüne bardyk. Mekkiniň eşegi öý eýesiniň iými az berendigi zerarly ýoldaky halyndan hem has erbetleşdi. Mekki hyzmatkärlere garap:

— Siziň oňa saman, arpa, däne bermegiňizi islemeýärin. Siz oňa diňe suw berseňiz bolýar — diýdi.

Hyzmatkärler oňa guýy suwuny berdiler, eşek içmedi we öldi. Eşegi ölmezinden öňürti Mekki öý eýesine:

— Alla seniň işiňi oňuna etsin! Eşegi Dijle derýasynyň[1] kenarynda ýaşaýan birinden karz alypdym. Ol diňe süýji suw içerdi — diýipdi.

Öý eýesi hyzmatkärine bu eşege guýy suwy bilen süýji suwy garyp bermegi tabşyrypdy. Emma janawer onda-da içmedi, ol diňe süýji suw berilmändigi sebäpli öldi.

* * *

Bir gezek bir adam menden: «Bir adam çöregini ajy zada batyryp iýip oturan eken. Ol ajy zady halap, turşy zady halamaýarmyka diýip oýlandym. Soň seredip görsem, ýaňky adam

[1] Dijle derýasy – Yrakda bir derýanyň ady.

çöregini turşy sirkä batyryp otyr. Onuň ajy zadam, turşy zadam iýýändigini gördüm. Soň onuň çöregi ajy üwmeç bilen iýýändigin gördüm. Ýogsam ajylygy zerarly ol üwmeç iýer ýaly zat däl. Eý, Jahyz! Sen aýt, ol näteňet adamyň tebigatynyň dermany ýokmy?» diýip sorady. Men hem onuň akmakdygyny we aşa husytdygyny, onuň ýalylaryň dermanynyň ýokdugyny, iň gowusy olara huruşlyk bermezlikdigini aýtdym. Ol adam hem: «Walla, iň gowusy ne huruş, ne çörek hiç zat bermezlikdir» diýdi.

* * *

Bir dostumyz bardy. Bir gezek ýalňyşlyk bilen onuň naharyny iýdik. Ol biziň özüniň husytdygyny bilýändiris we bu barada öz aramyzda gürrüň edýändiris öýdýärdi. Diňe bu zerarly bize köp nahar iýdirdi we naharyň iýilmegi üçin çabalanýardy. Hatda bize: «Supra başyndan ilkinji turana bir dirhem jerime bar» diýdi. Birine jerime salaýsa, ýüz keşbi şeýle bir şatlanýardy welin, heý goýaý. Öz bähbidi üçin dostlaryna jerime salmak onuň üçin adaty bir ýagdaýdy.

* * *

Dostlarymyň biriniň çörek hyzmatkäri bolan bir adam maňa şeýle gürrüň berdi: «Seniň dostuň: Çörekleri gowy bişirdiň» diýip meni ýençdi we maňa:

— Meniň öňüme goýlan çöregi gowy, ýanymdakylara goýlan çöregi orta ýagdaýda, çaga-çugalaryň we myhmanlaryň çöregini bolsa içi hamyrly edip bişir! — diýdi.

Dostum oňa agyr iş ýükläpdi. Hyzmatkär buýrugy ýerine ýetirmänsoň, oňa zyna edene berilýäniň jezasynyň möçberinde taýak urdurypdyr. Men bulary Abdylla Aruza gürrüň berenimde, ol: «Seniň owlakly hekaýatdan habaryň ýok öýdýän. Seniň ol dostuň «owlagy gowy gyzartdy» diýip, aşpezine

segsen gamçy urupdyr. Sebäbi ol öň aşpezine: «Owlagy saçak ýazylansoň tamdyra sal. Men saňa: «Owlak näme üçin henizem gyzarmady?» diýip soranymda, sen maňa: «Az galdy, basym bişer» diýersiň. Soň hem göýä men seni howlukdyran ýaly owlagy tamdyrdan çykaryp getirersiň. Owlak gowy gyzarmandygy üçin ony iýmezler. Soň ýene tamdyra salyp, ertesi gün saçaga getirersiň. Netijede bir owlak iki owlagyň ýerini tutar» diýipdir.

Aşpez segsen taýagy bu aýdylany ýerine ýetirmändigi üçin iýipdir».

* * *

Ahmet ibn Musenna daýaw, berk bedenli, ylymly, gowy gazançly, ýokary wezipede işleýän bir dostumyz barada şeýle gürrüň berýär: «Ol suprasyna köpräk towuk, çörek ýa-da başga zat getirilmeli bolanda, wekilini çörekçisine we hyzmatkärine iberip, rugsat berýändigini aňladýan bir hat ýazyp berermiş. Ol adamy bir gezek towuk iýip otyrka gördüm. Towugy ikä bölüp, ýarysyny sagyndaka, ýarysyny hem çepindäkä berdi. Soň:

— Hyzmatkär! Bu towuk çig, maňa gowy bişenini getir — diýdi.

Men ol ikisini indi hiç haçan onuň bilen bir saçak başynda oturmazlar öýdýärdim. Ýöne olaryň towuk iýýändikleri üçin şatdyklaryny gördüm. Soň hyzmatkär ýaňky adama bişen bir towuk getirdi. Saçagyň başynda oturanlardan Aly Eswary şem sönensoň, garaňkylykdan peýdalanyp, towuga el urdy. Öý eýesi muny aňyp:

— Gördüňizmi, emeldarlar näme üçin ýönekeý adamlar bilen nahar iýmeýärler? — diýdi».

Ahmet ibn Musenna soň onuň suprasynda oturanlardan galan nahar galyndylaryny iýýändiklerini, çörekleriň öň iýlendigini bildirmejek bolup, üstlerindäki nahar yzlarynyň aýrylyp,

gyralary dişlenen çörekleri bolsa dograp, dogramada ýa-da çorbada ulanandyklaryny gürrüň berdi.

* * *

Men daýaw, manyly sözleri sözleýän bir adamy gördüm. Ol göýä köşkde terbiýelenen, atly-abraýly, çeper sözli adamlaryň gizlin kemçiliklerini, ýagşylyklaryny gowy bilýän, niýetlerini, maksatlaryny derrew aňýan we olaryň kemçiliklerini bilmeýändigi üçin ýüregi daralýan bir adamdy. Iýýän dogramasy hem ala-mulady. Agy has köp göze ilýärdi. Ýagsyzdygy zerarly dogramanyň reňki üýtgäpdi. Men onuň ýalyny öň birki gezek görüpdim. Dogramanyň reňki meselesinde oňa nesihat bermekçi boldum, ýöne nesihat hem oňa agyr deger öýdüp, onuň bu bolup oturyşyna sabyr etmegi niýetime düwdüm. Ýöne men nesihatyň mert kişilere we dostluk-doganlyk duýgusyna eýe bolanlara berilýändigini bilýärdim. Dogramadaky alalygy görenimden soň, atyň aýaklary bilen maňlaýyndaky aklyk maňa sada göründi (ol adamyň husytlygynyň uludygyny görenimden soň, nesihat has sada geldi). Men geplemezligi bähbitli, nesihaty hem gereksiz hasapladym. Abyl Hasan Medaýyny maňa Mälik ibn Munzyrynyň dogramasynyň ala-muladygyny aýdypdy. Men bu adamyň dogramasynyň ýanynda onuňky has ýagly we tagamlydyr öýdýärin.

* * *

Men husytlyklaryny äşgär edýän ýa-da gizlin saklaýan husytlaryň atlaryny agzamaýaryn. Husyt dostlarymyň atlaryny hem dostlugymyza hormat we hak-hukuklarynyň goralmagy üçin getirmeýärin. Diňe bu iki topardan galan husytlaryň atlaryny agzaýaryn. Emma eger husytlygy ýüzüne aýdylanda razy bolýan, muny husytlygynyň örtülmegine sebäp diýýän dostlarymyň käbirleriniň adyny aýdyp bilerin.

## ABU JAPAR KYSSASY

Men Abu Japar Tarsusy ýaly başga adamy görmedim. Ol bir gezek bir dostunyňka myhmançylyga gitdi. Oňa hödür-kerem etdiler, sakgal-murtuna müşk-anbar sepdiler. Müşk onuň dodagynyň üst tarapyny gijidensoň, eger daşyndan gaşasam, ysy gider diýip, kiçi barmagy bilen dodagynyň içinden gaşady.

Bular ýaly gürrüňler diňe göz bilen görlende gyzyklydyr. Sebäbi ýazuw bulary doly suratlandyryp bilmez. Mazmunyny we hakykatyny doly manyda orta atyp bilmez.

## MUHAMMET HYZAMY KYSSASY

Muhammet Hyzamy Abdylla ibn Kasym Müweýsiň we Dawut ibn Abu Dawudyň kätibidi. Ol Allanyň ýaradan gullarynyň iň husydy we iň arassasydy. Husytlygyň tarapyny çalardy we bu meselede delilleri getirerdi.

Biz bir gezek onuň bilen Garaşsyzlyk aýynda duşuşdyk. Howa ir sowap başlapdy. Men Kumus[1] matasyndan tikilen ýeňil we ýüňden bolan köne bir lybas geýipdim. Ol maňa:

— Akylly adamyň isribi we isripden daş durmagyň hikmetini bilmezligi gör nähili erbetdir. Janyma haýpyň gelmezligi we çäre görmezligi saňa-da agyr deger öýdüp aklyma hem gelmeýärdi! — diýdi.

Men oňa:

— Seniň mende gören erbetligiň näme? Sen düýn hem men barada başgaça pikirlenýärdiň ahyry? — diýdim.

Ol bu lybasy wagtyndan öň geýendigim üçin maňa hoş gelmeýändigini aýtdy. Men oňa:

— Bu ýyl howa ir sowap başlady. Şunuň ýaly sowuk howa Gorkut ýa-da Alp Arslan aýynda düşen bolsady, onda-da geýerdim — diýdim.

Onda ol:

---

[1] Kumus – Horasanda bir ýeriň ady.

— Onda içi doňdurylan don geý. Ol seniň bu eşigiň ornuny tutar. Sen hem bu ýalňyşlykdan halas bolarsyň. Bu günler ýüň eşik geýmek dogry däldir — diýdi.

Men ondan:

— Näme üçin? — diýip soradym.

Ol:

— Güýzüň tozany siňensoň, ýagyşda we çygda öllenen ýüň tiz çüýremäge başlar. Tozan eşigi tagta gurçugynyň Nejranyň[1] hurma agaçlarynyň köküni iýmeginden hem has çalt iýer. Sen bu eşikleriňi häzirlikçe geýme. Haçan ýagyş ýagyp, tozanlar ýatyşyp, toprak gatylaşan mahaly, Allanyň bereketi bilen ýüň eşik geý — diýdi.

* * *

Muhammet Hyzamy ýylda bir gezek Kufedäki garyndaşlaryna zyýarata giderdi. Olara bir möwsüme ýeter ýaly çöreklik bugdaý we azyk satyn alyp bererdi. Ol ähli bugdaýlary ýekän-ýekän barlaýardy we iň dokmädesini alardy. Arzan bolandygy üçin Beled[2] we Mosul bugdaýyny saýlardy. Haýsy has amatly we arzan bolsa şondan alardy. Ýöne Meýsan bugdaýyndan gaça durardy. Ol: «Meýsan bugdaýy ýumşak hem güýçsüzdir. Aşgazanyň ataşy şeýtan ýalydyr, ähli zady parçalar. Şonuň üçinem gaty zatlary iýmeli» diýerdi.

Oňa bir gezek:

— Bilýärmiň, Beled çöreginiň ýüzünde palçyk, toprak we toýun bar — diýenimde, ol: «Nähili oňat çörek ekeni. Käşge, topraga has meňzesedi» diýip jogap beripdir.

---

[1] Nejran – şäheriň ady.

[2] Beled – Kufe şäheriniň bir ady.

* * *

Ol täze ýa-da arassa köýnek geýen mahaly, ýer ýüzüniň iň ýakymly ysly müşk-anbary getirilse-de, müşk-anbaryň ysy köýneginde tegmil galdyrar gorkusy bilen sepinmezdi. Eger köýnegi kirli bolsa, diňe sepinmek bilen çäklenmezdi, ysy galsyn diýip gursagyna, garnyna we lybaslaryna hem çalardy, üstesine-de: «Gyş gör nähili oňat zat! Öýdäki we bedendäki müşk-anbaryň ysyny saklaýar. Agzy açyk goýlan şerbet sirkä öwrülmeýär. Sowukda goýlan çorba zaýalanmaýar» diýerdi. Ol öýünde hiç müşk-anbar sepinmezdi, diňe dostlarynyňkyda müşk-anbar sepinerdi. Tomus pasly bolsa, müşk-anbar zaýalanmasyn diýip, donuny hem getirip, üstüne seperdi we köýneginiň üstünden geýerdi.

* * *

Ol bir gezek şeýle diýipdi: «Adam garransoň, bedende erbet ys döreýär. Agaran saç ölümiň, garalan saç bolsa ýaşaýşyň çakylykçysydyr. Gara eşegiň hem diňe ýaraly ýerine ak tüý çykar. Men garry adam, şonuň üçinem bedenim yslanýar. Bu şäherdäki dostlarym bolsa, diňe salamlaşmak bilen oňman, gujaklaşmak we öpüşmek üçin hem özelenip durlar. Şonuň üçinem men elmydama müşk-anbar sepinmeli bolýaryn. Müşki-anbar bolsa örän gymmat bahaly we oňa pul çykdajy etmek bolsa akyla sygjak zat däl. Kimiň müşki-anbary bar bolsa, ony çaga-çugasyndan gorasyn. Müşk satyjylar hem müşki-anbar saklaýan çüýşelerini möhürläp, iň ynamdar hyzmatkärlerinden hem gorap saklaýarlar. Bu aşa çykdajynyň öňüni almagyň ýeke-täk ýoly sandal agajyndan darak ýasanmakdyr. Onuň hoşboý ysy bar hem-de saç üçin darak boljak. Hiç bolmasa şu garrylykda döreýän ysy ýok eder. Men bu daragy ulanmak bilen bu ysy çykdajysyz ýok etdim».

Hyzamynyň dostlarynyňkyda sepinýän müşki-anbaryndan başga ulanýan müşki-anbary sandal agajyndan ýasalan daragyň ysydy.

* * *

Aly Eswary bir gün Hyzamydan karz pul sorapdyr. Hyzamy gynançly we gussaly halda meniň ýanyma geldi. Men hem oňa:

— Eger ynsan karz beren puly yzyna gelmez diýip pikirlenip, dostuny boş gaýtarsa, diňe şonda gynanar. Ýa-da karz bermedik adamsy gören ýerinde zeýrenip, onuň syryny ýaýar diýen gorky bilen gynanar. Sen bolsa husytlykda meşhur bolmak üçin tagalla edýärsiň. Şol sebäpli adamlar senden bu hadysany geň görmezler. Sen nämä gynanýarsyň? — diýdim.

Onda ol maňa:

— Eý, Allam, sen meniň günälerimi bagyşla! Sen maňa düşünmediň! Men adamlar meniň mal-mülkümden bütinleý umytlaryny üzendir öýdýärdim. Aly Eswary meniň bu pikirimi puja çykardy. Meni esasy gynandyrýan zat bu ýagdaý. Adamlar kimiň zadyna göz dikseler, ol baýlygyň dargamagyna sebäp bolarlar. Sebäbi olar tama eden zatlaryna hile we mekirlik gurnarlar. Mal-mülkünden umyt kesilen göz dikilmeýän adam kepillik içindedir. Alynyň menden karz soramagy meniň üçin uly biabraýçylykdyr. Ol meni tejribesiz we baýlygyny iýip bolar diýip hasaplaýar. Eger ol meni tanamadyk bolsa, goňşularym, dost-ýarlarym nädip tanar! Görýän welin, men kömüri ýok ýere üfläpdirin, ýanmaýan peltä çakmak daşyny çakypdyryn. Meniň iň gorkýan zadym käbirleriniň pula ähmiýet bermeýändigini aýtmagy, şeýle hem meniň Alladan garyp düşmegim barada dileg etmegidir.

* * *

Hyzamy bir gezek şeýle diýipdir:

— Dostlarym kämahal menden eşiklerimi peşgeş bermegim üçin ýüz tutanlarynda: «Seniň şu eşigiň maňa örän gowy gelişýär» diýip, ýüz tutýarlar. Ýöne dostum uzyn, men bolsa gysga boýly (dogrudan hem meniň boýum gysga). Ol meniň eşiklerimi geýende, ýoldan geçip barýanlar geň galmazlarmy? Dostumy adamlaryň arasynda gülkünç ýagdaýda goýmakdan uly ýamanlyk bolup bilermi? Eger eşik maňa gelşişi ýaly oňa gelişmese, hiç bir dostuma geýdirmerin. Onuň ýaly dost kim bilýär, haçan tapylar? Oňa çenli kim öler, kim galar!

* * *

Bir gezek Hyzamy bilen aramyzda şeýleräk gürrüňdeşlik boldy. Ol:

— Men gowy bişen we birazajyk gatyrak et iýmek isleýärin — diýdi.

Men:

— Sen işdäm iki towuk isleýär diýene meňzeýärsiň — diýdim.

Onda ol:

— Sen dogry aýdýarsyň? Meniň janym dogrudan hem iki towuk isleýär. Bir-ä, bakylan — semiz, beýlekisi, gowy bişen — diýip, jogap berdi.

Başga bir gezek bolsa men oňa:

— Sen özüňe «Husyt Abdylla» diýilmegine monça bolýarsyň — diýdim.

Ol:

— Alla bu ady ýok etmesin!

— Näme üçin beýle diýýärsiň?

— Mal-mülki bolmadyga husyt diýilmez. Sen maňa mal-mülk ber-de, islän adyň bilen ýüzlenäý.

— Bir adam baý bolmasa oňa jomart diýilmez. Jomartlyk öwgüni we baýlygy içine alar, husytlyk bolsa mal-mülki, ýazgarmalary öz içine alar. Sen iň arzan we iň pes bolan zady alypsyň.

— Aralarynda tapawut bar.

— Ol nähili?

— Husydyň bir manysy-da mal-mülki elde saklamakdyr. Jomartlykda bolsa malyň elden gitmek manysy bardyr. Şonuň üçinem husytlyk goramak, jomartlyk bolsa zaýalamakdyr. Mal-mülk peýdalydyr, ol eýesini beýgelder. Öwgi ýele meňzär, ol wagtlaýyndyr. Mal-mülküni sowýany öwmek, onuň üstünden gülmekdir. Öwgä gulak asmak hem ejizlik, hem gorkaklykdyr. Jomart adam aç galan, öýi-goşy dargan, bahyllaryň üstünden gülen mahaly öwginiň oňa nähili peýdasy bar.

* * *

Dawut ibn Abu Dawudyň Kesker şäheriniň häkimi mahaly Hyzamy dagymyz Wasyt şäherinde onuň ýanynda otyrdyk. Oňa Basradan sowgatlar geldi. Sowgatlaryň içinde toşaply meşikler hem bardy. Dawut bulary bize paýlady. Hyzamy özüne berlen toşaplary başga birine berdi. Men onuň bu eden işine geň galdym. Dostum Mekkä:

— Hyzamy beýle eli açyk däldi. Ol bermegiň duşmany, almagyň batyrydy. Eger oňa Sistanyň menekli we zäherli ýylanlary, Müsüriň uzyn ýylanlary, Ahwazyň öldüriji ýylanlary berilse hem çekinmezden alar. Almak bilen onuň eli açylýar. Belki-de, paýlanyşykda özüne az düşendigi üçin şeýle edendir — diýdim.

Mekki:

— Men onuň kätibi. Öňden bäri biz onuň bilen dost. Onuň bermek gylygynyň bardygyny birinji gezek görýärin. Bu ýerde hökman bir zat bar — diýip durka, görsem Hyzamy hem

ýanymyza gelipdir. Ondan bu ýagdaýyň sebäbini soranymda, ol syryny aýdyp:

— Eger toşaby alsam, peýdadan has kän zyýan çekerdim. Üstesine-de, dünýä maňa ters öwrülerdi, işlerim dargardy — diýdi.

— Dogry, belki serhoş edip bilerdi.

— Ýok, beýle däl!

— Onda näme? Saňa zyýany näme?

— Hawa, elbetde bar. Birinjisi, hammal puly, ikinjisi hammal ony öýe alyp gidýänçä toşabyň meşigiň içinde durup-durmajagy näbelli. Üçünjisi, eger öýe ýetende, ol bulamak, palaw we börek ýaly zatlaryň islegine sebäp boljak. Bulardan gaçmak üçin toşaby satsam meni ýazgarardyňyz. Eger satman öýe alyp gitsem, meniň başyma nämeler gelerdi? Bulamak üçin ýag almaly bolardym, ýag hem başga zatlary zerur ederdi. Netijede, meniň üçin onuň çykdajysy has zyýanly bolardy. Eger toşapdan içer ýaly zat taýýarlamaga synanyşsamdym, gazan, gaplama, suw we odun satyn almaly bolardym. Bulary alsam hyzmatkäriň eşikleri kirlärdi, sabyn we çogan üçin pul harçlamaly bolardym. Toşaba degmesem, biderek ýere zaýalanyp galjak. Men hem toşapdan hiç hili suratda peýdalanyp bilmezdim. Eger şerap ýasasam, tagamyny üýtgederdi, suwuny garaldardy. Sirke ýasasam, diňe dadyrmak üçin ýarardy. Eger maýaly içgä öwrülse, mundan Alla sygynýaryn, ony men halamaýaryn. Zyňmaga hem dözmeýärin. Aýdaly, öýde oturyp, ony içdim diýeli. Ol wagt men barlyklaryny we ýollaryny bilmeýän adamlarymyň gurnan pars baly bilen garylan üzüm suwuny, semiz towuklary, Köwser owlaklaryny, Jebeliň miwelerini, lezzetli tagamlary, gök otlar bilen bezelen supralara we meýlislerindäki göwnaçyjy söhbetlerine gatnaşyp bilmezdim. Hawa, eger öýde içer ýaly zat bolsa, munça çykdajy etmeli bolardym. Bu meniň üçin uly zyýan. Üstesine-de, meniň öýde otur-

magym, şumluk we mahrumlykdyr. Sebäbi men dostlarymyň mejlisleriniň nygmatlaryndan uzak galardym. Eger iýip-içýän mahalym saçakdaşym mynasyp däl adam bolsa (mundan Alla saklasyn!), onda Alla zadymyň zaýalanmagyna gapy açdy diýmekdir.

Eger bir dostum öýde şerap ýa-da içer ýaly başga bir zat bardygyny bilse, göýä ýüz berlen ýaly gapymy kakar. Eger içeri salsam bela, salmasam güzap. Myhmanlarymyň iýdirip-içirendigim zerarly meni öwmeklerinden razy bolsam, onda isripçiler bilen şäriklik gurup, dogruçyl dostlarymdan aýra düşüp, şeýtanyň dostlaryna goşuldygym bolardy. Netijede, kesekileriň girdejilerinden gazanan gazanjym gutarar, beýlekiler hem meniň gazanjymdan gazanmaga başlarlar. Iki ýagdaýa hem meniň sabyr-takatym ýok. Ynsan berip, almazlyga nädip çydam edip biler. Goragdan soň peslikden, artmadan soň azalmadan, Alla sygynýaryn. Bular ýaşlykda başa gelse örän aňsat ýeňip geçse bolar.

Bu toşap garyplygyň habarçysydyr, şeýtanyň duzagydyr. Baýlygyma göz gyzdyrýanlaryň hilesidir. Soňy ajy bilen gutarjak süýjülikdir. Iň esasy gorkýan zadym hem dostlarymyň meni mejlislerinden uzaklaşdyrmak üçin duzak gurmaga synanyşmaklarydyr.

* * *

Bir gezek biz köpçülik bir jemagatyň içinde otyrdyk. Oturanlar köp bolsa-da, dymyşlyk höküm sürýärdi. Hyzamy menden uzagrakdady. Mekki maňa öwrülip, ol ýerdäkileriň eşidäýjek sesi bilen:

— Eý, Abu Osman, aýt! Dostlarymyzyň içinde iň husydy kim? — diýip sorady.

Men:

— Abu Huzeýl Allaf — diýdim.

Ol ýene-de:

— Ondan soňra kim? — diýip sorady.

Men:

— Bir dostumyz, ýöne onuň adyny aýdyp biljek däl — diýdim.

Uzagrakda oturan Hyzamy ýerinden turup:

— Ol meni göz öňünde tutýar. Tygşytlylaryň ätiýaçlygyny, baýlyklarynyň köpelişini we nygmatlarynyň yzygiderliligini çekip bilmeýärsiňiz, görip bolýarsyňyz. Bahylçylykdan ýaňa husyt lakamyny dakyp ýazgarmak isleýärsiňiz. Bu lakamlar bilen olara duzak gurup, mal-mülküni zaýalana jomart diýmek bilen kemçiliklerini örtmäge synanyşyp, adalatsyzlyk edýärsiňiz. Siziň eliňizden ne bozgaklar halas bolar, ne-de dogry iş edenler — diýdi.

* * *

Abu Ubeýda ibn Musenna şeýle gürrüň berýär: «Basranyň we Kufäniň emiri Halyt ibn Abdylla Kusry adamlaryň özüne husyt diýendiklerini eşitdi. Bir gezek ol bir gürrüňinde özüniň näme üçin husytdygynyň sebäbini aýtdy. Ol haýsydyr bir zadyň kynçylyk bilen iýilýändigine seretmegi we ondan çekinilmegini aýdyp, husytlygyň tarapyny çalyp, şeýle gürrüň berdi: «Jahylyýet döwründe[1] Halyt Mehzul nahar iýýän adamlara we gäwüşeýän düýä seredip adamlardan:

— Siziň hem gözüňiz adamlary we düýäni görýän gözüm ýaly görýärmi? — diýip sorapdyr.

Oňa:

— Hawa — diýip, jogap beripdirler.

Şonda Halyt adamlaryň we düýeleriň haýsydyr bir zady çeýneýärkä agyzlaryny hereket etdirmeklerini erbetlik hasap-

[1] Jahylyýet döwri – yslamdan öňki döwür.

lap, çeýnemegiň bigelşikdigi üçin aç galyp ölse hem gök iýmezlik barada Allanyň adyndan ant içipdir (Halyt Mehzulyň çeýneýänleri erbet hasaplamagy olaryň görnüşiniň erbet täsiri sebäplidi. Ýöne Halyt ibn Abdylla Kusrynyň erbet görmegi husytlygy sebäplidi).

Halyt süýt bilen iýmitlenip, suwly şerbetleri içer eken. Bu iýmit ony horlap guradypdyr. Bedeni gowuja arryklansoň, oňa «Mehzul» («Arryk») diýipdirler».

Halyt ibn Abdylla Kusry bulary aýdyp bolansoň:

— Ine, men hem çeýneme hassalygyna mübtela bolan we eňeklerini oýnadyp, haýwanlara meňzemäge mejbur bolan seýrek kişileriň biri. Indi men muňa öwrenişdim. Çeýneýişlerini görmekden gaça durup bilmeýänlerimiň (çaga-çugalarymyň) çeýneýişlerine sabyr edýärin. Her kim öz öýünde, iň ynamly ýerde iýsin — diýdi.

* * *

Ine, Halyt ibn Abdylla Kusrynyň husytlygy hakyndaky sözlerinden bize gelip ýetenleri şulardyr.

Halyt Mehzul eset ogullary taýpasynyň hojaýynlary bolan iki Halydyň biridir. Bu iki Halyt barada Eswet ibn Ýagfur: «Sizden öňürti iki Halyt geçdi. Olar jahwan ogullarynyň ýolbaşçylary Halyt ibn Madle we Ibn Mudallel Halyt Mehzuldyr» diýipdir.

# HARYSY KYSSASY

Harysydan: «Walla, sen nahary örän tagamly bişirýärsiň. Azyk seniň eliňdekä has-da köpelýär. Sen aşpezden, çörek ýapýandan, kebapçydan we halwaçydan hem ökdesiň. Emma bulara garamazdan sen nahary gynandyrmak üçin duşmana, begendirmek üçin dosta, jomartlygyňy görkezmek üçin husyda, hormat üçin myhmana, ýagşylyk üçin minnetdarlyk bildirýäne görkezmeýärsiň. Bir zadyň öňden gidende ýa-da gözden ýitende talanyljykdagyny gowy bilýärsiň. Eger naharyň minnetdary peýdaly bolana, uzak mahallap haýyr bilen ýatlana, şirin sözi we söhbeti bilen peýdalanana, nahary uzadyp zamanany gysgaltjak adama iýdirseň, bu saňa has-da gelşer. Sen minnetdarlyk bildirmeýäne, bildirse-de oňarmaýana, lezzetli tagam bilen lezzetsiz tagamyň tapawudyny bilmeýäne näme üçin naharyňy halal etjek?» diýip sorapdyrlar.

Onda olar:

— Abyl Fatygyň aýdan zatlary siziň aýdýan zatlaryňyzy ýerine ýetirmegime päsgel bolýar — diýip, jogap beripdir.

Ondan:

— Abyl Fatyk kim? — diýip sorapdyrlar.

Harysy:

— Ýaşlaryň kazysy (garakçylaryň başy). Kim bilen nahara otursam, ony ýamanlap ýazgarýar. Onuň ogrulara meňzemeýän bir tarapy bar. Göräýmäge ol mürewwetli we abraýly kişiler ýalydyr — diýipdir.

Ondan:

— Abyl Fatyk näme diýipdir? — diýip sorapdyrlar.

Harysy:

— Ol: «Hatda ogrular hem nahar iýýärkä guradyjy, gapyp alyjy, iberiji, garbaýyjy, sorujy, serpiji, bozujy, kesiji, eleýji, damakçy, uly dogramçaçy, ýuwdujy we garaldyjy däldirler» diýipdi — diýipdir.

(Geň galaýmaly, Abyl Fatyk naharda ýalaýjy, goparyjy, dişleýji, uzaldyjy, gemriji we üýtgediji bolanlary görse näme diýerdi!)

* * *

Harysy gürrüňini şeýle dowam etdirdi: «Men esasan gurply garamaýaklaryň nahar iýişlerini halaýaryn. Sebäbi olar naharyň üstündäki eti dişlemeýärler. Süňküň ýiligini çykarmak bilen meşgul bolmaýarlar. Pyçak we çarşak ulanýarlar. Nahar mahaly gürleşseler hem ýuwaş ses bilen gürleşýärler. Ýalan we boş sözleri aýtmaýarlar. Men myhmana-da, myhmanyň myhmanyna hem döz gelerin. Ýöne doýar-dolmazlary we çagyrylmazdan nahara gelýän adamlary halamaýaryn. Ýalňyzlygyň erbet dostdan, erbet dostuň hem erbet doýar-dolmazdan haýyrlydygyna şübhe ýok. Sebäbi her kes bilen bile nahar iýmäge mejbur bolýarys. Eger biri bilen suprany paýlaşmagymyz gerek bolsa, onda myhmanymyzyň gyzaran ýumurtgany gutartmak üçin pursat gözleýän, towugyň bagryny bir demde ýuwudýan, gazyň boýny üçin howlugýan, ilkinji pursatda owlagyň böwregini alýan, durnanyň daşlygyny bir demde ýuwudýan, guzynyň buduny goparýan, jereniň göbegine göz dikýän, towugyň gursagyna, jüýjäniň ganatyna tamakin, çemçesini başga biriniň öňüne uzadan, üýtgeşik nahar we şerbet isläp, öý eýesiniň kemçiligini gözleýän adamlardan bolmazlygyna üns bermelidiris.

Soýlan düýäniň bagryny we örküjini, sygryň etini we kyrkgarnyny, goýnuň gyzaran ýerlerini bir uranda alyp gitmäge dyrjaşýan, garra ejizligi sebäpli hormat, ýaşa güýçlüdigi üçin merhemet etmeýän, çaga-çugasyna seretmeýän adamlar bilen ne düýnä düzeler, ne-de durmuş gowulaşar. Eger munuň ýaly-laryň biri bilen bir suprada oturmaga mejbur bolsam, onda men dogramçany özümden köp almaýany saýlaryn.

Bu aýdanlarymdan hem has erbediniň nämedigini bilýär-misiňiz? Aşpeziň onuň öň iýip görmedik lezzetli naharyny ki-çijik bir gaba guýup bermegi we bu nahary sowamanka getirip öňüme goýmagydyr. Dostlarym, gyzgyn nahary düýeguşy ýaly işdämenlik bilen iýýärler. Men bolsa ýyrtyjy guşlar ýaly kynçy-lyk çekýärin. Sowamagyna garaşsam, iýere zat galmaýar, gyz-gynlygyna iýsem zyýan berer öýdüp gorkýaryn. Sebäbi gyzgyn nahar öldüriji bolup biler, gysyr edip biler we tezege gan garyş-dyryp biler.

Bir gezek Aly Eswary bilen Süleýman ibn Aly bir suprada nahar iýipdirler. Öňlerinde uly bir balyk goýlupdyr. Balyga gözüniň ujy bilen sereden Aly içiniň ýag bilen doludygyny görüpdir. Özi hem şol mahal suw içýär eken. Dostlarynyň ba-lygyň iň gowy ýerlerini alandygyny görüp, çydap bilmän ýa-nynda oturan Isanyň dogramçasyny alypdyr. Dogrusy, ol bürgüt ýaly çalasyn eken. Muny eşidenler oňa: «Saňa haýp bolsun! Isa bilen dost bolmasaň hem, elindäki dogramçasyny agzyna salyp barýarka, kakyp alypsyň» diýenlerinde, ol garşy çykyp: «Ýalňyş eşidipsiňiz. Men we Isa ikimiz elimizi balyga deň uzatdyk. Men baş tarapyndan, ol hem guýruk tarapyndan tutupdy. Balygyň göwresi doly bölünmändi. Men öňürti balygy özüme çekenimden soň, meniň elime düşdi» diýipdir. Bu ba-hanany eşiden Harysy: «Men beýle adamlar bilen nädip nahar iýip bilerin. Siz meniň şerli, aýyplaýjy, ýazgaryjy we adam-laryň abraýlaryna hüjüm edýänler bilen bilelikde bir suprany paýlaşmagymy isleýärsiňiz. Bular nahara çagyrylmasa razy

bolmazlar. Ýöne özleri hem hiç kimi çagyrmazlar. Beýlekiler barada gürrüň ederler, özleri barada aýdylýanlara gulak asmazlar, bular adamlaryň iň erbetleridir» diýip, şulary gürrüň berdi: «Mugawyýa ruhubelentligi, öňdengörüjiligi, çeper dilliligi, edermenligi we gahrymanlygy bilen halypalygyň we kuraýşyň çürdepesinde mahaly, saçagyna sada bir adamy çagyrypdyr. Ýurtsuz, asly näbelli, atsyz-sorsuz bir adam. Mugawyýa ol adamyň naharynda bir gylyň bardygyny görüpdir we oňa:

— Naharyňdaky gyly aýyr — diýipdir (ol muny ýagşylyk we onuň bähbidi üçin aýdypdy).

Ýanky adam:

— Ýekeje gyla çenli hem meni synlap otyrsyň. Ömrüm boýunça indi seniň saçagyňa oturmaryn we eden işiňi hem hiç kim aýtmaryn — diýipdir.

Ol ýerde oturanlar Mugawyýa sabyr etdimi ýa-da rehim-şepagat etdimi bilip bilmändirler».

* * *

Harysynyň aýdan başga zatlary şulardyr: «Temim ogullary taýpasyndan bir adam Muhellep ibn Abu Sufranyň suprasynda otyrka, suw paýlaýan hyzmatkäre elini uzatdy. Suw paýlaýan muny görmedi. Ýaňky adam muny birnäçe gezek gaýtalady. Muhellep hem görüp durdy. Soň bolsa suw içip bilmändigi üçin naharyny iýmedi. Bu ýagdaýdan ynjalyksyz bolan Muhellep hyzmatkärinden oňa suw bermegini talap etdi. Berlen suwy az hasaplan, Muhellep oňa ýene-de suw berilmegini isledi. Ýogsam, onuň özi öň myhmanlaryna az suw içip, köp nahar iýmeklerini maslahat bererdi. Ýaňky adam Muhellebiň bu hereketi bilen özüne köp suw içirjek bolýandyr öýtdi we Muhellebe garap:

— Sen meni suw bilen doýurmaga synanyşýarsyň — diýip, elini nahardan çekdi.

Muhellep bolsa:

— Erbet pikiriňi taşla! Sebäbi ondan saňa peýda-da gelmez, zyýan-da. Men sen suwsuzlygyňy gandyrarsyň diýip bu buýrugy berdim — diýdi.

Harysy soň: «Men Mugawyýadan, Muhellep ibn Abu Sufradan has pesdirin. Supramy bile paýlaşmak islemeýänlerim meni ýazgarmaga we etimi iýmäge has köp tagalla edýärler» diýipdir.

* * *

Jarut ibn Abu Sebreniň we Abu Harys Jümmeýniň saçak başynda bile oturyşlaryndan alynjak dersler köpdür. Süýji dillilikleri, gyzykly gürrüňleri bilen mejlislere şatlyk goşýandyklary üçin olary elmydama myhmançylyga çagyrýardylar. Iki dost saçak başynda geň zatlarynyň getirilmegini islärdiler. Eşiden täze naharlaryny bişirmegi haýyş ederdiler, çagyrana agyr külpetleri ýüklärdiler. Ony kynçylyga salardylar. Özlerine edilen ýagşylyga ýazgarmak bilen jogap bererdiler. Bularyň ikisiniň ýagşylygy inkär etmeklerine bir mysal getirmek isleýärin:

«Bilal ibn Abu Burda örän gybatçy adamdy. Adamlaryň at-abraýyna gara çalardy. Ol bir gezek Jarutdan Abdylla ibn Osmanyň naharlary barada sorapdyr. Jarut hem kämahal gowy, kämahal erbetdigini aýdypdyr. Bilal onuň saçagynda özüňi nähili alyp barmalydygy barada soranda, ol saçakdaky zatlara seredendigini we onuň saçakda zat gözleýäne gaharlanýandygyny aýdypdyr. Bilal beren soraglaryna jogap hökmünde Selm ibn Kuteýbäniň suprasyna üçden köp bolup otursaň aç galjakdagyňy, Tesnim ibn Hawarynyň supranyň üstündäki goýýan naharynyň gelniň ýüzündäki meňler ýaly azdygyny, Munjap ibn Uýeýnäniň tabagyna giren üç barmakda haýyr ýokdugyny eşitdi. Jarut şeýdip, söhbet eden, özüni çagyran we gürrüňdeş bolan Basra halkynyň ýarysyny ýamanlady. Ýöne özüni saçagyndan uzak tutanlaryň garşysyna hiç zat aýtmady».

* * *

Abu Şugaýp Kallal bir gezek Müweýsi öýüne çagyryp, haýyr-yhsan edipdir. Abu Şugaýp jomart, iýdiren zady gözüne ilmeýän, mal-mülküne husyt bolmadyk adam eken. Müweýsden Abu Şugaýbyň nähili adamdygy soralanda, ol:

— Ondan has husydy görmedim — diýipdir.

Ondan:

— Sen näme üçin beýle diýýärsiň? — diýip soranlarynda, ol:

— Onuň nahary iýmek isleýänler üçin däl-de, iýmek islemeýänler üçin saçak ýazdyrmagy we supra gowy naharlar goýdurmagy, meniň aýdýan zatlaryma delildir. Kim supranyň ol ajaýyplygyny bozmaga batyrgaýlyk edip biler — diýip, jogap beripdir.

* * *

Abyl Harys Jümmeýnden:

— Muhammet ibn Ýahýanyň nahary iýişi nähili? — diýip sorapdyrlar.

Ol:

— Gözleri däliniň gözi ýaly bolýar. Owujynda bir gysym däne bar bolsa, ony ubullelileriň[1] top oýnaýşy ýaly oýnap, agzyna salsa, barmaklarynyň arasyndan ýekeje däne hem gaçyrmaz — diýipdir.

Soň ondan:

— Onuň çörek meselesindäki jomartlygy nähili? — diýip sorapdyrlar.

Ol:

— Walla, eger oňa (ýerden asmana çenli) buludyň ýagşyna böwet boljak bugdaý berilse, onda-da çöreginden hiç kime bölüp bermez — diýip, jogap beripdir.

[1] Ubulleliler – milletiň ady.

* * *

Abu Nuwwas bir gezek Ysmaýyl ibn Neýbagtyň suprasynda oturypdyr. Lezzetli gök otlardan iýenlerinden soň, ol agzyna turşy ot alan düýe ýaly haýaldan çeýnäp, iýen zatlary üçin bolsa: «Ysmaýylyň çöregi ýyrtygy ýamalyp, bezemen nagyşly eşik ýalydyr. Olar gijeleri Kuleýp ibn Waýylyň bakjalary nähili goralyp saklanýan bolsa, şeýle saklanýar» diýipdir.

* * *

Şahyr Abu Şamakmak myhmanlarynyň ýanynda Japar ibn Abu Zuheýriň saçagyny ýamanlap, oňa: «Seniň ýanynda çöregiň nähili gymmatly zatdygyny gördüm. Ol göýä bulutlaryň üstündedi. Siňekleri kowmak bahanasy bilen bizi ýelpewaçladyň. Aslyýetinde sen muny siňekler nahary iýip azaltmasyn diýip edýärdiň» diýipdir.

* * *

Şahyr Jemmazdan:

— Seni biriniň gapysynda çanak ýalap ýörkäň gördük. Çanak nämeden ýasalypdy, içinde näme bardy! — diýip sorapdyrlar.

Jemmaz bolsa:

— Ol doňzuň kelleçanagyndandy, içinde hem itiň gusugy bardy — diýip jogap beripdir.

* * *

Bir arapdan:

— Sen ähli taýpalara myhman bolup gördüň, huzagalylar[1] nähili? — diýip sorapdyrlar.

[1] Huzaga – bir arap taýpasy.

Ol:

— Olaryň ýanlarynda açlyk we çeper sözler bar — diýip, jogap beripdir

* * *

Amr ibn Magdykerip kuraýş tiresiniň iň jomardy bolan mugyra ogullary taýpasyndan bir adama myhman bolupdyr. Öýde näme bar bolsa, oňa hödür-kerem edilipdir.

Günlerde bir gün ol möminleriň emiri hezreti Omar ibn Hattaba:

— Eý, möminleriň emiri! Seniň daýyň ogullarynyň husytlaryny saňa arz-şikaýat edýärin — diýipdir.

Hezreti Omar ondan:

— Näme üçin? — diýip sorapdyr.

Amr bolsa:

— Men olara myhman bolanymda öküziň iki şahy bilen topugyndan başga hiç zat bermediler — diýipdir.

Hezreti Omar onuň bu sözlerine:

— Olar hem garyn doýurar ahyry — diýip jogap beripdir (ol ýazgarmagy halamaz eken).

* * *

Käbir araplar süri-süri düýeli baýlara myhman bolar ekenler. Baý adam oňa süýt, hurma, peýnir, ýag bilen hurma garylan şerbet, çörek we ýag hödür-kerem eder eken. Myhman olardan iýip-içip, gijesini şol ýerde geçirer eken. Ýöne ertire çykansoň, myhman ýönekeý bir adam bolsa-da, özüne düýe soýulmandygy üçin öý eýesini ýazgarmaga başlar eken. Öý eýesi şular ýalylaryň dilinden halas bolmak üçin, öýüne gelen her bir «ite» düýe soýjak bolsa, dilegçi ýagdaýyna düşer.

* * *

Zyýat ibn Ebihi bir oturylyşykda ýanynda oturan birini görkezip, oturanlardan:

— Bu nähili adam? — diýip sorapdyr.

Oturanlar :

— Ol şeýle bir ýapyşyjydyr welin, emiriň suprasyndan aýrylmaz — diýipdirler.

Zyýat:

— Beýle bolsa, ony aýyryň, sebäbi onuň ýalylar çagalaryna zyýan bererler — diýipdir.

Şondan soň ol adamy emiriň suprasyna salmandyrlar. Adamlar Zyýady ýazgaryp, ol barada: «Zyýat ol adamyň her gün gelmeginden bizar boldy, ony mysal görkezip beýleki dostlarynyň hem öýüne gelmeklerini islemedi we arkasyndan agyr ýüki aýyrdy» diýipdirler.

Ýogsam Zyýat bu sözlerini ol adamyň çagalary barada ala-dalanyp, Hezreti Omar ibn Hattaby özüne nusga alyp aýdypdy.

* * *

Hasan Basry bu barada: «Zyýat Hezreti Omara meňzemek üçin şeýle diýdi, ýöne has aşa gitdi. Hajjaç hem Zyýada meňzemäge synanyşdy, ýöne adamlary heläk etdi» diýipdir.

Ine, muny hem ýalňyşlyk hasapladyňyz.

* * *

Ýusup ibn Omar saçagyna seredýän hyzmatkärlerine dişsizlere dogramany köpräk guýmaklaryny isläp: «Birdenkä, agzynda dişi galmadyk garry ýa-da kiçijik, heniz diş çykmadyk çaga myhman gelip biler» diýip, tabşyryk beripdir. Tagamly, ýöne etli bolmazlygy üçin hem naharyň içine eti alnan süňk oklamaklaryny emr edipdir.

Siz munuň bilen baglanyşykly maňa şeýle diýdiňiz: «Ýusup myhmanlaryna dograma bilen duzak gurdy. Maksady saçak

başyndakylaryň naharlaryny tizräk iýip turmaklary we eti alnan gury süňkler bilen garynlaryny doýurmaklarydy. Pygamberimiz bu meselede: «Naharlaryň hojaýyny çörek dogramasydyr. Onuň naharlaryň arasyndaky orny, göýä Äşäniň aýallaryň arasyndaky orny ýalydyr» diýmänmidi? Kuraýşlylar dogramany gowy görýärdiler. Çörekleri guradyp, dograma edýändigi üçin Abdy Mennafa «Haşym» («Guradyjy») diýipdirler.

Awf ibn Kaka hyzmatkärine: «Köpçüligi doýurjak bir nahar bişir» diýendigi üçin, siz maňa: «Awf dograma, peýnir we ýaglanan hurma hödürlemek islände, hemmelere ýeter ýaly möçberde goýulmagyny emr edende giňlik görkezdi. Emma iki el bilen däl-de, bir el bilen iýilýän nahar bişirilmegini islände hem darlyk görkezdi» diýdiňiz.

Awf ibn Kaka arapdyr. Ol hyzmatkäriniň arap tagamlaryny taşlap, ajam tagamlaryny taýýarlamagyna razy bolmady. Ol taýpasynyň sada naharlaryny bişirtmegi dowam etdirdi. Ýeňişler bilen gelen bolelinlik jogapkärçiliginiň öňki eýe bolan sada lezzetleriň jogapkärçiliginden has agyrdygyny, mesligiň adamy ejizledip, azdyrjakdygy barada pikir etdi.

Hezreti Omar mundan hem has beterini etdi. Çagyrlan bir toýunda gören sary, gyzyl reňkli, süýji, turşy tagamy galan naharlary uly bir gazana ýygnatdyrdy we şeýle diýdi: «Araplar köp dürli naharlar bişirmekde ökdeläp, bolelinlige öwrenişseler, soň zowky-lezzet üçin biri-birlerini iýmäge başlarlar».

## ABYL FATYGYŇ SÖZLERINE DÜŞÜNDIRIŞ

«Hatda ogry hem gapyp gaçyjy bolmaz» diýmeginiň sebäbi, onuň pikirine görä «gapyp gaçyjy» diýmek — nahar ýaňy bişip, gazan ojakdan düşmenkä we saçak başyna geçilmänkä, pitä topular.

**Guradyjy** — çöregi pitä batyryp, naharyň ýagyny çörege siňdirer. Diňe özi hakda aladalanar.

**Iberiji** — bular ikä bölünýär. Birinjisi, agzyna halwa, dograma, palaw ýaly zatlar alanda, birden damagyndan aşak goýberer. Ikinjisi, hurma nahallarynyň we baglyklarynyň arasynda ýöreýärkä, şahalar ýüzüne degmesin diýip şahany saklar. Geçensoň hem goýberer. Yzdan gelýän adamyň waý halyna!

**Ýumruklaýjy** — agzyndaky dogramçany gowy edip çeýnäp ýuwutmanka, başga bir dogramçany ýuwdar.

**Sorujy** — süňküň etini aýyransoň, dostlary hakda pikirlenmezden süňküň ýiligini sorar.

**Serpiji** — ellerini öňürti jamyň içinde ýuwar, soňra ýanyndakylaryň üstüne silker.

**Süpüriji** — ellerini çogan bilen ýuwmaz, emma elýaglyk bilen gowy süpürer.

**Kesiji** — çörek kesýäne diýilýär.

**Eleýji** — hoşboý närseler bilen garylan duz gabyny alar, hoşboý närseleri ýygnamak üçin elek ýaly aýlar. Dostlarynyň tagamyny hoşboý närsesiz goýandygyna ökünmez.

**Damakçy** —agzynda dogramça barka gürlär. Biz onuň ýalylara «agzyňdakyny iý, soň gürle» diýýäris.

**Uly dogramçaçy** — örän uly dogramçalary alar we damagyndan geçsin diýip yzygiderli suw içer.

**Ýuwdujy** — çöregiň gyrasyny hurma ýa-da başam barmagy bilen köwüp, mesge ýagyny, süýdi, gaýmagy we peýniri köpräk almaga synanyşar.

**Garaldyjy** — etiň ysyny we ýagyny çykarmak üçin elini jöwen bilen owkalar. Jöwen hapalanyp garalansoň, onuň bilen agzyny süpürer.

Ine, Harysynyň aýdýan Abu Fatygynyň sözleriniň manysy budur. Indi, Harysynyň aýdanlaryny hem beýan edeliň:

**Ýalaýjy** — barmagyny ýalar, soň ony ynsanlaryň iýip-içip oturan çorbasynyň ýa-da süýdüniň içine sokar.

**Uzaldyjy** — gowy bişmedik siňiri bir tarapdan eli bilen çeker, beýleki tarapdan agzyna ýetirer. Kämahal kynçylyk bilen çekip goparar, suprada oturanlaryň üstüne ýag syçradar. Şeýle hem başgalaryň öňündäki ter hurma, halwa, palaw ýaly zatlary öz öňüne çeker.

**Itiji** — tabakdaky süňk ýalňyşlyk bilen öňüne düşse, ete ýetmek üçin çörek bilen ony uzaklaşdyrar we çöregini etiň suwuna batyrar.

**Üýtgediji** — öňünde iýen hurmalarynyň şänikleri köpelensoň, olary dostlarynyň şäniklerine goşar.

* * *

Harysynyň sözlerinden bolan «daýf — myhman, daýfud-daýf — myhmanyň myhmany» manysyndadyr. Abu Zeýt bir şygrynda şeýle diýýär:

Gonagyň gonagy hem geler, öýüňe gonagyň gelende,
Gonagyň gonagy hem alar, gonaga hödür edilende.

* * *

«Çagyrylmazdan nahar başyna geçýän adam, doýardolmazdan has oňatdyr» diýmek bilen Harysy şulary göz öňünde tutýar: «Içilýän zatlaryň mugthory, nahar mugthorundan has bähbitlidir. «Tüfeýli»[1] sözi, «raşin»[2] we «lugmuz»[3] sözleri ýaly arap dilinde öňden bäri ulanylyp gelýän söz däldir. Mekge halky bular ýalylara «buraky»[4] diýýärdi.

* * *

Kufede Abdylla ibn Gatafanyň ogullarynyň birine «tüfeýli» («mugthor») diýýärdiler. Ol oturylyşyklarda we toýlarda berilýän naharlary hiç sypdyrmaýandygy üçin «toýlaryň mugthory» lakamyny alypdy. Nahar meselesinde munuň ýalylara «tüfeýli» diýilýärdi. Bu söz Abyl Ýakzanyň sözüdir.

* * *

Harysy ýene şeýle diýdi: «Meni iň geň galdyran zat, siziň meniň nahar iýdirmegimi we mal-mülkümden ynsanlara bermegimi maslahat bermegiňizdir. Ýogsam hödür-keremi menden hem öň siz terk edýärsiňiz. Eger mal-mülkümiň köplügi we güýjümiň artykmaçlygy sebäpli, men yzygiderli iýdirýän, siz bolsa yzygiderli iýýän bolsaňyz, ýagdaýlarymyz deň bolmaz. Siz şu mahala çenli güýjüňiziň ýetjek mukdarynda jomart bolsadyňyz, siziň maňa hoşniýetlidigiňiz barada pikir etmeýändigime oýlanardym. Ýöne beýle däl: «Siz ýarysy size düşjek süýdi sagmaga synanyşýarsyňyz».

Göýä şahyryň aýdyşy ýaly:

---

[1] Tüfeýli – mugthor, mugt iýýän.
[2] Raşin – nahara çagyrylmazdan gelen.
[3] Lugmuz – doýar-dolmaz, hajymelik.
[4] Buraky – mugthor.

Dostlarynyň puly bilen söýer içmegi içgi,
Öz pulundan çyksa welin, tütäp durandyr içi.

Walla, adamlar bilen birlikde nahar iýmekden ýüz öwürmedik bolsam hem, Aly Eswarynyň saçagynda eden biýedepligi sebäpli mundan ýüz öwürerdim. Süňkleriň ýüzünde az hem bolsa galan etleri gemirýän we olary iýmäge synanyşýarka, duýdansyz dişini ýuwdan bu adama (Aly Eswara) nahar iýdirer öýdýärmisiňiz?

* * *

Edil şunuň ýaly wakany Ybrahym ibn Hattabyň huzurynda Süleýmanyň hyzmatkäri hem başdan geçirdi. Ol nahar iýensoň akyly çaşdy, gözleri pal daşlary[1] ýaly açyldy, haýran galdy, demi tutuldy, özüni ýitirdi, ýüzi saraldy. Göýä kör we ker ýaly bolup galdy. Keselini we iýmek keseline erbet gelendigini görenimden soň, onuň saçak başyna geçmegine rugsat bermedim. Ýöne hurma, hoz we noýba iýenimizde oňa rugsat bererin, belki bular oňa zyýansyzdyr öýtdüm. Ýöne bir görsem, hurma çanagyny eline alyp, kellesini öküziň kellesi ýaly onuň içine sokup otyr. Şänigi, güýesi-gurdy, tozany-topragy bilen iýip gutardy. Göýä ar almak isleýän gabanjaň, yşk oduna ýanan aşyk, köpden bäri hiç zat görmedik açlykdan çykan adam ýalydy.

Walla, eý, dostlar! Men sarp edilende hiç hili zyýany ýetmeýän, palçyk, demir suwy ýaly zatlary harçlanlary görenimde hem olardan ýüz öwürýärin (mal-mülk sarp edip, saçak edebine uýmaýanlardan has hem ýüz öwürýärin).

Akylly we akyldar kişileriň, dindar we hikmetli adamlaryň ýagdaýy beýle bolsa, beýleki adamlara näme diýip bolar?

---

[1] Pal daşlary – araplarda pal atanlarynda daş ulanar ekenler.

## KINDI KYSSASY

Amr ibn Nihýewiniň maňa beren gürrüňlerine görä, Kindi öýünde ýaşaýan kireýçilerine, kämahal hem goňşularyna şeýle diýer eken: «Öýümde hamyla aýalym bar. Siziň bişirýän tagamly naharlaryňyzyň ysyna aş saýlamagy çagasynyň düşmegine sebäp bolup biler. Bişiren naharlaryňyzdan oňa hem bir susak beriň. Azajyk zat hem jana zeper ýetirmäge ýeterlikdir. Men muny size aýdanymdan soň, eger çaga bu sebäpli düşse, huny bir guly ýa-da bir gyrnagy azat etmekdir, ikisiniň arasyndan bir netijäni saýlamak size bagly».

Kireýçiler we goňşulary Kindiniň aýdýanlarynyň hakykata laýyk gelmeýändigini bilseler-de, kämahal onuň öýüne nahar getirer ekenler. Kindi çagalaryna bolsa: «Siziň ýagdaýyňyz, şu isripçilerden has gowy! Olaryň öýünde ýeke dürli nahar bar. Emma sizde bolsa birnäçe dürli nahar bar» diýer ekeni.

* * *

Amr ibn Nihýewi şeýle gürrüň berýär: «Bir gün onuň ýanynda bile nahar iýip otyrdyk. Içeri dostumyz bolan bir goňşymyz girdi. Kindi oňa saçak başyna geç diýip teklip etmedi. Men hem utanyp, onuň saçak başyna geçip oturmagyny soradym. Ol adam: «Walla, meniň garnym dok» diýdi. Muny eşiden Kindi: «Walla, diýip ant içendigi üçin, indi biziň edere işimiz galmady» diýdi.

Amr muny aýdan soň, Kindä garap: «Eý, Abu Osman! Sen ol adamyň elini-goluny şeýle bir bagladyň welin, ol ne elini uzadyp bildi, ne-de yza çekip bildi» diýipdir.

* * *

Men bir gezek Kindiniň ýanynda oturdym. Gapdaldaky otagda küýzäniň döwülen sesi eşidildi. Kindi gyrnagyna:

— Eý, Kysaf näme boldy? — diýip gygyrdy.

Gyrnak:

— Guýynyň bedresinden guýlan suwuň sesi, hiç zat bolanok — diýip jogap berdi.

Hyzmatkär gyrnak kireýine ýaşaýanlary we öýdäki bolup geçýän işleri ondan has gowy bilýärdi.

* * *

Madet şeýle gürrüň berýär: «Kindiniň öýünde bir ýyldan hem köpräk kireýine ýaşadym. Onuň öýüni kireýine alanymda bazar bahasyna görä kireý bermek we kemçilikleriniň öwezini doldurmak meselesinde ylalaşdyk. Emma ol:

— Ýene-de bir şertim bar, siziň ony hem ýerine ýetirmegiňiz gerek — diýdi. Men:

— Bulardan başga nähili şert bolup biler — diýdim.

Ol:

— Öýde malyň tezegi, goýun gumalagy, iýmiň artygy bolmaly däl. Süňkler we zibiller ýola taşlanylmaly däl. Hurma şänikleri we naryň gabyklary meniňki bolar. Şeýle-de, bişirýän naharlaryňyzdan öýdäki hamyla aýalyma dadyryň — diýdi.

Kindi bu şertleri ýuwaş-ýuwaşdan goşardy. Kireýçiler hem onuň päk ýüreginiň, husytlygynyň we ajaýyp sözleriniň hatyrasy üçin şertlerini kabul edýärdiler.

* * *

Madet ol barada şulary hem aýtdy: «Kindiniň öýünde kireýine ýaşaýarkam agamyň ogullary öýe myhman boldular. Olaryň gelenini gören Kindi maňa bir hat iberdi. Hatda: «Gelen iki adam birki gün myhman boljak bolsalar zyýany ýok. Kireýçiler myhmanlaryny bir gije saklajak bolsalar-da, bu bize birnäçe gije myhman aljak bolýarmyka diýen düşünjä alyp gelýär» diýlip ýazylan eken.

Men hem hatyň jogabynda: «Olar bizde bir aý boljaklar» diýip ýazdym. Ol derrew ýene bir hat ýazyp: «Sen aýda otuz dirhem töleýärsiň. Özüň hem alty adam. Ýagny adam başyna bäş dirhem. Bu ikisini hem goşsaň oňat bolar. Bu günden başlap öý kyrk dirhemdir» diýdi. Men hem jogap hökmünde: «Olaryň maňa myhman bolmaklarynyň, daglary göterýän ýeriň üstündäki bedenleriniň agyrlygynyň saňa näme zyýany bar? Olaryň iýjek-içjekleri menden çykýar. Kyrk dirhem islemegiň sebäbi näme?» diýip ýazdym.

Onuň pikirine görä men özümiň howply oýun oýnaýandygymdan bihabar ekenim. Ol maňa şu aşakdaky uzak haty ýazyp iberdi:

«Kireýiň nyrhyny köpeltmeginiň sebäpleri kändir. Ine, olaryň sanawy: zibil çukurynyň tiz dolmagy, munuň arassalanma çykdajysynyň artdyrylmagy, aýak sany köpelendigi üçin toýun bilen suwalan üçegiň, heklenmedik öýüň, merduwanlaryň we toýun suwagyň köp adam görmegi, işikleriň döwülmegi, girip-çykmalar artandygy üçin zemin agaçlarynyň egrelmegi, gapy köp açylyp-ýapylýandygy üçin gulplaryň we petleleriň zaýalanmagy, çagalar köpelendigi üçin gapynyň çüýleriniň gaçmagy, sürgüleriň goparylmagy, çagalaryň top oýnamak üçin çukur gazmaklary, çaga-çuga, myhman-mediwan köpelensoň suwuň köp harçlanmagy, damdyrýan küýzeler we syzdyrýan gaplar alynmagy, diwarlaryň köpüsi küýzeleriň we gaplaryň

suw goýberýändigi, guýy suwunyň köplügi üçin diwarlarynyň kenarlaryndan ýarylyp düýpleri gutarýandyr.

Öýde ýaşaýanlaryň köplügine görä çörek, nahar, odun we ýylynma ýetmezçilikleri hem artýar. Öýler bolsa ataşyň odunydyr. Ot ähli zady ýakyp kül eder. Şonuň üçinem siz kireýine oturýanlar ýakýan otlaryňyz we berýän zyýanlaryňyz bilen öý eýelerine agyr külpetleri çekdirýärsiňiz. Kämahal ýangyn zerarly goňşularyň öýlerine, janlaryna we emläklerine zyýan ýetýär. Beýle wagtlarda adamlar öý eýesini duçar bolan kynçylygy bilen başa-baş goýsalar, belki çekip bolar. Ýöne olar öý eýesini şum hasaplamaga başlaýarlar. Adyny ýigrenç bilen ýatlap ýazgarýarlar.

Kireýine oturanlar öýüň içinde we howlusynda ýer barka, üçekde nahar bişirýärler. Munuň döredýän ýangyny zerarly jan-saglyga we mal-mülke zyýan gelmegi, ar-namyslylara pursat döremegi ýaly howplar bardyr. Şeýle hem ýangyn haýsydyr bir sebäp bilen öýde gizlenýän myhmany, öý eýesini, içgi-şerap, gizlin hat we pul ýaly zatlary hem ýüze çykaryp biler. Bulardan başgada birnäçe zatlary äşgär edip biler.

Eger sen we seniň ýanyňdakylar, bize we size zyýan berjek bolan bu aýdan zatlaryma, netijelerini görüp-bilip ýönelseňiz şol mahal size haýran galaryn. Maňa we size degişli bolan zatlar hakdaky borçlary ýerine ýetirmeseňiz, bu has hem geňdir. Siz kireýçiler öňi-soňy kireýi ahmal edýärsiňiz. Kämahal kireý puluny bermän, öý eýelerini aç goýýarsyňyz, pullary giç almaklaryna sebäp bolýarsyňyz, eden ýagşylyklaryna puşman etdirýärsiňiz.

Biz öý eýeleri, kireýçi aljak mahalymyz öý gowy görünsin diýip, içini syryp-süpürip arassalaýarys. Kireýçi öýden çykyp gidende bolsa yzynda harabaçylyk goýup gidýär. Munuň öwezi hem diňe içiňi ýakýan çykdajy bilen dolunýar. Şeýle hem kireýçi öýden gidende, gapynyň pahnasyny ogurlap, merduwany arkasyna alyp, daşlary, kerpiçleri ýygnap, suw so-

watma gabyny süýräp, eşik ýuwulýan tokmagy hem ýany bilen alyp gidýär. Sütün we üçek direglerini, penjireleri döwýär. Eger öý heklenen we kerpiç düşelen bolsa, öý eýesi hem bulara suw syçramasyn diýip bir burçuna daş setirläp goýan bolsa, geldi-geçerlik, ähmiýetsizlik, öýke-kine olary oturan ýerlerinde kir ýuwmaga we ähli zady zaýalamaga çagyrýar. Olar ne bu zyýanlaryň öwezini doldurýarlar, ne öý eýesi bilen hoşlaşýarlar, ne-de Alladan bagyşlamagyny soraýarlar. Öý eýesiniň öýi satyn alýan mahaly müň dirhem tölemegini köp görmezler. Ýöne on dirhem kireý bermegi ummasyz hasaplaýarlar.

Ine, berk zady bozan, täzäni könelden, köpçüligi dagadan günler, kert gaýa daşlaryna täsirlerini ýetirişleri ýaly öýlere hem täsir edýär. Her gury we janly zatdan bir zatlar alyp gidişi ýaly öýlerden hem bir zatlar alyp gidýär. Öýler gysga wagtyň içinde aňsatlyk bilen weýran bolýar. Öýüň iç we daş esbaplaryndan peýdalanan, könelden, erbet ulanyp zaýalan we zyňylmagyna sebäp bolan kireýçidir. Öý ýykylansoň ony täzeden gurmak, abatlaýyş işlerini geçirmek üçin harçlan pulumyz kireý puly bilen deňeşdirilende, utan tarap kireýçi bolýar. Üstesine hem biz lomaýlap çykarýarkak, az-azdan alýarys.

Bularyň ählisine garamazdan, kireýçi öý eýesine gaharlanyp, kireýini hem doly bermez. Ýogsam öý eýesi kireýçini söýer. Eger kireýçi täjir bolsa işleriniň gowy gitmegini, sungatçy bolsa sungatynda üstünlik gazanmagyny arzuw eder. Öý eýesiniň bir işi hem kireýçi bilen meşgullanmakdyr. Kireýçi güýçli we ähli işi düzüw mahaly öý eýesine has mähirli we öýe has laýyk görüner.

Kireýçiniň işi dargap, oňyn gitmese kireýiniň azaldylmagyny islär. Emma söwdasy oňyn gitse kireýiniň ýekeje teňňesini-de artdyrmak islemez we wagtyndan öňürti ýekeje teňňe hem bermez. Kireý mahaly gelende bolsa, kireý puluny bölek-bölekden tölär. Eger puly bitin bolsa-da, owradyp soň tölär. Üstesine-de, teňňesiniň ýasamadygyny gizlemek üçin simap

bilen ýyldyradyp, zaýalanandygyny bildirmezlik üçin gara çalnan hümmeti pes bolan pullaryny kireý pulunyň arasyna goşup, aldamaga synanyşar we hilä baş urar. Bu pullary yzyna berensoň hem: «Bu puly saňa men bermedim, men munuň ýaly puly öň görmedim» diýip, ant içer. Ýasama pullary yzyna bermek üçin iberilen adam öý eýesiniň gyrnagy bolsa aldap goýberer. Hyzmatkäri bolsa äsgermez. Üstesine-de, öý eýesiniň goňşularyna göz diker, gyz-gelinlere lak atar, guşlaryny awlar, arz-şikaýatlar getirer. Käbir kireýçiler öý eýeleriniň hem akyl-huşuny aýlap aldajak bolarlar. Bähbitli çykmak üçin elmydam karz pul sorarlar. Geň sözleri aýdarlar, azyk we çykdajy gapylaryny açarlar. Köp pul harçladyp bergidar ederler. Duzaklaryna düşürensoňlar hem karz beren pullaryny derrew yzyna almakçy bolarlar. Öý eýesi ondan halas bolmak üçin öýüniň bir bölegini ýa-da bir otagyny satýança, onuň ýakasyny goýbermez. Şeýdip, kireý pulundan halas bolarlar. Käbir kireýçiler hem öý eýesiniň akylyny özüne şeýle bir çekerler welin, kireý puluny bermezlikde şeýle ileri giderler, hatda şol öýde özleriniň hak-hukuklary we paýlary bar diýip dawa tutarlar. Käbir kireýçiler bolsa abatlanýan öýi alyp, käbir abatlaýyş çykdajylaryny ederler, goňşulary baý hasaplasyn diýip, täze eşikli hyzmatkär tutarlar, özlerini baý görkezerler. Kämahal hyzmatkäri ýok mahaly goňşularynyň gözüniň alnynda ähli zady ýüklärler. Käbirleri hem howpsuzlyk içinde işini ýerine ýetirmek üçin zyndanyň ýanynda ýa-da gyzyl satýan dükanyň ýanyndaky öýleri kireýine alarlar.

Öý eýeleri yzygiderli bela duçar bolýarlar. Olar adamlardan iň köp aldanan we kalplary mydama ynjalyksyz adamlardyr. Sebäbi öýüni, öýüniň daşyny, kerpijini, agajyny, gapylaryny, zemin ýerini nätanyş adamlaryna ynanmaklary we şeýdip özlerini howpa atmaklarydyr. Kireýçi bolsa öý özüne amanat berlen kişidir. Amanada berilýän zatlaryň içinde iň köp hyýanata sezewar bolanlar öýlerdir. Kireýçileriň iň dogruçyllary

hem öýde bir zat oňarsa, abatlaýyş işlerini pes ýerine ýetirip, kireýiň ujundan aýyrmalysyny köp hasaplarlar. Iň dogruçyllary hem şeýle bolsa, galanlary barada siz pikir edip görüň! Kireýçiler öýden başga iş ýeri hökmünde kireý alan ýerleriniň bahasynyň ýokary bolmagyna üns bermezler. Biziň olara edişimiz ýaly etmezler, bize gowy gatnaşyk edip kireýi artdyrmazlar. Siz kireýçiler, eger kesekileriň ýerlerine öý gurmaga synanyşsyňyz, ol ýere umumydygyňyzy öňe sürersiňiz. Hatda ejdatdan galan mirasdygyny hem aýdarsyňyz.

Siz öýlerimize ýetirýän zyýanlaryňyz bilen biziň sermaýalarymyzy tüketdiňiz. Biziň öýlerimizi şeýle bir erbet ulandyňyz welin, girdejilerimiz azaldy. Hatda ne baýlaryň, ne-de garyplaryň kireý öýleriniň abraýy galdy. Biziň siziň harabaçylyklaryňyzyň öňüni almak üçin baş urmadyk çärämiz galmady. Hatda Ubeýdylla ibn Hasanyň aýdan: «Kireý girdejisi iýmek-içmekden keser. Hurmaçylyk girdejisi ýeter-ýetmezçiliklere sarp ediler. Gowy girdeji diňe ekerançylykdan, düýeden we goýundan gazanylar» sözi zyýanymyzy beýan etmek bilen çäklenmän, nakyla hem öwrüldi. Günä bizde. Hakymyz bolan zady mylaýymlyk bilen isläp, kemsiz we giç töleglериňize sabyr edendigimiz üçin sizi bu ýagdaýa biz getirdik. Kireýi giç we bölüp berýändigiňiz üçin siz sebäpli kireý girdejisi girdejileriň iň erbedi ýagdaýyna geldi. Siz bize hindilerden, rumlulardan, türklerden, deýlemlilerden hem has şerlisiňiz.

Ýokardaky aýdan zatlarym siziň ahlagyňyz we häsiýetiňizdir. Öýlere mätäç bolsaňyz-da, edýän işleriňiz gümanlydyr. Eger siz öý eýesi bolmak bilen synag edilsediňiz, kireýçiler bilen iş salyşsadyňyz we siziň hem kireýe bermek meselesinde bir zerurlygyňyz bolmasady, haýran galaýmaly, siz özüňizi nähili alyp barardyňyz?!

Şeýle-de, siziň şu sözüňiz bar: «Kireýine oturmak öý satyn almakdan has gowudyr. Sebäbi öý satyn alan ony girew

edendir. Özüni girewi tölemäge şertlendiren bolsa, öý sebäpli bela sezewar bolandyr».

Kim öý alsa, içine kepilligini ýerine ýetirmeýän kepilçi, sözünde sadyk bolmadyk bir ýalançyny aldygydyr. Öýden uzaklaşjak bolsa ony gaýgy eder. Öý dursa abatlaýyş we düzediş üçin çykdajy etmeli bolar. Şeýle hem öýi birnäçe pitnä duçar eder. Goňşulary erbet, metjit daş, söwdasy az gazançly, çykdajylary köp bolsa we bu öýi başga öýler bilen saýlamakda ýalňyşandygyna göz ýetirse, ine, öý alan şol mahal öýüniň guly we goňşularynyň hyzmatkäri bolar. Kireýçiniň ygtyýary bardyr, islese ol öýden başga öýe göçer. Islese täjirhana, islese mesgen, aýlanar ýörer. Öý sebäpli sähelçe bir peslige, hukuksyzlyga duçar bolmaz. Ne bahyllardan çekiner, ne-de sebäpkärleri dolandyrar. Öý alan ajyny ýuwdar, öýke käsesinden içer, kynçylyk çeker, horluga sezewar bolar, bagyşlajak bolsa diňe öýkesini bagyşlar. Sebäbi onuň elinden diňe şu iş geler. Ýagşylyga-ýagşylyk etmek islese, özi kynçylyga duçar bolar. Resulalla: «Öý almazdan öňürti goňşy al, ýola çykmazdan öňürti dost saýla» diýipdir.

Siz kireýçiler, şeýle-de şulary hem aýdýarsyňyz:

— Kireýi bölekleýin almak biderekdir, sebäbi az-azdan geler.

— Satyn alynmagy bilen pul lomaýlap elden gidýär. Munuň emläkde açan deşigi giňdir, ýarasy çuňdur. Her ýyrtyk ýamalmaz, her giden gelmez. Kireýçi ýangyndan, silden, diregiň ýykylmagyndan, agajyň döwülmeginden, düýbüniň gowşamagyndan, diwaryň gyşarmagyndan, goňşynyň erbetliginden, duşmanyň bahylçylygyndan hiç hili zyýan çekmez, ol bu zatlardan rahatdyr. Öý eýesi bolsa mydama beladadyr ýa-da mydama oňa garaşar.

— Eger öý eýesi täjir bolsa, öýe berjek puluny söwda sarp etmegi bähbitlidir. Puly satyljak zatlara sarp etmek paýhaslyrakdyr.

— Öýde ýaşamak, goňşuçylyk borjy, öýe bolan mätäçlik we onuň berýän rahatlylygyna garamazdan, siz adamlara: «Öý almaň, rowaçdan düşse kireý biperwaý bolar, girdejiňiz azalar» diýip, maslahat berýärsiňiz.

— Bize ýagşylyk edýändiris öýdüp, «öýi kireýine bermekde bolelinlik we bereket bardyr» diýdiňiz. Muny aýtmak bilen biziň bähbidimizi görmek islemediňiz. Tersine, öý almazlygy öwüt-nesihat berip, zyýanymyza arzuw etdiňiz.

Adamlar hakda umumy pikir ýöretmek dogry däldir. Emma ýokarda aýdan erbet häsiýetlerimiziň hemmesi sizde bar, hemmesi hem siziň garşyňyza delildir. Siziň öwüljek bir tarapyňyz ýok. Aramyzda razy bolunjak dostlugyň gurulmagy hem mümkin däldir.

Eý, basralynyň dogany! Bulary aýtmak bilen saňa şuny görkezmek isledim. Myhmany öýde ýaşaýan ýalydyr. Ýaşaýanlaryň sany köpeldigiçe, kireý hem artar. Eger saňa gelen bu iki myhmana üns bermesem, onda bu meniň üçin göýä bir kireýçi müň kireýçi ýaly, öý myhmanhana ýaly, boşaltmak basyp almak ýaly bolar. Myhmanlaryňa üns bermegimi goýbolsun etsem we hat bilen bildiren zatlarymy piňime hem almasam, biderek ýere ýagşylyk etdigim bolardy. Çünki, sen bulara hiç hili ähmiýet bermeýärsiň. Şahyr Anteräniň şygrynyň başlangyjy şeýledir:

«Bigadyrlyk ýagşylyk edeniň ruhuna ýetirer täsir».

Bu şygryň soňy bolsa şeýledir:

«Deregine — ýamanlyk, gördüm, edip ýagşylygy,
Bigadyrlyk görenler, goýdular ýagşy gylygy».

Hakymy bermezlik bilen sen meniň saňa mugtezilileriň[1] şaýylara gaharlanyşy ýaly gaharlanmagymy, kufelileriň basralylary ýigrenişi ýaly ýigrenmegimi, eset taýpasynyň kindi taýpasyna duşmanlygy ýaly duşman bolmagymy, kireýçiniň öý eýesinden bizar bolmagy ýaly bizar bolmagymy isleýärsiň. Alla kömekçiň bolsun. Wessalam».

* * *

Ysmaýyl ibn Gazwanyň Kindi hakda aýdanlary bolsa şeýledir: «Kindi (goý, Alla onuň işini oňuna etsin!) mal-mülk meselesinde örän berk, pugta, ynamdar we dogry garaýyşlydy. Bir gezek onuň keýpine isrip edýänleriň peşgeşine gowuşmak üçin söýgi şygyrlaryny aýdýan şahyrlardan, adamlaryň zatlaryndan peýdalanmaga synanyşýanlardan, baýlyga, mertebä we emeldarlara ýakynlaşmak üçin dyrjaşýanlardan we bozgakçylygy aldap gowy görkezmäge synanyşýanlardan ybarat bir topara garşy aýdan sözlerini eşitdim. Ol şeýle diýdi: «Siz mal-mülküni iýdirmeýänleri, ony talaňdan goramaga synanyşýanlary, hor-homsy bolmakdan çekinýändikleri üçin eli gysyklary tankytlamak maksady bilen olary «husyt» diýip atlandyrdyňyz. Baýlygyň gymmatyny, garyplygyň pesligini bilmeýänleri, isrip edýänleri, özleriniň ýalňyşlaryny görmeýänleri, nygmaty zaýalaýanlary, kesekilere hödür-kerem etmek bilen özüne haýynlyk edýänleri öwmek üçin hem olara «jomart» diýdiňiz. Özüňizden öňürti kesekiler barada alada eden nebisleriňizi özüňize erbetlik etmek bilen günäkärlediňiz. Öz nebsiniň öňünde ýalňyşan beýlekileriň öňünde hem ýalňyşar. Siz ähli işleri ýalňyş bolan adamlary öwýärsiňiz. Dogry hereket edýänleri bolsa ýazgarýarsyňyz. Bulardan bütinleý gaça duruň! Mal-mülk ony gorap saklaýanyňky, baýlyk bolsa ony berk tutanyňkydyr. Emläk goralsyn diýip uly diwarlar, sandyklar ýasadýar-

[1] Mugtezile – yslamda bir ygtykady akym.

lar. Gulp ýasalyp, gapylar gulplanýar. Pullar we möhürler nagyşlanyp, hasap ýöredilýär. Siz mal-mülküň apaty, güýesi-gurdy bolandygyňyz üçin bu duşmanlaryňyzdan has köp zyýan çekýärsiňiz. Sebäbi siz öz-özüňize duşmandyrsyňyz.

Bir şahyr: «Doganyňy diňe özüňden gora!» diýipdir. Siz emlägiňizi galalarda goýandygyňyzy, gaýalaryň içinde saklaýandygyňyzy, ne dost, ne ilçi, ne-de kömekçi, hiç kim bilmeýändir öýdýärsiňiz! Bolýar, zadyňyza ogrudan hem has erbet, garakçydan hem has duşman bolmagyňyza kim rugsat berýär? Diýeli, zadyňyzy ähli elden gowy saklaýarsyňyz. Ýöne oňa eýe bolan elden nädip gorajak? Siziň eliňiziň ony sowmaga güýji ýetýär, harçlamagyň hem dürli sebäpleri bar. Emlägi gorap saklamak, ony ýygnamakdan hem kyndyr. Sowmak ýalňyşy bolsa diňe ynanýanlarymyzyň edýän işi däl. Goraýan adam emläk baýlygyna, sowýan adam bolsa puşmanlyga sebäp bolar. Emläk harçlamagy hernäçe «sadaka bermek» ady bilen gözelleşdirseňiz-de, bu zady zaýalamakdan başga manyny aňlatmaz.

Adamlaryň «hyzmata — sabyr etmek, bidereklige — güýç, häkimlikden boşadylmaga — ýol bermek, haraç[1] töleýäne, zulum edýäne — haky soňuna çenli gözleýän» diýişleri ýaly, meniň hem husytlyga — ýagşylyk, gysgançlyga — tygşytlylyk diýendigimi aýtdyňyz. Tersine, siz «döküp-seçelemäge — jomartlyk, öwünip-magtanmaga — ýagşylyk, adamyň geljegini garaltmagyna — kär» diýdiňiz. Resulalla: «Emlägiňi harçlamagy çaga-çugaňdan başla! Sen bolsa çaga-çugany garyp goýup, beýlekileri baý etmek, ýakynyňy bagtsyz, uzakdakyňy bagtly etmek üçin köp sowýana jomartlyk etmek isleýärsiňiz!» diýmedimi? Siz bir dostumyň Abu Teblyga näme diýendigini bilýärsiňiz ahyry? Dostum oňa: «Eý, Abu Teblyg! Walla, saňa bermek bilen senden öňürti haky bolanlary mahrum eden hasaplanmasadym, rysgalym kesilse hem saňa bermekden daşda

[1] Haraç – ýer salgydy.

durmazdym. Eger men adamlara öz emlägimden bersedim, öýümiň kerpiçlerini ýekän-ýekän sanap sökerdiler» diýipdir. Indi men şeýle diýýärin: «Adamlara mümkinçilik bersem, öňürti emlägimi gutarardylar, soň bolsa meniň olaryň gullarydygymy öňe sürerdiler».

* * *

Ýene-de Ysmaýyl ibn Gazwan şeýle gürrüň berýär: «Men Kindiniň: «Puly az adamyň nädip uklap bilýändigine haýran galýaryn. Sebäbi begenjinden ukusy tutmaýan bilen gynanjy zerarly ukusyz galan ikisi deň däldir» diýendigini eşitdim».

* * *

Kindi bir gezek: «Sagt ibn Abu Wakgas agyr keselden sagalansoň, Resulallanyň ýanyna gelip, mal-mülküniň üçden ikisini garyplara paýlamak isleýändigini aýdypdyr. Pygamberimiz hem kabul etmändir. Sagt: «Onda ýarysyny sadaka bereýin» diýipdir. Emma ol onda-da kabul etmändir.

Pygamberimiz oňa üçden birini bermegi aýdypdyr. Pygamberimiz yzynda gurply çaga galdyranyň elini serip ýören çaga galdyrandan has haýyrlydygyny aýdandygy üçin fykh[1] alymlary we salyhlar mal-mülküň üçden birinden hem az bermegi maslahat beripdirler. Resulalla biziň çaga-çugalarymyza diňe bize bolan rehmetiniň saýasynda merhemet edendir. Şonuň üçinem sizi özümden, çaga-çugalaryňyzy öz çaga-çugalarymdan ýokary tutmagymy, baýlyk ýerine alkyş, altyn-kümüş ýerine ýel ýygnamagymy we salgym gazanmagymy menden nädip talap edip bilýärsiňiz?» diýipdir.

[1] Fykh – yslam hukugy.

* * *

Ysmaýyl ibn Gazwan bir gezek Kindiniň çagalaryna şeýle maslahatlary berýändigini aýtdy: «Täze çykan mahaly hurma we ter ir-iýmişlerden sabyr ediň. Sebäbi nebis howlukmaç, biperwaý, üýtgeýji we öwrenişdirijidir. Näme ýükleseň ýüklener. Ahmal etseň bozular. Eger nebsiň ähli isleglerine we arzuwlaryna ilkibaşda garşy çyksaň, islegleri iň az hala, arzuwlary bolsa pes ýagdaýa düşer. Eger islegleriň öňüne garşy çykyp bilmejek ýagdaýa gelseň, ir bişen miweleriň gymmatlygy we azlygy meselesinde öz-özüňe wagyz et. Gymmatlygy we azlygy ýatlamak ýerlikli bahanadyr we adamzadyň bähbidine laýyk sebäpdir. Eger nebsiň täze çykan ir-iýmişler meselesinde seniň bilen ylalaşsa, miweleriň köpelen ilkinji mahaly hem bu bahanalary oňa ýetir. Arzuwyňda we güýjüňde ýüze çykan kemçiligi, bu iýmişler arzanlanda we bol bolanda, arzanlyk we bolluk mukdary ýaly üstüne goş.

Arzuwyňy pitne, islegiňi duşman hasaplamasaň aldanarsyň. Olaryň öňünde çäresiz galarsyň. Ilkinji köňül bermek mahaly nebsiňiziň öňüne geçmegi kepil ediň, men hem size islegleriňize sabyr etjekdigiňize, oňyn netije aljakdygyňyza, bolelinligiňize, baýlyga we adamlaryň size hormat goýmagyna kepil geçeýin.

Bir dirhem gazanyp bilmeýänler üçin baýlyk ähmiýetsiz bolsa-da, baýlygyň has ähmiýetlidigi görnüp durandyr. Malmülküň bereketi baýlyk bolmasa hem mal-mülk eýesi şalaryň mejlisinde hormatly, dost bolmak üçin has bagtyýar, söýgüsi dürs, peýdasy köp, garaýşy kabul edilýän adam hökmünde tanalar. Seret, eger şol mejlisdäki adam hor-homsy bolsa, dostlaryndan ähli meselede üstün bolsa hem sowgatlaryň iň azyny alar.

## MUHAMMET IBN ABYL MUEMMEL KYSSASY

Men bir gezek oňa:

— Nahary tagamly bişirdýärsiň we iýdirmekden gaça durmaýarsyň. Jomartsyň, baýlygyňdan sadaka berýärsiň. Çöregiň azy bilen köpüniň arasynda kän bir gazanç tapawudy ýok. Adamlar çöregi az berýänler bilen suprasynyň aşagy görünýänlere «husyt» diýýärler. Seniň ýanyňda nahar iýýänleriň sanynyň çörekleriň sanyndan azdygyny gördüm. Çykdajysyz, naharyňy bol we lezzetli bolmagy üçin sarp etmän, munuň ýerine supraňa ýeke özüň otursaň adamlar seni ýazgararlar, «husyt» ýa-da «jomart» diýmek mätäçligini duýarlar. Şeýtseň, adamlaryň arasynda ýazgarylmazdan rahat ýaşap gidersiň. Goramagyň gerek bolan puluňy we zadyňy ýatlanmak, ýa-da minnetdarlyk bildirilmek, ýa-ha sogap gazanmak üçin harçlarsyň. Muňa garamazdan çöregi az goýýarsyň. Seniň supraňda çörek az diýip, atalar sözündäki: «Oljadan tamamyzy üzdük, sag-aman gaýdyp gelseň bolýar» diýlen ýagdaý döreýär. Biz dostlaryň hem adamlaryň seni öwmeklerinden tamamyzy üzdük. Ýöne seni ýazgarmasynlar diýmekden başga söz tapmadyk. Çörekleriň sanyny biraz köpelt. Şeýtseň ýazgarma minnetdarlyga, tankyt öwgä öwrüler. Köp çykdajy edýärsiň, ýöne hiç hili netije almaýarsyň. Sen bu işi çöz — diýdim. Onda Muhammet maňa:

— Eý, Abu Osman ýalňyşýarsyň,! Dananyň ýalňyşy has uly bolar. Sebäbi ol pikirlenip ýalňyşar. Düşünjesine we işlerine görä hakykatdan uzaklaşar we dogry ýoldan çykar. Seniň di-

ňe öz düşünjeleriňden ugur alyp nesihat berýändigiňi bilýärin. Ýöne sen öňki danalaryň goýberen ýalňyşlaryny gaýtalama. Olaryň ýalňyşlary gorkunçdyr!

Supramdaky ýagdaý husytlygy däl-de, meniň jomartlygymy we adamlaryň bol iýmeklerini isleýändigini aňladýar. Eger suprada çörek köp bolsa, işdä hoş ýakmaz. Iýilýän we iýilmeýän ähli zat gözi doýursa, köňül hem doýar. Bu işdäsizlige we islegsizlige sebäp bolar. Bir adam gowy hurma sebediniň, gözel armyt ýygymynyň we ýüz sany banan salkymynyň ýanynda otursa işdäsi tutular. Ýöne bu naharlar bir hyzmatkär tarapyndan arassa tabakda we mata bilen örtülen ýagdaýda getirilse, ondan öz göwün islegine görä iýer. Dostlaryňyz hem jana ýakyn, asuda we rahat adamlardyr. Olar naharyň özleri üçin bişirilendigini bilýärler. Ony iýmek hyzmatkärleri gynandyrmakdan has gowudyr. Eger çörege mätäçlik çeksediler, aýdardylar. Hiç bolmanda, bize «husyt» diýilmezden öňürti bir gezek barlap görerdiler. Biz olary razy etsek-de, özleri çekinýän bolsalar we bu ähli çykdajylardan soň maňa ters seredýän bolsalar, onda olar günäkär we howlukmaç netije berýän adamlardyr. Günäkäriň arz-şikaýatyny ýok etmäge we netije çykarýanyň hökümini düzetmäge meniň-ä güýjüm ýok — diýip, jogap berdi.

Men oňa:

— Olaryň öz öýlerinde, dostlarynda we dürli ýerlerde nädip iýýändiklerini gördüm. Seniň ýanyňdaky iýişleri bilen arasynda uly tapawut bar. Sen olaryň özlerini ahlakly, seni bolsa hoşniýetsiz we husyt hasaplaýandyklaryny göz öňüne getir. Şeýle hem ýene-de bir gezek çykdajy edip «husyt» adyndan halas boljak dälmi! Ýa-da olary çagyrma däbiňi terk etjekmi? Adamlar seni jandan söýmeýärler. Diňe saňa gowy görünmek üçin söýýän ýaly görünýärler. Muny synag edip görmek isleýän bolsaň, birnäçe adama çagyryş ibermegi, hat ýazmagy we gijä galanlarynda gaharlanmagy taşla we üns ber! — diýdim.

Abdylla maňa:

— Supra köp çörek goýulsa hökman berekedi köpeler. Artan çöreklere bolsa nahar syçrar we zaýalanar. Men zaýalanan çörege, nahar syçran petire seretmerin. Ony ýene-de supra goýmaga utanaryn. Artyk galanlar zaýalanar. Alla muny söýmez — diýdi.

Men:

— Beýlekiler nahar syçran çöreklerden dograma edýärler. Sen hem şeýt. Tygşytly bolmak bilen seniň aýdýanyň, suprada çörek goýmakda biziň aýdýanymyz dogry — diýdim.

Onda ol:

— Dogramanyň nädip we nämeden edilýändigini bilmeýärin. Çöregi garyşan ýagdaýda özümä iýmerin. Bu ýagdaýy adamlar görse ýazgararlar — diýdi.

Men:

— Sen aýalyňa we hyzmatkärleriňe ýag daman çöregi süpürmekligi we arassalamaklygy aýt. Gowy undan bişirilen ownuk çörek, kepekli çöregiň ýerini tutar — diýdim.

Ol:

— Men aýalyma beýle zatlar etdirmeýärin. Hyzmatkärim bolsa heniz ak çörek iýmek derejesine ýetmedi — diýdi.

Men:

— Saçakda çörek kän bolar ýaly çörekleriň ählisini kepekli bişir. Adamlaryň kepekli çörekden doýup, seni öwmekleri, ak çörek bilen aç galyp seni ýazgarmaklaryndan gowudygyny unutma — diýdim.

Ol:

— Bu iň dogrusy. Çöregi artdyryp elleriniň ýetjek ýerlerine goýaýyn. Çörege ýakyndyklary üçin el uzatmakdan çekinmezler. Ellerine ýakyn bolmak bilen suprada çörek köpeldigi bolar — diýdi.

Men:

— Çöregi islemäge päsgel bolan haýa tabaga uzamaga hem päsgel bolar. Gel, sözümi diňle-de, çöregi köpelt. Isle ak

çörek, isle-de kepekli. Bu gürrüňiň artmagy, saçaga çöregi az goýmagyňdan has zyýanlydyr — diýdim.

Muhammet nahar wagty gelensoň dilden gürleýän, husytlary ulaldýan, gepleýärkä dodak ýarýan, sözleri gysýan, gür we sandyramaýan sesi bilen hyzmatkärine seslendi:

— Eý, buşlukçy! Adam başyna bir çörek getir!

Men:

— Her kimiň bir çörek iýjekdigini nireden çykardyň. Eger olaryň her haýsy bir çörekden doýmasa, saçak eýesiniň çöregini almagy ýa-da ikinji çörege garaşmagy gerek bolmazmy? Täzeden yza döndük, ähli gürrüňimiz biderek boldy — diýdim.

Ol:

— Nahar bermegi taşlamak bu dawadan has ýeňildir. Galanyny bilmeýärin — diýdi.

Men:

— Muňa şek-şübhe ýok. Iň soňky aýdýanyňy etseň, meniň aýdýanym hakykata gabat geler, sen hem ynamly adam bolarsyň — diýdim.

* * *

Muhammet köplenç: «Eý, hyzmatkär! Çorbany az, suwy köp getir» diýer eken.

* * *

Bir gezek ol şeýle diýipdir: «Dünýä üýtgedi, nahar iýmek görnüşi hem üýtgedi! Saçakda bilelikde nahar iýen adamlarymyň belasyny Alla bersin. Öňlerinde goýlan ähli zady ýalmap ýuwudýarlar. Olar uly saçaklarda owlak goýulmagynyň däp-dessurdygyny bilýärler, emma bu däp indi naharyň soňy we saçagy çalt terk etmegiň alamaty hasaplanylmaga başlady. Owlak bölünmek ýa-da paýlaşylmak üçin goýulmaz. Eger beýle bolsa, saçak öňürti goýulardy. Getirilen owlagy diňe açgözler we ony görende başga zada garaşman elini saçakdan çekjek

bolanlar iýerdiler. Şonuň üçinem Abyl Harys Jummeýn owlaga degilmeýändigini görüp: «Bu el degrilmeýän zatdyr» diýdi. Eger adamlaryň oňa el ýetirýändiklerini görsedi, ol beýle diýmezdi.

Öňler, supra goýlan «bukaýla ýumurtgasyny»[1] iýmezdiler, ony saçagyň eýesine goýýardylar. Hatda oňa degilmän, supradan şol durşuna yzyna gidýärdi. Häzir bolsa bedene ýumurtgasy bolsa hem hiç zat goýmaýarlar. Şonuň üçinem käbirlerine nahar berilmezligine geň galmaly däl. Munuň ýeke-täk sebäbi nahar iýmek tertibini bilmeýänler bilen saçak başynda oturmak islemeýändikleridir.

* * *

Ol şeýle diýipdir: «Dograma çöregiň duşmanydyr. Iň uly duşman dogramanyň duzly bolmagydyr. Eger Alla duzy suw bilen aýyrmasady, iýmek nobaty «topraga we nesle» gelerdi (suprada ähli zat goýulmaly bolardy).

* * *

Şeýle hem ol: «Nahardan soň suw içýän adamlar nahardan bizar bolmazlar. Naharyň üstünden az suw içýän nahardan çalt bizar bolýan adamdyr. Ynsan suw içýänçä iýýän zadynyň ölçegini bilmez. Lukmanlar meniň näme diýjek bolýanymy gowy bilýändirler. Ýöne muny açyk aýtsalar, işsiz galarlar. Adamlar sagdyn bolansoňlar olara näme hajat!

Aýtmaklaryna görä, Dijle derýasynyň suwy Fyrat derýasynyň suwundan has lezzetli we siňdirijimiş. Mehran suwy hem Balh derýasynyň suwundan has süýjümiş. Araplarda «bu sürüni siňdirýän suw» sözi suwuň siňdirijidigini aňladýar. Şeýle hem araplar: «Ýüzünde köpürjikler bolan suw ýüzünde ýag

[1] Bukaýla ýumurtgasy – et ýumurtga ýaly togalak kesilip, üstüne zeýtun ýagy, ot sepilip taýýarlanylýan nahar.

bolan suwdan has siňdirijidir» diýýärler. Men size naharyň üstünden suw içmegiňizi maslahat berýärin. Sebäbi ol siňdirijidir» diýer eken.

* * *

Muhammet şulary aýdardy: «Şeýle adamyň nähili günäsi bar? Ol hyzmatkäre ýa-da myhmana suw ber diýilse, bir käse dolduryp suw getirýär. Nahar getir diýilse, çöregi artygy bilen getirýär. Ýogsam suw bilen tagam biri-birini goldaýan iki dogandyr.

Eger suw arzan, çörek gymmat bolmasa adamlar çörek üçin gelmezdiler. Suwa islegsiz seretmezdiler. Nämedir bir zat az ýetişse ýa-da bahasy gymmat bolsa ony ulaldýarlar. Mysal üçin, tomus käşiri we ýaşyl apbasy nohudy Horasan armydyndan we bakja bananyndan has gowudyr. Seret, akyllarynyň kemdikleri sebäpli diňe gymmat iýmişlere höwes edýärler. Haýsy iýmiş azalsa, şoňa isleg köpeler. Halk nahar meselesinde ýa däp-dessura görä, ýa gylyk-häsiýetine görä, ýa-da iýmitiň meşhurlygyna seredip hereket edýär. Men bolsa mesgeli, burçly, kömelekli däl-de, sirke, zeýtun ýagy we ajy burç bilen buglanan käşiri arzan bolandygy üçin däl, gowy we içi suwly bolandygy üçin we köp suw içirdýändigi üçin iýýärin. Muny tejribe edip gören gowy biler».

* * *

Muhammet öýüne gelýän myhmanlaryna we dostlaryna suprasynda şeýle hileler, şeýle mekirlikler ederdi welin, Kaýs ibn Zuheýr, Muhallap ibn Abu Sufra, Hazym ibn Abu Huzeýme, Herseme ibn Agen dagylar hem muny başaryp bilmezdiler. Bu hileleri ne Amr ibn As, ne-de Mugyra ibn Şube bilipdir. Ol myhmanynyň nahar umydyny kesmek üçin, köplenç dişlerini çöp bilen dörjeleýärdi. Iki myhmanyna nahar berýärkä, üçünjisi gelse içi ýanýardy, ony nahardan uzaklaşdyrmak üçin duzak

gurýardy. Soň gelene we öňki oturanlara ýok kynçylyklary döredýärdi. Myhman öýe girip, aýakgaplaryny çykaran mahaly Muhammet belent sesi bilen hyzmatkärine: «Eý, buşlukçy!» diýerdi. Maksady myhmany utandyrmak ýa-da gaharyny getirmek, onuň «Men dok!» diýmegini gazanmakdy. Eger gelen betbagt işiň esasyny aňlap: «Men dok» diýse, Muhammet muňa begenip: «Näme iýdiň?» diýerdi. Myhman ýa ýalan sözlärdi, ýa-da bir zatlar diýerdi.

* * *

Myhmanynyň tamasyny üzdüren Muhammet barada şular hem aýdyldy: «Bir gezek ol, bir dostum bilen bile otyrka, onuň ýanyna biri gelipdir. Öý eýesi ony çagyrypdyr. Ol öňürti utanypdyr, soň bolsa: «Gowy bişen bukaýla barmy?» diýip sorapdyr. Myhmanyň öňündäki ähli gapylary ýapan Muhammet maksadyna gowşansoň: «Hyzmatkär! Myhmanyň garny dok. Sen maňa bir zatlary getir güýmeneýin» diýipdir. Onuň öňünde nahar goýlanda ol myhmanynyň iň utanjaňyna ýa-da iň köp iýýänine ýüzlenip, gowy sözden ýa-da uzyn bir gürrüňden sorag sorap, ony söhbete meşgullandyrar eken. Myhmanlar nahardan bir zat iýmekçi bolsalar, ol özüni göýä doýan ýaly alyp baryp, başga zatlara güýmener eken. Elini nahardan aýyrman, her haýsyndan bir dadar eken. Soň hem nahardan çekiler eken. Onuň yzyndan beýlekiler hem supranyň başyndan utanyp, çekiler ekenler. Gepiň keltesi, Muhammet saçagyň daş-töweregine hile we duzak gurar eken. Hemmeler gidensoň bolsa, göýä birnäçe günüň ajy ýaly iýmäge başlar eken.

* * *

Ol: «Nahar diňe kämahal iýilýändir, içgi hem kämahal içilýändir!» diýer eken. Ýanyna gelýän dostlaryna hem şeýle diýer eken: «Näme üçin aç garna bir käse suw içmeýäris? Ol gurtlary öldürer we bizi rahatlandyrar. Şeýle-de artykmaç zatla-

ry ýok eder. Bir sagadyň içinde işdämizi açar. Aç garna içmekligiň keýpi başgaçadyr. Doklugyň üstüne içmek bolsa bela. Üzüm suwunyň dermandygyny görmek üçin, aç wagtyňyz içmegiňizi maslahat berýärin. Aç mahaly suw içmeýäniň güýji pesdir. Ol şerbetçileriň arasynda abraýsyz hasaplanar. Bagra zyýan berer diýip gorkup, aç garna suw içmeýän, köp wagtlap et iýmedik adamdyr. Şeýle ýagdaýda suw içmek içdäki hapalary arassalar, işdäni açar. Eger kelleagarysy bolsa diňe uly bir käse suw içmek bilen aýrylar. Muny iň gowy bilýän Agşa Kaýsdy[1]. Ol şeýle diýer eken:

Ondan şonuň bilen dynjak, lezzet alsyn göwün hem,
Käsäniň haky üçin, men içdim onuň suwundan.

* * *

Tagamyndan künji dänesi ýalyjak zadyň dostlarynyň garnyna girmedik güni Muhammet üçin iň şatlykly gündür. Olara bir zat iýdirmedik güni wagtyny şady-horram geçirýärdi.

* * *

Muhammet Bagdatda wagty gymmatbaha bir galkan balygyny satyn aldy. Her bir basraly ýaly, ol hem nahar mahaly bisabyrdy. Bu satyn alan balygyny hem öz ýanynda ulaltdy, balyk bilen ýeke-täk galandygyny, ony ýeke özüniň iýjekdigini göz öňünde tutup, gollaryny çermedi. Ýöne ony ýaňy öňüne alanda, Sidri ikimiz içeri girdik. Ol bizi görende göýä öldüriji gyzyl ölüm, heläk ediji gyrgynçylyk, çäresiz betbagtçylyk we aždarha bilen duşuşan ýaly boldy. Sidri gel-geçe garaşman, saçak başyna geçdi we balygy garnyndan arka süňküne çenli ýardy. Muhammet meniň ýüzüme seredip:

— Eý, Abu Osman! Sidri garny söýýär öýdýän! — diýdi.

[1] Agşa Kaýs – jahylyýet döwrüniň şahyrlaryndan, ol soňra musulman bolýar.

Ol sözlerini heniz tamamlamanka, Sidri balygyň kellesini kesip aldy. Muhammet:

— Ol kelleleri hem söýýär öýdýän — diýdi.

Muhammet Sidriniň galkan balygynyň tagamyny bilmeýändir öýdýärdi. Ol galkanyň tagamly ýerleri gizlindir öýdýärdi. Şol mahal Sidri guýrugyň iki tarapyny hem kesip aldy.

Eger ol şeýdip onuň gaharyny getirip, bizar etdirmese, onuň gursagyny gahar bilen doldurmasa, özüne tarapdar gazandygy bolardy. Onuň bulara gaharlanmagy Sidri üçin kömek berýärdi. Muhammediň gynançly bakyşlarynyň arasynda, ol balygyň gowy ýerlerini iýip gutardy. Balykdan iýere hiç zat galmady. Diňe gahar-gazap we öýke-kine galdy. Şeýle hem galan zat bilen açlygy gidermek üçin teselli galypdy. Bu hem Muhammediň janynyň galan bölegini diri saklaýan zatdy. Sidriniň ähli zady bir gezekde ýuwduşyny görensoň, puşmançylyk bilen:

— Eý, Abu Osman! Ol ähli zady söýýär — diýdi.

Muhammediň gazaby has-da artýardy. Titremegi ony heläk etdi. Onuň haly erbetleşip, hajathana gitdi. Soň ysytmasy tutdy. Köp iýýän bilen hem, az iýýän bilen hem hiç haçan bile bolmazlyk, arzan ýa-da gymmat bolsun balyk almazlyk, hatda sowgat berseler hem almazlyk, ýerde ýatsa hem oňa degmezlik üçin eden tobasy kabul boldy, ol ýogaldy. Alla bizi-de, ony-da bagyşlasyn.

Ine, Muhammet ibn Abyl Muemmelden maňa ýeten sözler şulardan ybaratdyr.

# IKINJI BÖLÜM

## ESET IBN JANY KYSSASY

Eset ibn Jany gyş möwsüminde özüne ýekenden düşek ediner eken. Sebäbi büreler gabygynyň typançakdygy sebäpli, gamyşyň üstünde durup bilmeýärdiler. Tomsuna hem öýüniň aşagyny iki garyşa çenli gazyp, çykan topraga birnäçe bedre guýy suwuny guýup depgilär ekenler. Netijede öý tomsuň jokrama yssysynda çyglyk sebäpli salkyn bolar eken. Eger toprak ir gurap, çyglygy gutarsa, şol işi ýene-de bir gezek gaýtalardy. Ol bu eden işine monça bolup: «Meniň salkynladyjym öýümiň topragy, suwy hem öz suwumdan. Beýle külpetsiz salkynlamak, meniň akylymyň we başarjaňlygymyň beýlekilerden artykdygyny aňladýar» diýer eken.

* * *

Eset ibn Jany tebipçilik eder eken. Pulsuzrak mahaly biri ondan: «Bu ýyl hassalyklara hamyla ýyl (ýagny hassalyk ýaýran), keseller köpeldi. Sen bolsa ylymly, tejribeli we sabyrly hekimsiň. Näme üçin seniň eliň ýukaldy?» diýip sorapdyr.

Onda ol:

— Birinjiden men musulman. Adamlar heniz men hekim bolmankam, hat-da dogulmankam musulmanlaryň tebipçilikde üstünlik gazanyp bilmejekdiklerine ynanýardylar. Ikinjisi,

meniň adym Salyp, Muraýyl, Ýuhanna ýa-da Bira[1] däl-de, Eset (Arslan). Üçünjisi, lakamym Abyl Harys. Lakamym hem Abu Isa, Abu Zekeriýa ýa-da Abu Ybraýym bolmalydy. Dördünjisi meniň pagtadan ak köýnegim bar. Munuň ýerine ýüpekden we gara köýnek bolmalydy. Bäşinjisi, dilim arapça, men parsça gürleýän bolmalydym» diýip, jogap beripdir.

* * *

Halyl Seluly şeýle gürrüň berýär: «Bir gün ýanyma Söwri geldi. Ol Basradaky Kursiýeýi Sadaka diýen ýerden Mürre derýasynyň aralygy bolan bäş ýüz tanap ýeriň eýesidi. Ol örän köp ýerleri satyn alýardy. Bir gezek ol maňa:

— Sen zeýtun suwy bilen çörek iýip gördüňmi? — diýdi.

Men:

— Ýok — diýdim.

Ol:

— Eger ýekeje gezek iýip görseň, hiç ýadyňdan çykarmazdyň!

Men:

— Dogry, bir gezek iýsem ajylygy sebäpli, hiç unutmaryn — diýdim.

* * *

Söwri çagalaryna şeýle diýer eken: «Hurma şäniklerini zyňmaň, olary ýuwutmaga synanyşyň. Bu şänikler garyndaky ýaglary ýygnap, böwrekleri gyzgyn saklar. Süýtli düýelere, hurma şänigini iýýän mallaryň garynlaryna seredip ybrat-görelde alyň. Eger siz miwe we hurma şäniklerini iýmäge, dişleriňiz bilen arpa döwmäge we ýorunja iýmäge öwrenişseňiz, görersiňiz. Adamlar ter ýorunjany, döwülmedik arpany we hurma şäniklerini iýýärler. Siziň üçin nesihat hökmünde ýene-de

[1] Hristian adam atlary.

bir zat aýdaýyn. Men hurma şäniklerini ýuwdup, aýallaryma hem ýuwutdyrmaga synanyşýaryn. Şeýdip odun-kömür pulundan we karz almakdan halas bolýaryn. Hurma şänigi ýaglanyp ýylynmagyňyzy üpjün etmek bilen çäklenmez, ol ýüregi rahatlandyrar, ýüzi nurlandyrar, eger zeperden we zyýandan goranmak isleseňiz, hökman hurma şänigini iýiň».

* * *

Ol noýbany gabygy bilen iýer eken. Sebäbi noýba: «Kim meni gabyklarym bilen iýse, meni iýdigidir, kim meni gabyksyz iýse, men ony iýerin» diýermiş. Ol: «Iýýän zadyňyz, azyk bolmaga degýändir» diýer eken.

* * *

Onuň mirasdüşeri ýokdy, ýöne adamlara göterimine karz bererdi. Şaýatlaryna: «Siz meniň mirasdüşerlerimiň ýokdugyny bilýärsiňiz. Eger ölsem bu mal-mülk pylan kişiniňki bolar» diýip, degişer eken. Muňa düşünmedik birnäçe alasamsyklar çyndyr öýdüp, onuň bilen işleşmäge jan eder ekenler.

* * *

Halyl Seluly sözlerini şeýle dowam edýär: «Men Söwrini birnäçe ýyllap eli aýakgaply ýa-da uzakly gün ýöremek kyn bolan ökjesiz bir aýakgap bilen aýlanyp ýörkä gördüm. Ol özüni ýazgaranlara:

— Otparazlara serediň! Basrany, Bagdady, Eýrany, Ahwazy we ähli dünýäni sindi aýakgaplary[1] bilen gezýärler — diýer eken.

Oňa:

— Otparazlykda halal däldigi üçin bagjykly aýakgap geýmeýärler. Olar aýakýalaňaç ýa-da sindi aýakgaby bilen gezýär-

---

[1] Sindi aýakgaby – bagjyksyz aýakgap.

ler. Sen bolsa musulman ahyry, üstesine-de baý — diýseler, olara:

— Baý bolaňda näme ogrular we çykdajylar üçin haltanyň agzyny açmaly diýen zat barmy? — diýip, jogap berer eken.

Oňa: «Bularyň ikisiniň arasynda ortalyk ýol ýokmy?» diýseler-de, jogap bermez eken.

* * *

Söwri metjitde işleýänleriň arasyna goşulyp oturan eken. Ol agras bir adamyň: «Özüňize degişli ähli eşikleriňize içlik tikiň. Sebäbi ol uzaga çeker. Uzaga çekýändiginiň haýyrlydygy üçinem Allatagala ahyreti baky, dünýäni pany edendir. Bir içlikli eşik dört içliksiz eşige deňdir. Düşekleriňize, kilimleriňize, halylaryňyza hem içlik tikiň. Hatda öýle naharynyň üstünden hem sowuk suw içip üstüni ýetiriň» diýendigini eşidipdir we ol adama garap:

— Iň soňky sözlemiňden galan aýdan zatlaryň birine hem düşünmedim — diýip, sowuk suwdan galan zat külpetlidigi üçin düşünmediksirän bolupdyr.

* * *

Söwriniň maşgalasyny ysytma tutupdyr. Olar ysytmadan ýaňa hiç bir zat iýip-içip bilmändirler. Söwri bir sanaç uny tygşytlandygyna begenipdir. Ol begenjine:

— Eger öýüm Sukul-Ahwazda, Natata-Haýbarda ýa-da Wadyl-Juhfada bolsady, her ýyl ýüz dinar artdyryp bilerdim — diýipdir (bu ýerlerde ysytma keseli köp bolarmyş).

Söwri bir sanaç uny tygşytlandygy üçin, özüniň we maşgalasynyň ysytmasyna begenip bilýärdi.

* * *

Onuň aýdan sözleri şulardyr: «Owlak satyn alýan adama gynanýaryn. Towuk alýany kiçi hasaplaýaryn. Turaç alan bilen ne söwda ederin, ne-de gürleşerin».

* * *

«Iki sany abatlaýyş işi wajypdyr: Birinjisi aýakgap bejermek, derisini her gün ýaglap, baglary çözülmesin diýip sopular ýaly baglamak, ikinjisi bolsa, telpek kirlände içligini beýlesine öwürmek, kirlese hem ýuwmak. Bular hökmanydyr. Telpegiň içligini köp ulanmak isleýän bolsaň Ýemen hyrkasyndan tikin».

* * *

«Her işe ýarajak bir eşek edinmek müň dinar girdejiden haýyrlydyr. Ol hem seni göterer, hem uzak ýerlerdäki işleriňi ýerine ýetirer, hem-de degirmeniňi üwärsiň. Şeýdip, degirmençiniň hem gazanjyny gazandygyň bolar. Birnäçe agyr işi bir eşek bilen etseň bähbitli bolar».

* * *

«Ant içýärin tygşytlylykda — bereket, isripde — şumluk bardyr».

* * *

«Men bir şal satyn aldym. Ony eşik hökmünde köp wagtlap geýdim. Soň ondan bir don tikinip, ony hem uzak wagtlap geýdim. Soň ondan geýim tikindim we Allanyň isleýşi ýaly geýdim. Soň hem içindäki berk pagtalaryny ýassyk, pamyklaryny şem üçin aldym, galan zatlaryny esgi alýana satdym. Ýyrtyk-ýirik zatlaryny çüýşeleriň agzyny dykmak üçin gapak edindim».

* * *

Gysgançlyk barada ondan köp zat eşitdim. Ol basralydy. Ony bir gezek Bagdatda Ibn Ragban metjidinde gördüm. Baýlaryň içinde ondan başga garyplar bilen bile oturan hiç kimi görmedim. Onuň ýanynda husytlardan Ysmaýyl ibn Gazwan, Japar ibn Sagyt, Hakan ibn Subeýh, Abu Ýakut Agwar, Abdylla Arudy, Hyzamy, Abdylla ibn Kasym Söwri dagylar bardy. Ol dilewar we çeper sözli husytdy. Ol husytlygy öwýärdi, adamlary husytlyga çagyrýardy.

* * *

Söwriniň ogluna beren nesihaty: «Eý, oglum, teňňeler manatlary, manatlar hem altynlary harçlamaga ýol açar. Golastyňdaky ähli zat elden gider. Eý, oglum, pul adamy belalara ýakynlaşdyrar. Dereksiz giden pul beýlekileriň başyna hem bela getirer. Puly biderek sowanyň ýoksul galjakdygy aýdylandyr. Kyn ýagdaýa düşseň, erbet gazanç ýollaryna baş urarsyň. Erbet gazanç bolsa şahsyýetiňi abraýdan düşürer, ynsany jeza sezewar eder we jähennemiň gapysyny açar (Söwriniň pul barada aýdan bu sözleri hekaýatçy Abdyl Aglanyň sözleridir).

Abdyl Agla: «Garyp adamyň ýassygy agajyň gabygy, iýmiti çörek galyndysy, iýýäni arzan baha bolan balykdyr» diýipdir.

Oglum! Çagalar ýaly açgöz, daýhanlar ýaly erbet ahlakly bolmakdan daşda dur! Deňizçiler we gaýykçylar ýaly saga-çepe gitmekden, çarwa araplary we hyzmatkärler ýaly şabyrdadyp iýmekden daş dur! Öz öňüňden iý, saňa laýygy budur. Eger suprada işdä açyjy nahar bar bolsa, ol supranyň başyndaky ýaşula ýa-da çaga degişlidir? Sen ikisi hem dälsiň? Çakylyklara, dostlaryň öýlerine barýandygyň üçin et bilen ýakyn aragatnaşygyň bardyr. Suprada bir kelle görünse, ony gowy gözden geçirmegiň zyýany ýokdur. Dogrusy, men ýygy-ýygy-

dan et iýmegi halamaýaryn. Sebäbi Allatagala eti köp iýýän maşgalany söýmez».

Söwri sözüni dowam etdirip şeýle diýýär: «Gassap dükanlaryndan daşda duruň, olaryň şerap ýaly zyýanlary bardyr».

Muhellep: «Eti söýmeýän üçin et — gyzyl ölümdir» diýipdir. Atalarymyz: «Erkekleri iki gyzyl zat, ýagny et we içgi heläk eder. Aýallary hem iki gyzyl bolan altyn we zagpyran, ýagny zynat we müşki-anbar heläk eder» diýipdirler.

Oglum: «Özüňi kesekileriň göwnünden turmaga we nebsiň bilen göreşe öwrenişdir. Ýylanlar ýaly et iýme. Ýük gatyrlary ýaly agzyňy dolduryp iýme. Goýunlar ýaly tagamy köp waglap agzyňda saklamagyn. Düýeler ýaly şypyrdama. Abu Zer sahabalaryň arasyndan mal-mülküni Alla ýolunda köp harçlaýanlar barada şeýle diýipdir: «Olar emläklerini köp harçlaýarlar. Biz hem olaryň beren zatlary bilen çäklenýäris, emma açgöz däl. Kyýamat güni Allatagala hemmelere sogabyny berer».

Seret, Allatagala seni adam edip, özgelerden artykmaç ýaratdy. Sen özüňi ne adaty, ne-de wagşy haýwan hökmünde alyp bar. Aşgazanyňy hyryn-dykyn doldurmakdan daşda dur. Akyldarlar şeýle diýipdirler: «Eger göbegiň uly bolsa (garyn salan bolsaň), özüňi ysmazlardan hasapla». Şahyr Agla hem: «Aşgazana agyr salmak akyly kütelder» diýipdir.

Bilip goý, mädäň doly bolsa iýmiti siňdirip bilmersiň. Bu hassalyga we ölüme getirer. Şeýle halda ölen öz-özüniň ganhorydyr. Öz-özüne ganhor bolan beýleki ganhordan köp ýazgarylar. Allatagala: «Öz-özüňizi öldürmäň»[1] diýýär. Bu aýatdan maksat özümizi hem biri-birimizi öldürmezlikdir.

Eý, oglum! Ganhor-da, öldürilen-de jähennemlikdir. Uly hekimlerden sorasaň, merhum halkynyň köpüsiniň köp iýmek zerarly iýmiti siňdirip bilmezlikden ýogalandygyny aýdarlar.

---

[1] Gurhanyň «Nisa» süresiniň 29-njy aýaty.

«Dünýä bir gezek gelýärsiň, iýeniň özüňki» diýilmeginiň ýalňyşdygyny bilip goý. «Niçe tagam bardyr niçe tagama päsgel bolar» diýen söze tabyn bol. Seret, Hasan Basry näme diýýär: «Eý, Adam ogly! Aşgazanyň üçden birini nahara, üçden birini suwa, üçden birini hem howa we pikire goý».

Bekir ibn Abdylla Muzeni: «Doklukdan, eşikden we ellerimi ýuwmaga sebäp bolýan zatlary iýmekden halas bolýançam, ömrümiň tagamyny almadym» diýipdir.

Eý, oglum! Garyn salan adam ne rukugyň[1], ne-de seždäniň parzyny doly ýerine ýetirer. Ol Allanyň öňünde huşug[2] hem etmez. Oraza saglyk berer. Günde bir mahalyna iýmek salyh adamlaryň ýaşaýyş usulydyr. Hindistanlylaryň uzak ömürli, çarwa araplaryň sagdyn bolmaklarynyň sebäpleri barada pikirlen. Harys ibn Kilde gör nähili dogry aýdypdyr: «Berhiz derman, köp iýmek bolsa hassalykdyr».

Eý, oglum! Dykyp doldurylan aşgazan bilen gije geçirmegiňden (ýatmagyňdan) we gysga ömürden has haýyrlysy — durmuşyň rahatlygy we dünýäniň öwüsginidir. Sagdyn bedeni, güýçli pikiri, mäkäm aşgazany, mal-mülküň köplügini we seni perişdelere ýakynlaşdyrjak zady näme üçin islemeýärsiň? Bu az nahar iýmekdir! Näme üçin suwulgan uzak ömürli? Sebäbi ol howa bilen ýaşaýar. Açlygyň nebsiň öňüne geçýändigi üçin Resulalla açlygyň nebsi öldürilýändigini aýtmadymy? Allanyň bu terbiýesine gowy düşün. Ol oraza bilen seniň ýaly isripçi ýaşlary terbiýelemek isleýär.

Eý, oglum! Men togsan ýaşyma girdim. Ýeke dişim hem döwülmedi, süňküm ýerinden oýnamady, siňirlerim gowşamady, gulagym şyňlamady. Ne gözüm ýaşardy, ne-de peşewimi saklap bilmezlik keseline duçar boldum. Bular meniň az iýmegim zerarlydyr. Eger sen hem ýaşamagy söýýän bolsaň,

---

[1] Rukug – namazda aýak üstünde dik durmak.

[2] Huşug – ähli zatdan ünsüňi sowup, namaz okamak.

onuň ýoly az iýmekdir. Eger ölmekçi bolsaň, Allatagala diňe özüne zulum edenleri heläk eder (köp iýmek öz-özüňe zulum etmekdir).

* * *

Söwri bazardan kelle satyn almak islände, her aýyň 14-15-ine kelläniň beýnisiniň has ulalýandygyna ynanýandygy üçin kelläni şol günlerde alar eken. Şeýle hem beýnisiniň köplügi üçin diňe ýaş malyň kellesini alar eken. Sebäbi ýaş malyň beýnisi köp, ýiligi az, garry malyň ýiligi köp, emma beýnisi az bolar eken. Hilalyň[1] beýnä we gana täsiriniň bardygy aýdylýar. Bu ikisi ýazda we güýzde has-da bildirýär. Çarwa araplar we beýleki araplar hilalyň ilkinji günlerinde döl ýatga düşse, çaganyň güýçli we syrdam boljakdygyny, hilalyň soňky günlerinde düşse, ejiz we arryk boljakdygyny aňladýar diýip ynanypdyrlar. Bir şahyr bu barada şeýle diýýär:

Täze aý dolan mahaly,
Ol aýal boldy hamyla,
Görnüp säher buşlukçysy,
Öz rehminden önmedikden,
Özgesini emdirmedi,
Garynlakka çaga emdiren
Dolmaz ýaly aýby ile.

* * *

Söwri Bagdatdaky ähli kelle satýanlardan kelle satyn alar eken, ýöne Ibn Ragban metjidiň ýanyndaky dükandan kelle satyn almaz eken. Ibn Ragban metjidi Söwriniň mähellesinde ýerleşýärdi. Kelle satyn almak üçin hökman ol Başgününi saýlardy. Kelläni haýsy möwsüm iýmegiň gowudygyny bilmeýän-

[1] Hilal – täze dogan aý.

digi üçin kämahal tomsuna, kämahal hem gyşyna alar eken. Ibn Ragban metjidiniň mähellesinden satyn almazlygynyň sebäbi bolsa, beýleki ýerlerde basralylaryň biçilmedik tekeleriniň ýagly we etli kellesi bolardy. Biçilmedik tekäniň kellesiniň arzandygy üçin ony alardy. Kelleleri Ruhgüni satyn almagy barada aýtsak, gassaplar Anna günleri köp mal soýar ekenler. Adamlar hem Anna günleri eti köp alar ekenler. Kelläni kän almansoňlar, ertesi gün köp we arzan bolar eken. Tomsuna we gyşyna köp alynýandygynyň sebäbi bolsa, onuň kelle iýmäge bolan höwesidir. Tomsuna etiň we kelläniň bahalary arzanlaýandygy üçin, gyşyna bolsa mallar semizdigi sebäpli kelleleriň ululagyndan peýdalanar eken.

* * *

Maňa Mekki şeýle gürrüň berdi: «Men Anberiniň ýanynda otyrdym. Onuň ýanyna ejesiniň gyrnagy bir boş käse bilen gelip: «Sende bir küýze sowuk suw bar eken. Ejeň: «Howa örän yssy, maňa bir käse suw ibersin diýip aýtdy» diýdi. Anberi oňa: «Ýalan sözleme, ejem iberen boş käsesiniň doly halda gaýdyp gelmejekdigini bilýär. Git, öz küýzäňizden bir käse suw getir we meniň küýzäme guý. Soň meniň küýzämden bir käse suw doldur, garşylyksyz bolmasyn» diýdi.

* * *

Mekkiniň aýtmagyna görä ol hiç zady garşylyksyz bermez eken. Hat-da ejesiniň hem az-kem tapawutly bähbit gazanmagyny islemez eken. Sowuklygyň we gyzgynlygyň deň bolmagyna üns berer eken.

* * *

Ýene-de Mekki şeýle gürrüň berýär: «Men bir gezek onuň otagyna girdim. Öňünde süýt emdiren enekesi otyrdy, ýanynda bir sebet hurma bardy. Iýen hurmalarynyň şäniklerini oňa zyň-

ýardy, süýt emdiren enekesi hem şänikleri sorýardy we bir burçda goýýardy.

Men Mekkiden ol şänikleriň ýüzünde hurmadan galyndy goýup-goýmaýandygyny soradym. Ol hem: «Walla, bir gezek onuň aýalynyň agzyndaky hurmany sorandygyny, soň bolsa çeýnändigini gördüm. Soň ol şeýle bir gygyrdy welin, bir adamy öldürmäge niýetlense hem beýle gygyrmazdy. Ol aýalyna hurmanyň diňe süýjüsini sorup, galan zadyny özüne bermegini isledi. Aýaly hem hurmany soranyndan soň oňa berýärdi» diýdi.

* * *

Halyl Selulynyň beren gürrüňleri:

Abu Kutbäniň üç müň dinary bardy. Bu baýlygyna garamazdan şeýle bir husytdy welin, suw geçýän ötüklerini hem arassalatmaýardy, tä ýagyş ýagýança garaşýardy. Sebäbi ýagyş ýaganda çukuryň içindäkileri zibilleri ýaba tarap alyp gidýärdi. Wagtynda arassalanmadyk çukur, ýoldan geçýänlere zyýan berýärdi.

Kutbe bir gün küraýşlylar bilen bile otyrdy. Ol çukurdan zibilleri çykaryp, akýan siliň öňüne zyňýan zibilçileri görüp: «Ördekler, owlaklar, towuklar, guşlar, balyklar, miweler, otlar, çörekler ... Siziň hem görşüňiz ýaly hemmesiniň ahyrsoňy deň bolmagyna garamazdan, näme üçin bahalary deň däl, düşünip bilemok?» diýdi.

* * *

Kutbäniň kakasynyň ady Attap ibn Hüseýindi. Tiýel we Baby atly iki sany dogany bardy. Olaryň biri Käbä haj zyýaratyna gidip, hezreti pygamberiň agasy Hemzäniň ýerine haj edip: «Ol haj dessuryny ýerine ýetirip bilmän şehit boldy» diýipdir. Beýlekisi hem hezreti Abu Bekriň we Omaryň ýerine gurbanlyk mal çalyp: «Olar gurban çalmazlyk bilen sünnete

ters iş etdiler» diýipdir. Bu üç doganyň üçünjisi bolsa hezreti Äýşäniň ýerine teşrik günleri[1] oraza tutmandyr we şeýle diýipdir: «Ol baýram günleri oraza tutmak bilen ýalňyş iş edipdir».

* * *

Maňa bir aýal şeýle gürrüň berdi: «Mähellämizde ýas bardy. Ol ýere gelen garry aýallar, merhumyň hossarynyň aglaşmagy gadagan edendigini görüp, özara gürrüňleşmäge başladylar. Ogul-gyzlaryndan we gün-güzeranlaryndan gürrüň etdiler. Her bir aýal oglunyň özüne eden ýagşylygy barada gürrüň bererdi. Aýallaryň biri dymyp oturan Ümmi Fileweýhiň ýanyna gelip:

— Näme üçin bize ogluň barada gürrüň bermeýärsiň? — diýip sorady.

Onda Ümmi Fileweýh:

— Ol her gurban baýramynda maňa bir dirhem berýärdi. Indi ony hem bermeýär — diýdi.

Ol ýal:

— Bir dirhemden başga hiç zat bermeýärmi? — diýip soranda, Ümmi Fileweýh:

— Hawa, hiç zat bermeýär. Hatda kämahal bir gurban baýramyny başga bir gurban baýramynyň içine salardy, ýagny ikinjisini birleşdirýärdi — diýip, jogap berdi.

Onda ýaňky aýal:

— Eý, Ümmi Fileweýh, ol nähili bolýar? Adamlar bir aýy başga bir aýyň içine, bir güni başga bir günüň içine salýandygyny aýdýarlar. Ýöne bir gurban baýramyny başga bir gurban baýramynyň içine salmagy hiç kim kabul etmez — diýdi.

---

[1] Teşrik günleri – gurbanlygyň öňündäki bir gün, üç gurbanlyk günleri we yzyndaky bir gün.

## TEMMAM IBN JAPAR KYSSASY

Temmam ibn Japar saçagyna diýseň husytdy. Çöregini iýýäne aýtmadyk sözi galmazdy. Hatda soýujy we ganhor hem diýýärdi. Eger dosty oňa: «Ýer ýüzünde meniň ýaly köp gezen we meniň ýaly çalt ýöreýän hiç kim ýokdur» diýse, oňa:

— On adamyň iýýänini iýýärsiň, aýaklary göterýän garyn dälmi? Senden razy bolandan Alla razy bolmasyn! — diýer eken.

Eger dosty:

— Walla, hiç gezmeýärin. Men otuz ädim ätsem demim gysyp başlaýar — diýse, ol hem:

— Sen nädip gezjek? Garnyňda ýigrimi hammalyň göterjek ýüki bar. Hereketde bolmak üçin az iýmek gerek. Haýsy garyn bilen hereket edýärsiň? Garny iýmek bilen dykyp dolduran rukugdan we seždeden ejizkä, elbetde köp ýöräp bilmez — diýerdi.

Eger dosty:

— Düýn gije dişimiň agyrysy zerarly ýatyp bilmedim — diýse, ol:

— Men seniň ähli dişleriň agyrmaýandygyna haýran galýaryn. Haýsy diş beýle mynjyradylmaga razy bolar. Walla, Şam degirmeni hem könelýär. Özüňe seresap bol, seresaplykda haýyr bardyr. Özüňi akmak alyp barma, sebäbi hadysda: «Näziklikde haýyr, akmaklykda şumluk bardyr» diýlişi ýaly, akmaklykda şumluk bardyr — diýerdi.

Eger dosty:

— Meniň eneden dogalym bäri dişim agyryp görenok, hatda gymyldabam görenok — diýse, onda oňa:

— Eý, mejnun! Köp çeýnemek dişleri we dişiň etlerini güýçlendirýär. Dişleri kämahal çeýnemekden azat etmek, göýä adam bedeni kimin olara dynç bermek gerek — diýer eken.

Eger dosty suwdan hiç ganyp bilmeýändigini aýtsa, onda muny onuň köp iýýändigi sebäpli, Fyrat we Dijle derýasynyň hem oňa ýetmejekdigini aýdardy. Eger dosty hiç suwsamaýandygyny aýtsa, onda, gabahatyň onuň köp iýmegindedigini, garnynda suwa ýer goýmaýandygyny aýdardy. Ondan nädip aşgazanynyň zaýalanmaýandygy, köp iýýänleriň aşgazanynyň hökman zaýalanjakdygyny aýdardy.

Eger dosty ukusyzlykdan ejir çekýändigini aýtsa, ony onuň köp iýýändigi bilen baglanyşdyrardy. Ýöne şol sebäbi köp uklaýana hem aýdardy.

* * *

Ol dostlaryna köplenç şeýle diýerdi:

— Eger şerapdan ýaňa başyňyz aýlansa, onuň üstünden nahar iýmäň, sebäbi onuň dermany içmekdir. Başyň aýlanmasy aşgazanyň zaýadygy sebäplidir. Aşgazany zaýalanan kişi köp nahar iýse öler. Gan aldyrlandan we hammamdan soň nahar iýmäň, tomusda az nahar iýiň, etden uzakda duruň.

Adamy adamdan başga hiç kim zaýalamaz. Wäşi sözler aýdýanlar, eger özlerine gülýän ýa-da minnetdarlyk bildirýänler bolmasady, beýle gürlemezdiler. Siz şuny biliň, mugthorlary: «Nähili owadanlap nahar iýýärsiň!» diýmek heläk edýändir. Bu söz-hereket mugthoruň nahar iýmegi sungat halyna getirmegine goşant goşandyr. Hatda kämahal gowy görünmek üçin gereginden artyk iýer, bu hem oňa zyýandyr. Eger oňa: «Sen nähili ýaman köp iýýärsiň» diýilse, hemmeler üçin has

gowy bolardy. Eger köp iýmek gowy bolsa, Pygamberimiz ähli kişilerden köp iýerdi we ol iň iýermen ynsan bolardy. Ol bir hadysynda: «Mömin bir garny, mynapyk bolsa ýedi garny bilen iýer» diýendir.

Ähli pygamberleriň iýermenligi ýazgarandyklaryny, az iýmegi taryp edendiklerini görmeýärsiňizmi? Eýýup ibn Süleýman ibn Abdylmälige sögýän biriniň sögünjiniň içinde: «Eneň köp suw içmekden, kakaň bolsa köp iýmekden öldi» diýen sözler bar eken. Şerap içýän ýaşlar köp içmek bilen öwünseler-de, köp iýmek bilen öwünmezler. Şahyr bir şygrynda şeýle diýýär:

Kiçi bir käse suw hem ýeter bir bölek bagyr,
Saçak başyndaky aýala, hatda bular artygam deger.

Başga bir şahyr bolsa şeýle diýýär:

Çyn aýal gazanynda näme barlygyna bakmaz,
Adamlaryň arasynda süňk gemirmegem söýmez.
«Arassamyka?» diýip, aýagyna ünsün çekmez,
Dokmädedir, açlykdan içi hiç wagt eljuk diýmez.

* * *

Temmam ibn Japaryň şerap içýän agşamy aýdymçy oňa aýdym aýdyp, joşgundan ýaňa köýnegini ýyrtdy. Ýanynda oturan Mahmul Temmama: «Näme otyrsyň, sen hem köýnegini ýyrt» diýdi. Mahmul iň husyt adamdy. Temmam başga köýneginiň ýokdugy üçin ýyrtmajakdygyny aýdansoň, Mahmul: «Ertir saňa bir köýnek alyp bereýin» diýdi. Temmam «Onda ertir ýyrtaryn» diýensoň, Mahmul oňa: «Ertir ýyrtyljak köýnegi näme edeýin» diýip gaharlandy. Temmam bolsa ýyrtmazlyk

üçin tagalla etdi. Joşgundan ýaňa köýnek ýyrtylýarka, olar ýaly dawalaşýany öň görmändim.

* * *

Aly kör lakamly Abu Hasan bir gün Ýusup ibn Kulli Haýryň öýüne geldi. Ýusup öýle naharyny iýip bolupdy. Ol gyrnagyna: «Abu Hasana iýer ýaly bir zatlar getir» diýip buýurdy. Gyrnak hiç zat ýokdugyny aýdansoň, ol gyrnaga:

— Alla belaňy bersin. Abu Hasan utanjak adam däl, näme bar bolsa getir — diýdi.

Aly kör özüne ýagly çörek, ýagly petir, çorba we süýji-şerbet geler öýdüp, pikirlenip otyrka, gyrnak içi diňe gury tüwüden bişirilen çörekli bir tabak getirdi. Aly kör öňüne getirlen tabakda çörekden başga zat görmänsoň, «ol utanjak adam däl» sözüniň näme üçin aýdylandygyna düşündi we Ýusuba garap:

— Saňa ýazyklar bolsun! Şeýle ajy zady iýdirmek üçin utanjy aradan aýyrdyňyzmy? Ol sözüňizi başga bir ýagdaý üçin ulansaňyz bolmazmy? — diýmekden başga çäre tapmady.

* * *

Maňa Muhammet ibn Hasan Eswet şeýle gürrüň berdi. Ol hem Zekeriýa Kettandan eşidipdir. Kettan şeýle diýipdir: «Gazzal dükanymyň öňündäki kiçijik bir ýeri kireýine aldy. Kireý puluny ýeňletmek üçin kireý puluny bir balykçy bilen paýlaşdy. Husytlykda Gazzaldan üstün hiç kim ýokdy. Öýünden getiren bir döwüm çöregini çorbasyz iýýärdi, kämahal hem hasabyndan aýyrmak şerti bilen balykçydan bir balyk alyp, çörek bilen iýerdi. Ýöne onuň balyk iýişini görmek örän geňdi. Çöregi balygyň arkasyna sürüp, soň dişlärdi. Balygyň gutarmagyndan gorkýandygy üçin içini duz bilen dolduryp çişirýärdi. Balyga bolan işdäsi açylan mahaly bolsa, balygyň burnunyň ujundan iýip başlardy. Kellesini iýensoň, balygy bir gyra go-

ýardy. Dükandan tor ýasamak üçin alan ýüpüniň üstüne balygyň bahasyny hem goýup balykça satýardy. Şeýdip, balyk mugt galýardy.

* * *

Bir dostum Abdylla ibn Mukaffagdan rowaýat edip, ol şeýle gürrüň berdi: «Ibn Juzam Şebi meniň ýanyma gelip-giderdi. Öýümde nahar iýerdi. Howa salkynlaşansoň hem gidýärdi. Men onuň baýdygyny we husytdygyny bilýärdim. Bir gezek ol meni myhmançylyga çagyrdy. Ýöne men baryp bilmejekdigimi aýtdym. Ol maňa:

— Janym saňa pida bolsun. Maňa zähmet bolaryn öýdüp ýüregiň awamasyn. Meniň saňa etjek hödür-keremim gury çörekden, duzdan we suwdan ybarat — diýdi.

Ol hödür-keremi ýeňilleşdirip, maňa çakylygy kabul etdirjek bolýandyr öýtdüm. Öz-özüme: «Bu bir adamyň: «Oglum bize çörek owuntygyny, dilegçä bäş hurma ber. Bu köp bermek diýmekdir» diýen sözüne meňzeýär» diýdim. Kimdir biriniň meni Bagdadyň günbataryndaky Harbyýe mähelesine çagyryp, çörek owuntygy we duz hödür etjekdigi barada pikir etmeýärdim. Ýanyna baranymda, dogrudan hem ol maňa çörek böleklerini we duz hödürledi. Şol wagt el serip gelen gedaýy hem gapydan kowdy.

* * *

Abu Ýakup ibn Zeknany: «Baý bolanymdan bäri et iýmedik günüm ýok» diýerdi. Ol her juma günleri bir dirheme sygyr etini satyn alardy. Käşir möwsümi bolsa, bir danyga[1] käşir satyn alardy. Bulardan batyrma bişirerdi. Juma güni maşgalasy bilen bilelikde batyrmanyň üstki bölegini iýerdiler. Ruh güni

[1] Danyk – ölçeg birligi, 1/6 dirheme deň.

etiň suwundan dograma ederdiler. Dynç güni soganlaryny, hoş güni bolsa ýagyny iýerdiler, sogap güni bolsa etini iýerdiler. Onuň: «Baý bolanym bäri et iýmedik günüm ýok» diýmeginiň sebäbi şudy.

* * *

Dostlarym şeýle gürrüň berýärler: «Biz Fyrat bilen Dijle derýasynyň aralygynda ýaşaýanlara myhman bolduk. Olar ýurtlary sowuk bolsa-da, kän odun ýakmaýardylar. Topraklary ýylgyn tokaýlyk bilen bürelendi. Olara: «Topraklaryňyzda ýylgyn tokaýyndan has jomart zat ýok bolsa gerek» diýdik. Olar: «Hawa, jomartdyr, ýöne biz onuň jomartlygyndan gaçýarys. Onuň tüssesi nahary tiz siňdirýär. Biziň çaga-çugalarymyz bolsa has köp» diýdiler.

* * *

Käbir adamlar mazyhlar we mudeýbirler[1] birnäçe sebäp zerarly aýyplaýarlar. Ol sebäpleriň biri hem olaryň arpa unundan köke ýasap, içine şeker we hoz goýmaklarydyr. Mazyhlylar husytlykda tanalmaýarlar, ýöne olaryň maddy ýagdaýlary dogrudan hem erbetdir. Bu olaryň örän tygşytly bolmaklarynyň esasy sebäbidir. Biziň esasy aýtjak zadymyz, ýagdaýlary gowy bolsa-da, husytlar bilen, ülkeleriniň hasylly bolmagyna garamazdan, gytlykda ýaşaýanlaryň ýagdaýyndady. Darlykda tygşytly bolanlar biziň kitabymyzyň daşyndadyr.

* * *

Mekki şeýle gürrüň berýär: «Kakamyň Süleýman Kusry atly bir agasy bardy. Oňa bu adyň dakylmagynyň sebäbi, onuň köp mal-mülküniň barlygydy. Men ýetginjeklik ýaşyna ýet-

[1] Mazyhlar we mudeýbir – arap taýpalarynyň atlary.

ýänçäm onuň ýanyna barýardym, ýöne ol maňa hiç zat bermezdi. Bu meselede husytlygynyň çägi ýokdy. Bir gezek onuň otagyna barsam, öňünde bir kyrata hem ýetmejek dalçyn däneleri bar eken. Ol iýip bolansoň, men hem biraz alyp iýeýin diýdim. Ýüzüme alarylyp seredensoň, men elimi çekdim. Ol maňa: «Çekinme, al! Seniň meniň ýanymdaky ornuň arzuw edişiň ýalydyr. Hemmesini al, men olaryň hemmesini saňa berýärin. Alla şaýatdyr, eliňe gowşan haýyr sebäpli özümi bagtly saýýaryn» diýensoň, alan zatlarymy öňüne taşladym. Ýanyndan turdum, ýüzümi Yrak tarapyna öwürdim we gaýdyp onuň ýüzüni görmedim.

* * *

Mekki Süleýman Kusry barada şeýle diýdi: «Men Ymraul Kaýsyň:

Örän semiz hem süýtlek kän goýunlar bar bizde,
Hasa ýaly şahlary syn etseňiz, baksaňyz.
Ýag bilen peýnir mydam bar biziň öýümizde,
Baýlygyň deregine biz hemişe dokmaňyz —

diýip aýdan setirlerini okanymda, Süleýman meni eşitdi. Ol şygyry diňlänsoň: «Käşge, eşiklerden hem gürrüň gozgasady» diýdi.

* * *

Süleýman Mekgedäki Abu Kubeýs dagyny ýaryp, daşyny alyp, özüne öý gurup ýören Ýahýa ibn Halyda: «Daglaryň pirini sarsdyrýarsyň» diýipdir.

* * *

Ol az gülýändigi we gaşlary çytykdygy üçin özüni ýazgarýanlara: «Gülmek we şatlyk adamynyň ýazgarylmagyna alyp geler. Ine, bu seniň gülmegiňe iň uly päsgeldir» diýer eken.

* * *

Men bir gezek agşam Merkez metjidinden çykyp gelýärkäm, öňümden Mahfuz Nakgaş çykdy. Onuň öýüniň gabadyndan geçip barýarkam, myhmançylyga çagyryp:

— Howa sowuk, ýagyş ýagyp dur. Meniň öýüm seniň öýüň. Iňrik hem garaldy. Öýde gaýmak bilen iýere hurma hem bar — diýdi.

Men hem ylalaşdym. Ol bir haýukdan soň eline bir käse gaýmak we bir tabak hurma alyp geldi. Men elimi süýde uzadanymda ol maňa:

— Eý, Abu Osman! Bu süýt aşgazana agyr geler. Gije çyg, sen bolsa ýaşuly adam, bir tarapyň hem ysmaz. Sen gowusy agşam naharyny edinme. Eger sen gaýmakdan az iýseň, iýmedik hasaplanarsyň, köp iýseň bize bir gijäni erbet geçirdersiň. Iýeniňi siňdirmegi ýeňilleşdirjek ne şerbet bar, ne-de bal. Bulary men saňa «eýle boldy, beýle boldy» diýip aýtmazlygyň üçin aýdýaryn. Walla, aslyýetinde men arslanyň dişleriniň arasynda galdym. Eger bulary saňa getirmesem, husytdyr öýderdiň. Eger saňa bulary aýtmasam, nesihat bermedi diýip pikir ederdiň. Men ikisini hem aýdyp, jogapkärçilikden halas boldum. Eger isleseň iý, isleseň sabyr et, sag-salamat ýat — diýdi.

Men şol gije gülüşim ýaly ömrümde gülmändim. Hemmesini iýdim. Keýpimi kökledim. Kimdir biri onuň süýji sözlerini eşiden bolsady, onda onuň bilen bile gülmek zerarly gülki meni öldürerdi. Sebäbi ýeke gülmek, bile gülmegiň ýarysy ýalydyr.

* * *

Bir gezek Abyl Kumakym: «Tygşytly bolmagyň ýoly elimi hiç kime bermezlik. Eger ol maňa degişli bolsa meniňkidir. Maňa degişli bolmasa, onuň meniň elime düşmegine sebäp bolan adamdan meniň eýe bolmaga hukugym uludyr. Kim zerurlyk ýok mahaly bir zady başgasyna berse, beren adamsy üçin ol zat onuň ygtyýaryndadyr» diýipdir.

Günlerde bir gün bir aýal oňa: «Eý, Abyl Kumakym! Men gündizlik (diňe gündiz gelýän) bir adama äre bardym. Indi geler wagty golaýlaşdy, emma üst-başym düzüw däl. Şu çörege bir gül, şu pula hem müşk-anbar alyp gel. Sogap gazanarsyň. Kim biler, Alla onuň kalbyna söýgi salyp, seniň saýaňda onuň bilen güzeranymy geçirerin. Dogrusy, ýagdaýym erbetleşdi we gaýgy-gussam iň soňky çägine ýetdi» diýipdir. Abyl Kumakym çöregi we puly alyp, ýüzüne sylypdyr we gaýdyp yzyna gelmändir.

Birnäçe günden soň ýaňky aýal ony görende:

— Eý, Allam! Seniň rehimiň inmeýärmi? Haýp saňa Abyl Kumakum, nirelere ýitirim bolduň? — diýipdir.

Ol bolsa:

— Puly ýitirdim, çöregi hem iýdim — diýip, jogap beripdir.

* * *

Abyl Kumakym bir aýala aşyk bolupdyr. Onuň yzyna yzygiderli düşüp, onuň yzynda zir-zibil bolupdyr. Aýalyň ahyrynda rehimi inip, oňa razy bolan. Ýaňky aýal iýermen eken, ol bolsa az iýýär eken. Ol bir gün aýalyndan halwa taýýarlamagyny sorapdyr. Aýaly oňa: «Sen menden has gowusyny taýýarlarsyň» diýensoň, ol dymypdyr. Aradan birnäçe gün geçen-

soň Abyl Kumakym öňürti oňa özüniň haýs[1] iýmek isleýändigini, soň bolsa etli çorba iýmek isleýändigini aýdypdyr. Ahyry aýal oňa:

— Yşgyň kalpda, ruhda we iç dünýädedigini bilýärin. Ýöne seniň yşgyň aşgazanyňda eken — diýipdir.

* * *

Abyl Asbagyň aýtmagyna görä, bir gezek Abyl Kumakym özi üçin bir gyza gudaçylyga baryp, onuň mal-mülküni sorapdyr. Gyzyň maşgalasy:

— Onuň näme mal-mülki bolsa aýtdyk. Hany seniň näçe mal-mülküň bar? — diýip soranlarynda, olara:

— Meniň mal-mülkümi näme üçin soraýarsyň. Onuň zady ikimize hem ýeter ahyry — diýip, jogap beripdir.

* * *

Men ubulleli bir garry adamyň: «Basranyň garyplary ubulläniň garyplaryndan has mertebelidir» diýendigini eşitdim. Ondan: «Munuň sebäbi nämekä?» diýip soranlarynda, ol: «Sebäbi olar baýlara uly hormat goýýarlar, işlerinde hiç kemlik goýmaýarlar (berlen zadyň hemmesini iýýärler)» diýip, jogap beripdir.

* * *

Ubulleli iki adamyň arasynda dawa ýüze çykýar. Biri beýlekisine erbet paýyş söz aýdýar. Beýlekisi hem edil şonuň ýaly jogap berýär. Ýöne ol ýerdäkiler edil şonuň ýaly deň jogap bereni ýazgarýarlar. Men munuň sebäbine düşünmedim. Ol ýerdäkiler: «Sebäbi onuň mal-mülki kän. Bu görnüşde söz aýtma-

---

[1] Haýs – araplarda bir naharyň ady.

gyna rugsat bersek, garyp bilen baýyň arasynda tapawut galmaz. Bu hem erbede alamat» diýdiler.

* * *

Hamdan ibn Sabah özüne erbet bir söz aýdan Ryýah barada: «Ryýah maňa erbet söz aýdansoň, men hem oňa nädip erbet söz aýtmaýyn? Onuň mal-mülki meniňkiden has köpmi?» diýipdir we dymypdyr.

* * *

Aý aýdyň we deňziň joşan mahaly, ubulleliniň öýüne myhman bolan basrala: «Deňziň beýle beýgelendigini hiç görmedik. Deňiz doly mahaly syýahat etmek gör nähili oňat. Deňiz doly mahaly Basra gitmek, joşan mahaly Ubullä gitmekden has oňatdyr» diýip, birnäçe gezek aýdanlaryndan soň basraly adam, deňziň joşýandygyny kabul etmekden başga çykalga tapmandyr.

* * *

Ahmet ibn Hareki özünde ýok zat bilen öwünýän husyt adamdy. Iň erbedi hem donuna dört ilik tikerdi. Maksady adamlaryň onuň iki sany don geýip ýör diýip pikir etmekleridi. Bazardan üzüm, hurma we onuň ýapraklaryny satyn alyp, öýüne göterip gelen hammaly gapysynyň öňünde biraz garaşdyrar eken. Ol özüniň ýeri köp diýip pikir etmeklerini islär eken.

* * *

Ol şerapçylaryň şerap gaýnadýan gazanlaryny kireýine almak üçin olaryň ýanyna gelip, uly gazany alar eken. Hammallarynyň kireýini tölemez eken, hammal onuň gapysynyň öňünde: «Şerapdyr içgi alýarlar, soň bolsa puluny tölemeýärler» diýip gygyrar eken. Sesini eşiden goňşulary hem ol şerap-içgi sa-

tyn alandyr öýder ekenler. Tersine, hatda onuň öýünde bir küýze toşaby hem ýokdy. Ol şahyryň:

Örän gymmat jan saňa, muny ýagşy bildim men,
Hatda ýokarda ýaly ol asmanyň buldundan.
Ulanmazdan ýelpewaç kowýarsyň sen siňegi,
Bizden galan çöregi iýer öýdüp galdyň sen —

diýen sözlerini eşidende: «Näme üçin siňekleri çörekden kowduň. Alla lagnat etsin. Siňekler olaryň nahara bolan işdäsini tutýar we çanaklaryny arassalaýar. Näme üçin siňekleriň çanaklara, burunlara we gözlere gonmagyna päsgel berdiň! Men näçe gezek gyrnagyma olar nahardan ürküp iýmesinler diýip, birnäçe siňegi nahar gabyna salmagyny aýdypdym ahyry» diýipdir.

* * *

«Çöregiň seniň ýanynda örän gymmatlydygyny gördüm» diýen söze gelsek, onuň manysy şeýledir: «Ähli adamlaryň esasy iýmiti iýmitleriň asly we iýmitleriň hojaýyny bolan çörege ähmiýet bermesem, haýsy zada ähmiýet bereýin? Ýok, men, tä, demim gutarýança, gözlerimde ýaş boldugyça oňa ähmiýet berjek, ähmiýet berjek, ähmiýet berjek ...».

* * *

Onuň özüni öwmek meselesinde Ybraýym ibn Hany maňa şeýle gürrüň berdi: «Biz bir gün bile otyrdyk. Ýanymyzdan bir satyjy geçip barýardy. Ol: «Garaly, garaly» diýip gygyrýardy. Men: «Garaly çykdymy?» diýip soradym. Ol hem garalynyň çykandygyny we ony köp iýendigini aýtdy. Men gaharlanyp satyjyny çagyrdym we ýüzümi Ibn Harekä öwrüp: «Saňa haýp bolsun! Biziň ýagdaýymyz seniňkiden gowy bolsa-da, biz he-

niz garalynyň çykandygyny eşitmedik. Sen bolsa eýýäm ony iýendigiňi aýdýarsyň» diýdim, soň satyjydan garalynyň bahasyny soradym. Satyjy alty garalynyň bir dirhemdigini aýdanda, Ibn Harekä: «Alty garaly üçin bir dirhem berýärmisiň? Sen ol arzanlansoň iki ýüz sanysynyň bir dirhem boljakdygyny bilmeýärmiň?» diýdim. Ibn Hareki bolsa: «Bir zat bilen alty sany zady almak ýaly arzan söwda bolarmy?» diýdi.

* * *

Salyh ibn Attanyň hyzmatkäri gijelerine ahyrda şem ýakmak üçin hojaýynyndan nebit ýagyny alar eken. Oňa her gije üçin üç fels nebit ýagyny bererdi. (Dört fels bir tassuja, bir tassuç iki habba[1] deňdir). Salyh ibn Attan oňa bir tassuç artyk bermejek bolup: «Nebit ýagy üçin bir tassuç artyk geler. Bir habba bolsa az. Bir habba bilen bir tassuç arasynda ok atym aralygy bar» diýip, bir tassuç bilen habbanyň arasyndaky sähelçe agramyň gürrüňini eder eken.

* * *

Ol ogluna şeýle diýer eken: «Hammam eýesine-de, köpri eýesine-de bir tassuç berersiň. Ol seniň ýanyňda üç felsden başga puluň ýokdugyny görensoň yzyna öwürmez, hökman alar».

* * *

Abu Kagp şeýle gürrüň berýär: «Musa ibn Jenah bir gezek goňşularyny agzaçara çagyrdy. Olaryň arasynda men hem bardym. Ol agşam namazyndan soň bize öwrülip:

— Howlukmaň, sebäbi howlukmaçlyk şeýtandandyr. Aýdýanlarymy gowy diňläň, sözlerimde nahar iýliş düzgüni,

[1] 1 habba – 0, 059 gr deň bolan ölçeg birligi.

öwünjeňlikden gaça durma we gözel gylyk-häsiýete mysallar bardyr. Eger araňyzdan biri suw içmek islese, ol suwuny içýänçä garaşyň. Eger garaşmasaňyz, nahary çaltlyk bilen iýer we ol onuň ölümine sebäp bolup biler. Iň azyndan nebsejeňlik bilen iýmegine ýa-da dogramçalary uludan almagyna sebäp bolarsyňyz. Bir araba: «Näme üçin dogramanyň içindäki etleri iýýärsiň?» diýlende, «Sebäbi etler ýolagçy, dograma bolsa ýerlidir» diýipdir. Men aýdýan zatlarymy hut özüm ýerine ýetirýärin. Aýdanlarynyň tersini görseňiz, maňa boýun bolmaň — diýdi.

Abu Kagp soň yzyny şeýle gürrüň berdi: «Musa ibn Jenahyň bu sözlerini unudanlar, kämahal ellerini bir suwa, bir nahara uzadýardylar. Musa olara: «Eliňi çek, paň kelle! Eger edep diýen bir zat bolmasa, saňa şagal diýerdim» diýdi.

Musa ibn Jenah bize şekerli palaw getirtdi. Ýöne içindäki tüwüleri sanaýmalydy. Onuň üstüne ýarym käse şeker guýdular. Agzyma diňe azajyk şeker degdi. Musa ibn Jenah ýanymdady. Şekeri çeýneýärkäm sesi eşidilýärdi. Ol maňa:

— Gowy çeýne, gowy çeýne, eý, Abu Kagp! — diýdi.

Men hem:

— Saňa ýazyklar bolsun! Alladan gorkmazmyň? Bölüp bolmaýan zady nädip çeýnäýin? — diýdim.

## IBN UKDY KYSSASY

Ibn Ukdy kämahal dostlaryny öýüne çagyrýardy. Men onuň kalby muňa çydam edip biler öýtmeýärdim. Oňa myhman bolanlardan onuň ýagdaýy barada soradym. Olar hem meniň hiç kime aýtmajakdygym barada söz bermegimi talap etdiler. Men hem Basrada wagtym agzymy açmajakdygym barada söz berdim. Olar maňa: «Ol biz üçin gabykly tüwi satyn aldy. Öýüne baranymyzda hyzmatkärine tüwüni el degirmeninde üwetdi. Soň bolsa tüwini arassalap, gabyklaryny aýyrdy we öz degirmeninde täzeden üwedi. Bereketi artýandygy üçin hamyry gyzgyn suwda ýugurdyp çörek bişirtdi. Şol mahal gelen dost-laryndan bakjanyň gyrasyndan geçýän ýapdan balyk tutmaga kömekleşmegimi sorady. Biz balyklaryň gaçmazlygy üçin aryklary ýapdyk, ol hem oýuklardan elleri bilen balyk tutýardy. Tutan balyklarymyzy ojakda kebap edip iýýärdik. Şeýdip agşa-ma çenli açlykda günümizi geçirdik. Agşam naharynda öňümi-ze goýlan tüwi unundan bişirilen çörekden başga zat ýokdy. Aslyýetinde mümkin bolsa, has erbedini hem ederdi. Olara: «Näme üçin size munça zähmet çekdirýär? Käşge, ekininiň tü-wüsinden çörek bişirip iýdirsedi» diýenimde olar: «Walla, ol bu aýdýanlarymyzy eşidäýse, bize örän gaharlanar. Muny bir eşitmäwersin, biz garyp adamlar ýagdaýymyz gowy bolsa bu işe baş goşmazdyk» diýdiler.

* * *

Mekki Ysmaýyl ibn Gazwanyň ýanynda geçiren gijesini şeýle gürrüň berýär:

«Ysmaýyl meniň Muweýsiň öýünde agşam naharyny iýendigimi we ýanymda bir çüýşe nebiziň[1] bardygyny bilýändigi üçin gijäni öz ýanynda geçirmegimi haýyş etdi. Gijäniň ýarymynda ukym agyrlaşansoň, elime ýassanyp, kilimiň üstünde ýatdym. Onuň öýünde bir namazlyk we bir-de togalak ýassykdan başga zat ýokdy. Ol ýassygyny maňa berjek boldy, ýöne men kabul etmedim. Emma ol özelenip duransoň, almaly boldum. Ýöne gaty kilim ukymy gaçyrdy. Meni uklandyr öýdüp, ol ýuwaşlyk bilen ýassygy çekip aldy. Men bagtyýarlyk bilen gülüp, oňa:

— Hany gerek däl diýýärdiň-ä? — diýdim.

Ol hem maňa:

— Men seniň kelläňi düzeldeýin diýdim — diýdi.

Men:

— Onda-da ýassygymy-ha alyp gitdiň — diýenimde, ol:

— Aslyýetinde düzeltmek üçin galypdym welin, ýöne näme üçin gelendigimi unutdym. Nebiz adamda huş goýýarmy? — diýdi.

* * *

Hyzamy, Mekki we Arudy dagylar şeýle gürrüň berýärler: «Biz Ysmaýylyň: «Husytlar özleriniň jomartlardan has akyllydyklary meselesinde deň garaýyşdadyrlar. Serediň, biz bir jemagat. Adamlar biziň käbirimizi husyt, käbirlerimizi hem jomart hasaplaýarlar. Seredip görüň, haýsy topar akylly. Ine men, ine Sehl ibn Harun, ine Hakan ibn Subeýh, ine Japar ibn Sagyt, ine Hyzamy, ine Arudy, ine-de Abu Ýakup Hureými.

[1] Nebiz – üzüm şerbeti.

Bolýar, seniň ýanyňda jomart hasaplanýanlardan Abu Yshakdan başga kim bar? diýendigini eşitdik».

* * *

Mekki ýene şeýle gürrüň berýär: «Bir gezek Ysmaýyla: «Adamlara kömek edýäniň özi kömege mätäç bolanda, oňa kömege ylgan kişini görmedim» diýdim. Ol: «Köňülden beren bolsalardy, Alla haýynlygy olaryň üstünde jemlemezdi. Peşgeşleri ýerlikli bolsa, Allatagala bela üçin gullarynyň arasyndan olary saýlamazdy» diýip, jogap berdi.

* * *

Temmam ibn Abu Nugaým goňşusy barada şeýle diýýär: «Bir goňşym bardy, toýunda kürpe halwasyndan başga zat bermedi. Oňa: «Kynçylyk köpelýär we azyk azalýar» diýdiler. Ol: «Rahatlygy tiz gazanmak üçin zelel-zyýanyň agyrlygyna sabyr edýärin. Alla aýallara lagnat etsin! Olaryň sözlerine uýanlaryň olardan has şerlidigine şek-şübhäm ýok» (bu ýerde ol çykdajynyň çykmagyna aýallaryň sebäpkärdigini düşindirmäge synanyşýar).

* * *

Aýtmaklaryna görä, bir adam baryp ýatan husytmyş. Hatda husytlaryň hem husydymyş. Eline düşen pul bilen gürleşer eken we pula ýüzlenip: «Janym saňa pida bolsun! Maňa gelmekde näme üçin beýle gijä galdyň?» diýermiş. Hatda bir gezek: «Sen haýsy ýollary geçdiň! Haýsy jübülere girip-çykdyň, haýsy pes adamy beýgeltdiň? Haýsy abraýlyny peseltdiň? Mundan soň hiç kim seni horlamaz» diýip, puly kisesine salarmyş. Soň hem: «Allatagalanyň ady bilen mundan soň peselmersiň, harlanmarsyň, bu ýerde otyr» diýip, nesihat edermiş.

Onuň kisesine giren dirhemiň çykandygyny gören bolmandyr. Bir gezek maşgalasy oňa öý üçin gerek-ýarak zatlaryny alyp bermegini, hiç bolmasa ýekeje dirhem harçlamagyny sorap, oňa ýalbar-ýakar edipdirler. Ol bularyň aýdýanyny etmejek bolup baý jan çekipdir. Ahyry hem eline bir dirhem alyp bazara tarap ýola düşüpdir. Ol ýolda eline ýylan alyp oýnadýan birini görüpdir. Ol adam dirhem gazanmak üçin ýylany özüniň daşyna orar eken. Ýaňky husyt öz-özüne: «Adamlar bir dirhem üçin özleriniň janyny pida edýärler. Men bolsa bu bir dirhemi iýmit üçin sarp edýärin. Bu görýän zadym Allanyň maňa öwüdinden başga zat däldir» diýip, öýüne gaýdypdyr we dirhemi sandygyna salyp goýupdyr.

* * *

Bu adam maşgalasynyň başyna bela eken. Maşgalasy onuň tizräk ölmegini arzuw edermişler. Ol ölensoň ondan halas bolduk diýip pikir edipdirler. Onuň mirasy ogluna galypdyr. Bir gün ogly: «Kakam çöregi näme bilen iýýärdi? Çykdajynyň köpüsi nahar zerarlydyr» diýipdir. Maşgalasy oňa: «Bir bölek peýnir bilen» diýipdirler. Ogly ol peýniri görmek isläpdir. Görse, ýüzüne çörek çyzylyp, ýol-ýol bolup gatap giden peýnir eken. Ol: «Bu ýollar näme?» diýip sorapdyr. Oňa kakasynyň çöregi şol peýniriň üstüne çyzyp iýýändigini aýdypdyrlar. Onda ogly kellesini tutup: «Ine, meni bu isrip perişan etdi. Onuň beýle isripçidigini bilen bolsam jynaza namazyny hem okamazdym!» diýip zeýrenipdir. Ondan: «Ýeri, indi sen näme etmekçi?» diýip soranlarynda: «Peýniri uzakda goýup, çöregi oňa uzadyp iýerdim» diýip, jogap berenmiş.

* * *

Bu soňky habar känbir hakykata meňzemeýär. Sebäbi hetdenaşmanyň çägi ýokdur. Biz bu kitapda husytlar baradaky

bolup geçen we bolup biläýjek gürrüňleri ýazýarys. Olaryň özleriniňkini dogry hasaplaýandyklary baradaky sözleri beýan edýäris. Bu soňky habar bu çägiň daşyndadyr. Ýöne indiki aýtjaklarym kitabymyzyň içine girjek häsiýetden dörän wakalardyr.

* * *

Ibn Juhana Sakafy şeýle gürrüň berýär: «Nebiz gözleýän kişä, nebiz bermeýäniň halyna geň galýaryn. Sebäbi nebiz ýa hassadan gan alynjak mahaly, ýa gan beriljek mahaly, ýa myhman gelende, ýa täze balyk iýlende ýa-da derman içilende içilýär. Ýygnamak üçin nebiz gözleýäni görmedik. Nebiz — gözlenmegi we peşgeş berilmegi ajap bolan zatdyr. Örän arzan bolmagyna garamazdan, berilmezliginiň sebäbi nämekä? Meniň pikirime görä, ony diňe jomartlykdan paýy bolmadyk bermez. Men nebizi peşgeş berenimde onuň azalmagyna hiç gynanmaýaryn. Kim özüne zyýan beriljek bir zat bilen ýagşylyk etmegi terk etse, özüne zyýan berjek ýagşylygy etmekden daşda galar.

Ibn Juhana bu ýerde nebizi peşgeş bermek bilen eden jomartlygyndan gürrüň gozgaýar, emma dostlaryndan gizlemek bilen eden husytlygyndan gürrüň açmaýar.

* * *

Asmaýy şeýle gürrüň berýär: «Şäherlilerden biri özüne berlen eşegi ahyra daňdyrypdyr. Ukudan oýanyp görse, eşek iým iýip duran. Soň ýene uklaýar. Turup seretse, eşek henizem iým iýip dur. Ol muny görüp hyzmatkärine: «Oglum! Bu eşegi sat. Satmasaň sowgat ber. Hiç kim almasa, yzyna ber. Eýesi hem yzyna almasa, öldür. Men ýatýaryn, ol ýatmaýar. Ol meniň ähli zadymy iýip gutarjak!» diýip, tabşyryk beripdir.

* * *

Abyl Hasan Medaýyny şeýle gürrüň berýär: «Medaýyn şäherinde husyt bir hurma satyjy bardy. Hyzmatkäri hatda ol dükanda bar wagty hem iýjek hurmasyny bildirmezden alýardy. Satyjy dükana girip, ony görmese gizlin hurma iýýändir öýdýärdi. Bir gün ol hyzmatkärinden hurma iýip ýa iýmeýändigi barada sorady. Ol hurma iýýändigini inkär etdi. Onda ol onuň çeýnemegi üçin bir bölek ak pamyk berdi. Hyzmatkär pamygy çeýnäp çykaranda, pamykda süýjülik we sarylyk gördi. Oňa: «Men seniň her gün hurma iýýändigiňi bilýärin. Öýümden ýok bol!» diýip, ony kowup goýberdi.

* * *

Ýanymyzda eset ogullary taýpasyndan bir adam bardy. Bu adama hurma ýolup bermek üçin agaja çykan bir husydyň ogly agaja çykmazdan öňürti agzyna suw doldurdy. Töweregindäkiler ol adamyň üstünden gülüp: «Ol suwy içýär we agajyň depesinde hurma iýýär. Inmek islände eline peşew edýär» diýdiler.

* * *

Maňa tüçjar baý bolan Dardeşiniň goňşusy şeýle gürrüň berdi: «Dardeşi meniň ýanymda bir gedaýa gaharlandy. Soň ýene bir dilegçi geldi, oňa hem gaharlandy. Ýöne ol bu ikinjä has gatyrak gaharlanypdy. Men ondan:

— Sen dilegçileri halamaýarsyň öýdýän? — diýip soradym.

Ol:

— Hawa bularyň köpüsi menden hem baý — diýdi.

Men:

— Sen olara bu zerarly gaharlanýandyr öýdemok — diýdim.

Ol:

— Olar eger güýçleri ýetse, öýümi hem düýbi bilen sogurjaklar. Olaryň isleýän zadyny bersem bir eýýäm men hem olar ýaly bolardym. Meni özleri ýaly bolmaga mejbur edýänlere gaharymyň nähili boljakdygyny barada pikir edäý? — diýdi».

* * *

Onuň dogany bilen ähli zady ortak we umumydy. Husytlykda hem şonuň ýalydy. Bir anna güni onuň gapysynyň öňünde durkak, öňümize Basrada iki danyga deň bolan bir tabak hurma goýdy. Biz olary iýip otyrkak dogany geldi. Öýüne girýänçä ne salam berdi, ne-de gürledi. Ol şadyýan görnüp, emlägini goramak üçin uly tagalla edýärdi. Sebäbi ol husytlyk bilen ulumsylygy birleşdirmegiň, adamlaryň öýke-kinesini özüne çekmegiň ölüme sebäp bolup biljekdigini gowy bilýärdi. Biz onuň bu hereketiniň sebäbine düşünmedik. Indiki anna güni üçin dogany bize ýene-de bir tabak hurma hödürledi. Biz hurmalary iýip otyrkak, dogany öýden çykdy, ol ne salam berdi, ne-de durdy. Biz örän geň galdyk we sebäbine ýene-de düşünmedik. Üçünji anna güni ýene-de şol öňki ýagdaý gaýtalanansoň, ol doganyna şu haty ýazdy:

«Doganym! Aramyzdaky umumylyk çagalar köpelmezden öňürtidi. Çagalar köpelensoň düşünişmezlik ýüze çykar. Çagalarymyz bize zyýan ýetirip bilerler. Ine, şu ýerde bar mallaryň ýarysy seniňki, ýarysy meniňki. Ikimiziň hem öýümizde altyn we kümüş bar. Haýsysynyň köpdügini bilmeýäris. Eger Allanyň ýazgydy gelip gapymyzy açsa, çagalaryň arasynda dawa başlar we aýallarymyz biri-birlerine gygyryşarlar. Bu işiň çözgüdini tizden-tiz amala aşyrmalydyrys».

Dogany haty görüp gorkdy. Köp pikirlendi. Çagalaryny ýygnap olara: «Siziň biriňiz bir ýalňyş goýberen bolmaly we

bu bela aýallaryň ýalňyşlary sebäpli başymyza gelen bolmaly» diýipdir.

Ol öz maşgala agzasynyň günäsizdigini bildi we pyýada, aýakýalaňaç doganynyň ýanyna baryp:

— Zatlarymyzy bölmäge sebäp bolan zat näme? Derrew şu mahal metjide gelýänleriň iň takwalaryny çagyr, ýer meselesinde seniň wekiliňdigime olary şaýat edineýin. Öýümdäki ähli zady öýüňe alyp git we meni şu mahal synap gör. Sen men hile we oýun edýändir öýdýärsiň, hemmesi seniňki bolsun. Şu wagt senden isleýän zadym, günämiň nämedigini aýt — diýipdir.

Dogany oňa:

— Seniň günäň ýok. Ýöne bölüşmekden başga çäre ýok — diýipdir. Ol günüň ýarysyna çenli günäsiniň sebäbini aýt diýip ýalbardy. Emma ol hiç zat aýtmansoň, agşama çenli ýalbarypdyr. Ahyry dogany çydamady we oňa:

— Maňa hurma tabaklaryny başgalaryň öňüne goýmagyň, ýollara gamyşlary sermegiň, sowuk suw bermegiň we her anna güni adamlary gapynyň öňünde ýygnamagyň barada gürrüň ber! Seniň bu jomartlyklaryňy görmez ýaly, näme men kördürin öýtdüňmi? Olara bu gün üçünji hil, ertir ikinji hil soň birinji hil hurma iýdirmäge başlarsyň. Anna günlerinden başga beýleki günlere hem nobat geler. Soň olar hurmany öýlänlik naharyna öwürerler. Soň agşam naharyna. Soň nobat lybasa, owlaklara, guzulara we zynatlara geler! Bulara hazyna hem çydamaz. Köpükme-köpük, däne-däne, ýarym-ýarym, çärýek-çärýek ýygnan bir täjiriň baýlygy muňa nädip çydasyn? — diýipdir.

Onda ol:

— Janym saňa pida bolsun! Bularyň üstüne goşmaça hökmünde meniňem hurma iýmegimi islemeýärsiň dälmi? Alladan ant içýärin, olar bilen indi hiç haçan gürleşmerin! — diýipdir.

Dogany hem oňa:

— Seresap bol! Ikinji gezek ýalňyşaýma! Bir gezek olary tama etdirmek, bir gezek hem olaryň duşmançylyklaryny gazanmak. Bu işiň içinden olaryň duşmançylyklaryny gazanmazdan çyk. Muny ýuwaş-ýuwaş et. Meniň öwütlerimi al we halas bol! — diýipdir.

* * *

Abyl Huzeýl Muweýse bir towuk sowgat beripdir. Ol sowgat berer ýaly semiz towuk däl eken. Muweýs agraslygyndan we paýhaslylygyndan: «Nähili semiz we tohum towuk eken» diýipdir. Husytlygy bilen meşhur bolan Abu Huzeýl soň, ondan:

— Towuk nähili eken? — diýip sorapdyr.

Onda ol:

— Örän geň towuk eken! — diýipdir.

Abyl Huzeýl:

— Bilýärmiň ýaşy näçe? Towuk görnüşi we ýaşy bilen tagamly bolar. Bilýärmiň biz ony näme bilen bakdyk? — diýip soranda, Muweýs onuň sözlerine kah-kah gülüpdir.

* * *

Abyl Huzeýl sabyrly, ahlakly we arassa ynsandy. Onuň ýanynda towuk barada gürrüň gozgalanda: «Muweýse beren towugym ýalysy ýokdur» diýer eken. Eger ördekden, düýeden we sygyrdan söz gozgalsa, «Muweýse beren towugym ýaly barmy?» diýer eken.

Abyl Huzeýl guş ýa-da başga haýwan bakanda: «Walla, ol towuk ýalysyny görmedim» diýer eken. Etiň ýagynyň lezzetinden söz gozgalsa: «Lezzetli ýag, ördeklerde, sygyrlarda we towuklarda bolar. Aýratyn hem ol hili towuklarda» diýer eken. Eger bir waka barada gürrüň berse: «Ol towugy beren maha-

lym, berenimden soň, berenimden öň» diýip senesini aýdar eken. Towuk onuň üçin bir sene hasaby bolar eken.

* * *

Bir gün ol Muhammet ibn Jehminiň ýanyna geldi. Biz hem ol ýerde otyrdyk. Ol maňa garap:

— Men jomart adamdyryn. Şu ellerim pul gazanmakda örän ussat, ýöne sowmakda ejiz. Men bir mejlisde dostlaryma ýüz müň dirhem paýladym. Abu Osman bilýändir! Dogry dälmi Abu Osman? — diýdi.

Men oňa onuň aýdýanlarynyň hemmesiniň dogrudygyny, hiç kimde şek-şübhe ýokdugyny aýtsam-da kanagatlanmady, üstesine maňa ant hem içirdi.

* * *

Abu Sagyt Medaýyny Basranyň iň husytlarynyň biridi. Ol örän akylly we öňdengörüji adamdy. Wagtyň geçmegi bilen ol iň baý adamlaryň biri boldy. Oňa käbir dostlarymyz «husyt» diýýärdiler. Ol şeýle diýýärdi: «Her bir «leim»[1] husytdyr, ýöne her bir husyt «leim» däldir. Sebäbi husyda, az şükür edýäne we bigadyra «leim» diýýäris».

* * *

Abu Zeýt «leim we melwem» sözlerini şeýle düşündirýär: «Leim» — zaýa bolaýmasyn diýip, süýdi bedrä sagman, göwüsden emen kişidir. «Melwem» bolsa leimiň tarapdarydyr».

* * *

Sewb ibn Şahme Anbary özüniň asly hemedanly bolan bir aýaly barada gürrüň berip: «Süýdi göwüsden içen» diýipdir. Bu

[1] Leim – ýazgarylýan.

wakadan köp wagt geçmänkä, Anbary ol aýalynyň talagyny beripdir. Oňa:

— Husytlyk sebäpli bir aýalyň talak berlendigi nirede görlüpdir? — diýlende, ol:

— Men oňa onuň üçin talak bermedim. Özüne meňzeş çaga dograr öýdüp gorkdum — diýip, jogap berenmiş.

* * *

Rafyg ibn Hureými birine: «Ýanynda bedre barka, göwüsden süýt emsin» diýipdir. Bu gargyşyň bir görnüşidir.

* * *

Araplar özara çekeleşýärkäler: «Eger ýalançy bolsaň oturyp süýt sagarsyň (süýdi göwüsden emensiň)» diýýärler. Bu «Allatagala bol süýtli düýeleriň deregine gysyr goýunlary bersin» diýmekdir.

* * *

Malyň göwsünden süýt emýäniň husytlygyndan nädip şübhelenip bolar? Abu Sagyt Medaýyny mundan hem beterini edipdir. Ol bir çüýşe sirkeli şerbeti gutarýança dem alman sorupdyr.

Abu Sagyt Medaýynynyň husytlaryň töwereginde oturyp maslahatlaşýan bir topary bardy. Bu mejlise gatnaşýanlar Abu Sagydyň bir adamdan bäş dirhem algysyny almak üçin her gün Harbyýe mähellesine gidýändigini eşidip:

— Bu uly bir ýalňyşlykdyr we ýitgidir. Esasy zat öňürti elden gidermezlikdi. Dostumyz özüni zyýana sezewar edýär — diýdiler.

Soň içlerini dökmek we ondan gürrüň eşitmek üçin töweregine ýygnanyşdylar. Oňa:

— Bizden bihabar bir zat edendigiňi eşitdik. Bu beýlekileriň ýalňyşlaryndan has uly ýalňyşlyk. Üstesine-de, bu mesele ýüregimize düşbi hem-de kellämizi garyşdyrdy. Şu bäş dirhem meselesini bize gürrüň ber. Her gün Harbyýe mähellesine gitmek endamyňa zeper ýetirer we hassalarsyň. Şeýle hem bu ýol seni ýadadar. Eger agşam naharyny iýýän adam bolsaň, bu ýadawlyk köp iýmek höwesiňi artdyrar. Agşam naharyny iýmeýän bolsaň, onda agşam naharyna mätäçlik çekersiň. Bularyň ählisi bäş dirhemiň birnäçe essesi bolar. Şeýle hem bu ýolagçylyk mahalynda lybaslaryň we aýakgaplaryň köneler. Elbetde, sen bizden üstünsiň, ýöne bu hal-hereketiňi düşündirmegiňi soraýarys. Sebäbi biz seniň ähli işde dogry hereket edýändigiňi bilýäris — diýdiler.

Abu Sagyt bolsa:

— Hammallaryň we garawullaryň endamlaryndan has sagdyn beden gördüňizmi? Meniň bedenim çala hereket sebäpli ýadaýar. Menden öňküler eger ir ölen bolsa, munuň sebäbi az hereket edendikleri üçindir. Men öýde mahalym hem eýläk-beýläk ýöräp, hereket etmäge synanyşýaryn. Köp iýmek barada aýtsak, meniň janym nebsinden artyk iýmejekdigini ýatdan bilýär. Ol meni ýadawlyk günlerimde soraga çekjek bolsa, men ony rahatlyk günlerinde soraga çekerin. Aýakgaplarymy we lybaslarymy hiç haçan zaýalan däldirin. Olary elimde göterýärin, bir ýere baranymdan soň geýýärin, gaýdanymda hem şeýle. Olaryň rahatlygy ýerinde. Indi jogap bermedik bir zadym galdymy? — diýip sorady.

Ol ýerdäkiler:

— Ýok — diýişdiler.

Abu Sagyt:

— Aýdýanlaryňyzyň hemmesine jogap bolup biljek ýene bir zat bar — diýdi.

Olar nämedigini soradylar. Ol:

— Öýi maňa ýakyn bolup, müňlerçe dinar bergisi bolanlar, öýi uzakda bolup, az-owlak bergisi bolany nädip gysýandygymy bilseler, meniň karzymy derrew getirerler, emlägimiň üstünde oturmak baradaky pikirlerinden dänerler. Bu bir çäredir. Bu maňa rahatlyk berýär hem-de az algymdan dänmedigimi görkezmek bilen az berendigim üçin arkaýynlanýanlara hem päsgel bolýaryn. Oturanlaryň hemmesi ýuwaşjadan turdular we oňa garap: «Walla, mundan soňra senden hiç zat soramarys» diýdiler.

* * *

Maňa Ahmet Mekki şeýle gürrüň berdi: «Bir gezek Abu Sagyda:

— Dogrusy seniň baýlygyň köp, sen biziň bilmeýän zatlarymyzy bilýärsiň. Emma seret, köýnegiň kirläpdir. Näme üçin ýuwdurmaýarsyň? — diýdim.

Onda ol şeýle jogap berdi:

— Eger baýlygym az bolsady, men hem seniň bilýän zatlaryňy bilmesedim, onda näme diýerdiň? Alty aýdyr bu mesele barada pikirlenýärin, ýöne hakykaty bilip bilemok. Kämahal şeýle diýýärin: «Kirli eşik posuň demiri zaýalaýşy ýaly endamy zaýalaýar. Örgüleri gowşaýar. Üstesin-de erbet ys we betnyşan görnüş emele gelýär. Sen bilýärsiň, men algydarlarymyň öýüne çenli barýan adam. Bu zalym we birehim adamlar meni kirli lybaslaryň içinde görseler näme diýerler öýdýärsiň? Ýa meni hor hasaplarlar ýa-da görüşmek islemezler. Bu hem maňa zyýan berer. Baýlygy gorap saklamagyň ýoly, algydarlaryň bahanalaryny ýok etmekdir. Ine, bular barada pikirlenenimde ýuwdurmak isleýärin. Ýöne onda kelläme başga zatlar hem gelýär. Has dogrudyr, has laýykdyr diýip pikirlenen zadym: «Eşikler ýuwlanda suw we sabyn zaýalanjak. Gyrnak ýadap, köp nahar iýjek. Eger özi hapa bolsa, sabyn eşigi zaýalar. Eşikler ýüplere

serilende çekilip ýyrtylmagy hem mümkin. Şeýle hem şol gün öýden çykmajakdygym üçin öýdäkileriň islegleri üçin çykdajy etmeli bolaryn. Daşardaky algydarlarym bolsa men hassalap düşekde ýatandyr diýen gümana düşerler. Şeýle hem ak, gözel, owadan lybaslary geýsem, bedenimiň we saçymyň kiri görner. Görünmeýän zat görünensoň hem hammama gitmeli bolaryn. Hamмmama gitsem, lybaslarymyň ogurlanmagy we başga zyýanlaryň gelmegi mümkin? Meniň ýaş we owadan aýalym bar. Ol meniň müşki-anbar sepinendigimi, saçymy ýuwandygymy we eşiklerimi ýuwdurandygymy görse, maňa görünjek bolup iň gowy lybaslaryny geýer».

Ahmet Mekki başga-da kän zatlary gürrüň berdi. Onuň ýarysyny ol, ýarysyny hem men unutdym.

* * *

Abu Sagyt örän husyt bolmagyna garamazdan, agras we abraýly adamdy. Şu hadysa muňa bir mysaldyr: «Ol almaly wagty gelende bir dinaryny almak üçin sakyf taýpasyndan bir adamyň ýanyna gitdi. Onuň ýanynda köp oturdy. Öýle nahary wagty geldi. Nahar wagty algysyny sorady. Ol adam wagty bilen bermänsoň, oňa:

— Bu puluň tölenýän bir zekaty bar. Şeýle hem elimizden giderenimizde ýok bolmak howpy bilen uzak dawalara we terekä sezewar bolup biljekdigini bilýärdim. Sen kynçylyk döretmez we wagtynda yzyna berer öýdüp, sähelçe bir käre razy bolduň. Men bu bir dinary bir ýyldan soň yzyna almak şerti bilen saňa berdim. Ýene birki aý möhlet bersem, seniň ýaly karz soraýana berýänçäm, ol meniň elimde durar we men zyýan çekerin. Men köp wagtdan bäri senden algymy almak isleýärin. Seniň ýaly adam karzy uzaga çekdirmeli däl — diýdi.

Ol bulary aýdýarka, nahar iýmegini dowam edýärdi. Içeri sakyfly başga bir adam girdi we oňa:

— Eger algyňy soramaga gelen bolsaň muny saçak başynda däl, metjitde aýdarsyň — diýdi.

Abu Sagyt derrew saçak başyndan turdy. Ol adama topulagan düýe ýaly bolup seretdi. Onuň ýanyna gelip:

— Eý, saňsar! Men diňe düýbünde azajyk sirkeli şerbet galan çüýşesine batyrdym. Ol hem ätiýaçlyk üçin. Men pesligi we garyplygy ýigrenýändigim üçin baýlygy saýladym. Meniň onuň naharyna gözüm gidýändir öýdýärmiň? Ant içýärin, ol meniň bilen nahar iýmäge utansyn, algymy tölemäge howluksyn» diýip, bu saçaga oturdym — diýdi.

Ol sözlerini aýdyp bolansoň, ýüzi möhürli kagyzlary eline alyp ýerinden turdy we hemmesini ýyrtdy. Ol ýerdäkilere:

— Şaýat boluň. Şu adamyň maňa bir dinar bergisi bardy. Men pulumy doly aldym — diýip çykyp gitdi.

Ol gidensoň bergidar adam dostuna öwrülip:

— Saçagymda nahar iýýän adam bilen nädip beýle gürleşmäge het edip bildiň. Üstesine-de, onuň muny nirelere çenli uzatjakdygyny hem bilýärsiň. Men miwelerimi satyp bolýança ony güýmemek isleýärdim. Niýetim miweleriň bahasynyň biraz göterilmegine garaşmakdy. Sen oňa ýagşylyk, bize ýamanlyk etdiň. Meniň tiz tölemegime sebäp bolduň. Hyzmatkär, miweleri bazara çykar. Näçä geçse sat! — diýdi.

Hyzmatkär miweleri satyp puluny getirdi, ol adam hem atyna münüp, Abu Sagydyň ýanyna gitdi. Ýöne Abu Sagyt almajak boldy. Ol adam özelenip duransoň:

— Görýän weli, dostuň bu sözleri meniň ajamydygym, özüniň hem arapdygy üçin aýtdy. Eger asly arap bolmadyklary araçy etseň, algymy alaryn, ýogsa almaryn — diýdi.

Ýaňky adam Basrada ähli milletçileri, ýagny araplaryň üstünligini ret edip, deňligiň tarapdarlaryny ýygnady. Hemmesi onuň puluny almagyny haýyş etdiler, ol hem mundan soň bialaç bolup aldy.

* * *

Abu Sagyt hyzmatkärine zibili öýden çykarmazlygyny, mähellede ýaşaýanlaryň zibillerini ýygnap getirmegini buýrar eken. Özi hem käwagt olary dörüşdirip, içlerini barlar eken. Eger dirhem, dinar we zynatly zatlar bar bolsa, olara näme etjegi özüňe belli. Ýüň ýaly zatlary tapsa ýüňçülere, ýyrtyk matalary letde alýanlara, nar gabyklaryny boýagçylara we deri eýleýänlere, aýna böleklerini aýnaçylara, demir böleklerini demirçilere, dokma zatlaryny dokmaçylara, tagta böleklerini tagta ussalaryna satýardy. Kagyz bölekleri bilen küýzeleriň agzyny ýapýardy, süňkleri ýakýardy, esgileri tamdyry süpürmek üçin ulanýardy, çagyl daşlaryny gurluşykda ulanýardy. Galanlaryny silkip howa sowurýardy. Galan zatlary tamdyrda ýakýardy. Diňe toprak galan bolsa kerpiç ýasamaga öýdäkileriň bu topragyň üstünde täret alyp, suwlaryny üstüne dökmegini talap edýärdi. Soň bolsa ondan kerpiç ýasap satýardy. Abu Sagyt: «Meniň ýaly tygşytlylygy bilmedik, bu işler bilen iş salyşmasyn» diýer eken.

* * *

Abu Sagyt bir zadyny ogurladan kireýçisine: «Bu gije zibilhananyň öňüne toprak atyň. Belki, ogry puşman edip alan zadyny getirip topraga zyňar. Siz bolmaz diýmäň. Sebäbi ol ýere köp kişi zibilini zyňýar» diýipdir. Ýalňyşlyk bilen ogurlanan zat topraga zyňylypdyr. Abu Sagyt eýesi görmezden ol zady görüpdir we ony eýesine berip, ondan zibil puluny hem alypdyr.

Ine, Abu Sagyt bilen baglanyşykly hekaýalar şulardan ybarat!

## ASMAÝY KYSSASY

Bir tüçjar baý Asmaýydan miwe satyn alypdyr. Zyýan çekensoň hem ýanyna birnäçe adamy alyp, Asmaýynyň ýanyna gelip, zyýanynyň öwezini doldurmak üçin bahasynyň ýarysyny talap edipdir. Asmaýy oňa: «Munuň ýaly adalatsyzlygy gördüňizmi? Zyýany meniň üstüme atmak isleýärsiňiz. Göýä, bu miweleriň zyýany meniňki, peýdasy özüniňki şerti bilen alan ýaly! Walla, bu Abu Anbaryň söwdasyna meňzeýär. Gidiň, maňa bu şert bilen Yragyň ähli miwelerini alyp geliň. Üstesine-de, men onuň sözüniň dogrudygyna hem güman edýärin. Ýöne size bir çözüw ýoluny maslahat bereýin. Bu siziň bähbidiňize boljak bir çözüwdir. Ýöne öňürti şuny aýdaýyn, eger siz onuňky dogry, meniň hem oňa bu işde ýardamçy boljakdygym barada pikir etmedik bolsaňyz, meniň ýanyma gelmezdiňiz. Men hem siz ýaly ony hakly hasaplasadym, ony size mätäç edip goýmazdym. Men bu adamy tanamaýaryn we meniň pulumy bermezlige haky ýokdur. Geliň, aramyzda zyýany deň derejede bölüşeliň. Bergilini we araçylary razy etmek üçin iň gowy çözüw budur» diýipdir. Hemmesi turup gidipdir. Täjir bolsa Asmaýydan kömek umydyny kesipdir we ähli bergisini beripdir.

* * *

Maňa Wasylyň ýegeni Japar şeýle gürrüň berdi: «Men Abu Uýeýnä:

— Bir adam aýalyndan: «Et nirede?» diýip sorapdyr. Ol hem eti pişigiň iýendigini aýdypdyr. Ol adam pişigi çekip görüpdir we aýalyndan: «Bu et bolsa, pişik nirede?» diýip sorapdyr diýendigini gürrüň berenimde, Abu Uýeýne maňa garap:

— Maňa kakdyryp aýdýaň gerek? — diýdi.

Men hem oňa:

— Muňa meňzeýärsiň. Ýaşy ýüze golaýlaşan bir adamsyň, geregiňden artyk mal-mülküň bar, çaga-çugaň az. Ylmyňy we işiňi söýseň-de, berýän dersiňden pul alýarsyň. Dersden soň dostlaryňy nahara çagyrmazlyk üçin naharyňy gizleýärsiň. Seniň bolsa, bir aýagyň bakjada, bir aýagyň bazarda, bir aýagyň işikde. Kimden kerpiç, kimden toýun, kimden tagta talap edýärsiň. Bu nähili harsydünýälikdir?! Ham-hyýally bir ýaş bolsadyň, kim bilýär, gör nähili bolardyň? Bergidar we köp perzentli bolsaň nähili bolardyň. Geçmişde seni ýyrtyk eşikler içinde, aýakýalaňaç gezip ýörkäň gördüm! Şol ýagdaýyňa ýüregim awapdy, ýöne aýan etmändim. Eşidişime görä, sen bir dilim garpyzy goýan ýeriňden tapmansyň. Nirededigini soranyňda «pişik iýdi» diýlipdir. Dogrudygyna göz ýetirmek üçin garpyzyň beýleki bölegini pişigiň öňüne atypsyň. Pişik garpyzy iýmänsoň, puluny tölemeklerini talap edipsiň. Saňa: «Waka gije bolup geçdi. Haýsy pişigiň iýendigini görmedik. Mümkin ony goňşularyňky däl-de, biziň pişigimiz iýendir, garny dok bolandygy üçinem seniň beren garpyzyňy iýen däldir. Bize puryja ber. Başga bir wagt barlap göreli, puluny häzir gyssama» diýipdirler. Emma sen puly töle diýip özelenip durupsyň — diýdim.

Onda ol şeýle diýdi:

— Saňa ýazyklar bolsun! Olaryň erbetligine diňe erbetlik bilen jogap berýärin. Zeýt ibn Abu Sufýan bir sözünde: «Men diňe berk ýol bilen tutanýerli durup sizden hakymy alýaryn» diýipdir. Meni biraz öňürti ýazgarma sebäpleriň: «Kyýamatyň gopjakdygy aýdylsa, onda-da elimdäki hurma nahalymy otur-

daryn» diýlip aýdylan sözi maňa ýatlatdy. Abud Derda soňky deminde hem: «Meni öýlendiriň, men Allanyň huzuryna dul hökmünde barmak islemeýärin» diýipdir. Araplar bolsa: «Tomsuna beýnisi gaýnanyň, gyş gazany gaýnar» diýmänmidirler? Mikrez ibn Ahýefiň aýdýanyny hem diňle: «Gowşaklyk — ýumşak düşekdir. Ýöne üstünde ýalta bilen lellimlerden başgasy ýatmaz». Omar ibn Hattap bolsa: «Bikarlyk gapyllykdyr, ondan gaçyň» diýipdir. Şeýle-de ol: «Üzeňňileri kesiň, atlara towsup münüň. Bir zat bilen meşgul bolmak bedeni ýadatsa-da, boş ýatmak ahlagy bozar» diýip aýdandyr. Men näme indi pygamberleriň öwütlerini, çaryýarlaryň sözlerini, araplaryň maslahatlaryny bir gyra taşlap, seniň sözüňi tutaýynmy? (baý mahalym işlemän, rahat durmuşda ýaşaýynmy).

* * *

Muhammet ibn Eşgas Ýahýa ibn Halydyň ýanynda öýle naharyny edinipdir. Özara gürrüňlerinde zeýtun we zeýtun ýagy, zeýtun ýagy bilen suwuk ýag, ýerzeminlerde saklanan zeýtun ýagy bilen suwda saklanýanlarynyň arasyndaky tapawut barada gürrüň gozgapdyrlar. Muhammet: «Mende şeýle bir zeýtun ýagy bar welin, şeýle ýagy hiç kim gören däldir» diýip, hyzmatkärine:

— Ýerzemine git we sagdaky dördünji jamdan biraz zeýtun getir — diýipdir.

Onda Ýahýa:

— Emläk eýesiniň zeýtunyň we ýagynyň ýerini bilmegi geň zat — diýipdir.

* * *

Eset ibn Abdyllanyň tamdyr hyzmatkäri eti gowy gyzardyp, saçaga getiripdir. Gyzartmanyň gowy bişendigi göwnüne ýaran Eset, hyzmatkärine: «Seniň eden işiňe düşünýän. Lezzet-

li bolsun diýip däl-de, ýaglary aksyn we ýaglaryndan hem peýdalansyn diýip gowy bişirýärsiň!» diýipdir.

Bu sözi eşiden dogany: «Käbir zatlary bilmezlik bileniňden has gowudyr» diýen.

* * *

Ryýah Jöwheriniň nahar iýýän wagtlaryny synlaýan bir adam, onuň nahar iýýän mahallary ýanyna barar eken. Hemmeler saçagyň başynda otyrka, içeri girip: «Alla ýazgyda ynanmaýanlary näletlesin! Lowhul-mahfuzda[1] ýazylansoň, meni bu nahardan kim uzaklaşdyryp biler?» diýer eken. Muny birnäçe gezek gaýtalansoň, Ryýah oňa: «Sen irden we agşam gel. Eger bir zat tapsaň, ýazgydy iňkär edenleri lagnatla, hatda eneleri we atalary bilen hem!» diýipdir.

* * *

Halyt ibn Safwan bag-bossanlygyndan özüne bir tabak şetdaly getiren çaga: «Bulardan iýendigiňi bilmesedim, saňa hem birini bererdim» diýipdir.

* * *

Remezan şeýle gürrüň berýär: «Biz gämide ahwazly bir garry bilen barýardyk, ol öňde, men yzdadym. Öýlän çagy ol sebedinden gowrulan towuk çykardy. Ol hem iýýärdi hem-de gürleýärdi. Gämide ikimizden başga adam ýokdy, onda-da ol maňa al iý diýip hödür-kerem etmeýärdi. Ol meniň özüne we öňündäki tagama seredýändigimi aňyp, göz gyzdyrýandyr we çagyşa garaşýandyr öýdüp, maňa:

— Näme dikanlap seredýärsiň? Kimiň ýanynda azygy bar bolsa iýer, ýogsa seniň ýaly sereder oturar — diýdi.

[1] Lowhul-mahfuz – asmanda Allatagalanyň ähli boljak-geljek zatlary ýazyp goýan tagtasy.

Soňra men hem oňa seretdim. Ol ýene-de gürlemäge başlady. Ol maňa:

— Men nahar iýip otyryn, ýöne seniň nazaryňdan gorkýaryn. Beýle nazarlar adama zyýan berýär. Şonuň üçinem ýüzüňi miweden öwür — diýdi.

Onuň bu sözlerinden soň men onuň üstüne topuldym we sakgalyndan ýapyşdym. Iýip oturan towugy bilen onuň kellesine urdum. Men yza çekilenimden soň ol maňa:

— Men seniň gözüň maňa degäýmesin diýmekçi boldum — diýdi.

Men:

— Munuň göz degmek bilen nähili baglanyşygy bar? — diýdim.

Ol:

— Göz erbetdir. Ine, seniň gözüň maňa iň uly erbetligi getirdi — diýdi.

Men onuň bu sözüne şeýle bir güldüm welin, tas ýarylypdym. Bulardan soň göýä hiç zat bolmadyk ýaly gürleşip oturdyk.

* * *

Bu aýdylanlar meniň we dostlarymyň aýdan sözleri, olaryň gören we eşiden zatlarydyr. Asmaýy, Abu Ubeýda we Abyl Hasanyň rowaýatlaryna gaýdyp gelsek, olaryň sözlerinden alar ýaly zat görmedik. Olaryň sözleriniň sany kitaba alanlarymdan başga on-on bäş sanydyr.

* * *

Mugyra ibn Abdylla Kufede häkim wagty her naharyndan soň, oňa bir owlak getirer ekenler. Onuň özi owlaga degýänçä hiç kim degmezdi. Bir gezek onuň ýanyna bir çarwa arap geldi. Däbi bilmeýändigi üçin, Mugyradan öňürti etlere hüjüm etdi. Diňe etleri bilen däl, süňklerden hem alyp dişleýärdi. Mugyra

oňa gülümjiräp: «Bäh, sen näme ol owlagyň süňklerinden ar alýarmyň, ýa-da onuň enesi seni süsüpmidi?» diýdi.

* * *

Mugyranyň howpsuzlyk guramasynyň ýolbaşçysy Abdyrahman ibn Tarykdy. Taryk golastyndaky işgärleriň birine: «Eger owlaga häkimden öňürti el uzatsaň, seni bir ýyllyk nobatdan azat etjek» diýipdir. Bu söz Mugyranyň hem gulagyna baryp ýetipdir we ol Tarygy Hajjaja şikaýat edip, wezipeden boşatdyrypdyr, ýerine hem Zyýat ibn Jüneýdi belläpdirler. Ýöne Zyýat Abdyrahmandan has hem agyr häsiýetli eken. Hajjaç belländigi üçin wezipeden boşatmaga mümkinçilik hem ýok eken.

Mugyra bir hutbasynda şeýle diýip ýüzlenipdir: «Eý, Kufe halky! Allatagala size erbetlik etmek we sizi häkime şugullamak isleýäne lagnat etsin! Onuň ýeke gözi kör enesine hem lagnat etsin!».

Zyýadyň ejesiniň bir gözi kördi. Adamlar şeýle meňzetmäni öň görmändigi aýtdylar.

* * *

Zyýat ibn Harysynyň bir owlagy bardy. Ol hiç kimi onuň ýanyna eltmezdi. Oraza aýynyň ortalarynda, Eşgap ibn Jubeýri we beýleki dostlaryny çagyryp agzaçar berdi. Eşgap elini supradaky owlaga uzadanda, Zyýat oturanlara:

— Zyndandaky bendilere namaz okatmak üçin ymam barmy? —diýdi.

Olar: «Ýok» diýdiler. Onda ol:

— Beýle bolsa Eşgap olara ymam bolsun — diýdi.

Eşgap:

— Alla emiriň işini oňuna etsin. Başga edere iş ýokmy? — diýdi.

Zyýat onuň näme diýmekçi bolýandygyny soranda, ol gorkup: «Alla belaňy bersin! Mundan soň hiç haçan owlak etini iýmerin» diýmekden başga söz tapmady.

* * *

Abdylmälik ibn Kaýs Zibi basraly emeldarlaryň birini nahara çagyrdy. Abdylmälik naharda husyt, pulda jomartdy. Çagyrlan adam göýä bir misgin ýaly bolup geldi. Muny gören Abdylmälik örän tukat boldy. Oňa: «Seniň üçin müň dirhem biziň bilen oturmagyňdan has haýyrlydyr!» diýdi. Ol oňa müň dirhem bermäge razy boldy, ýöne bir çörek bermäge bogny ysmady.

* * *

Bir çarwa arap Süleýman ibn Abdylmäligiň öňündäki towugy aldy. Abdylmälik oňa: «Saňa öňüňdäki ýeter» diýdi. Çarwa arap: «Saçagyňda beýlekilere gadagan bolan başga zat barmy?» diýip sorady, onda ol: «Towugy al, hiç haýryny görme!» diýip, jogap berdi.

* * *

Mugawyýa garyn çorbasyny gowy görer eken. Bir gezek Sagsaga ibn Safwan bilen öýle naharyny iýipdir. Sagsaga Mugawyýanyň öňündäki garyn çorbasyny çemçeläp başlansoň, Mugawyýa oňa:

— Uzaklarda otlaýarsyň — diýipdir.

Sagsaga bolsa:

— Gytlyk gören elbetde uzaklarda otlar — diýip, jogap beripdir (ol öňünde garyn çorbasynyň ýokdugyny beýan etmek isleýärdi).

* * *

Dostlary bilen bilelikde miweli baglygyna giren Hyşam ibn Abdylmälik, olaryň bir tarapdan miwe iýişdirip, bir tarapdan hem «Alla bereket bersin» diýýändiklerini eşidip, hyzmatkärine: «Bu adamlary bagdan çykar, ýerlerine zeýtun nahalyny dik» diýip, buýruk beripdir.

* * *

Mugyra ibn Abdylla ibn Abu Akyl dostlary bilen hurma iýip oturan eken. Birdenkä, çyra öçüpdir. Şol wagt oturanlaryň biri hurma şänigini çaltlyk bilen çakmaga başlapdyr. Mugyra garaňkylykda iki sany şänigiň biri-birine degýän sesini eşidip: «Iki nard daşy bilen oýnaýan kim?» diýipdir.

* * *

Huweýtip ibn Abdyluzza kyrk bäş müň dinara Mugawyýa öý satypdyr. Oňa indi onuň baýdygyny aýdansoňlar, ol: «Alty adama seretmäge jogapkär adama bu puluň peýdasy näme?» diýip, jogap beripdir.

* * *

Safwan ibn Halyt özünden pul isleýän dilegçä bir dirhem beripdir. Dilegçiniň puly az hasaplandygyny görüp:

— Eý, akmak! Bir dirhem on dirhemiň ondan biridir. On dirhem ýüz müň dirhemiň, ýüz dirhem hem müň dirhemiň ondan biridir. Müň dirhem hem on müň dirhemiň. Görýämiň bir dirhem, bir musulmanyň hun möçberini nädip beýgeltdi? — diýipdir.

* * *

Bilal ibn Abu Burda Basranyň häkimi wagty heýwere keseline duçar bolmakdan gorkdy. Oňa suwuk ýag bilen suwa düşmegini maslahat berdiler. Bilal öňürti suwuk ýagyň içinde

oturdy, soň bolsa ol ýagyň satylmagyna buýruk berdi. Adamlar şol ýyl suwuk ýag iýmediler.

* * *

Bilal her ýylyň oraza aýynda adamlara agzaçar naharyny berýärdi. Hemmeler halka görnüşinde oturýardylar, öňlerine saçak ýazylýardy. Azançy namaz okamak üçin kamat aýdanda[1], ol namaza durýardy. Ol ýerdäkiler hem utanyp namaza duransoňlar, hyzmatkärler gelip supralary ýygnaýardylar.

* * *

Omar ibn Ýezit Esedi bir gezek içini arassaladyp, ýogyn içegesine ýagly suw goýberdi. Hajathana gidende, ýaglar isrip bolmasyn diýip, bir tasyň üstünde oturdy. Soň hem: «Muny arassalaň we ýagyny alyň, sebäbi mundan çyra ýaksa bolýar» diýýärdi.

* * *

Onuň bir goňşusy şeýle gürrüň berýär: «Ol her diş miswagyny bir aýlap ulanýardy. Her nahardan soň, onuň ujuny birazajyk ýonup, dişlerini gorjalaýardy. Soň hem ony galam gutusynyň içinde goýýardy».

* * *

Zirag Zerrag bir gezek Halyt ibn Safwanyň ýanynda oturan eken. Halydyň öňüne towuk, onuň öňüne zeýtun goýupdyrlar. Zirag gözüniň gytagy bilen towuga seredipdir. Halyt oňa:

— Näme, towuk iýmek niýetiň barmy? — diýensoň, Zirag:

— Kim muňa päsgel bolup biler? — diýip sorapdyr.

Halyt:

[1] Kamat aýtmak – namaz wagtynyň gelendigini habar bermek.

— Onda ikimiz meniň zadymy ulanmakda deň bolarys ahyry — diýipdir.

* * *

Abyl Eşhem Numeýle ibn Murräniň öňündäki bir zada elini uzadansoň, Numeýle oňa garap: «Saňa aýratyn berlen mahaly, kesekilere degişli bolan zada göz dikme» diýipdir.

Numeýle ýogalanda, diňe un satýana segsen müň dirhem bergisi bar eken. Ol şeýle bir köp iýýän eken.

* * *

Hakem ibn Eýýup Sakafy Basrada Hajjajyň işgäri bolup işleýärdi. Hakem bir gezek Jerir ibn Behbesi Yraga iberdi. Ol Ýemamada gezip ýörkä, aýlanmaga çykdy. Jeriri hem öýlän naharyna çagyrdy. Jerir onuň öňündäki bedenäni iýendigi üçin işden boşadyldy. Hakem onuň ýerine agasynyň ogly Nuweýräni belledi. Nuweýre öňki işgäre bagyşlap şeýle şygyr aýtdy:

Awlara guş kän Yrkygda[1] kanagatly bolsaň eger,
Hakemiň bedenesine mätäç bolmazdyň sen, meger.
Düýe etini iýerdiň, bolmazmydy ýene iýseň,
Üsti Simam ösümlikli, meşikli süýt azmy eýsem?!
Açgözlükden halas etmek arassa süýt bardy, diýsem.

Hakem Nuweýreniň hem Jeririň agasynyň ogludygyny eşidip, ony hem wezipesinden boşadypdyr. Nuweýre hem şu şygry aýdýar:

Eý, Abu Ýusup! Bilseň, sen meni asla satmazdyň,
Saňa tabynlygymy hiç mahal inkär etmezdiň.

---

[1] Yrkyg – Yrakdaky bir ýeriň ady.

Süňk ogrusy üçin ogullam çagyrlyp kätibe,
Jeririň günäsi üçin maňa jeza ýetmezdem ...

* * *

Daýaw bir ýolbaşçymyz bardy. Bir gezek oňa myhman bolan bir adam onuň öňündäki ýumurtgany aldy. Muny gören ýaňky ýolbaşçymyz: «Ony iý, ol horazyň ýumurtgasydyr» diýdi. Ýaňky adam ölinçä utanyp gezdi.

* * *

Ýaňky ýolbaşçymyz bir gezek bäş sany dosty bilen bäş kişilik azyk alyp, dynç almak üçin bir meýdança çykypdyrlar. Ol ajygansoň, bakjaly ýerde düşläp, turplary köki bilen sogrup ýuwman iýmäge başlapdyr. Ol bäş kişiniň içinden özüne iň ýakyn adama:

«Käşge, bu içýakgyçlar gitsediler, rahat oturyp nahar iýäýsek» diýipdir.

* * *

Abdyrahman ibn Abu Bekre bir gezek Mugawyýanyň suprasynda nahar iýipdir. Mugawyýa onuň dogramçalary uly-uludan alýandygyny görüpdir. Agşamara kakasy Abu Bekre ýanyna gelende, ondan:

— Uly dogramça iýýän ogluň hany? — diýip sorapdyr.

Abu Bekre oňa:

— Hassalady — diýip, jogap beripdir.

Mugawyýa oňa:

— Şeýle adam hiç haçan hassalykdan gutulmaz — diýip gatyrganypdyr.

* * *

Abyl Eswet Duweli bir çarwa arap bilen nahar iýipdir. Onuň lukmalary uly-uludan alýandygyny görüp haýran galyp:

— Seniň adyň näme? — diýip sorapdyr.

Ol:

— Lukman —diýip jogap beripdir.

Abyl Eswet Duweli oňa:

— Maşgalaň seniň adyňy dogry goýupdyr. Dogrudan hem sen Lukmansyň — diýipdir (Lukman — iri lukmaçy diýmegi hem aňladýar).

* * *

Abyl Eswediň içinde diňe özüniň oturyp biljek we öňüne kiçijik bir tabak goýup boljak bir dükanjygy bar eken. Ol tabagyň ýerini beýigräkde goýar eken. Hiç kimiň boýy ýetmesin diýip işik hem ýasamandyr. Bir çarwa arap onuň nahar iýýän wagtyny belläpdir. Şol wagtlar bir atyň üstünde gelip, naharyna şärik bolar eken. Bir gezek Abyl Eswet bir suw kädisiniň içini çagyldan dolduryp, oturýan ýerinde goýup üstüne ýaplanypdyr. Çarwa arap gelensoň hem gymyldapdyr, çagyl daşlarynyň sesini eşiden at ürküp gaçypdyr. Çarwa arap bolsa aty ýakynlaşdyrmakçy bolupdyr, at ürküp ony ýere ýykypdyr. Şondan soň çarwa arap onuň ýanyna gelmändir.

* * *

Abyl As ibn Abdylwahhap ibn Abdylmejidiň Sakafa ýazan haty: «Bismillähi-r-rahmani-r-rahym. Mesele şudur. Seniň Asmaýynyň ýanynda oturmagyň, Sehl ibn Harundan hoş bolmagyň, Ysmaýyl ibn Gazwanyň ýoluny saýlamagyň, Mugawyýa ibn Ymrany ýazgarmagyň, Ibn Muşarik bilen tirkeşmegiň, Ibn Tewgemiň ýanyna köp gitmegiň, puluň adyny agzyňdan düşürmän, ony gorag astyna almagyň, mal-mülki ýokary derejede öwmegiň we ähli tagallaň bilen bulara dyrjaşmagyň gizlin bir erbetligiň delilidir. Bir aýybyň we pisadyň şaýadydyr. Sebäbi sen öňler olaryň adyny agzamaýardyň. Olaryň işlerini erbet hasaplap, geň görýärdiň we ýazgarýardyň.

Mal-mülk ýygnamagy köp agzaýan — mal-mülk ýygnamaga niýetlenýän kişidir. Husytlar bilen diňe jomartlygy halamaýanlar dostluk gurarlar. Sen Sehl ibn Harunyň: «Ýaş we güýçli wagtym, geljek üçin pul ýygnap taýýarlyk görmek, işi berkitmek gerek. Harsallygyň iň erbedi güýçli we sagdyn wagtdyr. Akyla iň laýygy bolsa, kynçylyklara garşy öňünden aladalanyp, mal-mülk ýygnap, öňüni almakdyr. Zamananyň belalaryny dep etmek üçin zerur çykdajylardan galanyny aýamalydyr. Diňe şonda akylymyzy ulandygymyz bolar» diýen sözlerini ýadyňda saklamagyň, onuň ýoly bilen gidýänligiň delilidir. Asmaýynyň: «Jähennem halkynyň köpüsi aýallar we garyplardyr. Jennet ähliniň köpüsi bolsa akmaklar we baýlardyr. Sogaplary alýanlar mally-mülkli kişilerdir» diýip aýdan sözlerini makullamagyň, saňa aýdýan zatlarymyzyň dogrudygynyň alamatydyr. Başga bir delil bolsa Ibn Gazwanyň aşakdaky sözleriniň hakykatdygyna ynanmagyňdyr:

«Tagamly naharlar, gymmat bahaly eşikler, lezzetli şerbetler we güýmendiriji aýdymlar bilen şadyýan we bagtyýar durmuşda ýaşadyňyz. Biz bolsa baýlygyň ygtybary bilen geljegi görüp, köp mal-mülk ýygnap, erbet ýagdaýa düşmekden, dilegçilikden we çagalaryň gün-güzeranyna ýetirinip bilmezlikden gorkman ýaşadyk. Ine, ol siziň, bu hem biziň ýaşaýşymyz. Bular biziň ýazgarylmakdan daş durmak meselesindäki garaýyşlarymyzdyr. Beýleki hem öwgä gowuşmak isleýänleriň garaýyşlarydyr. Ýöne öwgüni janlary sagdyn bolanlar bilen kynçylygy bolmaýanlar gazanarlar. Ajaýyp zatlara diňe hakykaty aýdýanlar we duýýanlar begenerler. Garyp adam öwgä mätäçlik çekmese-de, ol lezzet tapjak zadyna gör nähili mätäçdir.

Söýýän naharlaryňyz nejasat, içýän zatlaryňyz peşew, binalaryňyz harabaçylyk. Aýdym-saz daş-töwerege ýaýran ysdyr, ol adamkärçilige zeper ýetirer. Ol bozgakçylyk edýän akmak, uçup gidýän aýylganç bir sesdir. Siziň lezzet alýan zatlaryňyz garyplygyňyzy taýýarlaýan we ýagşy gylyk-häsiýetiňizi boz-

ýan zatlardyr. Biziň lezzet alýan zatlarymyz bolsa baý bolmagymyzy üpjün edýän we adamkärçiligimizi berkidýän zatlardyr. Biz gurujy, siz bolsa ýykyjysyňyz. Biz berkleşdirýäris, siz bolsa bozýarsyňyz. Biz azajyk lezzetden mahrum bolup, abraýyň yzynda, siz bolsa her bir mertligi depgilemek bilen elmydama peslige sezewar bolýarsyňyz».

Hekaýa we aýdan zatlaryň manysyna gowy düşündik. Tebigatyň bozulandygynyň we işleriň oňyn gitmeýändiginiň iň esasy delili, gowy hasaplan zatlary söýmän, halamaýan zatlarymy söýmegiňdir. Menden daşda dur! Güm bol! Alla diňe zulum edýäni ýok eder! Şahyr siz ýalylar hakynda şeýle diýendir:

Eşitseň sen eger-de bir husydyň ölenin,
«Alla oňa mynasyp jezasyny bersin» diý.
Bil, mirasdüşere-de miras jennet bolanyn,
Topraga, mör-möjege, bilgin, onuň jesedi.

Başga bir şahyr hem şeýle diýipdir:

Ýer ýüzüniň gözelligi ýok bolar mazaryňda,
Duşmanlaryň paýlaşarlar bar bolaýsa malyň-da.

Seni mirasdüşerleriň hyzmatkäriň hökmünde görýänçäm, meni ýaşadan Alla şükürler bolsun! Sen özüňe husytlyk etmek bilen, wagtyndan öňürti garyp bolmaga howlukdyň. Sen eden günäsiniň lezzetini almanka, gamçy jezasyna sezewar edilen kişä meňzediň.

Ähli mal-mülküni sarp eden, gün-güzeranyny boýnuna alanlarynyň arasynda pesligi gören, garyplygy ýagdaýlaryndan belli bolan we duşmanlary üstünden gülen adamyň ýagdaýy örän erbet bolar. Hatda dostlary hem ony terk ederler. Maşgalasy hem ondan bizar bolar. Gowy eşikler geýmez, gowy naharlary iýmez. Bularyň ählisi husytlarda bardyr. Şuny ýagşy

bilgin, mal-mülküni sadaka berýän, öwgüni gazanýan, nygmatly haýyr işlerden özüni daşda saklamaýan ýagşy häsiýetiň hakyny doly haklan adamdyr. Sadaka, haýyr-sahawat bermeýän bolsa özüni gysmagy we beýlekilere ýükdügi sebäpli azapda ýaşar. Ähli zat onuň garşysynadyr. Etmekçi bolýan işlerini ýerine ýetirip bilmez. Ýazgarylmaga we peselmäge duçar bolar. Bularyň ählisi onuň nebsine we namysyna täsir eder, şeýdip, ömri geçip gider.

Saňa erbet bir gylyk-häsiýet musallat bolupdyr. Damarlaryňdan bozgaklyk gany akýar. Seniň bu bolup ýörşüň ne sakyf taýpasynyň häsiýetine, ne-de kuraýş taýpasynyň kök salan arassa hüý-häsiýetine gabat gelýär. Saňa abraýyňy zaýalaýan erbet kesel ýokuşypdyr. Belki hem, bu seniň ejeň arap däldigi sebäplidir.

Mugawyýa şeýle diýipdir: «Abdylmuttalyp ogullaryndan jomart dälleriň asly arap däldir. Zubeýr ogullaryndan kim edermen bolmasa, olara soňra gelip goşulandyr. Mugyra ogullaryndan kim ata-babalary bilen öwünmeýän bolsa, ol haramzadadyr. Selm ibn Kuteýbe hem: «Eger sakyf taýpasyndan biriniň iýdirmezden öwünýändigini we harçlamazdan gazanýandygyny görseň, ony ýene bir gezek terk et, ony terk et, ony terk et!» diýipdir. Bilal ibn Abu Berdä hem gulak salyp gör. Ol: «Sakyf taýpasynyň ýaşlary we akmaklary bolmasady, Basra halky hiç haçan mal-mülk gazanmazdy» diýipdir.

Unutma! Alla jomartdyr, ol husytlyk etmez, sözünde durýandyr. Halymdyr[1] — owlukmaz, Adyldyr — zulum etmez. Ol bize jomartlygy emr edip, husytlygy gadagan etdi. Dogry sözlemegi buýrup, ýalan sözlemegi gadagan etdi. Bisabyr bolmazlygy emr edip, howlukmaçlygy gadagan etdi. Wepaly bolmagy emr edip, biwepalygy gadagan etdi. Bize diňe özüniň razy boljak zatlaryny emr etdi we diňe özüniň närazy zatlaryny

[1] Halym – ýumşak, mylaýym, arkaýyn; Allanyň bir sypaty.

gadagan etdi. Dana adamlaryň hemmesiniň aýdan zady şudur: «Alla jomartlaryň jomardy, abraýlylaryň abraýlysy, merhemetlileriň merhemetlisi, senetkärleriň senetkäridir». Ýene-de şol adamlar hezreti pygamberimiz barada şeýle diýipdirler: «Ol puluň üstüne pul goýmazdy, kerpiç üstüne hem kerpiç goýmazdy. Tutuş Arap ýarymadasyna eýe boldy, zekatlary ýygnady, Yrak köllerinden Ummanyň kenaryna we Ýemen obalaryna çenli hemme ýerden oňa zekatlar getirildi. Ýöne ýogalanda welin egnindäki sowudy hem amanatdy.

Ondan bir zat islenende «ýok» diýen söz eşidilen däldir. Soralan zady bererdi, sözüni ýerine ýetirerdi. Şahyrlar ony jomartlygy bilen öwdüler. Hatyplar[1] ony hoşniýetlilikde ýatladylar. Ol bir adama bir goýun we bir düýe sürüsini berdi. Bir arap hökümdary eger beräýse, diňe ýüz düýe bererdi we oňa: «Bir süri düýe berdi» diýilýärdi. Emma ol müň düýe beripdi. Ol adam düýeleri görüp: «Seniň pygamberligiňe şaýatlyk edýärin. Bu adaty adamlaryň etjek işi däl» diýipdi.

Haşym beýleki kuraýşlylaryň ýanynda öwünýärkä, şeýle diýýärdi: «Biz iň köp nahar iýdirýän we iň jomartdyrys». Käbir alymlar olar üçin: «Jomartdyrlar, abraýlydyrlar, sap we çeper gürleýändirler» diýdiler. Ähli milletler husydy — jomardy hemmesi, husytlygy ýazgaryp, jomartlygy öwmek bilen deň garaýyşdadyrlar. Olar: «Jomartlygyň iň üstüni mümkin boldugyça köp bermekdir» diýdiler. Hatda jany bilen jomartlyk edeni, mal-mülki bilen jomartlyk edenden üstün tutandyrlar. Seret, şahyr Ferezdek näme diýýär:

Özüm örän suwsap durdum, emma suwy dosta berdim,
Hatda Hatam Taý hem bolsa, ejiz gelerdi şeýderden.

---

[1] Hatyp – wagyzçy, hutbaçy.

Ferezdek suwunyň örän azdygyna garamazdan, ony dostuna beren Kagp ibn Mamany özüne nusga edip almazdy ahyry!

«Ähli mal-mülküni berdi» diýip, Hatamy ýazgarýan ýekeje araby hem görmedik. Janyny beren Kagby hem. Gaýta tersine, ýýat taýpasy Kagp barada öwgüli sözleri aýtdy. Hatam hem kahtan taýpasyny adnan taýpasyndan üstün tutjak zatlary etdi. Kim Allanyň sypaty we pygamberiň häsiýeti bolan jomartlykdan aýrylsa, biz oňa bigadyr diýeris. Jomartlygy ýigrenýän hiç bir milleti görmedik. Gaýta tersine, olaryň şejereleriniň öwrenilýändigine şaýat bolduk. Bu hili adamlara başaryp bilmejek geň jomartlyk gürrüňlerini toslap, olara degişli edilendigini hem bilýäris. Ýöne biz muňa hem şaýat bolduk. Ynsanlar jomartlary öwüşleri ýaly husytlary ýazgarmakdan hem çekinmändirlar. Olar husytlardan daş durup, husytlygy ýazgarandyrlar. Bu ýazgarma kämahal şeýle bir ileri gidipdir welin, husytlaryň çagalary hem mundan paýyny alypdyrlar. Husytlar barada hekaýatlar ýazylandyr, olaryň başarmajak erbetlikleri we geň-taň gysgançlyklary bu hekaýatlara goşulandyr. Gepiň keltesi, jomartlar elmydama öwlüp, husytlar ýazgarylypdyr.

Biziň pikirimize görä, husytlaryň emläklerine inýän apat jomartlaryňkydan has çalt ýeter. Ýöne garyplaşan husytlaryň sanynyň jomartlardan has azdygyna şaýat däldiris.

Adamlaryň nukdaýnazarynda husyt diňe özüne husytlyk eden däldir. Nebsiniň ähli arzuwlaryna uýup, şüküri, senany we sogaby terk edenlere hem husyt diýlendir. Husyt käbir ir-iýmişleri özünden gysganman biler. Onuň gyrnaklary, hyzmatkärleri, gymmatbahaly lybaslary we zynatlary gurply jomart kişiniňkiden has köp bolup biler. Hatda onuň mal-mülki gidensoň içi ýanar, paýlaýan ýaly bolup reňki üýtgär. Olar kämahallar beren karz pullaryny, çagalary doglanda ýa-da gurluşygyny gutaran mahaly eden çykdajysy, toýlarda, zyýapatlarda raks oýnaýan

gyrnaklar we emeldarlar bilen gatnaşýarka eliniň açykdygyny görseň bolar.

Bir ynsan örän husyt bolsa-da, özüniň öwülmegini we ýatlanylmagyny söýüp biler. Hatda diňe şol maksat üçin mal-mülküni harçlap, ähli mal-mülkini sarp edenler bardyr.

Sen göýä aldanan husydy, arryk görünýän husydy, köp sowýan husydy, bolmadyk zady bilen öwünýän husydy, mal-mülki gurluşyga giden husydy, mal-mülki seýrek işlere giden husydy, mal-mülküni peýdasyz işlere kepil bolmak üçin harçlaýan husydy görmedik ýalysyň. Ýolbaşçy bolmagy arzuw edýän husydyň pitresi, ýygnan altynlarynyň pitresinden birnäçe esse köpdür.

Özüne her gün zyýapat berýän we her gün nahar we miwe üçin bir dirhemi harçlaýan husytlary hem gördük. Olar üçin yslama dil ýetirilmegi we el uzadylmagy, çöregine depilmeginiň ýanynda hiç zatdyr. Olara çöregini bölmek dini bölmekden has agyr geler. Ol namysyndaky gädigi gädik hökmünde görmez, ýöne dogramasyndaky gädigi özüne uly mesele eder.

Husytlaryň emläklerine apatyň tiz, belanyň uly bolup gelmeginiň sebäbi olaryň Alla az töwekgel edýändikleri we ol barada erbet pikirde bolmaklarydyr. Jomart bolsa hem töwekgellik edýär hem-de ýagşy pikirde bolar. Her ýagdaýda Allatagala bu soňkulara has köp meýil eder.

Husytlaryň belalar bilen awunmagy we zamananyň özlerine garşy öwrülmegi bilen erbet pikirde bolmaklary, belalary, zamanlary we zamandaşlaryny ýaradan Alla barada erbet pikirden başga zat däldir. Wakalar ýaradanyň takdyrynyň çäginiň daşynda ýüze çykyp bilermi? Zamana ýaradanyň rugsadynyň daşynda üýtgäp bilermi? Sebäplerini bilmesek-de, hemmesiniň maksatlaryna tarap akýandygyny bilýändigiňiz anyk dälmi?

Husytlar garyp düşmekden gorkýandyklary üçin husyt däldirler. Bu ýa bir däpdir, ýa-da ýaradylyşlarynyň bir bölegidir. Mümkinçiligi giň, girdejisi köp we duşmany arkaýyn ýag-

daýda bolan husyt bir hökümdary görüp bilersiň. Ýurdy kiçi, girdejisi az we duşmany zyýan ýetirýän bir hökümdary hem görüp bilersiň. Hemmämiz bilýäris, garaýagyzlar kemakyldyrlar we geljek üçin aladanmaýarlar. Ýöne olar jomart adamlardyr. Eger jomartlyklary akyllarynyň kütekligi sebäpli bolsady, parslaryň rumlardan, rumlaryň hem slawýanlardan hem husyt bolmaklary gerek bolardy. Şol hasaba görä, erkekler aýallardan hem husyt, çagalaryň bolsa aýallardan hem jomart bolmaklary gerek bolardy. Husytlyk üçin nakyla öwrülen itiň hem jomartlyk üçin tymsal edilýän horazdan akyl taýdan üstün tutulmagy gerek bolardy. Ýogsam, «ol horazdan hem jomartdyr», «läşiň başyndaky itden hem husytdyr», «yzyňa düşer ýaly itiňi aç sakla», «Hawmeliň itinden hem aç», «sürüsi gyrlanyň iti nähili rahatdyr», «ahyrda daňlan it ýaly, ne özi saman iýýär, ne-de mallaryň iýmegine rugsat berýär» ýaly sözler aýdylandyr. Şahyr hem bir düýe üçin şeýle diýendir:

Durman ýöredi bir gije,
Säher Arç ýurduna geldi,
Itden husyt bir adamyň,
Ýanyna baryp dynç aldy.

Allatagala itler bilen baglanyşykly: «Onuň ýagdaýy itiňkä meňzär. Kowalasaň dilini çykarar, eger öz halyna goýsaň-da, dilini çykarar»[1] diýýär. Bu aýdan deňeşdirmelerimize görä husytlyk akyllylyk bolsady, merwlileriň we horasanlylaryň obalaryndan has dana we ylymly hiç kim bolmazdy.

Biz husytlaryň husytlyk adyny unutdyryp, tygşytly bolmak üçin jany-teni bilen işleýändiklerini gördük. Ýöne jomartlaryň isrip adyny bir gyra goýup, jomartlyklaryny beýgeldendiklerine şaýat bolmadyk. Edermen adamyň «ýeňlen», utanjaň

[1] Gurhanyň «Agraf» süresiniň 176-njy aýaty.

adamyň «utanmak» sözünden gaçýandygyny kim görüpdir? Ýürekli bir dilewara «utançsyz» diýilse, ol gaýga çümer. Ýöne jomart adama isripçi diýilse, ol mundan asla utanmaz. Sebäbi bu sözde onuň artykmaçlygyny görkezýän bir many bardyr.

Mal-mülk özüne çekijidir, nebis mydama ony arzuwlar we ol kynçylyk bilen gazanylar. Mal-mülküň köplügi bilen öwünmek nebsiň hassalygydyr. Sebäbi adamkärçiligi ösen adamlar baýlary öwmegi we olara hormat goýmagy uly mertebe hasaplaýarlar. Hatda olara haýyr-yhsan etmegi hem. Serediň, şahyr näme diýýär:

Onuň üçin iň söýülýän berilmese-de özüne,
Bir zat bermänligi üçin söýgüsin artdyrdy ýene.

Parslaryň gadymy bir kitabynda: «Güýç astynda saklanýan her bir hormatlanýan zat aslynda pesdir» diýip ýazylypdyr. Mugaza Adawyýa: «Güýç ýetirip bolýan haýsydyr bir zat ýa söýülmez, ýa-da pes hasaplanar» diýipdir.

Eger husytlar çagalaryna pul ýygnamak üçin işläp ýadasalar-da, olaryň isleglerini ýerine ýetirerdiler we islegleri sebäpli olardan hasap soramazdylar. Bu hal-hereketleri käbir mirasdüşerleriň miras goýjaklara öýkelemeklerine sebäp boldy. Dogrudan hem husytlar çagalary üçin mal-mülk ýygnasalar, ýolbaşçylaryň mal-mülk ýygnamazlyklary gerek bolardy. Rahyplar[1] altyn-kümüş üýşürmezdiler. Gysyr aýallar bir zat islemekden, gysyr erkekler işlemekden halas bolardylar. Biz bolsa çagalary üçin mal-mülk ýygnaýandygyny aýdýanyň çagasy ýogalansoň hem ýene şol harsydünýälik bilen işini dowam edýändigini gördük.

Garamaýak halk hem husytlykdan çetde durmaýar. Husytlaryň arasynda çäk goýlandygy heniz görlen däldir. Olar ýag-

---

[1] Rahyp – monah, buthanada terkidünýä bolup ýaşaýanlar.

daýlary gowulaşansoň ne özlerinden artyk galany mätäçlere bererler, ne-de harsydünýäliklerinde ýeňilleşme aralaşar. Sebäbi olar pany dünýäde ýaşaýarlar. Eger bu ýerde ebedilik ýaşajakdyklaryny bilseler hem ownuk-uşak zatlara göz ýummazlar. Husyt hemme zat barada oýlanyp we onuň dogrudygyna ynanyp iş eder. Her kim biraz öňürti kesgitlemesi aýdylan husytlykdan halas bolmak üçin güýçli eradadan we delillendirilen düşünjelerimizden peýdalanmasa, ol ýönekeý bir adamdyr ýa-da betbagt bir husytdyr. Ýogsa näme üçin çagalaryny bahana etsin? Näme üçin zamanany bahana etsin?

Resulalla ýanyna gelen jomart bir ilçiniň ýalan sözländigini aňyp: «Sende Allanyň söýýän bir sypaty bolmasady, bu ýerden kowardym» diýdi. Hezreti Pygambere: «Akýagyz aýallary we mele düýeleri bolan bir taýpa bilen söweşmegimize näme diýersiň?» diýlende, hezreti pygamber: «Kim olar?» diýip sorady. Oňa: «Mudliç ogullary taýpasy» diýdiler. Resulalla: «Myhmanparazlyklary we dogan-gardaşlaryna köp zyýarat edýändikleri, meniň olar bilen söweşmegime päsgel bolup durýar» diýdi we sözüniň üstüne şuny goşdy: «Olar hajda köp gurbanlyk çalýarlar we belent ses bilen «Lebbeýk»[1] dogasyny okaýarlar».

Resulalla ensarlylardan: «Siziň begiňiz kimdir?» diýip soranda, olar: «Hur ibn Kaýs. Ýöne ol husyt adamdyr» diýdiler. Onda ol: «Haýsy hassalyk husytlykdan uludyr» diýdi. Bir gezek Resulalla ensarlylara: «Walla, siz kyn günlerde kömek üçin ýygnanyşýarsyňyz. Olja paýlanylanda bolsa sizden az kişi gelýär. Jomartlyk haýadandyr, haýa bolsa imandan» diýdi. Soň bolsa şulary aýtdy: «Allatagala jomartdyr, ol jomardy söýer». Ol Bilala: «Eý, Bilal, sadaka ber, arşyň eýesi seni garyp goýar diýip gorkma» diýdi. Pygamberimiz şeýle hem: «Haltanyň agzyny baglama, ýogsa seniň üçin hem bereket haltasynyň agzy

[1] «Lebbeýk» dogasy – haj zyýaratynda okalýan doga.

baglanar, maly köp sanama, ýogsa saňa berlen mal-mülk hem sanalar» diýipdir.

Hezreti pygamber altyny we kümüşi «iki daş» diýip atlandyrypdyr. Munuň sebäbi hem olaryň ynsanlaryň gözündäki ähmiýetini düşürmekdir. Ol Kaýs ibn Asyma: «Seniň zadyň diňe iýip gutaran, geýip könelden ýa-da berip yzyna almadyk zadyňdyr. Bulardan galanlary mirasdüşerleriňe degişlidir» diýipdir.

Nemir ibn Tewlebiň aýdanlaryny sanaýaryn:

Aýalym maňa mal-mülk ýygnamagy we hiç kime bermezligi maslahat berdi, ýöne zamananyň belalary ony ýalana çykardy.

Mal-mülküňi beýlekiler bilen paýlaşan niçe jomartlary gördük.

Hemmesi hem eli açyk, ynamdar we mal-mülkünden bol-bol berýän adamlardy.

Sen geldiň, ýöne jomart adamlar gelmedi. Ýogsam, sen gelmeseň-de, olaryň gelmegine mätäçdim.

Maňa gaharlanýan aýalym! Eger jesedim uzak bir çölde bolsa, dostlarym we ýakynlarym menden uzaklaşar.

Yzymda galýan zatlaryň eýesiniň men däldigini görersiň. Diňe sadaka beren zatlarymyň eýesidigimi hem görersiň.

Düýeleri üçin ylgadan, olary özüniňkidir öýdüp bakmak üçin ýadan, tagalla sarp edýän adam,

Bir gün öler. Eýesi üýtgär. Düýeleriniň ýerini guburynyň daşlary alar.

Nemir ibn Tewlep başga bir şygrynda şeýle diýýär:

Düýe satyn aldym dostlarym üçin,
Bir meşik, bir küýze aldym men şerap.

Aglamjyran bolýar meniň aýalym,
Eden işim üçin ýüzüme garap.
Bular hiç-le, iýilendir dört ogşuk,
Ýene şeýle ogşuklardan dördüsi!
Ýörmäli biz munuň üçin ýüz sowşup,
Dostlar gelse, orunlaryň törde diý!
Bir gün bolmaryn-a, menem bu öýde,
Şatlansynlar, diýip bilmen «Kowmundan!»
Mahrum edilmedik şerap, atlardan,
Sora, Adyýanyň jomart kowmundan!

Bular hem Harys ibn Hyllyzanyň aýdanlarydyr:

Baýlyk üçin ylgan hem ylgadylan ýigidiň,
Ajaly ýetip bir gün çykdy ölüm öňünden.
Bir kenara zyňdy ol gül ýaly durmuşyny,
Akmaklar oýun-bazda onuň bilen deň indi.
Ýedi aýlyk düýäniň süýdün almazlyk etme,
«Olary kim dogurjak?» hiç mahal pikire batma!

Huzeli hem şeýle diýýär:

Seniň bilen abraý üçin ýaryşan,
Abraýlylar bilen senem ýaryşgyn.
Çaga köpelt, boldan harçla malyňy,
Ýogsam, şemal ýaly bu ömre yşgyň ...

Bir aýal bolsa şeýle diýipdir:

Sen ýaşlara tohum atlar, süýtlek düýeler berdiň,
Barysy panynyňky, ählisi-de giderden.

Temim ibn Mukbil: «Çagalaryňy köpelt we malyňy gutarýança harçla. Sebäbi mal-mülk wagtlaýyndyr. Ony iýiji wagt bilen paýlaş» diýipdir. Abu Zer şeýle diýipdir: «Malyň iki şärigi bardyr, mirasdüşerler we belalar».

Şahyr Hutaýa şeýle diýipdir:

Ýagşylyga ýagşylyk gaýdyp gelýändir, gitmez,
Hak — ynsan arasynda bakydyr, hiç wagt ýitmez.

Hadysda: «Dünýäde ýagşylyk edýänler, ahyretde hem ýagşylyk görerler», atalar sözünde hem: «Ite hem ýagşylyk et. Allatagala az zady hem ýerine ýetirmäge buýruk berendir» diýilse, Allatagala: «Kim zerre mukdarynda erbetlik etse, onuň öwezini görer»[1] diýýär.

Hezreti Äşe bir salkym üzüm üçin: «Onuň içinde birnäçe zerräniň agyrlygy bar» diýipdir. Şonuň üçinem bir atalar sözünde şeýle diýilýär: «Kim bir zady az hasaplandygy üçin bermese, birnäçe mätäç kişini mahrum eder». Selm ibn Kuteýbe hem: «Käbiri az diýip nahary biriniň öňüne goýmakdan utanar. Emma has köpüni hem goýmakdan çekiner» diýýär. Darlyk içinde bolanyň bermegi, gurply kişiniň bermeginden has haýyrlydyr. Garybyň berýäni az hem bolsa, Resulalla garybyň bermegini, baýyň bermeginden üstün tutandyr.

Ata-babalarymyz: «Az bolmagy, seni ýagşylyk etmekden çetde saklamasyn» diýipdirler. Pygamberimiz şeýle hem: «Ýarym hurma bilen bolsa hem jähennem odundan goranyň», «Eger malyň ýanan bir ýagy bolsa hem dilegçini boş goýbermäň», «Bir dogramçany hem kiçi görmäň. Sebäbi ahyretde onuň sogaby dag ululygyndadyr» diýendir. Allatagala hem:

[1] Gurhanyň «Zilzal» süresiniň 8-nji aýaty.

«Ol göterimi azaldar, sadakalary köpelder»[1], «Berýän zadyňyz ýüp bölegi bolsa hem, dilegçini boş goýbermäň» diýipdir.

Araplar: «Biri ýetmezçilik üçin siziň ýanyňyza gelse, onuň islegini berjaý ediň», «biriniň ýetmezçiliginiň öwezini doldurmadyk, ýazgarylmaga laýykdyr», «husyt bir zat islände tutanýerlidir, ýöne özünden bir zat soralanda gijä galdyrar», «husytdan bir zat soralanda, özünde ýokdugyny aýdar, berende bolsa öýke-kine eder», «husyt diňlemezden jogap berer, düşünmezden öýkelär», «husytdan bir zat sorasaň gaçar, jomart bolsa uly höwes bilen geler» diýipdirler.

Hezreti Pygamber şeýle diýýär: «Asmandan her gün iki perişde gygyrar. Biri: «Eý, Allam! Mal-mülküni sadaka berýäniň ýerini tiz doldur», beýlekisi bolsa, «Eý, Allam! Mal-mülküni sadaka bermeýäniň mal-mülküni tiz ýok et» diýer.

Atalarymyz: «Üçüň (alýan, berýän, bereni ýazgarýan) iň erbedi bereni ýazgaryjydyr. Özüniň bermeýşi ýaly, beýlekileriň bermegine hem päsgel berer» diýipdirler. Allatagala husytlar barada: «Husytlyk edýänler we ynsanlara husytlygy emr edýänler»[2] diýip gürrüň gozgaýar. Bir atalar sözünde hem: «Zamana seni bir husyda gitmäge mejbur etse, örän erbet bir ýagdaý beýni ýiligini mejbur edendir» diýilýär. Hezreti pygamber şeýle diýýär: «Adalaty aýt, özüňden artyk bolanyny ber», «Size ejeleriňize garşy çykmakdan, gyzlaryňyzy diriligine gömmekden, bermezlikden we dilegçilikden daş durmagy maslahat berýärin». Gurhanda şeýle diýilýär: «Özlerine gerek bolsa hem misgine, ýetime we ýesire berýärler (nahar iýdirýärler)»[3], «Söýýän zatlaryňyzdan bermeseňiz, hiç haçan ýagşylardan bolmarsyňyz»[4], «Özleri mätäç bolsalar hem, beýlekileri özle-

[1] Gurhanyň «Bakara» süresiniň 276-njy aýaty.
[2] Gurhanyň «Nisa» süresiniň 37-nji aýaty.
[3] Gurhanyň «Ynsan» süresiniň 8-nji aýaty.
[4] Gurhanyň «Ymran» süresiniň 92-nji aýaty.

rinden ýokary tutýarlar. Kim özüni husytlykdan gorasa, ynha olar halas bolanlardyr»[1].

Hureými: «Her kalpda jomartlyga päsgel bolýan, çykyşy kyn, inişi aňsat bir depe bardyr», «ýigit eden ýagşylyklarynyň köp bolmagyny islär» diýipdir.

Şahyr bir bendinde şeýle diýýär:

Ömrüniň uzalmagyn umyt eder hemmeler,
Ajalam göýä mydam öz wagtyndan öň geler.

Ubeýdylla ibn Ikraş hem: «Haýyn zaman, mirasa gonmak isleýän mirasdüşer we açgöz täjir. Sen bu üçüsinden mirasa gonmak isleýän mirasdüşeri saýla» diýýär. Ýöne gynansagam, adamzat garradygyça, iki häsiýeti ýaş durkuny saklaýandyr: hyrs we umyt.

Mujaşy Rebaýy: «Husyt husytlygy bilen zalymdan hem ýamandyr» sözüni eşidensoň, şeýle diýipdir: «Alla haýyrlysy husytlyk bolan iki zady heläk etsin!». Bekir ibn Abdylla Muzeni: «Bir metjidi dolduran erkekleriň iň haýyrlysy kim?» diýip soralsa-dy: «Iň köp ýagşylyk edenler diýerdim» diýýär. Hezreti pygamber: «Size iň şerli bolan kim, aýdaýynmy?» diýip sorapdyr. Oturanlar: «Hawa, aýt» diýipdirler. Ol hem: «Bir gyra çekilip, ýeke başyna nahar iýýän, beýlekilere kömek etmeýän we guluny gamçylaýandyr» diýipdir. Bir aýal hor bir merhumyň bedenini görüp: «Alladan ant içýärin, seniň mal-mülküň ne aşgazanyň üçin eken, ne-de garnyň bilen gyzyklanypsyň» diýipdir.

* * *

Bu hat Ibn Tewgeme gelip ýetende, ol Abyl Asa jogap bermegi laýyk hasaplamady. Dawa-jenjel we sowukganlylyk

---

[1] Gurhanyň «Haşr» süresiniň 9-njy aýaty.

sebäpli işiň has hem erbetleşmeginden gorkdy. Şonuň üçinem aşakdaky haty ýazyp, Sakafa iberdi: «Bismillähi-r-rahmany-r-rahym! Abyl Asyň bizi hem ýatlandygyny hem-de tankytlandygyny bildim. Oňa jogap bermäge bize päsgel bolýan zat ýok. Ýöne bize täzeden jogap bermäge synanyşsa, ikinji hatyna jogap bermegimiz, bu ilkinji hatyna jogap bermegimiz ýaly mynasyp bolar. Eger onuň hatyna jogap bermäge synanyşsak, ýagdaý tankyda we günäkärlemäge öwrüler. Netijede iş kejirlige öwrüler we erbet bolar.

Kejirleşmekden bolsa diňe bela gidýän ýollary gowy bilýänler gaça durýandyr. Alla kimi dogry ýoldan aýyrmasa, kimi erbet niýetden we şumlukdan gorasa, onuň tebigaty sap bolar, oý-pikirleri berkleşer. Düşünjesi we oý-pikirleri deňagramly bolanyň bolsa işleri-de ugruna gider.

Sebäbi deňagramlylyk deňagramlylyga alyp barar. Pikirlenmezden iş edene gaharlanmak päsgel bermez. Aslyýetinde onuň heläk etmekden başga niýeti ýokdur. Diňe öz akyly bilen hereket edýänleriň ýola gelmegi üçin hem hiç hili çäre ýokdur. Onuň ýalylara ne doga-tumar, ne-de hile täsir eder. Ýaşaýarka mydama reňklerini üýtgedýänleriň işleri oňuna bolmaz we olar her bir öwüsýän ýelden täsirlenerler.

Göreninň yzyna düşüp ýörenlerden daşda dur. Sebäbi ol her zady ýuwdan haýyrsyz adamdyr. Mydama towsup duran, ürkek ata münmekden hem daşda dur. Onuň maksady üstüne müneni derrew ýykyp öldürmekdir. Eýesini diňlemeýän malyň haýry ýokdur. Mydama reňkini üýtgedýän adam, isripçi adamdan hem erbetdir. Onuň näme etjekdigini, nirä ýöneljekdigini bilip bilmersiň.

Şonuň üçinem akylly adam diňe akyllyny aldar, ýöne akmagy aldap bilmez. Sebäbi akyllynyň çäreleri we hileleri bellidir. Onuň aklyna gelenler beýlekileriň hem aklyna geler. Garaýyşlary belli we çäklidir. Akmagyň bolsa ne hilesi, ne-de çäresi bardyr. Bir zadyň dogrusy ýeke-täkdir, ýalany bolsa san-

syz. Niýetli kişiniň zyýany bir gezeklikçedir we bu ilkinji zarbada öldürmäge meňzär. Durmazdan reňk üýtgedýäniň zyýany yzygiderlidir. Ol zulum bilen öldürilmäge meňzär. Yzygiderli reňkini üýtgedýäniň zyýany mydamalykdyr. Bu hem zulum bilen öldürilmäge meňzär. Bu ýerde esasy gürrüň, yzygiderli reňk üýtgedýän däl-de, saňa öwüt bermekdir.

«Syryňy gora, sebäbi ol ganyňdan bir parçadyr» diýipdirler. Jan alyjynyň gitmegi bilen jan alyjyny aýakda saklaýanyň gitmegi deňdir [bu ýerde mal-mülk göz öňünde tutulýar]. Munjap Anberi: «Mal-mülk bilen oňaryp boljak zyýan uly hasaplanmaz» diýýär. Şulary ýola goýýan zadyň ýok bolmagy iňňän uly betbagtçylykdyr. Şonuň üçinem düýeler hakda: «Gany saklamakdan başga bir zada ýaramasa hem ol oňa ýeterlikdir» diýipdirler[1]. Düýäniň we ondan galan zatlaryň puly bolan nyrhy saklamak beýleki zatlardan goralmaga has laýykdyr. Mal-mülki gorap saklamagyň ýygnamakdan hem kyndygy aýdylandyr. Bu meselede şahyr şeýle diýýär:

Saňa ýygnamakdan has kyn, ejirli,
Goramak ýygnanyň berip gujurňy.

Şonuň üçinem bir satyjy özünden toprak satyn alana: «Saňa agyr jogap berýän we uly kynçylyk getirýän zat berdim» diýende, alyjy satyja: «Men hem saňa kyn ýygnalyp, tiz dargaýan zat berdim» diýip, jogap beripdir.

Pul dünýä çarhynyň üstünde aýlanýan merkezdir. Ony sowulmagyndan, ýeriniň üýtgetmeginden we kiseden gaçmagyndan gorap saklamak nähili agyr. Eger sarp edilen puluň eýesi akylly bolsa, ony ýene-de ýerine goýar we berk ýüpe baglar.

[1] Bu ýerde öňki döwürlerde hun hökmünde düýeleriň berilmegi göz öňünde tutulýar.

Puly gazanmak üçin eýesiniň çeken kynçylygyny, pul hem elde durdugyça çeker. «Pul sessiz maldyr» diýen söze aldanaýma, çünki pul iň gowy wagyzçy hem-de iň gowy şugulçydyr. «Iki daş» (altyn we kümüş) sözüne ähmiýet berip, olary hal-hereketsiz, durgun, az ýolagçy bolýan we köp oturýandyr öýtme. Olaryň asuda mahaly edýän işleri we gymmatlary barka bozýan ahlak-häsiýetleri, iň täsirli zäherden we iň wagşy haýwanlardan hem zyýandyr. Olaryň bu eden işleri bilen çäklenmän, dargamaklaryna kömek etseň we goramak üçin hilä baş urmasaň, gabyr seniň üçin has haýyrlydyr.

Sözlerim ajy, ýöne bagtyýarlyk getirijidir. Bir iş edýärkäň, özüňe ynam bildir! Abyl Asyň sözleri diňe şadyýanlyk getirýän süýji sözlerdir. Sen ätiýajy elden berme. Agajyň şahasyna münen suwulganyň senden has hoşniýetli bolmagyna razy bolaýma! Seret şahyr näme diýýär:

Bir aýagyn bir şaha ildirmese suwulgan,
Beýlekisin goýbermez, şolam edenin bilýär.

Zerur bolmasa mal-mülküňden bir dirhemi hem harçlama. Çünki, Alyç çölünden hem gum alnyp, ýerine gum goýulmasa gum gutarar. Jomartlykdan we at-abraýdan köp gürrüň gozgadylar. Isribe hem jomartlyk diýdiler. Ejizlik we ýalançylyk bilen öwünmegiň miwesi nädip jomartlyk bolup biler? Isrip — jomartlykda Hakyň çäginden geçmekdir. Batyl bolan zat jomartlyk bolmaz. Eger batyl gözel bolýan bolsa, onda hak betgelşikdir. Isrip (goý, Alla ondan seni gorasyn!) Alla garşy çykmakdyr. Eger Alla garşy çykmak gözellik bolsa, onda oňa tabynlyk betgelşik bolar. Üstesine-de, ikisiniň hem (isrip we jomartlyk) bir at bilen atlandyrmagy mümkin bolsady, hak bilen batyly, ýalan bilen dogryny, wepaly bilen bigadyry, zulum bilen adalaty, ylym bilen nadanlygy bir at bilen atlandyrmaly bolardy.

Allatagalanyň isribi, tygşytlylygy, günäni halamaýandygyny gördük. Ýöne isribi ýazgarýşy ýaly tygşytlylygy ýazgarmady. Ýazgarylýan tygşytlylyk, maksatdan aşan tygşytlylykdyr. «Isrip» sözünden diňe nadanlar lezzet alar. «Isripçi» sözünden hem, esasan, jomartlyk çägini aşanlar lezzet alarlar. Eger bu sebäpli lezzet almaýan bolsa, öwýäni ýalňyşlyga şäriklik etdigi bolardy.

Asylzadalygy hem köp öwdüler. Asylzadalyk hem kem hasaplanmaz. Kemçilikden we aýypdan boş başga hiç zat ýokdur. Köneler asylzadalygyň akmaklyga, akmaklygyň hem çaşgynlyga sebäpdigini aýdypdyrlar. Kisranyň: «Asylzadanyň aç mahaly, garamaýagyň hem dok mahaly üstüňize topulmagyndan gaça duruň» diýendigini aýdypdyrlar.

Ajygan wagty zulum we azap berýän bilen, ajygansoň ýalan sözläp, boýun egýänleriň arasynda hiç hili tapawut ýokdur. Şeýle hem ajygansoň beýlekilere zulum edýän bilen, özüne zulum edýäniň arasynda hem tapawut ýokdur. Zulum peslikdir. Eger ol peslik däl bolsa, adalat hem abraý däldir. Eger jomartlyk etmäge mynasyp bolmadyga jomartlyk abraý bolsa, ony gazanana jomartlyk abraý bolmak çäginden çykar. Jomartlyk Alla üçin edilse, Alla şükür etmek manysyny aňladýandyr. Şükür etmek at-abraýdyr. Ýok, jomartlyk günä bolsa, onda ol asla abraý bolup bilmez. Seniň haýyr-yhsanlaryň nädip günäkärlige sebäp bolýar? Keremlilik tagatdan başga zat däldir, peslik hem günäden. Haky depgileýäne jomart diýilmez. Şüküre ters bolana-da kerem. Haky depgilemek keremlilik bolýan bolsa, çägiň bäri tarapynda galan hem keremlilik bolar.

Halkyň sözi bilen ýörejek bolsaňyz, onda aýdyp goýaýyn, halk nusga alynmaz. Goralmagy, gazanmagy, pikirlenmegi bilmeýän we hakykatlara göz ýetirip bilmeýän halk nädip nusga bolup biler. Eger nadanlaryň we şahyrlaryň sözleri bilen netije çykarsaňyz, onda olaryň ýazgarmalary aşa köpdür.

Şükür etmegi wajyp edýän zatdan başga hiç zat jomartlyk däldir. Deňsizligi zerur edýän zatdan başgasynyň husytlyk bolmaýşy ýaly, berilýän zat hem diňe öwezi garaşylmasa nygmat bolar. Ol nygmata bolsa hiç hili şükür gerek bolmaz.

Bähbit üçin beren zadyny peýdasy bolmasa bermezdi. Bähbidi başga birinde görse saňa gelmezdi. Ol seni diňe maksady üçin bir köpri, islegine ýetmek üçin ulag hökmünde ulanandyr. Eger çendenaşalyga düşmek sebäpli günäkärlenme gorkusy bolmasa, bu ýagdaýda bereniň berýändigi üçin minnetdarlyk bildirmeginiň wajypdygyny aýdardyk. Berýän zady berlende peýdasy ýetse hem, berene minnetdarlyk bildirmegi gerek bolmaz. Sebäbi ol muny özi üçin edendir. Eger işi başga ýol bilen bitsedi, saňa bermezdi. Akylymyzy ulanyp pikirlenip görsek, husytlyk bilen wasp edilmegi we minnetdarlyk edilmegi gerekli etjek kişi berende, seniň üçin berýän, peýdasyny isleýän we deregine garaşmazdan beren kişidir. Ol hem diňe şärigi bolmadyk beýik Allatagaladyr. Adamlara bize edýän käbir ýagşylyklary sebäpli minnetdarlyk bildirýän bolsak, bu diňe şu iki ýagdaý sebäplidir. Birinjisi, ybadat etmek niýeti bilen. Mysal üçin, ejä, kaka, hatda şeýtan bolsalar hem bizden ululara hormat goýup, Alla ybadat edýäris. Ikinjisi bolsa, işleri synag edip görmedik, ugruny bilmeýän kişi, özüne edilen ýagşylyk sebäpli gönüden-göni «nygmat berijini» göz öňünde tutmasa hem minnetdarlyk bildirer.

Bir adamyň dostuna, diňe iki ýagdaý sebäpli, ýagny ýa Alla üçin, ýa-da başga bir sebäp bilen berendigini gördük. Alla üçin berýäniň sogabyny Alla berer. Şonuň üçinem eger akyl taýdan pikir edip görsek, bu ýagdaýda nädip oňa şükür etmek wajyp bolar? Eger maňa däl-de, başga bir mätäç kişä duşan bolsady, oňa bererdi. Ýok, eger at-abraý gazanmak üçin berýän bolsa, onda meni maksadyna merduwan etmek isleýär diýmekdir. Maňa rehimi inendigi üçin wyždan azabyny çekýän bolsa we munuň üçin berýän bolsa nebsiniň keselini sagaltdygy bo-

lar. Onuň bu ýagdaýy özüniň bokurdagyny gysýan bir zady gowşadýanyň halyna meňzär. Bulardan galanlardan başga zat üçin tama edip berýän bolsa, maňa aýdyşyňyz ýaly, onuň eden işi ýagşylyk däl-de, maksatlaryny amala aşyrmak üçindir.

Jomartlygyň biri hakyky, biri göçme bolmak bilen iki manysy bardyr. Hakykysy Alla üçin bolanydyr. Göçme bolsa guluna degişlidir. Sebäbi oňa bu häsiýeti beren Alladyr. Jomartlyk Alla üçin ýa-da Alla berendigi üçin edilmeýän bolsa, hakyky manyda jomartlyk hasaplanmaz. Alla üçin edilýän jomartlyk hem öwüler hem-de sogapdyr. Emma isrip beýle däldir?

Saňa aýtjak zatlarymy gowy diňle, gara nebsiniň yzynda ylgaýan, hile ýoly bilen aýal we ýetim ýaly ejizleriň mal-mülküni iýmek we manysyz zyýapatlar diýseň köpeldi. Dürs, asylly, ynamdar we tämiz hasaplanýanlar hem bu işlerden nesibini aldylar. Garamaýak adamlar we halk barada näme diýersiň? Bolýar, gazanç etmek maksady bilen sap gürlemegi öwrenen şahyrlar we hatyplar barada nähili pikir edýärsiň? Olar şeýle bir jemgyýetdir welin, mal-mülk eýeleriniň gapyl bolmaklaryny arzuw edýärler. Olar mal-mülk eýeleriniň emläklerine garaşýan we olara päsgel bolýan hiç kimiň bolmazlygyny isleýärler. Olardan daşda dur, sebäbi misgin hem onuň ýalylardan has kanagatlydyr. Olaryň üst-başlaryna seretme, çünki olar dilegçiden hem pisdirler. Bilip goý, olar ýalylar garyplar toparyna girendirler. Täze lybaslar geýseler hem tebigatlary ýönekeý ynsan tebigatydyr. Olaryň isleýän zatlary we mukdarlary üýtgeşik bolsa hem, her haýsy bir misgindir. Ýöne olaryň käbirleri gymmatly zatlaryň yzyndadyr, käbirleri bolsa köneleriň, käbiri kiçi, käbiri bolsa uly zatlaryň yzyndan ylgar. Hemmesiniň hem gazanç ýollary we isleg-arzuwlary deň däldir. Olar ýalylaryň jadylaryndan we guran duzaklaryndan seresap bol. Bilip goý, olaryň jadysy kelläni alýandyr, gözi gamaşdyrýandyr. Hezreti Pygamber: «Maksadyny gowy beýan edýäniň sözi jady ýaly täsir eder» diýipdir. Omar ibn Abdyleziz bir adamyň gerek zady-

ny çeper beýan edýändigini eşidende: «Ine, bu halal jadydyr» diýipdir. Resulallanyň «aldatmak ýok» diýendigini hem bilip goý. Olaryň öwgüsine çydamakdan ägä bol, sebäbi ýüzüne öwülýäne çydam edip bilýän öz-özüni öwýän ýalydyr.

Mal-mülküň ony isleýänlere ýetmez, olary razy etmäge hem ýetmez. Eger köpüsini gynandyryp, bir bölegini razy etmäge synanyşsaň, bu uly ýitgi bolar. Ýazgarylmak — öwgüni ýitirmekden hem zyýanlydyr. Öýkeledenleriň oklary bilen saňa hüjüm edenlerinde, razy edenleriň birini hem ýanyňda görmersiň. Gaýta tersine, oklara nyşan bolýarsyň diýip seni orta taşlarlar. Soň bolsa: «Olary hem razy etse nähili bolardy?» diýerler. Bu nähili mümkin. Hemmeleri razy etmek mümkin däl. «Bermek bilen hemmeleri razy etmek mümkin däldir? Hiç kime bermezlik hemmeleri razy eder?» diýipdirler.

Saňa aldananlaryň we oýnalanlaryň netijelerini görüp, pent-nesihat almagyňy maslahat berýärin. Durmuşyň ajysyna, zähmetiň muşakgatlygyna we peslik käsesinden içmäge çydar ýaly, sen haniz garyplyga öwrenişen dälsiň. Üstesine-de, seniň ýagdaýyňdaky bir baý garyp düşse, ajysy örän çökder bolar. Sebäbi öň dadylmadyk ajynyň tagamy has erbetdir. Ýogsam, öň garyp bolan adam başyna düşen bu iş sebäpli duşmanlarynyň söýýän zatlary barada pikir hem etmez. Içigaralaryň begenmeginden ynjalyksyz bolmaz. Garyplygy sebäpli ýazgarylmaz. Ne beýlekilere abraý, ne-de gürrüň berilýän hekaýa bolar. Ýogalansoň çagalary tarapyndan näletlener.

Açgözleriň we ýalançylaryň gürrüňlerini beýan etmäge sebäp hem ýok. Ynsanlar henizem mal-mülküni isrip edýän zatlardan goraýarlar. Ýasama goşgularda, toslama habarlarda we çyrşama kitaplarda aýdylanlary gürrüň bermegiň hajaty ýok. Käbirleri: «Ýagşy zatlar diňe kitaplarda galdy» diýýärler.

Bileniňi et, bilmeýän zadyňdan daşda dur. Ähli mal-mülkiňi dargadyp, garyp düşensoň, jomartlyk eden adamlaryna salam berenlerinde, salamyny alandygyny gördüňmi? Ýa-da sa-

lam ýerine kimiň akmak diýýändigini, kimiň gizlenendigini, kimiň bolsa: «Gerek zadyny özünden has gurplulara aýtsady» diýendiklerini eşitmänmidiň? Allatagala şeýle diýýär: «Ol gün işiň aýylgançlygyndan ýaňa baldyrlar açylar, gözleri çöwrülip, ýüzlerini peslik gaplar. Sežda çagyrarlar. Ýöne muňa güýçleri ýetmez. Emma olar sagdyn wagtlary hem sežda çagyrýardylar (ýöne onda-da sežde etmeýärdiler)»[1]. Akylyň we namysyň ýerindekä, ýagdaýyň oňat, mal-mülküň köp mahaly saňa nesihat edýärin, seni gowy görýärin, saňa emr edýärin we bu işleri gadagan edýärin. Eger ertirki gün baýlygyň elden giden mahaly başyňa gynanç, namysyňa garalyk gelse, saňa gaharlanmakdan, seni ýazgarmagymdan we aýyplamagymdan ägä bol!

Belanyň iň erbedi uzalan boýna duýdansyz inen gylyç zarbasy däldir. Sebäbi ol mahal wagt gysgadyr we duýuş duýgusy ýitendir. Iň erbet bela ýetmezçilikleriň wagtynda aýrylmazlygydyr. Şeýle hem iň ýakyn dostuň duşman bolmagy, aýalyň aýrylyşjak bolmagy, gyrnagyň özüniň satylmagyny arzuw etmegi, guluň seni pes hasaplamagy we çagalaryň saňa gaharlanmagydyr. Indi aýt, ýaranjaňlaryň öwgüsi we aýdan belalarym nirede? Magtanmaklyk bir iýmitdir. Belki, ol iýmiti iýmersiň diýip umyt edýärin. Adamlara edilen ýagşylyklaryň köpüsi ýitip gider. Ölensoň abraýlylaryň eden işleri hem unudylar. Görmeýärmiň, jomartlaryň ölümi bilen şygyr ýatyşansoň, şahyrlar dymdyryldy. Her zady gurşap alan nogsanlyk we döwletiň ajamlara geçmegi bilen şygyr hem bu paýyny aldy. Çünki, olar araplar ýaly nesebe[2] we şygyr mejlislerine ähmiýet bermeýärdiler. Sebäbi hem öz döwletlerini hasyly bol berýän toprakly ýerlerde gurmaklary we bolelin ýaşamaklarydyr. Olar ýalylar geçmişi tiz unudarlar. Geçmişi dörüşdirip seljerýänler oňa mätäçlik çekýänlerdir.

---

[1] Gurhanyň «Galam» süresiniň 43-nji aýaty.

[2] Nesep – etnologiýa, millet baradaky ylym.

Baýlygyň aýyby aklyň peselmegine sebäp bolmagydyr. Garyplygyň aýratyn tarapy pikiri janlandyrmagydyr. Eger nebsiňi ahmal edip, baýlygyňy öňe sürseň, baýlyk seni serhoş eder. Onuň beren serhoşlygy hem diňe açgözleriň we hilegärleriň işine ýarar. Ukudaky adamyň nesibine we haýwanlaryň ýaşaýşyna razy bolmak islemeýän bolsaň baýlygyň, yzzatyň we güýjüň berýän baýlygynyň ýanyna hiç hili derdi bolmadyk akylyňy, garyplaryň ham-hyýallaryny, alymyň bilimini goşmak isleýän bolsaň, kynçylyklardan we hilegärlerden seresap bol!

Sen gündiz we gije ogrularynyň, bulagaýlaryň, täjirleriň, senetkärleriň, söweşijileriň, açgözleriň, dilegçileriň hileleriniň yzyndan ýetip bilmersiň. Içgini, jadyny, doga-tumary we zäheri bir ýere jemleseň hem olaryň hileleri has köp täsir eder. Adamlaryň kalplaryna, hatda damarlaryna çenli baryp ýeter. Olaryň hilelerine göz ýetirmek örän kyndyr. Ösümligiň ösüşini we çaganyň atasyna meňzemegini aňmakdan hem kyndyr. Olaryň hileleriniň öňünde belent diwarlar, berk gulplar, gaçybatalgalar, berk gapylar we ýaragly garawullar hem çäresizdir. Olar üçin özünde iňňe deşigi ýaly bir ýara açjak bolsaň, ol ýeri ýola öwürýärler. Şonuň üçinem gapyny mydama ýapyk sakla. Bu seniň üçin has haýyrlydyr. Açaryň deşigini senden başga hiç kimiň bilmejek bir gapy ýasasaň, akylyňy ulandygyň bolar. Eger gapyny gizläp, gulpy hem gizlin ýerde goýsaň-da, olar diwardan aşyp üstünden geçerler. Belentligi alyslara çykarsaň hem aşagyndan garym gazyp, yzyndan ýeterler. Abud Derda: «Möminiň ybadathanasynyň onuň öz öýi bolmagy nähili gözeldir!» diýipdir. Ibn Sirin hem: «Ýalňyzlyk ybadatdyr» diýipdir.

Olaryň (açgözleriň we bähbit araýanlaryň) süýji sözleri arzuw edýän zatlaryny almak üçin çagyryşdyr. Iki sany bähbit gözleýäniň biri beýlekisine: «Bir owlak iý, üstünden bir küýze suw iç, soň gägir. Aşgazanynda bir degirmenlik zat bar bolsa-da ereder» diýipdir. Medininiň: «Kim säher bilen ýedi banan

iýse, üstünden hem erak[1] bilen bakylan düýeleriň süýdünden bir käse içse, gägirende ysy Käbäniň ysy ýaly ýakymly bolar» diýen sözi hem muňa degişlidir.

Jarut ibn Abu Sebre bir gezek Bilal ibn Abu Burdadan: «Maňa Abdyl Agla we onuň saçagy barada gürrüň ber» diýip haýyş edipdir. Bilal hem şeýle gürrüň beripdir: «Aşpez gelip, onuň öňünde diwar ýaly bolup durýar. Ol oňa: «Näme bar?» diýýär. Ol hem: «Gyzaran owlak, gowy bişen çebiş, lezzetli ördek we başga zatlar bar» diýip, hemme zady sanaýar. Jarut ondan näme üçin olary sanadýandygy barada soranda, Abu Burda: «Hemmeler janynyň isleýän zadyny hezil edip iýip bilsinler» diýip, şeýle gürrüň beripdir: «Saçak ýazylardy, hemmeler gysymyljyrap daş-töweregine üýşerdiler. Abdyl Agla bolsa erkek düýeguş ýaly saçagyň üstüne egilýärdi. Ol ýerdäkiler çalt-çaltdan iýýärkäler, ol howlukman iýýärdi. Çalt iýýänleriň bady gowşansoň, olary hereketlendirmek üçin näçe günüň ajy ýaly iýmäge başlardy.

Başga bir iýermen bolsa: «Meniň işdäm hoşboý ysly, nohutly, bol etli dograma küýseýär. Men oňa göýä haýyrsyz hossaryň ýetimiň hakyna topulyşy ýaly topulmak isleýärin» diýipdir.

Birinden käbir milletlere mahsus naharlar we tagamly lezzetler soralanda: «Rumlular haýwanlaryň iç goşlaryny we üweme tagamlary iýmek bilen meşhurlyk gazandylar. Parslar sowuk we süýji naharlary bilen tanaldylar» diýipdir. Hezreti Omar: «Turşy, sirkeli we duzly tagamlar parslara degişlidir» diýipdir. Bu meselede Medini: «Ýarma we çorbalar biziň naharlarymyzdyr. Gaýmak, gatyk, çekirtge, kömelek, gatykly çörek, mesge we hurma bolsa çarwa araplarynyňkydyr» diýýär. Şahyr bir goşgusynda şeýle diýýär:

[1] Erak agajy – arap ýurtlarynda bitýän çöl ösümligi.

Häzir oňat bolardy Hudaý nazaryn salsa,
Çörek dogralan gatyk, mesgeli hurma bolsa.

Şeýle hem etli batyrma we süýji zatlar parslaryň naharydyr. Bir çarwa arap şeýle gürrüň berýär: «Bize düýeleriň agzyndan çykýan ap-ak köpük ýaly ak bugdaý getirdiler. Ony zeýtun ýagyna batyryp iýdik. Ýaglar edil halygyň düýäniň garnyndan sypyrylyşy ýaly çöreklerden sypyrylyp eräp gitdi. Soň ondan dograma etdik. Dograma etiň ýaglarynyň içinde syrtlanyň çölde gezişi ýaly gezýärdi. Iň soňunda hem warlanlar[1] ýaly ýaldyrawuk hurmalar getirildi. Ony iýýärkäk dişlerimiz palçyga batýan ýaly batýardy».

Çişip giden bir doýar-dolmazdan: «Seni pökgerden zat näme?» diýlip soralanda, ol: «Nahary gyzgynlygyna iýmezligim, şerbeti sowuklygyna içmezligim, çep tarapyma ýassanyp ýatmazlygym we kesekileriň mal-mülküni bolan höwesim sebäpli» diýip, jogap beripdir. Ýene-de şahyry diňläliň:

Eýesiniň bedenine peýdaly,
Nahar bilen doly bolsa aşgazan,
Hem ony biabraý etmezi ýaly.

Birine: «Sen näme üçin semreýärsiň?» diýlende, ol: «Az pikirlenýärin, garnymy ýeňil saklaýaryn we dok garna ýatmaýaryn» diýipdir.

Hajjaç bir gezek Gadban ibn Kabagsaraýdan: «Seni näme semredýär?» diýip soranda, ol: «Tussag bolmagym we köp iýmegim. Kim emiriň myhmany bolsa semrär» diýipdir.

Walla, her isleg edilen zat berilse, jomartlygyň husytlykdan artyklygy galmazdy. Dogrulygyň hakyky ýoly halal gazanç we tygşytlylykdyr. Bir arap ejesine galyň hökmünde berlen dü-

[1] Warlan – ýaldyrawuk derili süýrenji.

ýeleriň köpelýändigini görüp: «Eý, Allam, käbir rysgallardan saňa [maňlaý deri dökülmezden gazanylandygy üçin] sygynýaryn» diýipdir.

Hutaýadan has köp dilenýän we ondan has biabraý dilegçi barmy? Jerir ibn Hatafadan has pes we has husyt kim bar? Kuseýýir ýaly gysyk kim bar? Ibn Hereme ýaly gysganç kim bar? Ibn Abu Hafsanyň husytlykda kim yzyndan ýetip biler? Abu Ýakup Hureými ýaly bir gyly kyrka bölmekde ýaryşjak barmy? Ýok düýeleri soýmakda Ibn Heremeden öňe geçjek barmy? Agaçsyz oklary gowy atmakda we ekilmedik zady iýdirmekde Hureýminiň eli tutularmy? Sen Ibn Ýesaryň niresindesiň? Ibn Abu Kerimäni taşlap nirä gidýärsiň? Näme üçin Rakkaşyny gözden sypdyrýarsyň? Näme üçin onuň syryny paş etmeýärsiň?

Çarwa arap şäherliden hem erbetdir. Ol zalym dilegçi, haýasyz we ýaranjaňdyr. Öwende, tankytlanda, sögende, bir zat umyt edende erbetlige baş urar. Olary gylyk-häsiýetine belet bolanlar, şübhe edijiler we akmaklar tanarlar. Oňa diňe ony söýenler zat berer.

Hak ýolunda bereninde agyr, batyl ýolunda bereninde bolsa çalt hereket edýärsiň! Eger şahyrlaryň sözlerine ynam bildirýän we olaryň sözlerini saýlaýan bolsaňyz, ine, size şahyrlaryň sözleri. Bir şahyr şeýle diýýär:

Halas eden az zadyň ýerinde durar hatar,
Üsti pisatly az zat, ýerinde durmaz, gider ...

Bu hem Şemmah ibn Diraryň beýti:

Düzedilip ýetmezçilik, doldurýan az zat öwezin,
Dilenilýän köp zatdan hem haýyrlydyr, ýetsin gözüň.

Uhaýha ibn Junah hem şeýle diýýär:

Ýa-ha mätäç bolmagyn, ýa ölüp dyn dünýeden,
Dogan-gardaş baýlygy aldawçylyk güýesi.
Egilýärin topraga, men oňa jan berýärin,
Şoldur ynsana baýlyk, ähli mülküň eýesi.

Indi käbir başga şahyrlaryň setirlerini beýan edeli. Sehl ibn Harun şeýle diýýär:

Baýdyr öýdüp umytsyzlyk içinde jan ýakýana,
Göriplik edýär diýip meniň içim ýanyp durmaz.
Dostluk-ýakynlyk bagyny göz öňüne almasa-da,
Ondan nämedir bir zat isleýänimi hem görmez.
Ynsanlardan kämahal bolmak bir zat tamakin,
Garyplyk hasaplandykça, isleg etmek maňa kyn.

Abu Atahyýe şeýle diýipdir:

Onsuz geçip durka günüň,
Dostuň doganyňdyr seniň.
Seni ýatdan çykarar ol,
Birden oňa galsa günüň.

Uhaýha ibn Junahyň sözleri şeýledir:

Men islesem rahat ýaşap bilerdim,
Öňüme goýlardy süýdüm hem etim,
Zenjepiliň[1] ysy agyzlarynda,
Säher bilen hasyl bolup niýetim,

[1] Zenjepil – ýakymly ysy bolan ösümlik.

Halynyň üstünde men bilen oýnar,
Gül gyzlar oýnardy gyrmyzy dodak.
Çopan edip ýaradyldym ýöne men,
Islesem bererin, islemesem — ýok!

Başga şahyryň şeýle sözleri bar:

Malyňy aýagyn, eý, Abu Muslih,
Mal-mülki aýamak garyplykdan ýeg,
Seresap bol, isrip etme şow günde,
Görmediňmi, baýlyk sebäpli bu gün,
Abraýyň artandygyny kowmuňda.

Urwa ibn Wertiň sözleri şeýledir:

Ezizim, zähmet çekeýin, zähmet bilen baý bolaýyn,
Adamlaryň iň şerlisi garypdyr, meniň bilenim.
Abraýy bar bolsa-da, men aýtsam ol barasynda,
Ähmiýeti az garybyň adamlaryň arasynda.
Mejlis-maslahatda oňa orun ýokdur mähir bilen,
Aýalydyr ogul-gyzy bakar mydam gahar bilen.
Baýyňky welin beýle däl, ol örän agras görünýär,
Ýogsam şatlykdan ýüregi uçaýjak bolup urunýar.
Günäsi az görünýändir köp bolaýsa-da günäsi,
Bagyşlaýan Hudaýy bar, bardyr onuň öz penasy.

Sagyt ibn Zeýt ibn Amr ibn Nufeýl şeýle diýýär:

Bu gün iki aýalym bilgeşlinden yrsarap,
Ýalandan, töhmet atyp, edýär şeýle talaby.
Az görüp mal-mülkümi, mende bolan baýlygy,
Gör, olar isleýärler bermegimi talagy.
Diýdim: «Kabul bolmajak zatlar bilen ýüz tutmaň!»,

Belki, zadym köpeler, gerden ýeňlär bergiden.
Gezersiňiz bezemen, geýersiňiz bezelen,
Ötüp bolmaz gapymdan, sakçym bolar birgiden.
Onsoň meniň işlemegim isläbem barmarsyňyz,
Garyba durmuş erbet, maly bolan söýüner.
Senden daşlaşýan wagty iň bir ýakyn dostlaryň,
«Garyp ýanynda mydam şer ýaşaýar» diýiler.

Başga bir şahyr şeýle diýýär:

Emlägiňi pes saýmak — äsgermezlik durmuşy,
Çünki, oýun-güýmenjäniň bar başga-da görnüşi.

Ahnes ibn Şyhap şeýle diýýär:

Köp ýaşadym, iýdik-içdik, bozgakdy dostlar baý günüm,
Ýaşlyk geçenden soň welin, boldum aklyna aýlanan,
Bolup galdym garawuly öz mal-mülkümiň, baýlygyň.

Ibn Uýeýne Sakafyň sözleri şeýledir:

Arzuw hem islegime boýun boldum aýalyň,
Meni gula gul bolan bir batraga öwürdi.
Gujaklaýar: «Bu janym, goý, bolsun gurban saňa!»
Pikir etmek gereg-ä, şeýle zady öňürti.
Abraý, azatlygy satar wagtym gelende,
Ýörän ýaly bolmaýyn men hiç mahal ýyldyza.
Ite meňzäp peseler adamlaryň öňünde,
Ozal gamyn iýmedik, bol hasylly ýylda-da.

Bir atalar sözünde şeýle diýilýär: «Bollukdan we bolelinlikden öňürti zähmet geler». Lakit hem: «Söweş — düýeleri süýtli, gylyçlary kesgir eder» diýipdir. Abyl Mugafa şeýle diý-

ýär: «Ol birden golunyň darlygynda gyzyny çykarmaly boldy. Gyzyna goş diýip bir ýumşak düşek iberdi. Oňa: «Munuň üstünde dynç al, asla zähmet çekme. Hernäme etseň-de, çaga diýip dogurjak zadyň garyplykdyr» diýdi.

Osman ibn Abyl As: «Bir sagatlyk dünýä üçin we bir sagatlyk ahyret üçin gazan» diýýär. Resulalla şeýle diýýär: «Size gybat etmekden-de hem beter dilegçiligi we isrip etmegi gadagan edýärin», «Sadakanyň haýyrlysy baýam bolsaň baýlygyňa zeper ýetirmeýän sadakadyr. Ýokarda bolan el, pesde bolan elden haýyrlydyr. Bermäge öz golastyňdakylardan başla», «Sadaka hökmünde malyň üçden birini ber. Bu hem köpdür. Çünki ýogalaňsoň perzentleriň başgalara el sermekden has haýyrly bolan zat, olara bir baýlyk goýmagyňdyr».

Ibn Abbas: «Ynsanlaryň mal-mülküniň üçden birinden hem azyny bermeklerini nesihat edýärin. Çünki hezreti Resulalla: «Üçden bir» diýdi. Soň onuň hem köpdügini aýtdy. Pygamberimiz: «Golastyndakylara zyýan ýetirmek uly günädir» diýipdir.

Siz at-abraýy özümi garyp goýup, beýlekileri baý etmekde, mal-mülkümi zaýalap, beýlekileri goramagymda görýärsiňiz. Serediň, bu meselede Ibn Hereme näme diýýär: «Öz ýumurtgalaryny meýdana taşlap, beýlekileriň ýumurtgalaryny basýan düýeguş ýaly». Başga biri hem: «Iň ýakynyna zeper ýetirip, başgalara ýagşylyk eden ýaly» diýýär. Bir şahyr bu ýagdaýy şeýle dile getirýär:

Öz çagasyn ýatdan çykaran aýal,
Bigänäniň çagasyny emdirip,
Hiç bir haýyr işi edenlerden däl.

Allatagala hem: «Isripçilik etme. Çünki isripçiler şeýtanyň dostlarydyr»[1], «Senden näme sadaka bermelidigiňi sorarlar. Geregiňden artykmajyny diý»[2] diýýär. Görnüşi ýaly Allatagala gereginden artygyny bermäge rugsat berýär, emma gerekli zady bermäge rugsat bermeýär. Artyk zada rugsat berýär, emma esasy zada şol emri bermeýär. Kagp ibn Mälik mal-mülküniň hemmesini sadaka hökmünde bermek islände, hezreti Pygamber oňa: «Mal-mülküňi özüňde sakla» diýipdir. Siz Pygamberiň elde saklanylmagyny islän mal-mülküniň isrip edilmegini emr edýärsiňiz. Gaýlan ibn Seleme hem şol işi etmek isläpdir, ýöne hezreti Omar ony bu niýetinden dändirip, oňa: «Ölsediň, Abu Rygalyň guburynyň daşlanyşy ýaly gabryňy daşlardym» diýýär. Allatagala şeýle diýýär: «Ýagdaýy gowular ýagdaýlaryna görä haýyr-yhsan etsinler. Rysgaly çäkli berilenler, özlerine berşi ýaly bersinler»[3], «Olar ne isrip ederler, ne-de gysganarlar. Ikisiniň arasynda orta ýol tutarlar»[4]. Hezreti Pygamber: «Barjak ýeriňe çenli mydar edip boljak azyk ýeterlikdir», «Az bolup ýeterlik bolan, köp bolup azaşdyrýan zatdan haýyrlydyr», «Ýolagçy wagty dostlaryndan aýrylan kişi ne bir ýol aşar, ne-de ulag oňa çydar» diýýär.

Ine, bular sebäpli: «Mal-mülküňiň haýyrlysy saňa haýyrly bolanydyr. Her zadyň haýyrlysy orta bolanydyr. Ýöreýşiň iň erbedi ýadadýanydyr. Ýagşylyk iki erbetligiň arasyndadyr» diýipdirler. Şeýle hem şulary-da aýdypdyrlar: «Allanyň dini çendenaşalyk bilen çenden pesligiň arasyndadyr», «Mergen ifrat[5] bilen tefridiň[6] arasynda (ortalykda) ok atar», «Semiz bilen arrygyň arasyny saýla», «Süýji bolma ýuwdarlar, ajy bolma

[1] Gurhanyň «Isra» süresiniň 27-nji aýaty.
[2] Gurhanyň «Bakara» süresiniň 219-njy aýaty.
[3] Gurhanyň «Talak» süresiniň 7-nji aýaty.
[4] Gurhanyň «Furkan» süresiniň 67-nji aýaty.
[5] Ifrat – çendenaşalyk, çensizlik.
[6] Tefrit – çendenpeslik, çenlilik.

zyňarlar», «Suwdan ganmak üçin hemmesini içmek gerek däl», «Eý, düwün salýan! Çözmelidigiňi hem unutma», «Ýuwdum-ýuwdum edip, owurtlap içmek suwsuzlygyňy has gowy gandy-rar» diýipdirler. Abud Derda hem: «Nebsime dogry işleri etme-gi aýdanymda, onuň dänmeginden gorkýandygym üçin käbir güýmenjeler bilen dynçlyk berdim» diýýär. Bir beýt:

Aja dönýän süýji zat-da men käwagt,
Dikdüşdi men, gulak asmaz bedibagt.

Malyny gorap saklaýana gaharlanan we mal-mülküni tygşytly harçlaýany ýazgarýanlar hakda aýdylanlara hem bir-näçe mysal bereli: «Husyt zalym ýaly däldir», «Birden gahar-lanmak adalatlylyk däldir», «Näme üçin ýazgarýarsyň, belki bir sebäbi bardyr», «Aýyplaýanyň hem aýyplanjak birnäçe ta-rapy bar». Ahnef: «Hiç hili günäsi bolmasa hem niçeme ýazga-rylýan adam bar» diýýär. Hezreti Pygamberimiz hem: «Üç ýagdaýdan başga ýagdaýda isleg-arzuw dogry däldir. Bular aşa garyplyk, köp bergi we zeper ýetirýän hundur» diýýär. Şahyr:

Azat kişä erbet sözler sowrular.
Gullar üçin ýaradylan gamçylar,
Hem islegde özelenen kowular.

«Islegde özelenene bermezlikde dikdüşdilik ediler» we «Aldanmakdan güman edýän bolsaň hiç beräýme, çünki alda-nan ne öwüler, ne-de sogap alar» diýipdirler. Şu sözler hem aý-dylandyr: «Iki awuň biri bolsaň, oka ýakyn bolany bolma». Manysy: «Eger isleýänlere zadyňy berseň, duşmanlaryň okuna nyşana bolarsyň» diýmekdir. Nakyl: «Hem gylyçdan, hem gyn-dan jyda düşmeli bolsa, gyn bilen gaçmaklyk danalykdyr. Abyl Eswet: «Peselmäge duçar bolmak abraýdan gaçmak däldir. Peslige sebäp bolmak hem jomartlyk däldir. Garybyň başga bi-

rine boýun egmegi hökmany zatdyr. Bu bolsa peselmekdir. Eger jomartlyk bilen at-abraý süýtdeş dogan bolsa, pesligi kabul etmezlik abraýly bolmaga laýykdyr» diýýär. Baý: «Alla jan, meni erbet suwa indirme, ýogsa erbet adam bolaryn» diýipdir. Şahyr bolsa şeýle diýýär:

Zamana ädim ätse, senem şonuň ýaly et,
Haýsy tarapa gitse, bile şol tarapa git.

Garyp: «Käşge meniň hem bagjyklary çözülmeýän syrtlan derisinden bir aýakgabym bolsady» diýipdir. «Mätäç bolan göz ýumar. Eger haky bar bolsa, hakynyň bir bölegini almakdan däner» diýlip dogry aýdylypdyr.

Reýseýmusdan: «Bazarda nahar iýýärmiň?» diýip sorapdyrlar. Ol: «Reýseýmus diňe ajygan mahaly bazarda nahar iýer» diýip, jogap beripdir. Atalar sözi: «Guraklykda kösenen otluk gözlär, ajyň aňy bolmaz». Bir akyldar şeýle diýýär: «Nygmatyň ürküp gaçmagyndan seresap boluň, çünki ol şübheden gaçýan aýal ýalydyr. Her gaçan hem yzyna gelmez». Aly ibn Abu Talyp: «Gidensoň yzyna gaýdyp gelen örän azdyr», «Birnäçe zat bardyr, beýleki zatlara päsgel berer. Birnäçe howlukmaçlyk bardyr, gijikmäge sebäp bolar» diýipdir. Şeýle hem: «Jany ynamly bolan zadyna üstün gelmän, güman eden zadyna üstün bolýan adam ýaly bolma», «Puly nädip we näme üçin kisesinden çykarandygyň barada gowy pikirlen», «Yzaejir çekmek emlägiň azalmagyndan hem erbetdir» diýipdirler. Şahyr muny gör nähili gözel beýan edýär:

Bu başyna gelen uly bela bolsa-da belli,
Ondanam has ulusy etmezligiň teselli.

Inen bir apat sebäpli garyp düşmegiň bir jenaýat sebäpli garyp düşmegiňden hem haýyrlydyr. Bereketiň gitmegine göz

ýumanlaryň gaýgysynyň az bolmajakdygy ýaly, ýazgarýany, rehim edýäni we gülýäni hem az bolmaz. Hezreti Omar kuraýşly ýaşlaryň isripçilikde biri-birleri bilen ýaryşýandyklary barada gürrüň berip: «Olaryň akmaklaryny gidermek, garyplyklaryny gidermekden hem kyn» diýipdir. Sen hem özüňe garşy hawteganyň, maşgalaňa garşy besusyň, milletiňe garşy menşimiň[1] ysy ýaly erbet we şum bolma. Malyny nebsiniň arzuwlaryna taşlan elmydama ah çeker. Bular ýalylar özlerinden başgalara gaharlanmasynlar. Ýygnan zatlaryňy ulanmagy öwrenen günüň, sen nähili bagtly bolarsyň?! Şahyr şeýle diýýär:

Her millet öz abraýyny goraýar,
Içýänler biabraý şerap-apaty.
Olar mydam tabak başynyň dosty,
Aýňalan mahaly bolmaz arasy.

Men bulary aýtmaýaryn bilmezden,
Pasyklar kim — örän gowy bilýärin.
Içýänlerde has köp bolar bu gylyk,
Bu gün ynsan deň-le, men geň galýaryn.

Abbat ibn Kureý öz taýpasy bolan sagt ogullary taýpasynyň ezýetine çydaman, başga bir taýpa göçüpdir. Olar hem oňa erbet gatnaşyklar edensoňlar: «Hemme ýerde sagt ogullary bar eken» diýmekden başga söz tapmandyr.

Sen meniň sözlerimi ýat tut. Abyl Asyň sözlerini taşla. «Naharyňy iý, soň ýola çyk», «Göreniňden soň yz çalma», «Çelegi ilkinji ýagmyrda doldur», «Şübheli bolany taşla, şübhelenmeýäniňe seret» pähimleri bilen amal et. Seniň dostuň saňa ynanan we şöwket tarapdan däl, akylyň tarapyndan dost bolandyr. Baýlygyňy goramagyň üçin nesihatlar bermäge syna-

---

[1] Hawtega, besus, menşim – ýakymsyz ysly ösümlikleriň atlary.

nyşandyr. Ertir saňa gaharlanmajak adamlardyr. Şahyr şeýle diýýär:

Hak dost aldamagy almaz hyýala,
Peýdaň üçin özi galar zyýana.

Abyt ibn Abrasyny diňle: «Şuny gowy bil, seniň bilen ýoldaş bolmadyk, seniň ýagşylygyňy hem islemez. Öwüt berýän bir nebsiň, erbet ahlaklary seljerýän akylyň, nesihat berýän bir dostuň we saňa rehim edýän kömekçiň bar bolsa, ýagşy bolmagy dowam edersiň. Salyha aýal hem hakyky kömekçidir. Bagtyýar adam başgalardan ders alan kişidir. Eger sen bu sananlarymyň birine hem eýe däl bolsaň, yz galdyrýan ajy netijä laýyksyň. Şonuň üçinem: «Mal-mülküň iň haýyrlysy saňa ders berýän mal-mülkdür, boşa gideni däldir» diýipdirler.

Ynsanlar mal-mülke tama ederler we ony hemme ýerde gözlärler. Mal-mülk deňizleriň düýbünde, dag gaýalarynda, garaňky tokaýlarda, derelerde, çöllerde, ýollarda, gepiň keltesi ýer ýüzüniň Gündogarynda we Günbatarynda, abraý bilen, peslik bilen, wepa bilen, gadyr bilen, ybadat bilen, gaňryp almak bilen, dogrulyk bilen, ýalan bilen, wagşylyk bilen, ýaranjaňlyk bilen gözlenendir. Hatda Alla küpür we iman etmek bilen duzak we hile gurlup gözlenendir. Mal-mülki goramak üçin ýüz urulmadyk ýol galan däldir.

Ar almak isleýänler rahat bolup bilerler, ýöne hyrsly bolanlar rahatlanmazlar. Ýer ýüzüniň hemme tarapynda medinelilere, basralylara we hyralylara meňzeş adamlary görersiň. Garybyň baýy ýamanlaýandygyny, pyýadanyň atla gaharlanýandygyny görersiň we synplaryň arasynda bahylçylygyň ýaýrandygyna şaýat bolarsyň. Hüşgär bolmasaň, ýagdaýa görä özüňi alyp barmasaň, öňdengörüjiligi öwrenmeseň, tygşytlylar bilen gatnaşmasaň, ähli döwürleri (aýratyn hem öz döwrüňi) bilmeseň wajyp derejä ýetmersiň. Seni soýarlar, mal-mülküňi

dargadarlar. Daş-töweregiňi şeýle bir gabarlar welin, inçekesel bolarsyň. Olaryň aralaryndan hiç kim seni sagaltmaga synanyşmaz.

«Mal-mülki, akmak hem bolsa, diňe eýesi gorap saklar» diýipdirler. Seresap bol, akmakdan pes bolma. «Kemçiliksiz iş bolmaz» diýipdirler. Ol işjeňlikden hem pes bolma. Eýe bolunmadyk, üns berilmedik we çaga-çuganyň isleglerine goýlan mal-mülke: «Çopan ýok, ýöne sagýanlar bar» diýipdirler. Seniň mal-mülküň dişlerden mahrum däldir, şonuň üçinem: «Otluk bar, ot bar, ýöne düýe ýok» diýlipdir. Seniň esasy etmeli işiň mal-mülküňi goramak, garnyňy doýurmak we başa gelen belalary dep etmekdir. Bisarpa tutulan we köpe şam bolan mal-mülk tiz gutarar. Işleriňde akylly bol we emlägiňi hökman gorap sakla. Şeýtseň, iki sany gymmatly zadyňy, ýagny diniňi we namysyňy goradygyň bolar. Seret näme diýipdirler: «Ok atmak üçin ok gursakçasyny geý», «Öküzleriň söweşinde şahy güýçli bolan ýeňer».

Araplar keseki adamlara öwrenişen dilegçini görenlerinde: «Eşigiňi öňi-soňy sen gazanmadyň, ýerde süýre we ýyrt» diýýärler. Pygamberimiz: «Adamlar daragyň dişleri ýaly deňdirler. Kişi doganlary bilen köplükdir» diýýär. Özi üçin laýyk hasaplan zadyny, saňa laýyk hasaplamaýandan haýyr gözleme. Şonuň üçinem dost-ýarlaryňy gowy tana. Öz isleýän zatlaryny saňa islemeýänlerden ägä bol. Men saňa Gurhanyň buýruklaryndan başga zady emr etmeýärin. Resulallanyň maslahatlaryndan başga bir maslahatym ýok. Dogruçyl adamlaryň biri-birlerine berýän öwütlerinden başga öwüt bermeýärin. Hezreti Pygamber: «Öňürti düýäňi bagla, soň töwekgellik et» diýýär. Mutarryf ibn Şihir bolsa şeýle diýýär: «Kim gyşaryp duran diwaryň düýbünde töwekgelçilik edip ýatmakçy bolsa, onda ol töwekgelçilik edip özüni uçut gaýadan aşak taşlasyn! Allanyň emr edýän töwekgeli bu däldir. Güýjüň ýetmejek zadyndan gaça durmak gadagançylygy — munuň niresinde? Kim sebäpleri-

ni göz öňüne almazdan halas bolmagy niýet etse, umydyny hyýal atyna mündürendir. Allatagala diňe emr eden zatlaryndan bolan umydy amala aşyrar. Şeýle hem näme etmelidigini bilen amala aşyrar. Hezreti Omar gyrgyn keselli ýerden gaçanda, Abu Ubeýde: «Allanyň takdyryndan gaçýarmyň?» diýip sorapdyr. Ol hem: «Hawa, onuň ýazgydyndan onuň ýazgydyna gaçýaryn» diýipdir. Oňa: «Çäre görmek, ýazgyda garşy peýda berermi?» diýlende bolsa, ol: «Eger peýdasy bolmasa çäre görmegi emr etmegiň manysy galmazdy» diýipdir.

Hal-ýagdaýyňy beýan etmek, töwekgeliň hut özüdir. Resulalla bir dawada: «Alla maňa ýeter» diýen adama: «Alladan ötünç sora, eger bir iş seni ejiz ýagdaýa düşürse, şonda «Alla maňa ýeter diý» diýipdir.

Şahyr şeýle diýýär:

Islege gowuşmak hem-de uzur beýanat üçin,
Islän ýeriňe baş alyp gitmek gerek men ýaly,
Malydyr mülki az bolup, çagasy hem köp kişiň.

Başga bir şahyr şeýle diýipdir:

Adyl bermedik bolsa kazy hökümi eger,
Ýazgarmagyn özüňi, gaýta, başarsaň begen!

Zuheýr Baby şeýle diýýär: «Töwekgel mal-mülkümi elden giderenimde öwezini başga bir mal-mülk geljeginden arkaýyn bolmagym bolsa, şaýat boluň, men hiç hili töwekgel eden hasaplanmaryn. Töwekgel diňe Allanyň terbiýesi bilen nädende nygmat eýesi boljakdygyny we ir-u giç öwezini görjekdigini bilmegiňdir». Abu Bekr, Osman, Zubeýr we Abdyrahman dagylar näme üçin söwda bilen meşgullandylar? Omar näme üçin adamlara nähili söwda etmelidigini öwretdi? Hezreti Omar: «Satyn alan düýäň iri bolsun. Eger ony tanamasalar daş görnü-

şine baha bererler» diýmeginiň sebäbi nämedi? Ýene-de hezreti Omar: «Mallaryňyzyň bir başyny iki baş ediň» diýdi. Hezreti Osmandan köp gazanç etmeginiň sebäbi soralanda: «Men bu kärden doýmadym» diýipdir.

Aly ibn Abu Talyp doganynyň ogly Abdylla ibn Japaryň mal-mülküni ýerliksiz ulanmagyna päsgel bermedimi? Ýogsa ol mal-mülküni tanymal bolmak we öwgi üçin sarp edýärdi? Onuň mal-mülküni içgä, humara we erbet işlere sowurandygyny heý, aýdan barmy? Siziň jomartlyk diýýän zadyňyz we abraý diýip hasaplaýan zadyňyz üçin sowmaýardymy? Jomartlaryň jomartlyklary, danalaryň ýumşaklyklary sebäpli emläklerini sarp etmejekdiklerini kim aýdypdyr? Abu Bekrden soňra haýsy ymamy nusga alýarsyň? Hezreti Alydan soň haýsy alyma uýjak? Ýa-da sen sözüňde durmagy, hak-hukugy ýerine ýetirmegi we kynçylyklara sabyr etmegi, nebsine gul bolan doýar-dolmazdan hilegärden ýa-da açgözden öwrenjekmi?

Eger az mal-mülküň eýesi bolsaň, onda maşgalaňy zordan ekläp bilersiň. Eger mal-mülküň köp bolsa, artykmaçlaryny kynçylyklar üçin sakla. Geljege diňe akmaklar ynam bildirer! Sag-salamatlyga samsykdan başga hiç kim aldanmaz. Belanyň gapysyny kakýanlardan we hilegärleriň mekirliklerden gaça dur. Ýagyňy goraljak ýerde sakla. Seniň arrygyň beýlekileriň semizinden haýyrlydyr. Beýlekileriň semizi kesgir gylyçlar we mäkäm gapylar bilen goraýar. Gazanmak şeýle bir kyndyr!

Bir aýal bir araba: «Maňa öýlenseň, saňa serederin» diýipdir. Bu söz araba şu şygry aýtdyrypdyr:

Maly-mülküň bolsam seniň eger-de,
Ynsanlar söýgüsi hem Hak sogaby,
Uzaklaşar, hiç wagt diňlenmez dadym,
Topraksyz baý tapabilmez rowany,
Maşgala peýdasy bolmadyk zadyň.

Maglut Kureýi şeýle diýýär:

Bagtly adam! Zat sorama hiç kimden,
Elleriňi dileg üçin aç çyndan.
Bir bölek ýer dileg salsaň bermezler,
Edil bizar bolan ýalydyr senden.

* * *

Ýene-de husytlaryň sözlerine we geň-taň gürrüňlerine dolanaly.

* * *

Ibn Hasan gürrüň berýär: «Ýanymyzda bir garyp adam bardy. Onuň dogany baý we husytdy. Dogany öwünjeň adamdy. Garyp adam bir gün doganyna:

— Maňa haýpyň gelsin! Men köp maşgalaly garyp adam, sen bolsa baý. Sen maňa ne kömek berýärsiň, ne-de goldaw. Men seniň ýaly husydy hiç haçan görmändim — diýdi.

Onda dogany:

— Sen ýalňyş pikir edip, mal-mülkümiň hasabyny nädogry ýöredýärsiň. Husytlyk we baýlyk meselesinde maňa aýdýan zatlaryň dogry däl. Eger müňlerçe dirhemim bolsady, elbetde saňa bäş ýüz müň dirhem bererdim. Heý-de bäş ýüz müň dirhemi bir sagatda sowgat beren adama husyt diýerlermi? — diýipdir.

* * *

Menekli dograma eýesine gelsek, onda dogramanyň menekli bolmagy we suprasyndaky beýleki naharlara seredilende galan haýranlygym, ýönekeý haýranlyk däldir. Menekli dograma eýesi, her meselede gürlemegine garamazdan, jomartlyk barada nädip özüni saklady, nädip sabyr etdi, geň galaýmaly? Onuň bilen köp gezek bile bolupdym. Ol maňa köp zatlary gür-

rüň berdi. Ýöne kimdir biriniň başga birine bir dirhem berendigi barada aýdandygyny eşitmedim. Ol jomartlykdan galan ähli meselede sungata laýyk beýik sözleri aýdardy. Ýöne jomartlykdan söz gozgamazdy. Bu onuň kalbyndan çykyp gidişi ýaly zybanyndan hem çykypdy. Bu aýdýan zatlarymy Tahyr Eseriň aýdanlary hem tassyklaýar. Ol şeýle diýýär: «Dillerinde «jomartlyk» diýen sözüň bolmazlygy rumlaryň iň husyt milletdiklerini görkezýär. Sebäbi adamlar özleriniň mätäçlik çekýän zatlary bilen özlerine at goýýarlar. Käbirleri hem dillerinde nesihat bilen baglanyşykly söz ýok diýip, parslaryň dogruçyl däldiklerini aýdýarlar. Bu ýalňyş delildir. Sebäbi arap dilinde nesihat sözünden diňe «çynlakaýlyk», «dürslük» manysy göz öňünde tutulmaz, «ýagşy niýet bilen öwüt bermek» hem göz öňünde tutulýan däldir. Parslaryň dilinde nesihatyň bizdäki manylaryny aňladýan tarapy bolman hem biler. Ýöne olarda hem munuň deregini tutýan başga sözler bar. Şonuň üçinem olary ýalançylyk bilen günäkärlälimi?».

* * *

Maňa Ybrahym ibn Abdyleziz şeýle gürrüň berdi: «Reşit Agwar bilen öýlän naharyny bile iýdim. Öňümizde bir tabak balyk goýdular. Men balygyň kellesini goparyp, garnyny ýaryp, gylçyklaryny we işbillerini aýyryp soň iýýärdim. Reşit bolsa balygy ikä bölüp iýýärdi. Kellesi we guýrugy bilen bile iýýärdi. Ol meniň beýdip iýmegime kynçylyk bilen sabyr etdi. Soň maňa: «Oglum! Ýagşysyny ýamany bilen bile iý!» diýdi.

* * *

Reşit şeýle diýerdi: «Men diňe garaýagyzlar we asbahanlylar[1] bilen hurma iýip gördüm. Asbahanlylar bir owuçdan kän

[1] Asbahanlylar – bir milletiň ady.

iýmeýärler. Garaýagyzlar bolsa saýlamazdan iýýärdiler, ýöne men saýlardym. Bu adalatly paýlaşykdy».

* * *

«Tagamy saýlap-seçip iýmek günä hem zulumdyr. Sebäbi galan hurmalardan maşgala agzalary hem peýdalanmalydyr».

* * *

«Eliň tabakda aýlanyp ýörmegi biedeplikdir. Edep — el haýsy hurma degen bolsa ony almakdyr».

* * *

Seri ibn Mukerrem şeýle gürrüň berýär: «Seriniň agasy Musa ibn Jenah kimdir biri suw içýärkä ýa-da suw berilmegi isleýän mahaly nahar iýmegimizi emr edýärdi. Onuň aýdýanyny etmänsoň, bir gezek suw isledi. Biz saçak başynda otyrdyk we öňümizde palaw bardy. Palawyň içinden barmagynyň ujy bilen bir çyzyk çyzyp: «Men suwumy içýänçäm, meniň nesibäme degmäň» diýdi».

* * *

Basyýany bir gezek bizi agzaçara çagyrdy. Agzaçar mahaly Muhammet Mekki şeýle diýdi:

— Waý, siziň halyňyza! Ol: «Size diňe Allanyň razylygy üçin iýdirýäris. Biz sizden onuň öwezini we minnetdarlyk islemeýäris»[1] aýatyny okasa-da, nädip onuň nahary siziň bogazyňyzdan geçýär? Görýärmisiňiz, ol aýaty diňe siz nahar iýýärkäňiz okaýar. Başga bir aýat okanok hem. Siz bolsa şu beýtde aýdylanlary düýbünden tersine edýärsiňiz:

[1] Gurhanyň «Ynsan» süresiniň 9-njy aýaty.

Haramdyr, halal däldir eýeleri barka size
Taille ibn Musafyryň düýeleriniň süýtleri.
Hasam Ymran ibn Ewfanyň nahardaky etleri,
Biabraýda aşgazan dolup dursa boldugydyr,
Abraýly geçirmez hiç minnetli aş bogaza.

Ol ýerdäkileriň biri Muhammet Mekgä garap:

— Sen bize nähili geň galýan bolsaň, men hem aralarynda jomart şahyr Abu Rafyg Kilaby hem bar bolan elli adama geň galýaryn. Olar Abu Osman Agwaryň öýünde agyz açypdylar. Men hiç haçan bir hristianyň suprasynda agzymy açmak islemeýärin. Gurhan okaýan, hak diýýän bir musulmanyň suprasynda agzymy açmagym meniň üçin has gowudyr — diýdi.

* * *

Abyl Menjuf Sadusy şeýle gürrüň berýär: «Men, kakam we asly arap bolmadyk bir ýaşuly üçimiz Ubulle derýasynyň kenarynda gezip ýördük. Biz bir bagbana duşduk. Ýadaw bolandygymyz üçin onuň ýanynda oturdyk. Bize içi gowy hurmalar bilen doldurylan bir tabak getirdi. Ýaňky ýaşuly hurmalardan iýdi. Kakam iýmänsoň, men islesem-de, iýmekden çekindim. Bagban kakamdan näme üçin iýmeýändigini sorady. Kakam hem işdäsiniň ýokdugyny aýdyp: «Bag eýesi bu gymmat hurmalary iýdirmegiňe razy bolar öýdemok. Eger arzan hurma getirseň iýerdik» diýdi. Hurma iýip oturan ýaşuly bolsa: «Men bular barada asla pikir hem etmändirin» diýip, iýmegini dowam etdi».

* * *

Muhammet Mekki şeýle gürrüň berýär: «Namaz okamak üçin bir metjide giren Ysmaýyl ibn Gazwan içerdäki namaz hatarynyň doludygyny görüp, ýeke özi yzda durasy gelmedi. Ol özüne ýer almak üçin hatarda duran ýaşulyny itekledi. Ýaşuly

adam çäresiz yza çekildi we ýerini oňa berdi. Ýöne oňa gargyş baryny edýärdi».

* * *

Sumama syrdaş bolmadyk adamlarynyň suprasyna oturmakdan daş durardy. Käbir hyzmatkärlerine ýanynda iýmeklerini maslahat bererdi. Bir gezek hurmaçy Kasym onuň syrdaş bolmadyk adamlarynyň birnäçesini öýünde öýle naharyna çenli saklady. Sumama muňa sabyr etdi. Ýöne Kasym muny birnäçe gezek gaýtalansoň, Sumamanyň gahary geldi we oňa:

— Näme üçin beýdýärsiň! Eger islesem hut özümiň ýa-da wekilimiň araçylygy bilen olary supramda oturdyp bilerin. Näme üçin syrdaş bolmadyklary öýümde güýmäp saklaýarsyň? — diýdi.

Onda Kasym:

— Diňe seniň jomartlygyňy görkezmegi maksat edindim. Men hiç kimiň saňa husyt diýmegini we sen barada erbet pikir etmegini islemeýärin — diýdi.

Bu gürrüňi eşidip oturanlaryň biri turup gitmek islände, Kasym oňa:

— Nirä ýörediň? — diýipdir.

Onda ol adam:

— Içim gozgaýar, şonuň üçinem öýe gitmek isleýärin — diýipdir.

Kasym:

— Näme üçin bu ýerde täret almaýarsyň. Hajathana boş we arassa, hyzmatkäre iş hem ýok. Sumamanyň öýi dostlarynyň öýüdir. Munuň hiç hili zeperi ýok — diýdi.

Ýanky adam hem hajathana girip täret aldy.

Aradan birnäçe gün geçensoň Kasym ýene-de birini saklady, soň ýene birini. Sumama ahyry Kasyma gaharlanyp:

— Bu akylsyz, meni jomart görkezmek üçin her duş geleni supramda oturdýar! Üstesine-de, bu-da ýetmeýän ýaly

hajathanama hem salýar. Näme üçin? Sebäbi kimiň öýünde adamlar hajathana gitmese, ol iýdirmekde husytdyr. Men: «Pylany öýünde nahar iýilmegini halamaz» diýilýändigini eşitdim. Emma «Pylany öýünde hajathana gidilmegini halamaz» diýilýändigini eşitmedim» — diýdi.

Kasym ýanyndakylary birahat edip, köp nahar iýýärdi. Beýlekileriň naharyndan nesibesini alýarka, adamlaryň iň jomardy, öz nesibesini alýarka bolsa iň husydydy. Özüni utançhaýa diýen zady bilmeýän ýaly alyp barýardy. Sumamanyň suprasyna diňe özi däl, eýsem ogly Ybraýymy hem ýany bilen alyp gelýärdi. Hal-hereketlerinde şahy gulagyndan geçipdi. Ataly-ogul Sumamanyň suprasyna otursalar ne sagda oturanlar, ne-de çepindäkiler, hiç haýsysy hiç zat iýip bilmezdiler.

Bir gezek Kasymyň öňüne içi bol etli, minara görnüşinde bir tabak dograma getirdiler. Ol öňürti öňündäki etlerden aldy. Soň Sumamanyň öňündäkileri aldy, hatda onuň öňünde ýekeje dogramça et hem goýmady. Ogly hem onuň ýanyndady. Kasym nahardan soň:

— Sumamanyň bize eden hödürini gördüňizmi? — diýdi.

Kasym bu wakany maňa gürrüň berende, oňa:

— Utanmaýarmyň? Seniň maşgalaň üçin ýer ýüzünde ol et böleginden hem şum bir et bardyr öýdemok! Öýke-kine Sumamanyň içinden geçip barýandyr. Ol, tä, aryny alýança senden el çekmez. Saňa güýji ýetse, seni heläk eder. Güýji ýetmese hem bu öýke oňa güýç berer. Jenaýat üçin günä hasaplanjak sebäp köpdür. Seniň bolsa başdan aýagyňa çenli günäň bardyr» diýdim.

* * *

Sumama obada ýaşaýarka obadaşlaryny agzaçara çagyrýardy. Ýöne wagtyň geçmegi bilen olaryň sany has köpeldi. Sebäbi çagyrylýanlaryň her haýsy ýany bilen aýalyny we dostuny getirýärdi. Bulary gören Sumama ahyry bir gün:

— Allatagala hakykaty aýtmakdan çekinmez. Hemmeleriň haky berler. Dosty-ýary ýoklara hem hödür-kerem ediler. Eger meniň hemmelere ýagşylyk etmäge güýjüm ýetsedi, maňa hemmäňiz deň bolardyňyz. Eger ýagşylyk etmäge güýjüm ýetmese, ötünç soramak we kowulmak meselesinde hem hemmäňiz deňsiňiz. Men girenlere we daşarda galanlara düşündiriş geçirmäge borçly däl. Hany indi hemmäňiz dargaň we gaýdyp hiç haçan gelmäň — diýipdir.

* * *

Abu Muhammet Arudy şeýle gürrüň berýär: «Şatlanyşyp, aýdym-saz diňlän birnäçe adamlar, birdenkä, öz aralarynda uruşmaga başladylar. Aýdymçylar olaryň arasyny açmaga synanyşdylar. Bir husyt ýaşuly aýdymçynyň maşgalasy köpräkdi. Dawa mahaly bir adam onuň bokurdagyndan tutdy. Aýdymçy: «Çörek gazanýan agzamy goýber» diýip, gygyransoň, ol adam gülüp ony goýberdi.

* * *

Maňa Ibn Abu Kerime şeýle gürrüň berdi: «Aýdymçy Kinana uzyn bokurdakly bir küýze sowgat beripdirler. Ol küýzäni gidenimde alaryn diýip işigiň agzynda goýupdyr. Ýöne onuň hammala berer ýaly puly ýok eken. Götermegi özüne kiçilik bilensoň, ony aýagy bilen togalap öýüne getiripdir. Hiç kim görmesin diýip, her gezek togalanda bir burçda gizlener eken».

* * *

Ybraýym ibn Abdyllanyň kätibi Abdynnur Basrada möminleriň emiri Abu Japaryň adamlaryndan gorkusyna abdylkaýs taýpasyna gaçyp sygyndy. Ol öňi germewli bir otagda bolýardy, hatda kellesini hem daşary çykarmaýardy. Gözleg işi gutaransoň we ol ýerdäkileriň gowy goňşudygy belli bolansoň,

ol otagyň germewinde hem oturyp başlady. Ol ýalňyzlygyň derdinden dynmak üçin daşardaky sesleri diňleýärdi, ýöne eýelerini görmeýärdi. Soň gapynyň deşiginden gözlemäge başlady. Soň gapyny açyp-ýapyp başlady. Özüniň barlanylmaýan ýagdaýdadygyna gowy göz ýetirensoň, öňürti gapynyň öňünde oturyp başlady. Ol ýerdäki araplar oturyp söhbet edýärdiler, manyly-manyly şygyrlar we atalar sözlerini aýdýardylar. Abdynnur bolsa gürlemän diňe diňleýärdi.

Bir gezek bir ýaş ýigit oňa garap, özüni arap edebine nälaýyk alyp baryp:

— Eý, garry! Biz dürli mowzuklardan gürrüň gozgaýarys. Eger sen öz taýpaňy aýtsaň, bu söhbetlerde seniň göwnüňe degjek sözleri aýtmakdan saklanarys. Mysal üçin, seniň taýpaň baradaky ähli ýazgaryjy gürrüňlerden we tankytly şygyrlardan gaça durarys. Seniň hem bu ýagdaýda beýleki käbir arap taýpalaryny öwmändigimiz üçin gynanýandygyňy bilmegimiz gerek. Eger kimdigiňi aýtsaň, taýpaňy ýazgaryp, duşmanyňy magtap seni gynandyrmarys — diýdi.

Şol ýerde oturan bir ýaşuly ýaňky ýigidiň bu sözlerine gaharlanyp, oňa bir şarpyk urup:

— Bedasyl diýsänim! Haryjylar[1] ýaly başymyza bela bolmak we aýyp gözlemek isleýärsiň? Näme üçin erbet zatlardan daş durup dymmaýarsyň we seni bagtly etjek zatlardan gürrüň açmaýarsyň? —diýdi.

Abdynnur soň yzyny şeýle gürrüň berýär: «Soň ýaşaýan ýerimden gorkup başladym. Temim ogullary taýpasynyň mähellesine göçüp, ol ýerde birine myhman boldum. Öý eýesini gowy tanaýançam özümiň kimdigimi gizledim. Onuň öýüniň ýanynda bir hajathanasy bardy. Hajathana ters tarapa seredýärdi, ýöne täretiň gaçýan ýeri görünýärdi. Öý eýesiniň ýagdaýy

[1] Haryjylar – hezreti Ala baş galdyryp, onuň goşunyndan bölünip aýrylan syýasy topar.

örän pesdi. Men myhman bolanymdan soň onuň öýüne bereket gelip başlady. Adamlar ol ýerden geçenlerinde täretiň gaçýan ýerine seredýärdiler. Men olaryň bu hereketlerine hiç hili düşünip bilmezdim.

Bir gün öýde otyrkam, daşardan goh-galmagal eşidildi. Goňşulary tezegimden meniň ýatdygymy aňypdyrlar. Öý eýesi özüne aýdylýan zatlary ýalana çykaryp ret edýärdi. Goňşulary ondan hajathanadan düşýän malyň tezegine meňzeş täretiň nämedigini soraýardylar. Ol hem bu ýumşak täretiň ter zatlary iýýändigi sebäplidigini aýdýardy. Saklaýan adamsyndan peýda görmese, onda ony çykarjakdygyny aýdýardy. Olar oňa:

— Seret, Zuheýr ibn Abu Sulma bu meselede: «Ýagşy zatlar däl, diňe erbet zatlar bukulyp saklanar» diýýär. Eger ol hökümdardan gaçmadyk bolsa gizlenmezdi. Işleriň oňat mahaly bu ýagdaýy göz öňüne tutmaýarsyň! Taýpanyň başyna geljek zatlar barada pikirlenmeýärsiň. Biz onuň ýalynyň başymyza nämeler getirjekdigini bilip bilmeýäris. Ony ýa bize görkez, ýada kow, gitsin — diýdiler.

Abdynnur şeýle diýýär:

— Men öz-özüme: «Walla, yzçylykda mudlij ogullary taýpasy ýalylary ýok? Eý, Allam! Jennetden çykyp jähenneme giren ekenim. Bu bir duýduryşdyr!» diýdim. Duýduran, ötünç kabul etmez. Temim ogullary taýpasy ýaly duýgur, abdylkaýs ogullary taýpasy ýaly jomart taýpa görmedim».

* * *

Bir gezek Asmaýynyň mejlisinde otyrdym. Ol ýanyndakylardan iýip-içýän zatlary we durmuşlary barada sorady. Sagynda oturan bir adamdan:

— Näme iýýärsiň? — diýip, sorady.

— Et.

— Her günmi?

— Hawa.

— Gapdanda sary, ak, gyzyl, goňur reňkli turşumtyk, süýji we ajy zatlar hem barmy?

— Hawa.

— Bu nähili erbet ýaşaýyş! Bu Hattap maşgalasynyň[1] ýaşaýyş usuly däl. Hezreti Omar ete meýilliniň şeraba hem meýillidigini aýdyp, etden daş durardy.

Asmaýy soň başga birine ýüzlendi:

— Naharyň näme?

— Olaryň sany köp we dürli-dümen.

— Içinde ýag barmy?

— Hawa.

— Ýagy we eti bir suprada goýup iýýärmiň?

— Hawa.

— Bu Hattap maşgalasynyň ýaşaýyş usuly däl. Hezreti Omar bulara garşydy. Ol tagamlary üýtgeşik naharlary bir gaba salardy, köp görnüşli naharlar sebäpli araplaryň biri-birlerini öldürip biljekdiklerini aýdardy.

Şeýdip, Asmaýy birnäçe adamdan sorag etdi. Ol sorap bolansoň soralanlaryň birnäçesi oňa şeýle diýdiler:

— Eý, Abu Sagyt, seniň naharyň näme?

Onda ol:

— Bir gün süýt, bir gün zeýtun ýagy, bir gün iç ýagy, bir gün hurma, bir gün peýnir, bir gün çörek, bir gün et, edil Hattap maşgalasynyň ýaşaýyş usuly ýaly.

Maňa Abyl Eşhep şeýle gürrüň berdi: «Hasan Basry her gün maşgalasy üçin ýarym dirhemlik et alýardy. Gymmat bolan mahaly bir dirhem alýardy. Girdejisi kesilensoň, çorbasyny etiň ýagy bilen bişirýärdi».

Eşidişime görä kuraýşly bir adam: «Bermezligi oňarmaýan bermegi hem başarmaz» diýipdir. Ogluna hem: «Oglum, berilmeli däl ýerde berseň, örän ýakynda adamlara özüň mätäç

---

[1] Bu ýerde hezreti Omar göz öňünde tutulýar.

ýagdaýa düşersiň. Ýöne olar özüň ýaly bolmazlar, saňa bermezler» diýipdir — diýdi.

Soň ol bize tarap öwrülip, şeýle diýdi: «Umytsyzlygyň kanagatdan azdygyny we has seýrekdigini bilýärsiňizmi? Harsydünýä adam ne çäre gözlär, ne-de ýalan harsydünýäligi hakyky hyrsdan aýryp biler. Ynsan iki zadynyň gün-güzeranyny üpjün edýär: arzuw-isleg we köp çeýneýän diş. Arzuw-islegiň iýmegi dişiň iýmeginden hem agyrdyr. Aýdylyşyna görä, ynsanyň golastyndakylar onuň mal-mülküniň gurçugydyr. Seredilljek adamyň zady az bolmaz. Hatda arzuw-islegiň emläge berýän zyýanyny gurt hem bermez. Arzuw-isleg golastyndakylaryň iýýäninden hem köp iýer. Hasan Basry: «Tygşytlylygy sebäpli hiç kim garyp galan däldir» diýipdir. Basraly bir şyhdan: «Näme üçin seniň malyň köpelmeýär?» diýlip soralanda, ol:

— Sebäbi men çaga-çugany maldan öňürti edindim. Beýlekiler bolsa çaga-çugadan öňürti mal-mülk edindiler — diýipdir.

Meniň pikirime görä, tygşytly bolanyňdan soň emläkden öňürti çaga-çuga edinenler hem garyp galmazlar. Ne şöwketiniň guly bolan adamda çäre, ne-de nahara gul bolan adamda sabyr gördüm. Ýýas ibn Mugawyýa şeýle diýýär: «Kim müň manadyny halas etmek üçin müň manat harçlasa girdejisini gorar. Iki müň manadyny halas etmek üçin iki müň manat harçlasa, onda-da girdejisini gorar. Ýöne iki müň manadyny halas etmek üçin üç müň manat harçlasa, soňunda öýüni satmaga mejbur bolar».

* * *

Abu Line şeýle gürrüň berýär: «Zyýat ibn Abu Sufýany häkim mahaly gördüm. Ol häkim bolsa-da, boýny nogtaly bir gatyra münüp biziň ýanymyza gelerdi».

* * *

Selm ibn Kuteýbe özüniň dört müň sany aty bolsa-da, gatyra müner eken. Fazyl ibn Isa emir mahaly ony bir eşege münüp ýörkä gördi we ol barada: «Pespälligi pygamberiňki ýaly, oturyşy häkimiňki ýaly» diýipdir.

* * *

Abu Seýýara eşekli haja gidipdir. Abu Seýýaranyň uly düýäniň ýa-da atyň üstünde gitmäge mümkinçiligi hem bar eken. Ýöne ol adamlara nusga bolmak isleýär eken.

* * *

Hezreti Omary bir gysragyň üstüne mündüripdirler. Ol gysragyň ýorgadygyny görüp, ondan düşýär-de, ýanyndakylara: «Meni bu şeýtandan uzaklaşdyryň. Siz yzzaty we abraýy Allanyň sizi yzzatly we abraýly eden zatlaryndan başga ýerden gözlemäň» diýipdir.

* * *

Öňki geçen alymlaryň biriniň: «Adamlaryň durmuşynda azandan başga üýtgemän galan zat ýok» diýmegine geň galýardym. Indi özüm hem ony aýdýaryn. Adamlar isrip bilen beýgelmäge dyrjaşdyklaryça we ýaryşmak üçin binalar gurdugyça peselmegi dowam edýärler. Şu döwürde görüp-eşidýän geň zatlarymyň biri hem Mugawyýa ibn Ymran bilen Abu Ubeýdylla ibn Süleýmanyň arasynda haýsynyň öňürti gysraga münendikleri meselesinde ýüze çykan çekeleşik we Mugawyýanyň has öňürti münmek bilen öwünmesidi. Täjir gysragy näme etsin? Täjirleriň gysraklara münmegi araplaryň sygyrlara münmegi bilen des-deňdir.

* * *

Abu Ýakup Hureými şeýle gürrüň berýär: «Japar ibn Ýahýa çözgüdi Asmaýa bagly bolan bir islegini ýerine ýetirmek üçin içinde müň dirhem bolan bir haltajygy hyzmatkärine berip, oňa:

— Gaýdyp gelýärkäm Asmaýynyň ýanyna barjak. Ol meniň bilen gürleşip, meni güldürmäge synanyşar. Eger gülýändigimi görseň, haltajygy onuň öňünde goý — diýipdir.

Japar haçanda Asmaýynyň öýüne girende, bokurdagy döwlen bir küýze, gulpy döwük küýze, döwük gazan we döwük-ýenjik çanak gördi. Asmaýy ýüňsüz hyrka geýip, köne namazlygyň üstünde otyrdy. Japar hyzmatkärine haltajygy onuň öňünde goýmazlygy we ýanynda saklamagy ümledi. Asmaýy çagasyny ýitireni, öýke-kinelini hem güldürip biljek şorta söz, hekaýa, ýomak baryny gürrüň berdi, ýöne Japar bularyň hiç haýsyna gülmändir.

Bu wakany eşiden bir adam Japara:

— Seniň haýsy işiňe geň galjagymy bilmeýärin. Sabyr eder ýaly zatlar aýtmagyňa garamazdan gülmeýşiňemi ýa-da berjek bolýan zadyňy bermeýşiňemi? Bu örän geň waka — diýipdir.

Japar oňa:

— Haýp saňa! Kim gurdy goýunlara çopan edip bellese, goýunlara zulum etdigidir. Duz eken garyplyk orar. Walla, eger isleýän zadyň onda bar bolup, gizläp bermeýändigiňi bilsedim, belki aýdan zadyň bolup bilerdi. Ýöne dil ýalan sözlär, emma kalp hiç haçan ýalan sözlemez. Ýaşasyn Nusaýp, seret ol näme diýýär:

«Durdular, birkemsiz seni öwdüler,
Haltalaram öwerdi eger dymsalar».

Ebruiziň[1] guburynyň binasynyň Ebruizi öwmegi, Zuheýriň Sinan ibn Harysynyň maşgalasyny öwýän şygryndan has artyk derejelidir. Sebäbi şahyr ýalan sözläp biler, emma binalar ýalan sözlemezler. Bu adama hiç ýagşylyk etme — diýipdir.

* * *

Asmaýy Allatagaldan kimdir birinden karz almak we peşgeş soramakdan daş saklamagy barada dileg-doga ederdi. Wagtyň geçmegi bilen Alla oňa nygmat berdi. Hak onuň özünden karz-kowal we peşgeş sorar ýaly dereje berdi.

Bir gün iki sany adam ýanyna geldi. Biri karz, biri peşgeş sorady. Olar özelenip duransoňlar, Asmaýynyň gahary geldi we karz soraýana öwrülip:

— Ýagdaýyň üýtgemegi bilen işler hem üýtgär. Her bir döwrüň özüne mahsus çäresi we ölçegi bar. Alla her gün bir haldadyr. Öňler alymlar bir zat tapanlarynda beýlekileriň synagdan geçmekleri üçin ony alman, ýoluna dowam edýärdiler. Ol döwürler hemmeler dogruçyldylar we tapylan zada degmeýärdiler. Adamlar üýtgäp, zaýalanyp başlansoňlar, ýatan zady goramak wajyp boldy (sebäbi eger ony terk etseler, tapylan zadyň zaýalanmak gorkusy bardy) — diýdi.

Asmaýy bu sözleri, ýaňky iki adam çykyp gitsin diýip aýdypdy.

* * *

Eşidişimä görä, bir adam karz soramak üçin dostunyň ýanyna gidipdir. Dosty ony gapynyň daş ýüzünde goýup, özi içeri giripdir we bir öňlük geýip daşary çykypdyr. Dosty:

— Munyň näme?

— Seniň bilen uruşmaga geldim!

— Näme üçin?

---

[1] Ebruiz – gadymy pars hökümdary.

— Sebäbi sen meniň zadymy alanyňda hökman şu iki zadyň birini edersiň, ýa zadymy alyp gidersiň ýa-da wagtynda bermän meni saklarsyň. Eger saňa sowgat ýa-da sadaka hökmünde bersem, maňa minnetdarlyk bildirmeli bolarsyň. Ýok, eger karz berjek bolsam, munuň öz kadasy bar. Algymy almak üçin seniň gapyňy kakanymda, gaharyň geler. Sen hem maňa ýakmajak zatlary aýdarsyň. Şol wagt hem sen wagt geçirmegi, erbet sözi, karz bermegiň ýagşylygyny erbetlige ulanmagy birleşdiren hasaplanarsyň. Soň men hem gaharlanaryn we biz araplaryň: «Men belaly we gaharjaň, dostum bolsa gylyksyz» diýen ýagdaýyna düşeris. Pikir edip gör, gaharly adam bilen bigadyr adam ikisi biri-birlerine dyzaşsalar ýagdaý nirä baryp ýeter? Men netijäniň nirä baryp ýetýändigini bilýändigim üçin, öňlügimi geýip daşary çykdym. Men ertiriň işini bu gün etmek isleýärin. Öwüt üçin atylan taýagyň ajysynyň, ýigrenç sebäpli atylan taýagyň ajysyndan azdygyny bilýänsiň. Şonuň üçinem sen iki ýagdaýda hem bähbitli bolup çykýarsyň. Sebäbi men seni öwüt bermek üçin urjak. Şeýle hem seniň bilen dostlugymy saklajak. Şonuň üçinem dostlugymyzy bozjak zatlardan daş durmak isleýärin. Döwrüň adamsydygym zerarly meni ýazgarma. Sen olar ýaly bolmasaň hem olary gaýypdakyny bilýär diýip hasaplama. Ýogsa zulum eden hasaplanarsyň».

Asmaýy sözlerini şeýle dowam etdi:

— Öňler karz zat yzyna berilerdi, amanat goralardy. Şol mahallar: «Karz alnan at ýaryş üçin köp depiler» diýilmäge başlady. Onuň eýesine: «Beýtme» diýlende, ol: «Ol karz» diýipdir. Başga biri bolsa söze goşulyp: «Onda ony öldür!» diýipdir.

Ine, bu sözlerden soň karz almak işi galdy we bu gapy ýapyldy. Şahyr şeýle diýýär:

Amanaty alýançaň bir ýetime degişli,
Maňlaýa sarymsagy, yzy galar ýaly çal.

Ol seždäniň yzydyr öýtsün görenler,
Ýöräniňde pespällik ganatyňy kakyp al!

Amanat mal-mülki ynamdarlar we mirasdüşerler iýensoň, dogruçyl hasaplanarlar we amanat eýeleri amanat zatlary goramansoňlar, olary goramak üçin topraga gömüp başladylar. Olary topragyň iýmegi bigadyr haýynyň we biwepa nadanyň iýmeginden haýyrlydyr. Eksem ibn Saýfy şeýle diýýär: «Karzdan: «Nirä barýarsyň?» diýip sorapdyrlar. Ol hem: «Eýäme erbetlik etmäge» diýenmiş.

Bu gün men özüme karz, amanat we peşgeş bermegi gadagan edýärin. Şonuň üçinem sözüm bilen hereketimiň ters düşmegini halaman. Saňa bir dirhem bersem, emlägimiň üstünden, gumlar we daglar hem ýapyp bilmejek bir gapy açdygym bolar. Öňüne Hytaý diwaryny çekmäge güýjüm ýetse hem ýapyp bilmerin. Adamlaryň agyzlary pully bolanlara tarap açylýandyr. Umyt kesenlerinde welin, baýlary çekelemekden dänerler. Eger umytlansalar ne bögürýän, ne mäleýän, ne gyl, ne ýüň, ne sessiz, ne sesli hiç haýsy galmaz, hemmesini ukladarlar. Sen öz şyhyňa näme etmekçi bolýandygyňy bilýärsiňmi? Eger ony garyp goýsaň, öldürdigiň bolar».

* * *

Bir adam Asmaýynyň: «Dostlugymy goramak üçin, onuň bozulmagyna sebäp boljak zatlardan daş durýaryn» diýmegini, Sumamanyň ibn Safyryýa: «Saňa rehim we merhemet edýändigim üçin sögýärin» diýen sözüne meňzedýärin» diýipdir.

* * *

Sumamanyň ýanyna bir adamyň gelendigini gördüm. Olar özara şeýle gürrüň etdiler:

— Men senden bir zat sorajak!

— Men hem senden bir zat sorajak!

— Näme sorajak!
— Ýerine ýetirjekdigiňe söz bermeseň aýtman.
— Bolýar, ýerine ýetireýin. Ýöne sen meniň näme islejek bolýandygymy bilmeýärsiň.
— Bilýärin.
— Näme sorajak bolýan!
— Bir islegim bar we külpeti bolmaýan zat isleg bolmaz.
— Saňa beren sözümden dändim.
— Ýöne men alan zadymy yzyna bermerin.
Soň ýene bir adam geldi. Ol:
— Meniň Mansur ibn Nugmandan bir islegim bar — diýdi.
Muny eşiden ýaňky adam, oňa:
— Meniň Sumama ibn Eşresden bir islegim bar diýip aýt. Çünki seniň isleýän zadyňy men bererin. Mansur hem meniň islegimi berer — diýdi.
Soň bolsa:
— Men kimdir biri üçin başga birinden ne iş, ne-de pul soraryn. Sebäbi pul adamlaryň kalplarynyň bir bölegidir. Günlük ýetmezçilikler tiz gelip-geçer. Bu gün saňa bermegimi isleýän adam, ertir meniň başgasyna hem bermegimi islär. Mende pul ýok. Eger bar bolsa şu görýän kynçylyklaryny ýok ederdi. Kimi isleseňiz onuň üstüne gaharlanaýyn. Men-de diňe bu zat bar — diýdi.
Ýaňky adam Sumama:
— Bir zat üçin bir adamyň ýanyna gitseň we ondan hiç zat soramasaň, jogaby bolýan eken-ow — diýdi.
Muňa Sumamanyň gülüp-gülüp içi gyrlyp, diwara söýendi.

* * *

Abu Hemmam Musewwit bir gezek Sumamanyň ýanyna bardy. Ondan onuň Abbadan galasyna bagyş eden binasyny bejermegini isledi. Sumama:

— Maňa ýaramy ýatlatdyň, men ony unudypdym. Ol ýerde jebriýelileriň[1] ýerleşendigini eşidenimden soň, ony ýykmaga niýetlenipdim — diýdi.

Muny eşiden Abu Hemmam haýran galyp:

— Sen näme bagyş eden binaňy ýykmakçymy? — diýdi.

Sumama oňa şeýle jogap berdi:

— Näme geň galýarsyň? Men Ýezit ibn Haşym üçin gurduran metjidimi hem ýykmakçy. Sebäbi ol kelam ylmy bilen meşgullandy we mugtezililere garşy Bişriýe goluna[2] goldaw berdi. Eger Abu Hemmam metjit üçin ýer islese, Sumama oňa islän ýerinden düýe agyly ýaly ýer berer.

Sumama ulanan sözlerini uly üns bilen saýlardy. Manylarynyň ýerli ýerindedigine üns bererdi.

* * *

Gadym atly bir adam Gadyrynyň ýanyna baryp:

— Dostuň Gadymynyň ýollary kesildi — diýdi.

Gadyry ondan:

— Bolýar, näme isleýärsiň? — diýip soranda, ol adam:

— Ýitiren zatlarymyň ýerine mal-mülk bermegiňi isleýärin — diýdi.

Muny eşiden Gadyry oňa:

— Seniň ýoluň däl, meniň ýolum kesildi — diýipdir.

[1] Jebriýe – yslamda syýasy bir akymyň ady.

[2] Bişriýe – mugteziläniň bir goly.

* * *

Ibn Sekap Saýrapynyň pul karz gözleýän bir dosty gapysyny kakypdyr. Ibn Sekap Saýrapy gapysyny kakan adama: «Eger aýtmak islesem aýdardym. Bahana gözlemek islesem tapardym. Dostlaryndan pul soraýanlaryň sözlerini gysgaltmak islesem ederdim. Iň gowusy açyk we aýdyň gürlemekdir. Meni ötünçli gör. Bu kalbyňy has rahatlandyrar. Eger muny ýerine ýetirmeseň seniň üçin hiç gowy bolmaz» diýipdir.

* * *

Feýz ibn Ýezit maddy taýdan kynçylyk çekmäge başlady. Ol öz-özüne: «Alladan ant içýärin, ynam bildirer ýaly hiç zadym galmady. Indi pyçak süňke diredi. Hasyllary satsam, puluny birmahaldan soň alaryn. Iň gowusy bu kynçylygymy Muhammet ibn Abbada gürrüň bereýin. Ol şertleri, dogry söwdany we wagtynda tölemegi bilýändir. Garaşmak üçin hiç hili sebäp ýok. Oňa bir hat ýazsam, muňa begener we açygymy ýapar» diýdi. Soň eline kagyz we galam aldy. Göýä islegiň ýerine ýetiriljeginden arkaýyn hereket edýärdi. Muny eşidenleriň biri Muhammet ibn Abbada bu ýagdaýy ýetirdi we Feýziň özünden pul karz sorap hat ýazmakçy bolýandygyny buşlady. Muhammet ibn Abbat oňa goý ol hat ýazmak bilen meşgullanmagy dowam etsin diýip, howlukmaçlyk bilen bir hat ýazylmagyny emr berdi.

Ol Feýze ýazan hatynda: «Mal-mülküm gutardy. Girdejim az, çaga-çugalarym köp, zatlar bolsa gymmat. Hazynadan gelýän kömek kesildi. Bu günler başyma hasap etmedik kynçylyklarym geldi. Maňa mümkinçiligiňe görä howlukmaç pul iber. Meniň şu wagt pula mätäçligim bar» diýip ýazdy.

Ýöne Feýziň haty Muhammet ibn Abbada ýetmänkä, Muhammediň haty Feýze gelip gowuşdy.

Hatda şeýle diýilýärdi: «Doganyň kynçylygy iki essä ýetdi. Seniň çaga-çugaň açlygy meniňkä goşuldy. Men hem çä-

re gözleýärin. Indi bu gözlegim has hem çaltlaşar. Zyýanyna hem bolsa elimdäki zatlarymy satjak».

* * *

Harbyýe şäherinde bir şadyýan we jomart adam ýaşaýardy. Ol alymlary we edebiýatçylary söýýändigi sebäpli Ibn Abbadyň ýanyna köp gelýärdi, oňa kömek edýärdi. Ol Ibn Abbadyň husytdygyny eşidipdi, ýöne onuň enedendogma husytdygyna ynanmaýardy. Hatda onuň abraýlydygyna ynanýandygy üçin Abbadyň öýüne köp gelýärdi. Ýaňky adam bir gezek habar bermezden, Abbadyňka geldi we oňa şeýle diýdi:

— Çakylyksyz geldim, öňüme näme goýsaň razydyryn.

— Hiç zat goýjak däl.

— Duzly bir çöregemmi?

— Ol hem bir zatdyr, hiç zat.

— Dogry, ol hem nämedir bir zat hasaplanýar.

— Eger ýanymyzda nebiz (üzüm şeraby) bolsady, baýram ederdik.

— Men birini nebiz almak üçin ibereýin.

— Ýanynda odur-budur hem bolsun.

— Meniň muny almagyma hiç hili päsgelçilik ýok. Ýöne bu zyýaratymy çakylyk bilen gelen diýip hasaplaryn. Şonuň üçinem seniň-de bir zatlar etmegiň gerek.

— Maňa bir gapy açyldy. Bu gapy siziň üçin gowy, meniň üçin bolsa erbet hasaplanmaz. Şu hurma agajynyň depesinde bir jübüt gögerçin bar. Ýöne agaç şahasyz we uzyndygy sebäpli depesine çykmak kyn. Eger ol ýere çykar ýaly birini tapyp, olary tutup bilseň, birini kebap, beýlekisini bolsa batyrma edip iýeris. Üstesine-de bu gün batyrma güni.

Şol mahal biri agaja Harbyýe mähellesinde ýaşaýan bir daýhandan başga hiç kimiň çykyp bilmeýändigini aýtdy. Ol daýhany tapyp geldiler. Ýöne ol adam ýaňky agaja kemersiz we merduwansyz çykyp bolmajakdygyny aýtdy. Oňa olaryň

ikisini hem tapyp berdiler. Daýhan agajyň depesine çykdy. Gögerçinleriň biri uçup gitdi. Ol diňe birini tutdy. Ibn Abbat ondan hem kebap, hem-de batyrma bişirdi. Şeýdip agşamlyk nahary derdini hem boýnundan aýyrdy.

* * *

Ybrahym ibn Seýýaba özi ýaly tanymal edebiýatçy dostuna hat ýazdy. Dosty baýdy. Hatynda birinden almaly algysy gelýänçä özüne karz pul sorap ýazdy.

Oňa dostundan gelen hatda ötünç soralyp şeýle diýilýärdi: «Mal geler we gider. Adamlar özleriniň eýe bolmadyk zatlaryny göýä eýesi ýaly görkezýärler. Men hem örän kyn ýagdaýda. Ýagdaý örän agyr. Ynsanyň ýagdaýyna iň gowy edip akylly dosty düşüner».

Ibn Seýýaba haty alansoň, şeýle manyda jogap ýazdy: «Eger ýalan sözleýän bolsaň, Alla saňa dogry sözlemegi nesip etsin. Eger dogrudan hem aýdyşyň ýaly bolsa, Alla işiňi oňuna etsin».

# TAGAMLAR KYSSASY

Biz bu kitabyň göwrümi uly bolandygy üçin araplaryň medeniýetlerinden, däp-dessurlaryndan we tankytlaryndan az hem bolsa gürrüň açmagy makul hasapladyk. Maksadymyz kitabymyz bilen baglanyşykly ähli zady içine almakdy. Eger kitaby çäkli tutmasak, araplar we çarwa araplar bilen baglanyşykly habarlar hem bu kitabyň göwrüminden uly bolardy.

* * *

Tagamlar dürli-dürlüdir. Çakylyk (zyýapat) çäkli bolan bir atlandyrmadyr. Toý nahary, hamyla aýal üçin nahar, sünnet nahary, öý toýy nahary, giýew-gelin çagyrma nahary, ýolagçy nahary, myhman nahary, ýörite çakylyklar. Şahyr şeýle diýýär:

Aýry tutman ählini deň çagyrarys zyýapata,  
Onda adam saýlamagy saýýas örän uly hata.

* * *

Hezreti pygamber bir hadysda şeýle diýýär: «Gurhan Allanyň zyýapatydyr». Hezreti pygamberiň öýlenmekçi bolýan Abdyrahman ibn Awfa: «Bir goýun bilen bolsa hem zyýapat ber» diýen sözünden ugur alyp, käbirleri toý naharynyň zyýapatdygyny öňe sürýärler. Ibn Awf we Asmaýy, Amr ibn Ubeýdiň şeýle diýendigi üçin zyýapat berýärdiler. Sebäbi olar zyýapaty beýlekileriň hem çagyrylan nahary diýip oýlanýardy-

lar. Sünnet, toý we başga naharlar hem munuň içine girýär. Arap dilindäki «urs» («toý nahary») sözi «agrasa» («örük öýüne girmek») işliginden dörändir. Ýöne Mufaddal Dabby «urs» sözüniň «lä ytra bagde Arus» («Arusdan soň atyr ýok») sözünden alnandygyny öňe sürýär. Onuň pikirine görä Arus erkek adamyň adydyr. Arus atly bir adam aýalynyň ýanyna gerdege girende, aýaly onuň üçin atyr sepinmändir. Şonuň üçinem öýlenen gijesi ilkinji gezek aýalynyň ýanyna giren her kim üçin ol at dakylypdyr. Olaryň bu aýdanlarynyň dogry bolmagy üçin şygyrlarda we kyssalarda açyk we köp agzalmagy gerekdir.

* * *

«Hurs» (täze doglan çaga üçin berilýän nahar) bolsa çaga doglan gününiň ertesi aýallar we erkekler üçin taýýarlanan nahardyr. Bu sözüň aslynyň «hursa» sözündendigi öňe sürülýär. «Hursa» diýmeklik bolsa, aýbaşy aýalyň naharynyň adydyr. Hursa barada şahyr Musawyr Werrak şeýle diýýär:

Eset kabylasynyň aýallary erkek çaga dogursalar,
Buşlaň olara, öz çagalarynyň husytlygyny bilsinler.
Dubeýr ogullarynyň aýallary iň erbet naharlaryny,
Olar üçin taýýarlasynlar hem-de ol nahary iýdirsinler.

* * *

Ibn Kamiýe bir taýpa barada şeýle diýýär:

Siziň iň bir haýyrlyňyz, gelýär dilim diýesi:
Iki gezek guzlan towşan süýdi kimin bolýandyr.
Iň bir erbediňiz bolsa, taýýar aşyň eýesi.

* * *

Sünnet naharynyň ady «izardyr». Sünnet edilen çaga «sabiýýun magzurun» we «sabiýýun mugzerun» diýilýär. Ikisiniň

hem manysy «sünnet edilen çaga» diýmekdir. Hezreti Pygamberiň sahabalarynyň biri, ýaşynyň dostlary bilen deňdigini bildirmek üçin: «Hemmämiz bir ýylda sünnet bolduk» diýipdir.

* * *

Şahyr Nabyga gyzlaryny kiçi ýaşda durmuşa çykaran aýal üçin seret näme diýýär:

Gyz mahaly çykarýarlar durmuşa,
Bollukda we nygmat içinde wagty.
Oglan ýetse sünnet ýaşly görnüşe,
Öýererler hem-de açylar bagty.

* * *

Asmaýy şeýle diýýärdi: «Araplar manylary üýtgän sözleri ulanmazdylar. Şu mahal ulanylýan: «Saka ileýhä sadakahä»[1] sözi, manysy üýtgän sözleriň biridir. Sebäbi bu söz galyň hökmünde düýe ýa-da goýun berilýän mahaly ulanylardy.

Asmagynyň bu deňeşdirmesine görä, iýmitleri we galyňlary hurma bolanlar, «saka fulanun sadakaha»[2] diýmeýärdiler. Şeýle hem araplaryň «kad benä fulanun el-bärihate»[3] sözi hem manysyny üýtgedendir. Sebäbi bu söz gerdek gijesi aýalyna çadyr guran kişi üçin aýdylandyr. «Benä» sözi çadyr dikmek, bina gurmak manysyndadyr. Şahyr bu barada şeýle diýýär:

Ornuna gupbaly köne çadyryň,
Ýagyş ýagsa, öýi ýoga öý guruň!

---

[1] Manysy «Oňa (aýala) galyňyny geçirdi» diýmekdir.
[2] Manysy «Pylana galyňyny geçirdi» diýmekdir.
[3] Manysy «Pylany düýn gije örük öýüne girdi» diýmekdir.

Asmaýy başga-da köp mysal berýär, ýöne hemmesini agzamak mümkin däl.

* * *

Araplaryň naharlarynyň biri hem «wekire» atly nahardyr. Bu nahar gurluşyk işleri gutaransoň berilýärdi. Öý eýesi gutaran binasynyň haýryny görmek için işgärlere nahar iýdirýärdi. Bu nahar barada şahyr şeýle diýýär:

Taýpaň görýän şu haýyrly nahary,
Naharydyr sünnet, jaý toý mahaly.

* * *

Bölünişilen olja mallaryndan öldürilen düýä «nekiga» diýilýär. Şahyr şeýle diýýär:

Gassabyň olja düýä gylyç urşun bilýäris,
Biz hem duşman boýnuna şeýdip gylyç salýarys.

Çaganyň ilkinji gezek saçy syrylanda, goç soýlup berilýän nahara «akyka» diýilýär. «Akyk» syrylan saç diýmekdir. Saçlaryň hemmesine bolsa «akaýyk» diýilýär. «Ukku anhu» sözleriniň manysy «Saçyňyzy syrdyryň» diýmekdir. Saçy syrylan çaga hem «Ukka anhu ýa-da ukka aleýhi» («Saçy syrylan») diýilýär. Goňşuçylyk we ýakynlyk gatnaşygy sebäpli soýlan goça hem «akyka» diýilýär. Bu nahar hem adyny şundan alandyr.

* * *

Asmaýy: «Siz «melle» iýdim diýmäň, «hubz»[1] iýdim diýiň. Sebäbi «melle» çörek bişirilýän ýeriň adydyr» diýýärdi.

---

[1] Hubz – «çörek» sözüni aňladýar.

«Rawyýa» (suw daşamakda ulanylýan düýe) we «mezada» sözleri üçin hem şolbir zady aýdardy.

Ol: «Rawyýa» diýmek düýedir. Şygyr rowaýat eden adama hem «rawyýa» diýilmeginiň sebäbi budur, çünki ikisi hem daşamak işini ýerine ýetirýärler» diýerdi.

* * *

Zyýapat maksady bilen berilýän naharlaryň öwülýäni hem bardyr, ýazgarylýany hem. Ýazgarylýan «nakara», öwülýän bolsa «jefela» naharydyr. «Nakara» adamlaryň içinden saýlap çagyrmakdyr, «jefela» bolsa tapawutlandyrmazdan, hemmeleri çagyrmak manysyndadyr. Şahyr Huzeli şeýle diýýär:

Indi näçe gündür soýan düýäni,
Garyn artygyny ýakyp ýylynýar,
Synlaň diňe baý çagyrýan eýäni.

* * *

Näzik bir şahyrymyz hem bu barada şeýle diýendir:

Işi düşüp, tama edip, birine
Özi iýmän, daýaw guzy iýdirdi,
Ýogsa, owurdynda bar bolsa däne,
Birin ýere gaçyrmazdy, şeýderdi ...

* * *

Bestam ibn Kaý Şeýbany bilen Mälik ibn Muntefyk Dabby söweşýärkä, Asym ibn Halypa Dabby Mäligiň üstüne hüjüm etdi. Ol bir tarapdan naýza urýardy, bir tarapdan hem şeýle diýýärdi: «Jezaňy çek, sen zyýapat bereniňde meni çagyrmaýardyň».

* * *

Araplar iki hili nahary halamaýarlar. Biri gytlyk ýyllarynda, garyplaryň, gorkaklaryň, husytlaryň we ejizleriň nahary. Bu naharlardan käbirleriniň atlary: «fess», «dugau», «hebit», «kurame», «kurra», «usum», «munkagul-berem», «kasyt», «kaddu», «haýýat», «fazz», «mejduh». Olaryň kesgitlemeleri:

**Fess** — bugdaý gytlygynda, içiniň şänikleri çykarylyp çörek bişirilýän ot.

**Dugau** — iýmit gyt bolanda garyp çarwa araplarynyň iýýän gara tohumlary.

**Hebit** — ajy gawun, döwülip şänikleri çykarylansoň, ajysy çyksyn diýip suwa atylýar, zerur mahaly iýilýär.

**Kurame** — mallaryň şahlarynyň, dyrnaklarynyň we düýeleriň dabanlarynyň owuntyklary.

**Kurra** — saç bilen garylan un. Käbirleri kellesinde bir owuç goňak ýygnaýança saçyny syrmaýardy, soň ol uny alyp nahar bişirýärdiler. Bular aýyp görülerdi.

**Usum** — gury çörek.

**Munkagul-berem** — dub odunyň miwelerini suwda ezip taýýarlanan şerbet.

**Kasyt** — gury et.

**Kaddu** — owlak derisi.

**Haýýat** — ýylanlar.

**Fazz** — içege artygynyň suwy, çölde suw gutaranda içilýär.

**Mejduh** — çölde halys suw gutaranda, düýäniň ganyny gaplara akydar ekenler. Gan doňansoň, ony el bilen myçgalasalar, içindäki suw gapdan aýrylar eken. Çölden çykýançalar mundan içer ekenler.

* * *

Bu naharlar şygyrlarda hem aýdylýar. Mysal üçin bir şahyr şeýle diýýär:

Sen ne fess, ne-de dugau naharyndan iýip gördüň,
Ne ajy gawun çigdiniň suwun içip, baha berdiň.

* * *

Umeýe ibn Abu Salt bir şygrynda şeýle diýýär:

Jennetiler owlak üçin dawa etmez bolup zar,
Ol ýerde ne adamlary eýmendirýän eýmenç şah,
Ne ýadawlyk, ne-de çörek, ne-de garyp dostlar bar.

* * *

Mugawyýa ibn Abu Rabyga Jermi bir şygrynda eset ogullary taýpasyny we hawazyn taýpasyndan Kamliýäniň iki oglu-ny «kurra» (saçdan alnan goňakdan bişirilen nahary) bilen aýyplaýar:

Jerm taýpasy abraýly, görmediňmi ony nä sen?!
Keçä öwrülen saçy ataňyz ilkinji kesen.
Kurra geläýsek, diýýärler: «Men hawazynly pes kişi,
Suprada bitlerden galan zatlardan iýip-içiň».

Ibn Munziriň ýylanlary iýmek meselesindäki şygry şeýle:

Ýakynlaşmaň hiç haçan berekete, bolluga,
Olaryň erkin zulum hem-de ölüm alandy.
Kowdular ýurtdan sizi nygmat eýeleri,
Bişirýärsiňiz indi siz nahary hem ýylanly.

Katamy bir şygrynda «kaddu» iýýändigi sebäpli şeýle diýýär:

Çygly gije ýel meni garbap alan mahaly,
Bolup gördüm gonagy hüýsüz garry aýalyň.

Ähli ýeri gaplansoň garaňky, giden tümlük,
Ot ýakýan bir aýala berdim Taňry salamyn.
Begenmedi. Her gije gürläp ugran pursaty,
«Taýpaň haýsy?» diýdim-de, sorap gördüm men ondan.
«Iýmit bol bolsun» diýip her gijede owlagyň,
Derisin iýip oňýan muharyp taýpasyndan».

* * *

Araplar dostuny özünden ýokary tutýany öwerdiler. Ondan hakyny alan adamy hem ýazgarmazdylar. Suwuň gyt mahaly suw gaplaryny çagyl daşy bilen dolduryp, soň suwy öz aralarynda deň derejede bölerdiler. Baş ýolbaşçynyň, oljanyň dörtden birini alýan ýolbaşçynyň, oljadan isleýän zadyny saýlap alýan ýolbaşçynyň we bölünmedik zatlary alan ýolbaşçynyň bu suw bölünişiginde taýpanyň iň pes adamsyndan hem hiç hili artykmaç hukugy ýokdy. Bu ýolbaşçylaryň arasynda däp bolan bir dessur we abraýdy.

* * *

Ragy bir şygrynda şeýle diýýär:

Açlykdan garnyna daňyp eşiklerin — geýmini,
Derisini owlagyň bişirýäne myhman boldy.
Munzir aglaýardy oňa, myhman bolany üçin,
Şu ýagdaýda hem ynsany hormat barlygyny bildi.

* * *

Ferezdek bir şygrynda şeýle diýýär:

Anber taýpasyndan mugthoruň biri,
Paýlaşykdan soňra gelip ýanyma.

Suw sorady. Hatda jomart Hatam hem,
Bu halat suw bermez, dözüp janyna.

* * *

Dostuny özünden üstün tutmak meselesinde şahyr, paýyna düşen suwy numeýrli dostuna berendigi üçin Kagp ibn Mamany şeýle öwüpdir:

Kim bar Ibn Mama ýaly teşnelikde suw içiren,
Öldürmäge ýetmedi nije ölümli pursatlar.
Öldürdi ol pahyry gara daşlaryň gyzgyny,
Ol suwa örän ýakyndy, «ýetişersiň» diýdiler,
Kän çyrpyndy, ýetişmedi. Ýöne ýatlaň siz muny.

Eset taýpasyndan Abdylla ibn Fudala gaplara çagyl doldurup, soň suwy paýlaşýanlar barada şeýle diýdi:

Aryp kowumynyň gyzy dek ok-ýaý ýaly minitler,
Düýeler ýatyrkalar üstünde jyglym daşlaryň.
Gap düýbüniň suwlaryny suw doldurýan bir parsly
Bir kowumy hem içirmändir ýaýkap-ýaýkap başlaryn[1].

* * *

Ibn Jahwaş Musafene suw gaplaryny çagyldan doldurup, suwy paýlaşmak meselesinde şeýle diýýär:

Anber taýpasyndan mugthoruň biri,
Biz suw gaby elden-ele aýladyk.
Çagyramda bermek üçin suw paýyn,
Gördüm men özümden üstünlik zorun.

[1] Munuň araplara mahsus däpdigi aýdylýar.

Teşnelikden egbarlapdy, ýadapdy,
Men hem halas boldum ýazgarylmakdan.
Rum kowumyň nesibin — suw içmek üçin,
Goýmaga niýetläp suw gap teýine,
Getiren seri dek daşyna bakdym.

* * *

Bir milletiň başyna hiç bir yklymda, hiç bir milletde eşidilmedik gytlyk düşüp biler. Ol milletiň adamlary şeýle gynanarlar welin, açlyklaryny ýatyrmak üçin garynlaryna daş daňarlar, donlaryny garynlaryna berk daňarlar ýa-da sellelerini çykaryp garynlaryna daňarlar. Ýogsam selleleri başlarynyň täjidir. Çarwa arabyň kellesi açyk mahaly duýan sowugyny hiç kim duýmaz. Ol sellesini hiç çykarmandygy üçin we sellesiniň daňysy galyňdygy üçin kellesi sowuk bilen tanyş däldir. Hatda kämahal kellesine iki selle hem orar. Kämahal gözlerini hem ýapýan örtgi geýer. Musgap ibn Umeýr Leýsi şygrynda şeýle diýýär:

Ýöräň indi garaňkylyk örtdi siziň üstüňiz,
Asymyň ýanyndaky guýruk bilen islär hödür.
Daňýarkak garnymyza özümiziň sellämizi,
Ol syrtlan ýaly ýörar. Bizem mejbur yzyndadyr.

* * *

Şahyr Ragynyň bu meseledäki şygry şeýle:

Yzlaryndaky atlylara niýetläp ot ýakýarlar,
Geldiler oduň başyna agşamyna ählisi hem.
Owlak derisin bişirýänler bilerler myhman alyp,
Çökeremde düýeleri aýtdyk halymyz, bolup jem.
Gynandylar, agladylar halymyza misli ten-jan,

Munzir bolsa aglady garyplara myhmanlygyna,
Biri bolsa aglaýar daňýanlygyna garnyna don.

* * *

Şahyr Ganewi hem bir şygrynda gytlyga garamazdan, hödürden gaça durmaýan taýpalara delillik edýär:

Biz ýylgyn agajy ýaly — Kaýs ibn Aýlan bilýär,
Ol haýsy ýana gitse, biz onuň bir synasy.
Garyşdyrylýan wagty gytlykdy suw bilen süýt,
Jomartlykdyr husytlyk geçirýärkä synagy.
Ähli ösümlikleri gurasa-da topragyň
Şonda-da myhmanparaz garşylarys gonagy.

* * *

Ujeýr Seluminiň bu meseledäki şygry serediň näme diýýär:

Çanaklar gyra zyňlar, gaçar myhman gadyry,
Süýde suw goşup bermek aýallaryň hödüri.

* * *

Başga bir şahyr şeýle diýdi:

Çagalara süýt berýän düýelerimiz bar biziň,
Sanlary üç, köpelse, bir gün olar dört bolar.
Suw ýaly süýt berýärler gytlyk wagty düýeler,
Gytlyga garamazdan, gutarýança şol gytlyk,
Düýe etin iýmäge bize myhmanlar geler.

* * *

Abu Sagyt Hudry şeýle diýýär: «Men açlygymdan ýaňa garnyma daş daňdym we bir zat islemek üçin Resulallanyň

ýanyna gitdim. Hutbada onuň: «Kim namysly we tämiz bolmak islese, Alla ony namysly eder. Kim Alladan kömek islese, oňa kömek eder» diýýändigini eşidenimden soň, hiç zat islemän yzyma gaýtdym».

* * *

Bir çarwa arap şeýle gürrüň berýär: «Men şeýle bir ajykdym welin, gulagym şaňlap başlady. Azyk gözlemek üçin awa çykdym. Bir gowagyň öňünde bir gurt çagasyny tutup iýdim. Ýagyny bedenime sürtdüm, derisinden hem aýakgap tikindim».

* * *

Mugyra ýetmiş düýäni Sagt ibn Wakgas üçin Kadysyýa[1] iberdi. Ol ýerde gytlyk bardygy üçin düýeleriň hemmesini öldürip iýdiler. Ýaglaryny bedenlerine sürtdüler, derilerinden aýakgap tikindiler.

* * *

Asmaýy Osman Şehhamdan şeýle rowaýat edýär: «Abu Rejag Utarudy:

— Biz hezreti Pygamberiň duşmanlaryny kowalaýandygyny we öldürýändigini eşidip gaçdyk. Gijesine semiz towşany tutup, otda gyzardyp iýdik. Düýelerimizi hem çökerip dynç berdik. Ol gijäni hiç unutmaýaryn — diýipdir.

Asmaýy bu wakany gürrüň berende: «Açlyk mahaly bir oňat azyk we musulmanlaryň şygary bolan az iýmek nähili oňat» diýerdi.

* * *

Şäherli adam çarwa arapdan:

— Näme iýýärsiň we näme iýmeýärsiň? — diýip sorapdyr.

[1] Kadysyýa – eýranlylar bilen musulmanlaryň arasynda bolup geçen söweş.

Çarwa arap:

— Ýöreýän we süýrenýänlerden, suwulgandan galan ähli zady iýýärin — diýipdir. Şäherli bolsa oňa: «Iýmitler suwulganyň bogazyndan aňsat geçsin» diýipdir.

* * *

Asmaýy şeýle gürrüň berýär: «Bir çarwa arap bir süňküň etlerini doly gemirdi. Ol süňki zyňmakçy bolanda, üç oglundan ulusy aýtdy:

— Ony maňa ber.

— Näme etjek?

— Garynja hem hiç zat tapmaz ýaly edip gemirjek.

— Munyň gowy däl.

Ortanjy ogly:

— Ony maňa ber.

— Näme etjek?

— Ony şeýle bir gemirjek, şeýle bir gemirjek, bu süňk şu ýylyň süňkümi, ýa öňki ýyllaryň süňkümi, asla tanamarsyň.

— Muňa-da gowy diýip bolmaz.

Körpe ogly:

— Ony maňa ber.

— Sen nätjek?

— Gaýnadyp, ýagyndan iýer ýaly zat taýýarlajak.

— Al, süňk seňki.

* * *

Bir şahyr şeýle diýýär:

Guwansaň-da hurma bilen sen palawdan iýdirişiňe,
Meňzemediň şahyr Lakite hem-de eden işine.

* * *

Başga bir şahyr olaryň pitileri barada, serediň, näme diýýär:

Pitileri örän kiçi suwy egsilen mahaly,
Gaýnag sesi eşdilmez sen ýanynda dursaňam.
Ne bir ýere aýrylandyr, ne belentde goýlandyr,
Bir gün ony bejermäge synanyşyp görseler.

Gara reňkli üç aýal taganyň üstündedir,
Ne uzak çöl geçendir, ol uly düýelerde.
Ne Mekgeden bu ýere uzak menzil aşandyr,
Kürekli gaýyklarda gelendir ol — bu ýerde.

Diýdim: «Eliň guma bulan bu pitiler kimiňki?»,
Diýdi: «Biraz aýlan biler — pitileri Rakkasyň».
Diýdim: «Bular nä mahal tanyş bolar et bilen?»,
Diýdi: «Karz beräýseňiz, göwnümizi ýykman siz.

Ýogsam hem görşüňiz deý gurbanlykdan-gurbanlyga,
Pitiler möý kerepleri bilen tanyş bolarlar».
Içgin-içgin syn etdim men, görsem, olaň ýüzleri,
Garyplyk-ýetmezçiligiň yzyna ýugrulanlar.

Alyp gaýtdym hemmesini, goşdum öz maşgalama,
Çagalarym olar bilen bir buýsanja beslenen.
Niredendir bir ýerden ýollar söküp gelen wagtym,
Indi olar görkezýärler meni belent ses bilen.

* * *

Olaryň gazanlarynyň, çanaklarynyň we naharlarynyň häsiýetleri hakda başga zatlar hem aýdylypdyr. Bulary hem saňa

ýazjak. Olar gurak ülkelerde ýaşasalar-da, bolluk we bereket taýdan ýagdaýlary ähli adamlaryňkydan has oňatdyr. Gazanlary, çanaklary, dogramalary, hurmalary barada aýdylanlary batyl hasaplama.

* * *

Maňa Asmaýy şeýle gürrüň berdi: «Muntejig ibn Nebhandan çölüň bereketi barada soradym. Ol şeýle diýdi:

Mesge ýagy gitmese gözlerimiň öňünden,
Gözleri dok köpek hem geçip gider deňinden.

* * *

Şahyr Efweh Ewdi şeýle diýýär:

Saglaba ibn Kaýsa ýarasyn içindäki nahar,
Gyşda aç adamlar geler çanagyň başyna.
Şeýle susaklar bardyr, karz berilmez hiç kime,
Çadyr bardyr, aýby onuň gurum örtük daşyna.
Çanagyň şol susaklary misli bir berk halkaly,
Iýenler kynçylykly guýudan suw çekýän ýaly.

* * *

Magan ibn Ews şygrynda Sagyt ibn Asyň gazanlaryny öwýär:

Onuň gazanlary mydam dosty bolup guşlaryň.
Hemmesi hem ýerinde, biri-biriniň deňinde.
Mähetdel etmän, derrew hormat üçin myhmanlara,
Astyna odun salyp, aşpezler durar öňünde.

Ynanarsyň gaýnan wagty çykýan sesi eşitseň,
Süri düýe sesiniň gulagyna ýetenine.

Biri-birine degýän gazan tolkunlary meňzeş,
Dolanýan atlylara howlukmaç öz watanyna.

Gaýnadygyça tolkunlar hasda möwjap batlanýar,
Gök gümmürdisine meýzeş sesi çar ýana ýaýyp.
Içinde agyr düýeler sessiz-üýnsüz garaşýar,
Myhmanlar tizden gelip, bizi iýsinler diýip.

* * *

Ferezdek bir gezek Abu Sahma Suheým ibn Amyra myhman bolanda ony wasp edip, onuň gazanlary barada şeýle diýýär:

Ýolagçynyň kakjak iň haýyrly gapysy hakynda Abu Sahmada sowal berdik,

Diýdik: «Abu Sahma! Ýezd taýpasyndan nizar urugynyň jomart-sahylygyny gördük biz».

Tizlik bilen turdy ol, gan yzly öňlügi yhlas bilen süpürdi, dem aldy.

Gara sakgyjy suwalan, burny döwülen sap şerapdan doly gaba ýöneldi.

Gazanda gaýnaýan etler bilen al şerap mürehet etdi ol myhman — bizlere,

Onuň hödüri örküç bölekleri bolsa meňzeýär biri-birine seredýän gyzlara.

* * *

Hatda arap taýpalarynyň arasynda şeýleräk meňzetme hem aýdylýar. Bir gazany doly suwuň içine salyp batyrýarlar. Ol birnäçe gezek suwda ýitýär, soň birnäçe gezek suwuň ýüzüne çykýar. Gaýnaýarka gazanyň çykarýan sesleri göýä, eslem taýpasynyň gyfar taýpasyny ýazgaryp aýdýan sözleri ýalydyr.

* * *

Käbir ýagdaýlar sebäpli gazanlar hem ýazgarylypdyr. Muhammet ibn Ýesiriň maňa aýdan şu şygry ýaly:

«Biziň gazanymyz bar», diýdi şahyr:
Ini iki, boýy bolsa dört arşyn.
Alla ol gazany masgara etsin.
Göz öňüne getirýän şeýle görnüşin.

Bir depede, ýumşak gumlar içinde
Ýykylmazy ýaly aýak ýasaryn.
Rijam, Gawul depeleri bilen Tihwe dagyny,
Bu babatda şeýleräk, ine, meniň hasabym.

Gijeler çöken deý gazan düýbüne,
Parçalanan piller ýüzýän mysaly.
Ýagly örküç hödürlenýär ol ýerde,
Aç giden myhmany gören ýok häli».

* * *

Abu Ubeýde gürrüň berýär, Ferezdek:
«Bir gazan düýeguş gursagy deýin,
Ody iri odun bilen ýakylýar»,
diýse, Meýsere Abu Derda şeý diýen:
«Nämemiş düýeguş gursagy dagy,
Ferezdegiň garnyny hem doýurmaz.
Pil ýöreýän ýaly gazan gaýnagy
Çaltlygy şeýle tiz, salymyn bermez».

* * *

Gazanlar bilen baglanyşykly bolmasa hem bu bölümde Ferezdegiň Uzafir ibn Zeýt Teýmil Lat ibn Saglabanyň ogullarynyň biri hakdaky sözüni agzamak hem ýerlikli bolar:

Dinimden ant içýärin, diňläň siz meni,
Rysgalyň ölçeg bilen paýlanan güni,
Uzafir saçagyndan bereketli däl,
Goşuny bilen myhman bolsa-da Deçjal,
Äjit-mäjit dek aç ölseler-de, göräý,
Uzafir naharyndan doýarlar bir aý.

* * *

Ibn Abdel şu şygry Bişr ibn Merwan ibn Hakem barada aýdýar:

Gelmezligin isleýän gapysyndan hiç kimiň,
Slawýanlardan, zenjilerden goýýardy garawullar.
Ýöne Bişr, soňuna çenli açdy öz gapysyn,
Öwgi, sogap getiren diýip biz tarap ýollar.

Gapysynyň öňünde ne tuty bar, ne perde,
Ne bir gelene ol ýüzüni öwürýär.
Ol näme şeýle edýär, düşündirmek hökman däl,
Özünden näme islenýänin ol gowy bilýär.

* * *

Gazanlar bilen baglanyşykly aýdylan şygyrlar tankyt hem edilendir. Ine, Rakkaşynyň şygry:

Biziň gara gazanymyz Allanyň lutfy bilen,
Ýakyndakylardan soňra uzakdakylara ol
Kömek eder. Elal, Rijam we Tihfe daglaryny,
Tagan edip gazany goýduk, niýetimizi bil.

Bize aç hem ýalaňaç bir adam gelen mahaly,
Adymyz Muhammediň haklaryn ýerine ýetir.

Eger-de agşam bolmasa, hökman ertesi bize
Gelýär kynçylygyny gidermek üçin Ibn Ýesir.

Ibn Ýesir hem oňa jogap berip şeýle diýýär:

Gapdallary kyrk dişli gädik-gädik gazanyň,
Mundan başga hiç hili kemçiligi ýok onuň.
Meni görenlerinde: «Buşluk!» diýip gygyrýarlar,
«Ýesirli gelýär» diýip, biri-birlerini çagyrarlar.

* * *

Ibn Ýesir başga bir ýerde bolsa şeýle diýýär:

Gazanlary beýleki gazanlar dek Rakkaşynyň,
Oýma guraly bilen däldir oýulyp ýasalan.
Onuň çig maly hem önümi däl gowak daşynyň,
Ýa batgalyk tokaýlaryň, mes bolan — derýalaryň,
Abu Hafdyň gazany öweý ogludyr,
Diýsek dogrudyr.

* * *

Abu Nuwwas Hasan ibn Hani Hakemi hem Rakkaşynyň gazanyny ýamanlapdyr:

Rakkaşynyň gyşyna taganynyň üstünde,
Goýýany mydam onuň bir gap-gara gazandyr.
Gulaklary öýjükli, çaga-çugaň enesi,
Gursagy çybynyňky ýaly bolup galandyr.

Heniz nahar bişmänkä olar oduň üstünden,
Etiň gany gitmedik misli janly ýalydyr.
Çykaryp oturmaly baryn otluçöp bilen,
Çorbasynda ýüzýäni hem bişmedik ýagydyr.

* * *

Ol ýene şeýle diýýär:

Otdan ýaňa gap-gara özgeleriň gazany,
Rakkaşynyňky bolsa on dördi gijäň aýy,
Eger gelseň görersiň içinde täze etler,
Mähre garaşýan için «si»[1] harp nokady ýaly,

Isleseň dyrnak ujy bilen çykararsyň et,
Tagan üstünde mydam et dörüji durandyr.
Öz asylky bolşundan özgeren ýeri ýokdur,
Ulanylmadyk ýaly, muny hemme görendir.

* * *

Teými taýpasyndan biri şygrynda Ibn Jepbary şeýle tankytlaýar:

Uzak wagt içine guýulmandyr ýag,
Bir gazan aglamaly bolsa eger,
Möňňürip aglardy Ibn Jepbaryňky.
Kömürçi ussanyň körüginden soňra,
Ot degmedigi degnasyna deger-de.

* * *

Ýagyş ýagan möwsümi araplaryň ýagdaýlary beýleki milletleriňkiden gowudyr. Ýöne ýagyş ýagmadyk möwsümi welin erbetdir. Ýagyş ýagyp, daş-töweregi, ösümlikler we suwlar gurşanda, bir garyp: «Otlak bar, ýöne otlamaga haýwan-mal ýok. Ot bar ýöne düýe ýok. Bu otlara ýoksulyň kalby daýanmaz» diýipdir. Şonuň üçinem bir şahyr şeýle diýýär:

[1] «Si» – arap elipbiýiniň 4-nji harpy.

Eý, Abu Züneýp, rehmet ýagdy ölçerip ot-ataşlaryňy,
Uzaklaşdyrdy bu rehmet senden goşunlaryň leşgerini.

* * *

Eger şygyrlaryna göz gezdirseň, baý araplaryň gowy naharlar iýendiklerini we gowy naharlary bilýändiklerine göz ýetirersiň. Sebäbi gowy naharlar diňe baýlaryň ýanynda bolýar.

* * *

Zyýat ibn Feýýaz un çöregi barada şeýle diýýär:

Bir aýal Kaýs ibn Aýlan mertligini şan saýdy,
Söweşden gaçan wagty ýaraglanan atlylar.
Tohum ak düýelere gylyç alyp topuldy,
Uzyn düýeler gaçyp, uçýan ýaly gitdiler.

Kesgir gylyç kiçi inçe bil bir düýä degdi,
Agyr ýaradar bolup, ýöredi üç aýakda.
Ol ýigit aýala et, ýag hem çörek iýdirdi,
Hatda biz hem ýanyna gitdik garaňkylykda.

* * *

Başga bir beýtinde hem şeýle diýýär:

Ak çörek, gowrulan et iýýäň küýsände göwün,
Islän wagtyň içýärsiň hem-de miwäniň suwun.

* * *

Jerir bir şygrynda şeýle diýýär:

«Kim getirerkä ak çöregi hem tagamly iýmiti».
Zeýt maşgalasy ýaly ýaşamak aýalymyň niýeti.

* * *

Nemir ibn Tewlebden bir beýt:

Göwnüniň islän zadyn alýar meniň aýalym —
Süzülen bal, ak çörek — berjaý edip hyýalym.

* * *

Araplaryň arasynda iň hormatlanýan nahar faluzeçdir[1]. Adamlara ony Abdylla ibn Judgandan başga hiç kim iýdirmändir. Şonuň üçinem şahyr Umeýýe ibn Abus Salt ony şeýle wasp edipdir:

Çanagyň özi eden agajyndan ýasalan,
Içindäki bugdaý hem garylypdyr bal bilen.

* * *

Dograma nahary Mekgede baýlaryň nahary hasaplanypdyr. Ol gurplularyň arasynda has ýaýrapdyr. Ýöne ol soň Haşymyň (Amryň) nahary diýen at alypdyr. Haşym dostlary üçin çörek dograp, dograma edende, bir şygyrda bu ýagdaý sebäpli şeýle wasp edilipdir:

Mekgäň erkekleri gytlykda ysgyndan gitdi,
Şonda Haşym Amr kowumy üçin dograma etdi.

* * *

Halanýan naharlaryň biri hem «Haýs» atly nahardyr. Bu nahar şäniksiz hurmadan, ýagdan we undan taýýarlanýar. Mahzum taýpasyna görä, bu nahary ilkinji bişiren Suweýt (Jündüp) ibn Haremidir. Bu barada şygyr:

[1] Faluzeç – bugdaý bilen bal garylyp taýýarlanýan süýji nygmat.

Çagyrylýan men mydam kynçylyk duş gelende.
Jündüp geler «Haýs» nahar bişirilmeli bolanda.

* * *

Çörek hem öwülendir. Abdylla ibn Anberä «çörek iýýän» diýlipdir. Sebäbi ol hurmany we süýdi halamaz eken. Ol öz döwründe anber taýpasynyň hojaýynydy. Anber taýpasy öwünenlerinde: «Çörek iýýän hem, guşlary goraýan hem (Sewa ibn Şahme Anberi) bizdendir» diýer ekenler.

* * *

Eti hurmadan has gowy görerdiler. Serediň, şahyr bu meselede näme diýýär:

Ubeýt maňa hödürledi hurmasyn,
«Az münülen, süýtlek düýäniň örküji,
Heý-de, gyşda deň görlermi» diýdim men:
«Ýapragyny döken hurma bilen hem?
Düýe soýup, örküç etin iýdirseň,
Iň gowusy, hiç kes bilmän durmasyn.
Hurma — bolçulykda, düýe — gytlykda,
Öňde — muny ulus-ile ýaýdym men».

* * *

Dograma barada hem şygyrlar aýdylandyr. Olardan birnäçe mysal. Ine, Ragynyň şygry:

Ýyldyz sanaýar ol aýal ýagly dogramaň içinde,
Ol adamlaň ellerinde doňan mahaly haçanda.

* * *

Ibn Heremeniň şygry:

Eben agajyndan ýasalan dogramaly çanak alýar,
Biri-biriniň içine giren ýyldyzlar sanalýar.

* * *

Kämil ibn Ikrimanyň şygry:

Dograma geldi saçaga,
Üstünde ýag, akan etler.
Iň gowusy düýäniňki,
Tagamy agzyňdan gitmez.

* * *

Ine, şeýdip halanylýan naharlardan hem gürrüň gozgadyk. Halanylmaýan naharlaryň birinjisini aýdyp, beýlekisini taşlapdyk. Beýlekiler bolsa şulardyr «hazyra» (ýagly we unly çorba) we «sehine» (bulamak).

«Hazyra» bilen darym taýpasy, «sehine» bilen hem kuraýş taýpasy aýyplanýar. Bu meselede şu şygyrlar aýdylandyr. Indi olary agzap geçeliň.

Hidaş ibn Zuheýriň şygyry:

Sygynmadyk bolsadylar Käbä, işi gaýdardy olaryň,
Üstüne hüjüm etdik şeýle bir sehine iýenleriň.

Abdylla ibn Hemmamyň aýdany:

Şeýle bir ýumruklaryn, bilsem beýle bolanyn,
Sehine ýalaýança olar Mekgä dolanyp.

Jeririň aýdany:

Saçaga hazyr goýuldy,
Olara: «Doýar-dolmaz agzyny doly açýan,
Giň garynly, bogaza uly dogramça atýan,
«Mujaşy nirde?» diýildi.

* * *

Eger çarwa arap myhman bolmak islese, ýanýan ot hem görmese it ýaly uwlar. Bu sesi eşiden it oňa jogap berer. Ol hem itiň sesine tarap gidip, özüniň myhman alynjak ýerini tapar. Şahyrlar bu meselede şeýle diýipdirler. Bir şahyr:

Garaşyp dur sabyrsyz uzaklardan gelip ol —
Garşylaryna üýrüp, baýlaryň it bolup ol.

* * *

Başga bir şahyr:

Hasyr arasynda Rumeýse bilen,
Ýagyşly gijede uwlap bir it,
Uwlaýan birine jogap üçin ol,
Ähli yzasyny ýürege berip ...

* * *

Käbir adamlar uwlaýana jogap bermek üçin itini boşadyp goýardy, käbirleri hem muňa päsgel bolardylar. Zyýat Agjem bu sebäpli yjl taýpasyny tankytlaýar. Ol şeýle diýýär:

Köpegiň agzyn baglaýaň,
Myhman almasyn diýip sen.
Çykmadyk gyz ýaly gazan
Öňünde perde goýupsyň.

* * *

Başga bir şahyr şeýle diýýär:

Ammaryň öýüne geldik, itler bize topuldy,
Tas olara şam bolupdyk iki öý arasynda.
«Kyýamat ýa-da şu günüň haýsysy has uzynka?» —
Dostlaryma pyşyrdap diýdim men bu barasynda.

* * *

Başga bir şahyr bolsa şeýle diýýär:

Taýýarladym bir gamçy ajy badam agajyndan
Myhmanlara hem bir iti tapdym-da alajyn men.

* * *

Ibn Araby maňa Mejnuna degişli şu şygry aýtdy:

Gije ýanyma geljek çopanlara ot beýgeltdim,
Siz pikir etmäň — ýagşylyk üçin beýle etdim.
Olardan uzyn boýly biri çökerdip düýelerin,
Şamlyk sorady, un çorba, şänikli hurma berenim.

* * *

Hasan ibn Sabyt munuň tersini aýdýar:

Jefnäniň çagalary kakalarynyň mazarynda,
Jomart Mugawyýanyň ruhundan aýra bolmaz.
Topulmaz olaň itleri myhmanlara hiç haçan,
Bu ýere gelýänleriň hatda kimligi hem soralmaz.

* * *

Merrar Hammany özüniň iti barada, serediň, näme diýýär: «Indi ol adamlar bilen öwrenişdi, ol ýesire-de, erkine-de üýrmeýär».

* * *

Ymran ibn Isam şeýle diýýär:

Hem öz taýpasyna, hem özgelere,
Ýagşylyk köp boldy Abdylezizden.
Gapylaryň iň ýumşagy — gapysy,
Öýi adamlardan doly tiz-tizden.

Iti — gyzynyňka baran eneden,
Has ýakyn her gelen myhmanlaryna.
Bir ýagyşly gijeden-de jomart ol —
Bezeg deý zer bilen myhmanlaryna.

Yhsan islänlere — bermek siz bilen,
Seniň waspyň etmek bolsa biz bilen!

* * *

Köp görýän adamlaryna ýakyn durýan itler bilen baglanyşykly aýdylan birnäçe şygyr bardyr. Ine, şahyryň bu meseledäki şygry:

Eý, Ümmi Amr, berlen sözi ýerine ýetir,
Hem-de onuň bilen amanaty sakla sen.
Itleriň duşdy guşluk, aýtsam ol hakda men,
Iň bir ýaraklary-da sessiz-üýnsüz ýatyr.
Begençlerinden ýaňa guýruklaryn bulap,
Ýatan ýalydylar olar ýagşylyk diläp.

* * *

Zur Rumme şeýle diýýär:

Görüp-görüp, synlap-synlap keşbimi meniň —
Itleri öwrenişdiler maňa taýpanyň.

* * *

Hilal ibn Husamyň aýdany:

Aýal goňşa myhman bolup barmakdan gaça durýaryn,
Äriniň ýok mahaly hem köp barmaýaryn men oňa.
Öýlerinde näme hakda gürleşýärler — bilmeýärin,
Gybaty hem maňa aýyp, itleri hem öwrenişmez,
Köýnek nämeden dokalan — asla biljek bolmaýaryn.

* * *

Bir malyň soýulmagy zerarly itiň begenji barada Ibn Hareme şeýle diýýär:

Kabylanyň itleri, myhman görse begenýär,
Sebäbi, arassa süýt hem-de örküç etini,
Yzy bilen çopanyň alyp gelýänin bilýär.

* * *

Şahyr Ragy itiň üýrmegine päsgel bolan Hutaýa şeýle diýýär:

Ol Hutaýa lagnat etsin Biribar,
Peşew edýär myhmanlaryň üstüne.
Men onuň ýanyna gitdim bir gezek,
Görsem itin bogýar salyp gysaça.

Bilýäris, it bolsa üýrmän bilmeýär,
Agladym men suw garylan süýt üçin.
Hemmeler abs ogullary taýpadan,
Azyk üçin aglaýany örän çyn.

* * *

«Köpçülik bar ýerinde jomartlyk bardyr» diýen ýaly nygmatyň hakyny doly ödeýän baýyň we gurply adamlaryň gapylarynyň sypat-häsiýetleri bilen baglanyşykly sözler hem aýdylandyr. Munuň bilen baglanyşykly birnäçe mysal aýdalyň: «Adamlaryň gapysynyň öňünde köpçülik bolarlar. Dogry ýol şeýle bolar», «Garyplaşan mahalyň hiç kimiň gapyňda ýokdugyny görersiň. Baýlygyň bolsa saňa myhman sowgat berýändigini», «Malyň azaldygyça ýalňyzlaşarsyň. Kim garyba myhmançylyga barar».

* * *

Araplar hyjuwly ýaş ýigide we köp gazanýan adama hormat goýupdyrlar. Ýaltany, lellimi we işýakmazy halamandyrlar.

* * *

Ine, şahyrlaryň öwen bir adamy:

Onuň islegleri dagapdyr gaty,
Gezer dereleri, düşegi sowuk,
Örän uzaklara giden niýeti.

* * *

Başga biri özüni öwýär:

Dostlar, her gyşda gelip, düşegim barlap görüň,
Aýdaýyn örän sowuk onda her gijelerim.

* * *

Ýene-de üç sany mysal getireýin:

Aralyk daşdyr, ýöne niýetden dönmeýän bir hökümdar,
Öýde durmaz, düşegini mydam berk eder diýen çakym bar.

* * *

Düşegiňde ýeriň sowukdyr juda,
Bu janym hem bolsun, goý, saňa pida!

* * *

«Ak beden, güler ýüz, sowuk düşekli,
Bir lukma doýurar» diýmäge hakly.

* * *

Araplar ot ýakýanlary öwýärler, ot söndürýäni ýazgarýarlar. Muňa şeýle şygyr aýdylandyr. Şahyr:

Depeleri gaplap alsa garaňky,
Bardyr her biriniň tutaşan ody.
Köp däldirem otluklarda düýeler,
Emma has artykdyr abraý-ady.

* * *

Müzewwer ibn Diraryň şygry:

Reňki gyp-gyzyl odumyň höwes bilen bakylýar,
Görgür gözler üçin otlar belent ýerde ýakylýar.

* * *

Oduň reňkiniň gyzyllygy odunyň gurudygyny aňladýar. Tüssesi kän oduň ýagtylygy az bolýar.

Ýene bir gözel şygyr:

Sap alawly, dumansyz niçe otlar ýakdym men,
Sowuk ýel onuň alawlary bilen beýgelýär.
Näçe belent bolsa-da, ol oduň ýanýan ýeri,
Eýesiniň abraýy şonçarak hem boý alýar.

* * *

Araplaryň jomartlygyny olaryň ant içmekleri hem aňladýar. Magdan ibn Juwwas Kindi şeýle diýýär:

Dogrudanam, ol sözleri eger men aýdan bolsam,
Dostum meni ýazgarsyn, barmaklarym kesilsin!
Oglum Munzyre kepen etjek köýnegin özüm,
Oglum Hawz duşmanlardan bir ganhora duş gelsin!

* * *

Eşter Mälik ibn Harys şeýle diýýär:

Ýeke özüm galaýyn, belentlikden gaçaýyn,
Myhmanlary çytyk gaş bilen garşy alaýyn.
Ibn Harbyň üstüne hüjüm etmesem, çozmasam,
Janym alan bir güne menem duçar bolaýyn.

Dagan halda jadylar atly giden mysaly,
Kesgir gylyç guşanyp, göz ujy bilen garan.
Gylyçlaryň demiri üstünde gyzdy gitdi,
Günüň şöhlesi ýa-da çakan ýyldyrym — parran.

* * *

Ibn Seýhan şeýle diýýär:

Erbetlik duş bolsa gelene — menden,
Dosty erbetlikde duýmak — haramdyr.

Yhrama[1] girene ýag çalan — ýaly,
Mutygogullaryn söýmek haramdyr.

Haram bolsun gizlän gowy zatlary,
Garaňky mejlisler, goý, bolsun haram!
Hyşamogullarnyň tanaplaryndan
Uzadaryn birin mäkämdir örän.

Pesleriň oduny gaplanar tüssä,
Olarda tüssäniň reňki bardyr.
Alawlap-alawlap ýanyp bilmezler,
Pesleriň oduny madam çygardyr.

* * *

Meniň bu zatlary beýan etmegimiň sebäbi, seniň bulary bilýändigiňe bolan ynanjymdyr. Bu kitap diňe bir şygyr okap, kyssa aýdýanlara ýa-da edebiýat bilen iş salyşýanlara niýetlenen däldir, hemmeler üçin niýetlenendir, kitabyň peýdasy-da ine, şondadyr.

[1] Yhram – haj etmäge niýet edilende geýilýän ak eşik, hajyň şertleriniň biri.

## DURMUŞ HAKYKATYNYŇ WASPÇYSY

«***Baýlyk durmuşda ahyrky maksat däl-de, serişdedir, özem adam bolmagyň serişdesidir. Baýlyk entek serişdeliginde galýarka — haýyrdyr. Haçanda ahyrky maksada öwrülende ol adamyň garşysyna işläp başlaýar we adamy zaýalaýar, ahyrsoňunda bolsa heläk edýär. Şonda adam baýlygyň elindäki serişdä öwrülýär***».

**Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy**

Türkmen halkynyň taryhyň sahnasynda galdyran yzlaryny durmuşyň ähli pudagynda — taryhda, edebiýatda, medeniýetde we sungatda görmek mümkin. Türkmen halky **Söwer Ogly Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň** başda durmagy bilen Garaşsyzlygyny alandan soň bu hakykat has-da aýdyň boldy. Muny Beýik Serdarymyzyň türkmen halkyna peşgeş beren Mukaddeslikleri — Mukaddes Ruhnama kitaby, «Türkmen ilim aman bolsun», «Türkmeniň bäş eýýamynyň ruhy», «Meniň ruhubelentlik baharym» şadiwanlary hem aýdyň şaýatlyk edýär. Bu hakykaty diňe bir gelip çykyşy türkmen bolan ýa-da türkmen topragynda önüp-ösen alymlar we şahyrlar däl, eýsem beýleki milletleriň wekilleri-de eserlerinde aýdyň beýan edipdirler. Şeýle şahsyýetleriň biri-de Gündogaryň beýik aly-

my we edebiýatçysy, Jahyz lakamy bilen meşhurlyk gazanan Abu Osman Amrdyr.

Jahyz 775-nji (hijri hasaby bilen 159-njy) ýylda Yragyň Basra şäherinde dünýä inýär. Onuň doly ady Abu Osman Amr ibn Bahr ibn Mahbup Jahyz Kinanydyr. Onuň Jahyz lakamy «möle gözli» manysyny berýär. Jahyz ýetginjeklik döwründen ylym öwrenmäge höwesek bolupdyr. Onuň ýaşlyk döwrüniň Basra medeniýetiniň gülläp ösen zamanasyna gabat gelendigini belläp geçmelidiris. Şol döwürlerde Basrada Halyl ibn Ahmet, Ahfeş, Ibn Musenna, Abu Zeýd Ensary, Asmaýy ýaly tanymal alymlar ýaşapdyrlar. Jahyz ol alymlardan taryh, dil-edebiýat, şygryýet ýaly ylymlary öwrenip, okuwynyň daşyndan gün-güzeran aýlamak üçin söwda-satyk bilen meşgullanypdyr.

Jahyz Basra şäherinde geçirilen ylym we edebiýat mejlislerine, şeýle-de şygyr bäsleşiklerine hem gatnaşypdyr. Onuň arap dilininiň inçe syrlaryny hemmetaraplaýyn öwrenmegine şeýle bäsleşikler uly täsir edipdir. Bulardan başga-da, ol kelam we mezhep alymlarynyň ylmy mejlislere-de gatnaşypdyr. Soňra Kufe, Bagdat, Şam, Humus, Antakyýa — alymlaryň we edebiýatçylaryň mejlislerine gatnaşmak üçin syýahat edipdir.

Jahyzyň halypalara bagyşlap ýazan eserleri Bagdat Apbasly halypalarynyň göwnüne ýarapdyr. 815-nji (hijri hasaby bilen 200-nji) ýylda Mamun halypa ony Bagdada çagyrýar. Jahyz tä 861-nji (hijri hasaby bilen 247-nji) ýylda halypa Mutewekkil Alallah bilen onuň türkmen weziri Feth ibn Hakan öldürilýänçä Bagdatda we Samarrada ýaşapdyr. Bagdatda ýaşan döwürlerinde ol Aristoteliň eserleriniň terjimelerini okap, ylmy-pelsepe düşünjesini has-da çuňlaşdyrypdyr. Ol Nazzam, Sumama ibn Eşres ýaly mugtezile alymlaryndan mugtezile mezhebiniň[1] esaslaryny hemmetaraplaýyn öwrenipdir.

---

[1] Mugtezile — VIII asyrda dörän ynanç-ygtykat mezhebi. Mugtezile mezhebiniň «El-usulul-hamse» atly bäş sany: «Töwhit» («Allanyň birligini ykrar etmek»); «Adl» («Adalat»); «Wagd we wagyt» («Sylag we azap»); «El-menzile beýnel-menzileteýn» («Aralyk ýagdaý»); «Emru bil-magruf we

Jahyzyň döredijiliginiň kämillik derejesine ýeten döwürleri 835-847-nji (hijri hasaby bilen 220-233-nji) ýyllara gabat gelýär. 847-nji ýylda Ibn Zeýýat öldürilensoň, Jahyz tussag edilip, zyndana taşlanypdyr. Soňra Mutewekkil halypa bilen weziri Feth ibn Hakan tarapyndan zyndandan çykarylypdyr. Jahyz köşk hyzmatynda bolup, bu ikisini wasp edip birnäçe eser döredipdir.

Jahyz ýaşynyň soňunda ysmaz keseline duçar bolup, Basra şäherine dolanyp gelipdir. Ol 869-njy (hijri hasaby bilen 255-nji) ýylyň Türkmenbaşy aýynda 95 ýaşynyň içinde dünýäden ötýär.

Jahyz heniz dirikä uly at-abraý gazanan şahsyýetleriň biridir. Onuň döwürdeşi Abu Hyffandan: «Jahyz seni tankytlady? Sen näme üçin ony tankyt etmeýärsiň?» diýip soranlarynda, ol: «Men heniz aklymdan azaşamok. Eger ol säher çagy maňa garşy bir risala ýazsa, agşam düşmezden ozal Hytaýa baryp ýeter» diýip, jogap beripdir. Sabyt ibn Kurra Jahyzy hezreti Omardan we Hasan Basrydan soňra musulmanlaryň üçünji abraýly şahsyýeti, wagyzçysy we edebiýatçysy hasaplapdyr.

**Jahyzyň eserleri.** Jahyz Gündogar edebiýatynda uly orny eýeleýär. Ol arap dilinde eser döreden wekilleriň biridir. Taryhçy Sybt ibn Jöwzi Jahyzyň 360 eseriniň bardygyny ýazypdyr. Gynansak hem, ol eserleriň hemmesi biziň günlerimize gelip ýetmändir. Döwürdeşi Abu Hyffan Jahyzyň eserlerine şeýle baha beripdir: «Henize çenli onuň kitaplaryndan we maglumatlaryndan çeper ýazylan eseri görmändim. Jahyzyň okanyňda peýdasy degmejek ýeke kitaby hem ýokdur». Jahyzyň meşhur eserleri şulardyr:

«**Kitäbu'l-beýan we't-teýbin**» («Beýan we düşündiriş»). Dile we edebiýata degişli kitap. Kitapda arap diliniň aýratynlyklary we şygryýetdäki özboluşlyklar barada gürrüň berilýär.

---

nehýu anil-munker» («Ýagşy işleri emr edip, ýaman işlerden gaýtarmak») ýörelgesi bolupdyr.

Ibn Haldun bu kitap barada şeýle diýipdir: «Ylym mejlislerinde ussatlarymyzdan şulary eşidipdik: «Edebiýat sungatynyň usuly we düzgün-tertibi barada dört kitap bardyr. Olar Ibn Kuteýbäniň «Edebu'l-kätip», Muberrediň «Kitäb'ul-kämil», Jahyzyň «Kitäbu'l-beýan we't-tebýin», Abu Aly Kalynyň «Kitäbu'n-newadyr» atly eserleridir».

«**Fedailu'l-etrak**» («Türkmenleriň artykmaçlygy»). Türkmenleriň artykmaç häsiýetlerini beýan ediji kitap.

«**El-Osmaniýe**» («Osman baradaky kitap»). Kelam ylmyna degişli kitap bolup, onda üç çaryýaryň, Abubekriň, Omaryň we Osmanyň häsiýetleri barada söhbet edilýär.

«**Kitäbu fi'l-abbasyýe**» («Abbasy halypalygy baradaky kitap»). Kelam ylmyna degişli eser. Kitapda Apbasy halypalary hakynda gürrüň gozgalýar.

«**Fazyletu'l-mugtezile**» («Mugtezile mezhebiniň tarapdarlarynyň aýratynlyklary baradaky kitap»). Kelam ylmyna degişli kitap.

«**Kitäbu halky'l-Kur'än**» («Gurhanyň ýaradylandygyny subut edýän kitap»). Kelam ylmyna degişli kitap.

«**Hujjetu'n-nubuwwe**» («Pygamberligiň delilleri»). Kelam ylmyna degişli kitap.

«**Tafdylu sinagati'l-kelam**» («Kelam ylmynyň aýratynlyklary»). Kelam ylmyna degişli kitap.

**«Risala fi beni Umeýýe»** («Emewi halypalygy barada risala»). Taryha we sungata degişli kitap.

**«Kitäbu jemheretu'l-muluk**» («Hökümdarlar barada kitap»). Taryha we sungata degişli kitap.

**«Kitäbu'l-muluk we'l-umemi's-sälife we'l-bäkyýe**» («Öten we ýaşap ýören hökümdarlar, milletler baradaky kitap»). Taryha we sungata degişli kitap.

«**E't-täç fi ahlaki'l-muluk**» («Hökümdarlaryn ahlagy baradaky kitap»). Halypa Mutewekkiliň türkmen weziri Feth ibn Hakana bagyşlanyp ahlak we ýagşy häsiýetler barada ýazylan kitap.

«**Kitäbu'l-mehasyn we'l-ezdad**» («Ýagşy we erbet gylyk-häsiýetler barada kitap»).

«**Kitäbu'-tebassur bi't-tijare**» («Söwda işlerine akyl ýetirmek baradaky kitap»).

«**Risala fi sinagati'l-kuwwad**» («Serkerdelik sungaty baradaky risala»).

«**Kitabu'l-mugallimin**» («Edep-terbiýe baradaky kitap»).

«**Kitäbu gyşşy's-senagat**» («Dürli hünärler baradaky kitap»).

«**Risala fi tabekati'l-mugannin**» («Saz ussatlarynyň atlary barada risala»).

«**Kitäbu'l-kyýan**» («Aýdymçy zenanlar baradaky kitap»).

«**Kitäbu'l-haýewän**» («Haýwanlar barada kitap»). Zoologiýanyň dürli ugurlaryna, haýwanat dünýäsine we tabigata degişli eser.

Jahyzyň eliňizdäki kitaby gyzykly gürrüňlerden ybaratdyr. Kitap Gündogar edebýatçylarynyň edebi-çeperçilik bäsleşikleri esasynda dörän eserleriň iň çeperleriniň biridir. Jahyz kitabynyň girişinde eserini döwlet işgärleriniň birine bagyşlandygyny ýazýar, ýöne adyny tutmaýar. Ol kitabyndaky maglumatlar barada: «…bulary gözüm bilen görüp, şaýat bolan zatlarymdan we husytlar barada eşiden gürrüňlerimden ýygnadym. Kitabym göwrüminiň gysgalygyna we içindäki kemçilikleriň azlygyna garamazdan, ol size husytlaryň kyssalaryny gysga, husytlaryň öz taraplaryny tutmaklaryny giňişleýin görnüşde beýan edýär. Enşalla, ýazgylarym husytlyk babynyň iň gyzykly zatlarydyr» diýip, wakalaryň köpüsiniň gözi bilen gören we eşiden gürrüňleridigini beýan edipdir.

Jahyz kitabynda husytlar bilen tygşytly kişileriň arasyndaky çekeleşigi, olaryň aýratyn häsiýetlerini gürrüň berýär. Şeýdip, Jahyz okyja gutarylmadyk we hiç haçan gutarmajak çekeleşigiň gapysyny açyp berýär. Kitapda tarapdarlaryň eýeleýän ýerleri anyk we belli. Olar kämahal hat, kämahal hem şygyr ýa-da kyssa bilen biri-birlerine jogap berýärler. Bularyň arasyndaky

aram ýagdaýy tapmak bolsa okyjynyň öz üstüne düşýär. Ýöne wakanyň iki ujy hem adamzat ahlak-sypatlaryndan gürrüň berýär. Okyjy kitaby okan wagty daş-töwereginde şeýle häsiýetli ynsanlaryň bardygyny göz öňüne getirer.

Jahyz bu kitabyny gojalan, ysmaz keseline duçar bolan mahaly ýazypdyr. Muny kitapda Mahfuz Nakgaş atly bir adamyň Jahyza aýdan şu sözleriniň getirilmegi anyk görkezýär: «Eý, Abu Osman! Bu süýt aşgazana agyr geler. Gije çyg, sen bolsa ýaşuly adam, bir tarapyň hem ysmaz ... ».

Jahyz kitabynda husytlary ýaňsylaýar. Olaryň käbir hereketleriniň we işleriniň üstünden gülýär. Olaryň abraýlaryna zeper ýetiriji, şahsyýetlerini pese düşüriji taraplaryny okyja görkezmegi rowa görüpdir.

Kitapda Merw halky bilen baglanyşykly käbir maglamutlar hem bar. Jahyzyň döwründe Merwde mäturidi, eşgary ýaly sünni mezhebiniň dürli akymlarynyň wekilleri bardy. Bu akymlar Jahyzyň eýeren mugtezile mezhebi bilen käbir garaýyşlar babatda bütinleý gapma-garşylykly häsiýete eýedi. Şol döwür mezhepleriň arasynda düşünişmezligiň, oňşuksyzlygyň hem has güýjän döwrüdi. Şonuň üçin Jahyzyň Merw halky bilen baglanyşykly käbir maglamutlary bu özara oňşuksyzlyklaryň netijesidi. «Mezhep oýunlary» hökmünde ulanylýan bu maglumatlary we ýaňsylamalary Merwiň ýa-da Horasanyň ýerli ilaty bilen baglanyşdyrmak bärden gaýtmaklykdyr, meselä ýüzleý düşünmeklikdir. Kitapdaky Bagdat ýa-da Ýemen, Mekge ýa-da Kufe, Basra ýa-da Şam şäheriniň ilaty hakyndaky maglumatlar we şorta sözler hem şonuň ýalydyr. Bu ýerde ýene-de bir meseläni ünsden düşürmeli däl. Ol hem Basra medeniýeti bilen Merw medeniýetiniň arasyndaky özara bäsleşikdir. Şol döwürde Merw medeni taýdan örän ösen şäherdi. Bu şäherdäki ajaýyp kitaphanalar, ylmy öýler, olardaky meşhur alymlar, şahyrlar, bagşy-sazandalar dünýäniň köp ýerlerinde tanalýardy. Şonuň üçin Merwiň ösen medeniýetini görmezlige salyp, onuň üstüni

örtmäge çalşyp, dürli gürrüňler hem edilýärdi. Basraly Jahyzyň Merw halky bilen baglanyşykly käbir maglamutlary başgaça düşündirmegini hut şu nukdaý nazardan düşündirmek bolar. Şonuň üçünem okyjynyň şeýle maglumatlary, wakalary gönüden-göni hakykat bilen baglanyşykly däl-de, haýsydyr bir sebäp bilen il arasynda ýaýran howaýy gürrüňlerdigini kabul etmegi gerek. Üstesine-de, kitapdaky garşydaşlar biri-birlerine diňe tankydy nukdaýnazardan çemeleşýärler. Jahyzyň özi bolsa hatda Merw şäherine gelibem görmändir, halkyny hem içgin tanamandyr.

«Husytlar barada kitap» arap dilinde ýazylyp, onuň golýazma nusgalary dürli ýurtlaryň kitaphanalarynda we mirashanalarynda saklanýar. Kitap dünýäniň birnäçe dillerine terjime edilip, dürli döwürlerde çap edilipdir. Kitap arap dilinden türkmen diline terjime edilende, eseriň Müsür Arap Respublikasynyň Kair şäherinde saklanýan golýazma nusgasy esas edilip alyndy. Zerur ýerlerinde düşündirişler we çykgytlar bilen üpjün edildi.

**RAHMAN ILMÄMMEDOW,**
**Türkmenistanyň milli medeniýet**
**«Miras» merkeziniň esasy ylmy işgäri.**

# MAZMUNY

GIRIŞ ..........................................................................9

**BIRINJI BÖLÜM**
Horasanlylaryň husytlygy ..................................................28
Basraly metjitçileriň kyssasy ................................................42
Zübeýda ibn Humeýt kyssasy ...............................................48
Leýla Nagytyýa kyssasy .......................................................51
Ahmet ibn Halep kyssasy .....................................................54
Halyt ibn Ýezit kyssasy ........................................................59
Abu Japar kyssasy ...............................................................72
Muhammet Hyzamy kyssasy ...............................................73
Harysy kyssasy .....................................................................83
Abyl Fatygyň sözlerine düşündiriş .......................................93
Kindi kyssasy .......................................................................97
Muhammet ibn Abyl Muemmel kyssasy ..............................110

**IKINJI BÖLÜM**
Eset ibn Jany kyssasy ..........................................................119
Temmam ibn Japar kyssasy ..................................................131
Ibn Ukdy kyssasy ................................................................145
Asmaýy kyssasy ..................................................................161
Tagamlar kyssasy ................................................................232

*R.Ilmämmedow.* Durmuş hakykatynyň waspçysy ................264

**Abu Osman Jahyz**

## Husytlar barada kitap

**Tehredaktor S. Abaýew**
**Çeperçilik redaktory A. Muhammedow**
**Korrektor A. Garaýewa**

Çap etmäge rugsat edildi 01.03.2005ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap kagyzy 17.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy sany 2 000.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №______.
A-21519

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

---

Türkmen döwlet neşirýat gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji (öňki Galkynyş) köçesi, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.